**H. Hajygurbanow, S. Baýlyýewa**

# HALKARA WALÝUTA- MALIÝE WE KARZ GATNAŞYKLARYNYŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 347,7 + 339.7
H 16

**Hajygurbanow H., Baýlyýewa S.**
H 16 **Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynyň döwlet kadalaşdyrylyşy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017 .

Bu okuw kitabynyň esasy wezipesi ykdysadyýet ugrundan okaýan talyplara döwrebap bilim bermekden, öwrenen maglumatlaryny daşary ykdysady gatnaşyklarda giňden ulanmaklaryny gazanmakdan ybaratdyr.

Okuw kitaby ykdysadyýet ugrundan bilim alýan talyplara niýetlenip, ondan aspirantlar, maliýe-karz ulgamynda işleýän hünärmenler we kärhanalaryň ykdysady gulluklarynyň hünärmenleri hem peýdalanyp bilerler.

TDKP 24, 2017 KBK 66.99(2)2 + 65.5

© H. Hajygurbanow, S. Baýlyýewa, 2017.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Türkmenistan Garaşsyzlygyna eýe bolandan soňra özbaşdak daşary syýasaty durmuşa geçirip başlady. Ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy düzüm bölegi bolup, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklary çykyş edýär. Hormatly Prezidentimiziň döwletimize ýolbaşçylyk edip başlan ilkinji günlerinden Türkmenistanyň dünýä döwletleri bilen aragatnaşyklary hil taýdan täze derejä çykaryldy.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklaryny kadalaşdyryjy halkara talaplaryna laýyk gelýän birnäçe resminamalar kabul edildi. Olarda hyzmatdaşlyga gatnaşýan ýurtlaryň ählisi üçin amatly şertler doly derejede göz öňünde tutulandyr.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynyň kadalaşdyrylyşynyň iň möhüm wezipeleriniň biri milli walýutanyň durnuklylygy üpjün edilen halatynda, ilkinji nobatda, maýa goýum, innowasion we telekeçilik işini işjeňleşdirmekden, intensifikasiýalaşdyrmakdan ybarat bolup durýar. Bu maliýe-walýuta we karz syýasatynyň çäreleri arkaly gazanylýar.

Türkmenistanda daşary ykdysady işiň guramaçylyk-institusional esasy emele getirildi, ol esas bu ulgamda hasaba almagyň we hereket etmegiň tertibini düzgünleşdirýär. Daşary ykdysady ulgamyň milli kadalaşdyrylyşynyň esasyny "Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda", "Daşary ýurt maýa goýumlary barada", "Daşary ýurt konsepsiýalary barada", "Maýa goýum işi barada", "Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda", "Uglewodorod serişdeleri hakynda", "Daşary söwda işiniň döwlet kadalaşdyrylyşy hakyndaky" Türkmenistanyň Kanunlary, Türkmenistanyň Salgyt kodeksi, Türkmenistanyň Gümrük kodeksi we beýleki kanunçylyk hem kadalaşdyryjy-hukuk resminamalary düzýär. Türkmenistanyň milli

kanunçylygynyň üsti bilen halkara şertnamalarynyň kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýändigini bellemek möhümdir.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen söwda gatnaşygyny ýola goýdy. Daşary söwda ulgamynda Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşlary bolup Hytaý Halk Respublikasy, Eýran, Italiýa, Türkiýe, Birleşen Arap Emirlikleri, Russiýa Federasiýasy, Ukraina we beýlekiler durýar.

Türkmenistanda eksportyň esasy ugurlary bolup, gaz, nebit we nebit önümleri, elektrik energiýasy, pagta süýümi, mata we pagta ýüplükleri, dokma we nebithimiýa senagatynyň önümleri durýarlar. Şunuň bilen birlikde döwletde tehnologiki taýdan kämilleşdirmäge we durnukly daşary söwda bäsleşigine ukyply häsiýete eýe bolan, häzirkizaman taýýar önümleri çykarmaga gönükdirilen gurluş özgertmeleri amala aşyrylýar.

Şu nukdaýnazardan döwletimiziň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda alyp barýan işlerini amala aşyrmakda, ony kadalaşdyrmakda *“Halkara walýuta-malıýe we karz gatnaşyklarynyň döwlet kadalaşdyrylyşy”* okuw kitabyny özleşdirmek wajyp bolup durýar. Soňky ýyllarda döwletleriň ykdysady walýuta-maliýe gatnaşyklarynyň ýygjamlaşmagy, Türkmenistanyň HWM we KG-siniň çalt depginler bilen ösmegi netijesinde ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda walýuta amallarynyň möçberi hem has giňelýär. Dünýä ykdysadyýetinde bolup geçýän özgerişikler, dünýä ykdysadyýetiniň globallaşmak derejesiniň ýokarlanmagy her bir ýurduň HWM we KG-de walýuta amallaryny kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiliginiň ähmiýetini has-da artdyrdy. Häzirki wagtda walýutanyň hümmeti bilen bir hatarda gündelik walýuta amallary we maýalaryň hereketi babatda walýuta gözegçiligi köp ýurtlarda walýuta syýasatynyň esasy meselesi hökmünde orta çykýar. Milli ykdysadyýeti bütindünýä çökgünlikleriniň daşary ykdysadyýetleriň oňaýsyz täsirlerinden goramak, milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetindäki ornuny pugtalandyrmak üçin gurallaryň toplumy gerek bolýar. HWM we KG-de döwlet kadalaşdyrmasy we walýuta gözegçilik etmek boýunça çäreler hem şol gurallaryň hatarynda möhüm orny eýeleýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde HWM we KG-niň ýokary paý tutmagy ýurduň ykdysadyýetiniň açyklyk derejesiniň ýokarydygyny görkezýär. Mysal üçin, 2014-nji ýylda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynyň möçberi 83,8%-e barabar boldy. Bu ýagdaý Türkmenistanyň ykdysadyýetinde HWM we KG-niň we şol gatnaşyklarda döwlet kadalaşdyrmagynyň we walýuta gözegçiliginiň ähmiýetiniň uludygyny görkezýär. 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda "Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi ýurduň ykdysadyýetinde HWM we KG-niň ähmiýetiniň artmagynyň we şonuň bilen baglylykda, şol gatnaşyklarda döwlet kadalaşdyrmasynyň we walýuta gözegçilik etmegiň wajyplygynyň netijesidir. Şonuň bilen baglylykda, HWM we KG-de emele gelen tejribäniň esasynda milli kanunçylygy, şeýle hem ony durmuşa geçirmegiň ýollaryny we tejribesini mundan beýläk-de kämilleşdirmek zerur bolup durýar. Bu okuw kitabynda, esasan, şu wezipeler öňde goýuldy:

1. HWM we KG-de döwlet kadalaşdyrmasynyň we walýuta gözegçiliginiň manysyny we mazmunyny açyp görkezmek;
2. HWM we KG-de döwlet kadalaşdyrmasynyň we walýuta gözegçiliginiň halkara tejribesini öwrenmek;
3. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşýan şertlerinde HWM we KG-niň hem-de şol gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmagyň meýillerini, esasy ugurlaryny anyklamak, olara baha bermek;
4. Türkmenistanyň HWM we KG-sinde walýuta amallarynyň aýratynlyklarynyň milli tejribesini öwrenmek we meselelerini orta çykarmak;
5. Türkmenistanyň HWM we KG-sinde döwlet kadalaşdyrmasynyň we walýuta kadalaşdyrmasynyň tejribesini kämilleşdirmek.

Bu okuw kitaby alty bapdan ybaratdyr. Birinji bapda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda döwlet kadalaşdyrmasynyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň ähmiýeti, maksady, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmasynyň hem-de walýuta amallaryna gözegçiligiň umumy meseleleri, gurallary öwrenilýär.

Ikinji bapda “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň Prezidentiniň “Türkmenistanda ýörgünli puly düzgünleşdirmegi güýçlendirmek baradaky çäreler hakyndaky” Karary esasynda durmuşa geçirilýän işler düşündirilýär.

Üçünji bapda “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny we Türkmenistanyň Prezidentiniň “Walýutany eksport-import etmek baradaky düzgünnamany tassyklamak” baradaky Karary esasynda durmuşa geçirilýän işlere üns berilýär.

Dördünji bapda walýutalaryň alyş-çalyş hümmetini saýlamagyň esasy ölçegleri, Türkmenistanda milli walýutanyň alyş--çalyş hümmetiniň unifikasiýasy we onuň netijeleri, Türkmenistanda walýutanyň alyş-çalyş hümmetiniň düzgüni we walýuta bazarynyň ösüşi bilen baglylykda, ony kämilleşdirmegiň ýollary, Türkmenistanda walýuta alyş-çalyş hümmetiniň çeýeligini ýokarlandyrmagyň ähmiýeti, ony amala aşyrmagyň ýollary we netijeleri, Türkmenistanda daşary ýurt walýuta bazary we ony kadalaşdyrmagyň meseleleri diýen meseleler öwrenilýär.

Bäşinji bapda halkara töleg balansynyň düýp manysy, mazmuny we düzümleri, halkara töleg balansyna täsir edýän ýagdaýlar, halkara töleg balansyny deňagramlylyga getiriji usullar, Türkmenistanyň töleg balansynyň ýagdaýy onuň aýratynlyklary, halkara töleg balansynyň döwlet we bazar kadalaşdyrylyşy şöhlelendirilýär.

Altynjy bapda Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine walýuta gözegçiliginiň ösüş taryhy we hukuk esaslary, Türkmenistanyň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda maýalaryň hereketi we oňa gözegçiligiň ähmiýeti, maýalaryň halkara hereketiniň walýuta alyş-çalyş hümmetine edýän täsiri, Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň guralyşy we onuň kadalaşdyrylyşy hakynda düşünje berilýär.

# I BAP. HALKARA WALÝUTA-MALIÝE WE KARZ GATNAŞYKLARYNDA DÖWLET KADALAŞDYRMASYNYŇ WE WALÝUTA AMALLARYNA GÖZEGÇILIGIŇ ESASLARY

## 1.1. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda döwlet kadalaşdyrmasy we walýuta amallaryna gözegçilik, onuň ähmiýeti we maksady

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmasy we walýuta amallaryna gözegçilik ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň möhüm düzümi bolup, döwletiň daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýuta kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bilen bagly alyp barýan işidir.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmasyna döwletiň walýuta (monetar) syýasatynyň hem möhüm düzümi hökmünde seredilýär. Ýewropa ykdysatçylary halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmasyna (walýuta syýasatyna) pul hümmetiniň düzgünini saýlap almaklygy we ornaşdyrmaklygy, ýurduň halkara tölegleri, maýanyň halkara hereketini düzgünleşdirmekligi, halkara maliýe-pul guramalaryna gatnaşmaklygy, döwletiň töleg balansynyň deňeçerligini üpjün etmek üçin pul amallaryna gözegçiligi degişli edýärler.

Walýuta gatnaşyklaryny, şol sanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçilik işini düzgünleşdirmegiň hukuk mehanizmleri GDA döwletlerinde, esasan, birmeňzeşdir. Bu döwletleriň köpüsiniň (şol sanda Azerbaýjanda, Belarus Respublikasynda, Ermenistanda, Gazagystanda, Russiýa Federasiýasynda, Özbegistanda, Türkmenistanda, Täjigistanda, Ukrainada) halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik (walýuta kadalaşdyrmasy we walýuta gözegçiligi) boýunça kanunlar hereket edýär we bu kanunlaryň düzümi we ulanýan hukuk gurluşy, esasan, biri-birine gabat gelýär.

Şeýle-de bolsa, GDA döwletlerinde we bu konsepsiýanyň ulanylýan beýleki döwletlerinde halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik, esasan, bir-biri bilen baglanyşykly bolan 3 maksada:

➢ döwletiň altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň möçberiniň aşa kemelmeginiň öňüni almaga;

➢ milli walýutanyň hümmetiniň oňaýsyz üýtgemeleriniň öňüni almaga;

➢ döwletiň töleg balansynyň deňagramlylygyny saklamaga hyzmat edýär.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak syýasaty milli derejede döwlet edaralary (ilkinji nobatda, Merkezi banklar), halkara derejesinde bolsa HPG tarapyndan alnyp barylýar we kadalaşdyrylýar.

Döwletiň daşary ykdysady gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik etmek, diňe bir daşary ýurt walýutasyndaky amallary däl, eýsem kesgitli şertlerde milli walýutadaky amallary hem öz içine alýar. Bu taglymatlary ulanýan GDA döwletlerinde şu maksat bilen "pul gymmatlyklary" (walýuta gymmatlyklary) we "pul amallary" (walýuta amallary) düşünjeleri ulanylýar.

"Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, "pul gymmatlyklary" düşünjesi şulary öz içine alýar:

a) milli pul özleri bilen dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky, şeýle hem dahylsyzlaryň arasyndaky amallar ýerine ýetirilen ýagdaýynda bellenilen gymmaty milli pulda aňladylan gymmatbahaly kagyzlar we töleg resminamalary;

b) daşary ýurt puly;

ç) daşary ýurt pulundaky gymmat bahaly kagyzlar (paýnamalar, obligasiýalar we beýlekiler), şeýle hem töleg resminamalary (çekler, wekseller, güwälendiriş hasaplary we beýlekiler).

Şonuň ýaly-da, daşary ykdysady gatnaşyklar babatda walýuta amallary ýokarda beýan edilen mazmunynda diňe walýuta gymmatlyklary bilen baglanyşykly amallary öz içine alýar.

GDA döwletleriniň mysalynda seredenimizde, Gazagystanyň

walýuta kanunçylygynda bu düşünje ýokarda sanalyp geçilenlerden başga-da dahylsyzlar tarapyndan dolanyşyga goýberilen, nominaly bolmadyk gymmatbahaly kagyzlary, şeýle hem affinirlenen (arassalanan) altyny öz içine alýar .

Russiya Federasiýasynda “walýuta gymmatlyklary” düşünjesi diňe daşary ýurt walýutalaryny we daşky gymmat bahaly kagyzlary öz içine alýar, emma walýuta amallary düşünjesine dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky amallar babatda milli walýuta we milli gymmatbaha kagyzlar hem degişli edilýär.

Özbegistan Respublikasynyň walýuta kanunçylygynda “walýuta amallary” düşünjesine walýuta gymmatlyklary bilen amallardan (muňa daşary ýurt walýutalaryndaky amallar we guýma görnüşli affinirlenen altyn degişli) başga-da dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasynda milli walýutalardaky amallar, şeýle hem aýratynlykda halkara tölegler degişli edilýär .

GDA döwletlerinden beýleki daşary ýurt döwletlerinde halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarda walýutany kadalaşdyrmak syýasaty birnäçe ýagdaýlara, şol sanda döwletiň walýutasynyň yörgünlilik derejesine (EKW, Bölekleýin konwentirlenýän walýutalar) görä tapawutlanýar, şeýle hem halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmaklyga bitewi bir konsepsiýanyň çäginde ýa-da aýry-aýry konsepsiýalaryň, ýagny maýanyň halkara hereketine gözegçilik, eksport-import walýuta gözegçiligi, daşary ýurt walýuta syýasaty ýaly aýry-aýry konsepsiýalaryň çäginde-de seredilip bilinýär.

HPG walýuta kadalaşdyrmasyna, esasan, pul hümmetini we walýuta bazarynyň kadalaşdyrmasyny, gündelik amallarda (eksport-import we görünmeýän amallar boýunça halkara tölegleri we geçirimler) pul gözegçiligini hem-de maýanyň halkara hereketine gözegçiligi degişli edýär .

Şunlukda, umumylaşdyrylyp alnanda, halkara-walýuta maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň taglymaty, ýokarda bellenip geçilen 3 maksat bilen, döwletiň (onuň hojalyk birlikleriniň) daşary ýurt döwletleri (olaryň hojalyk birlikleri) bilen gatnaşyklarynda milli ýa-da daşary ýurt walýutalaryndaky amallary düzgünleşdirmek we olara gözegçi-

lik maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta we walýuta amallaryna gözegçiligiň çygryna obýektiw jähtden şu aşakdakylar degişli edilip bilner:

a) milli walýutadaky amallar (diňe daşary ykdysady gatnaşyklarynda ulanylanda);

b) bellenilen gymmaty milli walýutada aňladylan gymmat bahaly kagyzlar we töleg resminamalary bilen amallar (diňe daşary ykdysady gatnaşyklarynda ulanylanda);

ç) daşary ýurt walýutalaryndaky amallar;

d) daşary ýurt walýutalaryndaky gymmat bahaly kagyzlar (paýnamalar, obligasiyalar we beýlekiler), şeýle hem töleg resminamalary (çekler, wekseller, akkreditiwler, güwälendiriş hasaplary we beýlekiler) bilen amallar;

e) dahylsyzlar tarapyndan dolanyşyga goýberilen, nominaly bolmadyk gymmat bahaly kagyzlar bilen amallar;

ä) affinirlenen altyn (pul gymmatlygy hökmünde ulanyp bilinjek arassalanan guýma altyn) bilen amallar.

Subýektiw jähtden seredilende bolsa, döwletiň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik syýasatynyň hereket ediş çygry ýurduň çäginde walýuta amallaryny ýerine ýetirýän dahyllylara we dahylsyzlara, şeýle hem ýurduň çäginden daşary walýuta amallaryny ýerine ýetirýän dahyllylara degişlidir. Bu ýagdaý Türkmenistanyň tejribesinde-de şeýledir.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik düşünjesi, öz-özünden hem belli bolşy ýaly, iki düzümden ybarat:

1. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak;

2. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryna gözegçilik.

Bu iki düşünjäniň düzümi aýry-aýry döwletlerde ýurduň walýuta kanunçylygyna we ykdysadyýeti kadalaşdyrmagyň usulyýetine görä tapawutlanýandygy okuw kitabynda anyklanyldy. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlarda (şol sanda Azerbaýjanda, Belarus Respublikasynda, Ermenistanda, Gazagystanda, Russiýa Fe-

derasiasynda, Özbegistanda, Türkmenistanda, Täjigistanda, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak, esasan, şulary öz içine alýar:

– walýutanyň hümmetini we walýuta bazarynyň işini kadalaşdyrmak;

– maýalaryň halkara hereketini kadalaşdyrmak;

– dahyllylaryň arasyndaky walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;

– dahylsyzlaryň arasyndaky walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;

– dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;

– içerki walýuta bazarynda amallary düzgünleşdirmek;

– dahyllylaryň daşary ýurtlarda hasaplary açmagy;

– dahyllylaryň ýurduň çägindäki walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;

– dahylsyzlaryň ýurduň çäginde hasaplary açmagy;

– eksport walýuta gözegçiligi (daşary ýurt walýutasyndaky girdejileri hökmany satmak, ätiýaçlyga goýmak, ýurda gaýtarmak boýunça talaplary bellemek);

– import walýuta gözegçiligi (import boýunça töleglere talaplary kesgitlemek,

– kabul etmek edilýän mümkinçilikleriň sanawyny bellemek we ş.m.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta gözegçilik bolsa, bu döwletlerde ýokarda sanalyp geçilen kadalaşdyrma çäreleriniň guralmagyny we oňa gözegçiligi aňladýar.

Dünýäniň beýleki döwletleriniň aglabasynda (şol sanda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda, Günbatar Ýewropa döwletlerinde), “pul kadalaşdyrmasy” we “walýuta gözegçiligi” düşünjeleriniň düzümleýin bölünişi, esasan, HPG-niň usulyýeti bilen deň geçýär. HPG-niň usulyýetine laýyklykda, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta gözegçiligine walýuta kadalaşdyrmasynyň düzümi hökmünde seredilýär. HPG walýutanyň hümmetini we walýuta bazaryny kadalaşdyrmakdan beýleki walýutany kadalaşdyrma çäre-

lerini, şol sanda daşary söwdada walýuta gözegçiligini, maýalaryň halkara hereketine gözegçiligi, walýuta alyş-çalyş amallaryna gözegçiligi walýuta amallarynyň, gözegçiligine degişli edýär. Belgiýaly professor Norbert Vandecan walýuta çäklendirmesi düşünjesi barada belläp, ony “gündelik hasap amallary boýunça tölegleri we geçirimleri amala aşyrmaga päsgelçilik berýän walýuta çäklendirmelerini öz içine alýan dar taglymat” hökmünde beýan etmek bilen, HPG-niň usulyýetindäki “walýuta gözegçiligine” degişli edýär .

HPG-niň usulyýetine laýyklykda, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň iki ugry şulardyr:

1. Walýuta gözegçiligi:

a) maýalaryň halkara hereketine gözegçilik (walýuta gözegçiligi);

b) gündelik halkara amallara walýuta gözegçiligi.

2. Walýutanyň hümmetini we walýuta bazaryny kadalaşdyrmak.

GDA döwletlerinde halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmasy we walýuta gözegçiligi düşünjesiniň düzümleýin bölünişi HPG-niň we beýleki döwletleriň usulyýetinden tapawutlanýan-da bolsa, umuman alnanda, olar birmeňzeşdir. HPG walýuta kadalaşdyrmasy boýunça ýyllyk seljermesinde öz agza döwletlerini 21 sany esasy görkeziji boýunça bahalandyrýar. Şolaryň 2-si walýuta alyş-çalyş hümmetine, 6-sy gündelik amallara (eksport-import tölegleri we beýleki gündelik amallar boýunça tölegler), galan 13-i bolsa maýalaryň hereketi bilen bagly amallara degişlidir .

Ýokarda bellenilenleriň esasynda, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta gözegçilik işine bir bütewi konsepsiýa hökmünde seredilende, olary şu aşakdaky ugurlaryň çäginde seljermek ýerliklidir:

– walýutanyň hümmetini we walýuta bazaryny kadalaşdyrmak;
– maýanyň hereketinde walýuta gözegçiligi;
– gündelik amallarda walýuta gözegçiligi.

Soňky ýyllarda döwletleriň arasynda halkara ykdysady gatnaşyklarynyň, ilkinji nobatda bolsa, söwda gatnaşyklarynyň ösmegini, dünýä walýuta ulgamynyň kemala gelmegini we kämilleşmegini, EKW döremegini we olaryň dürli döwletleriň ykdysadyýetlerine we

milli pul birliklerine täsiriniň ýokarlanmagyny halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiliginiň ähmiýetiniň artmagyna täsir eden esasy faktorlar hökmünde görkezmek bolar.

Her bir döwletde walýuta bazary döwletiň kadalaşdyryjy täsirinde saklanýar. Taryhda ilkinji gezek halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak düşünjesi we çäresi 1916-njy ýylda Germaniýada ulanylandyr. Şonda daşary ýurt walýutalaryndaky hasaplaşyklar we halkara tölegleri kadalaşdyrmak barada kabul edilen resminamalar uruş döwründe maýalaryň ýurtdan akyp çykmagynyň öňüni almaga gönükdirilipdir .

1944-nji ýylda ABŞ-nyň Bretton-Wuds şäherinde geçen halkara maslahatyndan soňra onlarça ýyl hereket eden dünýa walýuta ulgamy soňky ýyllarda düýpli özgerişligi başdan geçirdi. Olaryň arasynda şulary görkezmek bolar:

1) walýutalaryň hümmetiniň altyna baglanan ulgamy öz ýerini has çeýe alyş-çalyş hümmetine berdi;

2) hususy maýalaryň hereketiniň tizligi we göwrümi has artdy;

3) tehnologiýanyň ösmegi netijesinde amallary geçirmegiň gymmatynyň peselmegi, söwdanyň we maýalaryň hereketiniň erkinleşmegi netijesinde döwletleriň ykdysadyýetleriniň has açyk ýagdaýa gelmegi bilen ykdysady gatnaşyklar has ýokary derejelere çykdy;

4) ady agzalan maslahatda döredilen HPG-niň agzalarynyň sany (häzirki wagtda 200 gowrakdyr) onuň agza döwletlerinde we döwletara derejesinde walýuta gatnaşyklarynyň, halkara walýuta we karz hyzmatdaşlygynyň ösmegine täsiri ýokarlandy .

Bellenenleriň netijesinde halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçilik etmegiň ähmiýeti hem has artdy. Döwletler milli walýutasynyň ýörgünliligini ýokarlandyrmak, walýuta syýasatynyň üsti bilen daşary söwda we maýanyň hereketine täsir etmek arkaly töleg balansynyň oňynlygyny gazanmak maksady bilen, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň dürli tärlerini ulanmaga başladylar.

## 1.2. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň umumy meseleleri

Ykdysady taýdan ösen döwletlerden tapawutlylykda, ösüp barýan döwletlerde walýuta çäklendirmeleri, adatça, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynyň has giň toplumyny öz içine alýar we berk dolandyryş çäklendirmeleri bilen häsiýetlenýär. Bu döwletler "güýçli" EKW we ösen ykdysadyýetleriň täsirinden milli walýutasyny we ykdysadyýetini belli derejede goramak üçin berk walýuta kadalaşdyrmasyny we walýuta gözegçiligini amala aşyrmaga mejburdyrlar.

Ykdysady taýdan ösen we milli (halkara) walýutasynyň halkara yörgünliligi ýokary bolan döwletler ýurda daşary ýurt maýalaryny çekmek we öz walýutalarynyň halkara ýörgünliligini ýokarlandyrmak maksatlaryny walýuta amallaryny erkinleşdirmek syýasatynyň üsti bilen durmuşa geçirseler, ösüp barýan döwletler, köplenç halatda, milli walýutanyň hümmetiniň durnuklylygyny we içerki ýörgünliligini saklamak, dollarlaşma garşy göreşmek, milli maliýe we walýuta bazaryny ösdürmek maksadyny has goragly walýuta syýasaty arkaly durmuşa geçirmäge çalyşýarlar. Şunda ösüp barýan döwletlerde walýuta bazarynyň esasy 3 sany umumy meselesini bellemek bolar:

1) halkara amallarda milli walýutanyň ýörgünliliginiň pes bolmagy;
2) ykdysadyýetde belli derejede dollarlaşmanyň ýüze çykmagy;
3) maliýe bazarynyň ösüşiniň çäkli bolmagy.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiliginiň esasy meseleleriniň biri hem döwletiň töleg balansynyň durnuklylygyny saklamakdan ybaratdyr. Çünki munuň özi walýuta syýasatynyň beýleki iki meselesi:

– döwletiň halkara ätiýaçlyklarynyň düýpli azalmagynyň, milli walýutanyň hümmetiniň daşary ýurt walýutalaryna gatnaşykda birden we ýokary derejeli üýtgemeginiň öňüni almakda täsirli guralydyr.

– döwletiň halkara ätiýaçlyklarynyň düýpli azalmagy diňe bir döwletiň umumy ykdysady howpsuzlygy babatda däl, eýsem mil-

li walýuta bazarynyň durnuklylygyny kepillendirmek, walýuta bazarynda interwensiýalary geçirmek arkaly milli walýutanyň hümmetini kadalaşdyrmak üçin zerurdyr. Halkara altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň toplanan möçberiniň düýpli azalmagynyň öňüni almak ýa-da ony zerur hasaplanan möçberine çenli artdyrmak üçin döwletiň töleg balansynyň degişlilikde deňeçerligi ýa-da oňyn galyndy bilen jemlenmegi zerurdyr. Döwletiň töleg balansy döwletiň töleg ukyplylygynyň esasy görkezijileriniň biri bolmak bilen, ýurduň halkara walýuta--maliýe we karz gatnaşyklaryny, daşarky maliýe aktiwleriniň we borçlarynyň üýtgemesini görkezýär. Şunuň bilen birlikde, döwletiň walýuta syýasaty, şol sanda daşary ykdysady gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta gözegçilik boýunça ulanýan usullary we tärleri, şol sanda walýuta gözegçiliginiň tejribesi, milli walýutanyň alyş-çalyş hümmetiniň düzgüni töleg balansyna öz täsirini ýetirýär. Döwletiň töleg balansynyň hasabatyny düzmegiň dürli usullary ulanylýar. Şolaryň arasynda iň esasy ulanylýan usul HPG-niň işläp düzen usulydyr. Yzygiderli täzelenilip we kämilleşdirilip durulýan bu usulyýet ýörelgeleriniň ilkinji neşiri 1948-nji ýylda çap edilen “Töleg balansy boýunça gollanmalarda” öz beýanyny tapdy. Gollanmalaryň häzirki döwürde iň soňky neşiri 2009-njy ýylda, onuň rus dilindäki neşiri bolsa 2012-nji ýylda çap edildi .Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň 18-nji awgustynda çykaran 1452 belgili Karary bilen döwletiň töleg balansynyň hasabatyny düzmeklik TMB-niň üstüne yüklenildi. Türkmenistanyň töleg balansy 1993-nji ýyl üçin bütewi görnüşde, soňraky ýyllar üçin bolsa çärýekleýin möçberde düzülýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň töleg balansy HPG-niň Töleg balansy boýunça gollanmasynyň 5-nji goýberilişine (1993 ý) laýyklykda düzülýär. HPG öz agza döwletlerinde, şol sanda töleg balansyny düzmegiň usulyýetini 6-njy goýberilişe laýyklykda kämilleşdirmek boýunça tehniki kömegini bermek boýunça işleri alyp barýar .

Bilşimiz ýaly, dünýäniň köp sanly (häzirki wagtda 188 sany) döwletleri HPG-niň agzasy bolup durýarlar. Bu gurama diňe bir halkara walýuta düzgünini kesgitlemekde däl, eýsem agza döwletleriniň milli walýuta syýasatlarynda hem işjeň orun eýeleýär. Öz tertipnamasyna (ylalaşyga) laýyklykda, ol agza döwletleriniň walýutalarynyň durnuklylygyny üpjün etmäge, tertipleşdirilen walýuta düzgünini sak-

lamaga ýardam berýän guramadyr. Şu maksat bilen, bu gurama agza bolan döwletler walýuta syýasatynda şulary ýerine ýetirmelidirler:

- özüniň ykdysady we maliýe syýasatyny, bahalaryň durnukly saklanmagy şertlerinde, düzgünleşdirilen ykdysady ösüşi üpjün etmäge gönükdirmäge;
- düzgünleşdirilen esasy ykdysady we maliýe şertleri, şeýle hem garaşylmadyk näsazlyklara getirmejek pul-karz syýasatyny saklamaga gönükdirilen çäreleriň hasabyna durnuklylygyň saklanylmagyna ymtylmaga;
- töleg balansynyň durnuklylygynyň bozulmagynyň öňüni almak ýa-da adalatsyz bäsleşikden saklanmak maksady bilen, walýuta hümmetleriniň oňaýsyz üýtgedilmeginden ýa-da halkara walýuta ulgamyny hyýanatly ulanmakdan saklanmaga borçludyrlar.

Bellenen ýagdaýlar dünýä walýuta ulgamynyň bütewi hereket edýändigini we her bir döwletiň milli walýuta ulgamynyň halkara ulgamyň bir bölegi bolup durýandygyny görkezýär. Şol sebäpli halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta gözegçilik amallary diňe bir milli bähbitleri göz öňünde tutman, eýsem dünýä walýuta ulgamynyň talaplaryny hem gözden salyp bilmeýär.

Hususan-da, ösüp barýan döwletler üçin mahsus bolan walýuta bazarynyň meseleleriniň ýene-de biri ykdysadyýetiň dollarlaşmasydyr. Bu döwletiň milli walýutasynyň içerki yörgünliliginiň peselmegi, içerki aktiwlerde daşary ýurt walýutalarynyň paýynyň artmagy bilen häsiýetlenýän ýagdaýdyr. Dollarlaşma garşy göreş bu döwletleriň walýuta syýasatlarynyň esasy maksatlarynyň biri bolup durýar.

## 1.3. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň esasy gurallary

Häzirki wagtda döwletlerde, tejribede belli bolşy ýaly, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçilik etmegiň birnäçe usullary we gurallary ulanylýar *(1-nji şekil )*.




*1-nji şekil.* **Walýutany kadalaşdyrmagyň gurallary**

## Maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň esasy gurallary we olaryň aýratynlyklary

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň bazar we dolandyryş gurallary biri-biriniň üstüni ýetirýärler. Bazar gurallary bäsleşige esaslanmak bilen, ösüş meýillerini oýarýar, ikinjisi bolsa, bazar düzgünleşdirmesiniň oňyn bolmadyk täsirlerini aradan aýyrmaga gönükdirilendir. Olaryň kadalaşdyryşdaky gatnaşygy üýtgäp durýar. Çökgünlik, walýuta ýetmezçiligi ýaly ýagdaýlarda döwlet walýuta kadalaşdyrmasyny berk derejede alyp barmaga mejbur bolup biler. Ykdysady-walýuta ýagdaýynyň gowulaşan şertlerinde bolsa walýuta amallaryny has erkinleşdirmäge we bazar gurallarynyň üsti bilen dolandyrmaga mümkinçilikler döreýär.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynyň walýuta kadalaşdyrmasynyň we walýuta gözegçiliginiň çäginde maýalaryň hereketine gözegçilik dürli görnüşlerde, mysal üçin, mukdar çäklendirmeleri ýa-da maliýe aktiwleriniň belli bir görnüşleri bilen amallary doly ýa-da bölekleýin çäklendirmek görnüşlerinde amala aşyrylyp bilner. Maýalaryň hereketine gözegçilik, esasan, maliýe aktiwleriniň halkara söwdasyna gönükdirilendir .

Maýalaryň hereketine gözegçilik maýalaryň hereketiniň ugry babatda tapawutly amala aşyrylyp bilner. Gözegçilik maýalaryň daşary akymyna gönükdirilende, ol ýurtdan maýalaryň akyp çykmagyny çäklendirmegi maksat edinýär. Gözegçilik maýalaryň içerki akymyna gönükdirilende bolsa, ol maýalaryň ýurduň içine akyp girmegini çäklendirmegi we içerki bazary daşary ýurt maýalarynyň içeri akymyndan goramagy maksat edinýär. Şeýle hem diňe hasaba almak maksady bilen maýalaryň hereketine gözegçilik guralyp bilner.

Edil umumy daşary ykdysady gatnaşyklarynda bolşy ýaly, aýratynlykda maýalaryň hereketine gözegçilik hem "dolandyryş" (göni) we gytaklaýyn mehanizmleriniň üsti bilen amala aşyrylyp bilinýär. Dolandyryş mehanizmleri maýa bilen amallary we onuň bilen bagly tölegleri we walýuta geçirimlerini göni gadagan etmek, mukdar taýdan çäklendirmek ýa-da resmi rugsat alma tertibini bellemek ýaly usullar bilen amala aşyrylýar. Bazar ýa-da gytaklaýyn gözegçilik bolsa, amallarda goşmaça çykdajylary döretmek arkaly amala aşyrylýar.

Öz agza döwletlerinde ulanylýan we ulanylyp bilinjek tejribelerden ugur alyp, HPG maýalaryň hereketine gözegçiligiň mümkin bolan şu usullaryny belleýär:

– eksport girdejisini ýurda gaýtarmak talabyny bellemek;

– eksport girdejisiniň bir bölegini satmak talabyny bellemek, şol sanda:

❖ Merkezi banka;

❖ ygtyýarly dilere;

– paýnamalar ýa-da gatnaşma hukugyny berýän beýleki gymmatbaha kagyzlar bilen amallary düzgünleşdirmek;

– obligasiýalar we beýleki borçnama gymmatly kagyzlary bilen amallary düzgünleşdirmek;

– walýuta bazarynyň gurallary (goýum şahadatnamalary, wekseller we ş.m.) bilen amallary düzgünleşdirmek;

– köpçülikleýin maýa goýum gymmatlyklary (paýnama şahadatnamalary, bellige alyş namalary, bilelikdäki gaznalara gatnaşyk şahadatnamasy we ş.m.) bilen amallary düzgünleşdirmek;

– deriwatiwler (döredimler) we beýleki gurallar (hukuklar, kepillikler, maliýe opsionlary we fýuçersleri, ipoteka karzlarynda, söwda karzlarynda ikinji bazar amallary we ş.m.) bilen amallary düzgünleşdirmek;

– karz amallaryna gözegçilik, şol sanda:

❖ söwda karzlary;

❖ maliýe karzlary;

❖ kepillikler, güwälikler we maliýe goldaw serişdeleri;

– göni maýa goýumlaryna gözegçilik;

– göni maýa goýumlarynyň ýatyrylmagyna gözegçilik;

– gozgalmaýan emläk bilen amallara gözegçilik;

– täjirçilik banklaryna we beýleki karz edaralaryna talaplary bellemek, şol sanda:

❖ daşary ýurtdan karz almak boýunça;

❖ daşary ýurtda hasaplary saklamak boýunça;

❖ dahylsyzlara karz bermek boýunça;

❖ dahyllylara daşary ýurt walýutalarynda karz bermek boýunça;

❖ bellenen bahasy daşary ýurt walýutasyndaky gymmatbaha kagyzy satyn almak;

❖ dahylsyzlaryň goýum hasaplaryna we/ýa-da daşary ýurt walýutasyndaky goýum hasaplaryna tapawutly talaplary kesgitlemek (ätiýaçlyk talaby, likwidlik talaby, açyk walýuta ýagdaýynyň çägini we ş.m.);

– edara görnüşli maýadarlara talaplary bellemek, şol sanda:

❖ daşary ýurtda goýulan maýa sebedine çäklendirmeleri bellemek;

❖ ýerli maýa sebedine çäklendirmeleri bellemek.

Dürli döwletler tarapyndan maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň bu belli usullarynyň ol ýa-da beýleki görnüşleri walýuta syýasatynyň maksatlaryna we bar bolan gurallara laýyklykda ulanylýar.

Gündelik walýuta amallaryna gözegçiligiň esasy ulanylýan görnüşleri we olaryň aýratynlyklary öz agza döwletlerinde halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta gözegçilik etmek boýunça çäreleri içgin seljerýän HPG-niň usulyýetine laýyklykda, gündelik amallara walýuta gözegçiligi şulary öz içine alýar :

– gelýän we gidýän tölegler boýunça kadalaşdyrmalar;
– dahyllylaryň daşary ýurt walýutalaryndaky hasaplary;
– dahylsyzlaryň walýuta hasaplary;
– import boýunça tölegler;
– eksport girdejileri;
– görünmeýän amallar we gündelik geçirimler boýunça gözegçilik.

Gelýän we gidýän tölegler boýunça kadalaşdyrmalar hasaplaşyklarda haýsy hem bolsa kesgitlenen walýuta birliklerini (mysal üçin, sanawy bellenen EKW birliklerini) ulanmak, özara tölegleriň kadalaşdyrylmasy (iki ýurduň arasynda tölegler üçin aýratyn düzgünleriň bellenilmegi), sebitleýin tölegleriň kadalaşdyrmasy (ikiden köp döwletiň özara töleg düzgünini bellemegi), kliring, barter, açyk hasap şertnamalaryny ulanmak, halkara howpsuzlygy boýunça talaplary berjaý etmek (Birleşen Milletler Guramasynyň sanksiýalary we ş.m.), altyn bilen hasaplaşyklara, banknotlaryň eksportyna we importyna gözegçilik (banklar we beýleki maliýe edaralary, şeýle hem syýahatçylar tarapyndan ýurda getirilýän we ýurtdan çykarylýan nagt walýuta serişdeleriniň hereketini kadalaşdyrmak) görnüşinde amala aşyrylýar.

Dahyllylaryň hasaplaryna çäklendirmeler, ýurduň walýuta kadalaşdyrma syýasatyna görä, milli walýutada ýa-da daşary ýurt walýutasynda hasap açmak, diňe ýurduň çäginde ýa-da daşary ýurtda hasap açmaga rugsat bermek, olar boýunça amallara çäklendirmeleri girizmek görnüşinde amala aşyrylýar. Dahyllylara dürli görnüşli hasaplaryň açylmagy göz öňünde tutulsa, olaryň her biri boýunça talaplar kesgitlenip bilinýär. Şeýle hem, dahyllylar daşary ýurtlarda bank hasaplaryny açanlarynda, olara rugsat almak-almasyzlyk ýa-da bellige almak-almasyzlyk boýunça talaplaryň kesgitlenilmegi görnüşinde-de walýuta gözegçiligi amala aşyrylyp bilner. Dahyl-

syzlaryň ýurduň çägindäki bank hasaplary boýunça hem şuňa kybapdaş kadalaşdyrmalar bellenilip bilner.

Import boýunça töleglerde kadalaşdyrmalar hökmünde, esasan, harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň belli-belli görnüşleri üçin ulanyljak daşary ýurt walýutasynyň möçberini meýilleşdirmek, import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerine talaplary bellemek, import üçin daşary ýurt walýutasyny satyn almaga zerur bolan resminamalary kesgitlemek (şol sanda: domisilirleme (töleglerde ygtyýarlygy banka geçirme), tölegi gaýra süýşürmäni gözegçilige alma, güwälendiriş hasaplaryny (akkreditiw) ulanmak talabyny belleme, walýuta çalyşmak üçin import ygtyýarnamasyny talap etme), import ygtyýarnamalaryny we beýleki tarif däl çäreleri belleme, (import edilip bilinjek harytlaryň sanawyny kesgitleme, import edilmäge degişli däl harytlaryň sanawyny kesgitleme, belli-belli önümleriň importyny ygtyýarlandyrma, çäkli (kwotaly) ygtyýarlandyrma, beýleki tarif däl çäreler, harytlaryň belli-belli görnüşlerini ýa-da belli-belli ýurtlardan harytlary import etmegi gadagan etme), import salgytlaryny ýa-da paçlaryny bellemek, belli-belli harytlaryň importyny diňe döwletiň elinde saklamak ýaly görnüşlerde amala aşyrylýar.

Eksport girdejisine amala aşyrylýan gözegçilik halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta gözegçiliginiň iň möhüm we ösüp barýan we geçiş ykdysadyýetli döwletlerinde giň ulanylýan usulydyr. Sebäbi onuň käbir görnüşleriniň maksady maýalaryň akymyna gözegçilige degişli bolup, olar döwletiň we walýuta kadalaşdyryjy edaralaryň daşary ýurt walýutasyndaky ätiýaçlyklaryny emele getirmegiň we töleg balansyny durnukly saklamagyň esasy guraly hökmünde ulanylýar.

Eksport girdejisine walýuta gözegçiligi şu görnüşlerde: repatriasiýa (eksport girdejisini ýurda gaýtarmak) talabyny bellemek, eksport girdejisiniň bir bölegini bermek talabyny bellemek, maliýe talaplaryny bellemek (eksporty maliýeleşdirmegiň çeşmelerine çäklendirmeleri girizmek), eksport amaly üçin zerur resminamalary kesgitlemek, eksport salgytlaryny girizmek ýaly görnüşlerde amala aşyrylýar.

Görünmeýän amallara we gündelik geçirimlere gözegçilik eksport walýuta gözegçiliginiň esasy ugurlarynyň biri bolup, gözegçilik usullarynyň tapawutlydygy sebäpli, hat-da käbir eksport walýuta gözegçiligi bolan döwletlerde ol ünsden düşürilip bilinýär. Şol sebäp-

li, bu amallara halkara guramalary aýratyn üns bermäge çalyşýarlar. Görünmeýän amallaryň we gündelik geçirimleriň, biziň pikirimizçe, iň düşnükli we aýdyň sanawy we olar boýunça çäklendirmeleri aýyrmagyň nusgasy Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk guramasyna (ÝHHG) agza ýurtlaryň şertnamasynda bellenendir.

Görünmeýän amallara we gündelik geçirimlere gözegçilik iki ugur boýunça, ýagny gidýän halkara tölegler we gelýän halkara tölegler boýunça amala aşyrylýar.

Gidýän halkara töleglerde gözegçilik söwda bilen baglanyşykly tölegleri (kireýiniň, ätiýaçlandyryşyň, ýükleme-düşürme, saklama hyzmatlarynyň tölegleri, administratiw çykdajylar, ýygymlar, gümrük paçlary we ýygymlary), maýa goýum bilen baglanyşykly tölegler (diwidendler, maýa goýum girdejileri, göterim tölegleri, karz amortizasiýasy, göni daşary ýurt maýasynyň gymmatyny düşürmesi, kärende we tölegleri), gezim-syýahat (iş sapary, syýahatçylyk) tölegleri, şahsy tölegler (saglygy goraýyş, okuw maksatly tölegler, pensiýa geçirimleri, maşgalany saklamak maksatly we aliment tölegleri), daşary ýurtly işçileriň zähmet haklary, daşary ýurtda karz we debet töleg kartlaryny ulanmak, beýleki tölegler (abuna ýazylmak, agzalyk tölegleri, galam haklary, hukuk ýygymlary, maslahat tölegleri we beýlekiler) boýunça talaplary öz içine alýar.

Gelýän töleglerde gözegçilik, edil eksportda bolşy ýaly, repatriasiýa (ýurda gaýtarmak) we girdejiniň bir bölegini bermek talabyny, bulardan başga-da gelen serişdeleri ulanmaga çäklendirmeleri girizmek arkaly amala aşyrylyp bilinýär.

Halkara walýuta maliýe we karz gatnaşyklarda walýuta kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiligiň nazary we ykdysady esaslaryny, maksadyny we meselelerini, gurallaryny we olaryň aýratynlyklaryny öwrenmek bilen, şeýle netijeleri çykarmak bolar:

– halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiligiň nazary esaslary dürli çeşmelerde düzümleýin tapawutlansa-da, ol, umuman alnanda, birmeňzeşdir. Ony emele getirmekdäki esasy (emma ýeke-täk bolmadyk) orun bolsa, HPG-e we onuň binýadynda işleýän ykdysatçy-alymlara degişlidir;

– her bir döwletiň ykdysady ýagdaýyna, onuň töweregindäki ykdysady gurşawa, daşary ykdysady täsirlere we dünýä ykdysadyýe-

tine baglylykda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiligiň zerurlygy, maksady we meseleleri tapawutlanýar;

– her bir döwlet öz ykdysady ýagdaýyna we öňde goýýan maksatlaryna baglylykda, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiligiň gurallaryny we tärlerini saýlap alýar.

– halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiligiň netijeliligi döwletiň bu babatda saýlap alan maksadynyň, we oňa ýetmekde ulanýan tärleriniň we gurallarynyň dogrulygyna we onuň ýerine ýetirilişiniň hiline köp derejede baglydyr.

## 1.4. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda maliýe bazarynyň kadalaşdyrylyşy we kadalaşdyrylyşyň usullary

**Halkara maliýe bazaryny kadalaşdyrmak – bu halkara maliýe bazarynda maliýe akymlarynyň akymyny tertipleşdirmeklige gönükdirilen halkara maliýe gatnaşyklarynda hereket edýän çäreleriň we usullaryň toplumydyr.**

Bazary kadalaşdyrmagyň aşakdaky maksatlary bar:

- maliýe bazarynyň ähli düzüm böleklerinde maliýe durnuklylygyny üpjün etmek;
- hümmetsizlenmesiz ykdysady ösüşi üpjün etmek (pul toplumlaryny kadalaşdyrmak, walýuta kursuny we hümmetsizlenmäni targetirlemek;
- döwletleriň we pudaklaryň arasynda maýanyň hereketini üpjün etmek;
- halkara maliýe bazarynyň ähli düzümlerinde maliýe howpsuzlyk ulgamyny üpjün etmek.

Halkara maliýe bazarynyň emele gelmeginiň we ösüşiniň dünýä tejribesiniň şaýatlyk edişi ýaly, bazar şertlerinde bu bazaryň ähli düzümlerinde döwlet we bazar kadalaşdyrylmasy obýektiw zerur bolup durýar. Halkara maliýe bazarlarynda walýuta, karza, gazna gymmatlyklaryna, maýa goýumlara, ätiýaçlandyryş hyzmatlara isleg we

teklip bilen bir hatarda olaryň nyrhlary hem emele gelýär.

Bu bazaryň kadalaşdyrylyşy gymmat kanunyna we isleg bilen teklibiň kanunyna tabyndyr. Şu kanunlaryň hereketi bazarda bäsdeşlik şertlerinde halkara maliýe akymlarynyň global dünýä ykdysadyýetiniň talaplaryna laýyk getirilýär.

Bazarda maliýe gurallarynyň aýry-aýry görnüşleriniň nyrhlarynyň we kursunyň üýtgemeginiň kömegi bilen ykdysady agentler satyn alyjylaryň isleglerini we tekliplerini öwrenýärler. Şeýlelikde bazar öz özüni kadalaşdyrýan we işlerini sazlaýan ulgama öwrülýär *(2-nji şekil)*.




*2-nji şekil.* **Halkara maliýe bazarynyň kadalaşdyrylyş mehanizmi**

Bazar mehanizminiň islendik bölegi ýaly, halkara maliýe bazarynyň hem öz-özüni sazlaýyş ulgamy durnukly çykyş etmeýär. Islendik ykdysady hadysa köp möçberdäki subýektiw faktorlara sezewar bolýarlar, ýagny syýasy, durmuş, maglumat we ş.m. we olaryň täsiri netijesinde hemişe özüni deňagramlaşdyrylyşa mätäçdir. Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, halkara maliýe bazarynyň ösüşinde kadalaşdyryşda keýnsianlygyň we monetarizmiň ýörelgelerini ulanmak maksada laýykdyr. Netijede bazar we döwlet kadalaşdyrylyşynyň sintezi bolan mehanizm emele geldi.

Döwlet we bazar kadalaşdyrylyşy biri-birini dolandyrýarlar. Bäsdeşlige esaslanýan bazar kadalaşdyrylyşy ösüşi höweslendirse (monetaristleriň pikiri) döwlet kadalaşdyrylyşy bazarda negatiw ýagdaýlaryň öňüni almaga gönükdirilendir. Iki kadalaşdyryş serhedi-

çägi her bir anyk ykdysady ýagdaýda bähbit ýa-da ýitgi bilen kesgitlenýär. Şu sebäpli bularyň arasyndaky gatnaşyk köp ýagdaýda üýtgeýär. Ykdysady çökgünlik, uruş, syýasy konflikt, durnuksyz ykdysadyýet şertlerinde döwlet kadalaşdyrylyşy, maliýe-ykdysady durnuklylyk ýagdaýynda bazar kadalaşdyrylyşy has ýaramlydyr. 3-nji şekilden görnüşi ýaly, halkara maliýe bazarynyň döwlet we bazar kadalaşdyryş usullaryny birnäçe jübütlere bölüp bolar:

❖ göni we gytaklaýyn;
❖ umumy we ýörite;
❖ düzümleýin we gündelik.

Ähli bellenen usullaryň halkara maliýe bazarynyň ähli sektorynda bilelikde işleýändigi aýratyn bellenmäge degişlidir.




*3-nji şekil.* **Halkara maliýe bazaryny kadalaşdyryş usullarynyň ulgamy**

Göni usul ulgamy döwletiň ýörite guramalarynyň, banklaryň, hojalyk subýektleriniň, guramalaryň, kompaniýalaryň, biržalaryň, şeýle hem halkara maliýe guramalarynyň administratiw ýerine ýetiriji aktlarynyň-namalarynyň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Göni usulyň gytaklaýyn usuldan tapawudyny bazara gatnaşyjylara täsir edişiniň häsiýetinde we derejesinde görmek bolýar. Göni kadalaşdyrylyşyň usuly bolup düzgünnamalar, görkezmeler, çözgütler, kararlar çykyş edýär. Bular bazarda maliýe durnuklylygy üpjün etmäge gönükdirilendir. Göni kadalaşdyryş ähli gatnaşyjylar üçin ähli sektorlarda deň derejede ulanylýar. Bu usul has hem bazaryň walýuta we karz böleginde ösendir.

Karz böleginde esasy operatorlar bolup, Merkezi banklar, täjirçilik banklary, maliýe ministrlikleri we halkara maliýe guramalary çykyş edýärler we makroderejede kadalaşdyrýarlar.

Ätiýaçlandyryş bazarynda göni usullar döwlet işleri bolup, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň tölege ukypsyzlygy zerarly maliýe ýitgileriň öňüni almaga gönükdirilendir. Usulyň esasy talaplary bolup ustaw maýasynyň iň pes derejesi, salgyt salma ulgamy, audit ýaly ulgamlar çykyş edýär *(1-nji tablisa)*.

*1-nji tablisa*

**Walýuta syýasatynyň göni usullarynyň bazar talaplaryna laýyklygy**

| | Bazar talaplaryna laýyklygyň derejesi | |
|---|---|---|
| | Pes | Ýokary |
| Göni walýuta kadalaşdyrylyşynyň usullary | -walýutanyň dewolwasiýasy we rewolwasiýasy;<br>- milli we daşary ýurt pullarynyň çykarylyşynyň çäklendirilişi (dahyllylar we dahylsyzlar üçin);<br>- açyk walýuta pozisiýasyna çäk goýulmagy;<br>- dahylsyzlara milli walýutada möhletli goýum boýunça göterimleri tölemeklige gadaganlyk;<br>- dahylsyzlara gysga möhletli obligasiýalary satyn almaklyga gadaganlyk | - bukja maýa goýumlaryna çäklendirmäniň goýulmagy;<br>- daşary ýurtly goýumçylar üçin otrisatel göterim derejesiniň goýulmagy;<br>- dahylsyzlara milli walýutanyň forward satylyşynyň çäklendirilmegi;<br>- ýewro bazarda çekilen maýalaryň möçberine baglylykda Merkezi bankda hökmany depozitleriň girizilmegi;<br>- iki taraplaýyn walýuta bazary. |

Halkara maliýe bazarynyň gazna bazarynda göni usullar döwlet tarapyndan we hünärli gatnaşyjylar tarapyndan amala aşyrylýar. Esasy maksat maýadarlaryň bazara bolan ynamyny üpjün etmek bolup durýar. Göni usul iki ugur boýunça ýerine ýetirilýär, ýagny:

– bazara gatnaşyjylaryň işlerini kadalaşdyrmak;

– gymmatly kagyzlar bazarynda amallary düzgünleşdirmek.

Maýa goýum bazaryny kadalaşdyrylyş usullaryna aşakdakylar degişli:

– döwlet kepillikleri;

– maýa goýumlaryň goraglylygyny üpjün edýän, üpjün etmäge gönükdirilen administratiw-hukuk kadalary;

– daşary ýurt maýa goýumlaryny goramak boýunça çäreler ulgamy – salgyt salmak we peýdany hasaba almak.

Gytaklaýyn usul maliýe bazarynda ykdysady, ilkinji nobatda, maliýe usullaryny ulanmak bilen olaryň bazaryň ykdysady agentlerine täsir edýärler *(2-nji tablisa)*. Bazarda ykdysady ýagdaýyň liberallaşma derejesiniň ýokary boldugyça, şu usul şonça-da giňden ulanylýar.

*2-nji tablisa*

**Walýuta bazaryny gytaklaýyn kadalaşdyryş usulynyň bazar talaplaryna laýyklygynyň derejeleri**

| Usullar | Laýyklyk derejesi | |
|---|---|---|
| | Pes | Ýokary |
| | Banklar üçin hökmany walýuta ätiýaçlyklary; Merkezi bankda zaýomlaryň daşary ýurt walýutasynda hökmany möçberi. | Walýuta interwensiýasy; Walýutalar bilen spot amallary; Açyk bazardaky amallar; Merkezi banklaryň hasap amallary; Merkezi bankyň bankara walýuta biržasyna gatnaşygy. |

Maliýe bazarynyň düzümleri üçin gytaklaýyn usullar diňe bir operator Merkezi bankyň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu usulyň ähli milli döwletlerde adaty we birmeňzeşligini göz öňünde tutsak, onda olaryň bazaryň dürli segmentlerinde ulanylyşynyň mümkinçiliklerini we derejesini kesgitläp bolar *(4-nji şekil)*.

Ähli usullar bazarda bolup geçýän hadysalary giňeltmek we gyzdyrmak üçin (ekspansion çemeleşme) ýa-da şeýle ýagdaýlary çäklendirmek ýa-da peseltmek (restruksion çemeleşme) üçin ulanylýar.

Makroykdysady derejede ykdysady pese gaçmaga ykdysady ösüşi gazanmak üçin birinji usul, “gyzgyn ykdysadyýetde” – ikinji usul ulanylýar.




*4-nji şekil.* **Merkezi bankyň ulanýan kadalaşdyryş usullary**

Merkezi bankyň hasap syýasaty kadalaşdyryşyň merkezi bölegidir. Karz bazary üçin giň ulanylýan usuly – bank göterimleriniň derejelerini üýtgetmek bolup durýar.

Merkezi bankyň açyk bazardaky amallary – halkara maliýe bazarynda merkezi banklaryň gymmatly kagyzlary we walýutalary alyp satmak boýunça resmi amallary. Gymmatly kagyzlara gazna wekseli, göterimsiz gazna borçnamalary, döwlet obligasiýasy, gysga möhletli gymmatly kagyzlar degişlidir *(3-nji tablisa).*

*3-nji tablisa*

**Açyk bazardaky amallar we olaryň täsiri**

| Amallar | Halkara maliýe bazary | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Walýuta bazary | Karz bazary | Gazna bazary | Maýa goýum bazary | Ätiýaçlandyryş bazary |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| Gymmatly kagyzlary satyn almak | Bazaryň daralmagy, walýuta kursunyň ösmegi | Karz amallarynyň giňelmegi | Birža amallarynyň we bazaryň daralmagy | Bazaryň giňelmegi | Bazaryň giňelmegi |
| Gymmatly kagyzlary satmak | Bazaryň giňelip, walýuta kursunyň peselmegi | Karz resurslarynyň azalmagy, olaryň bahasynyň ösmegi. | Birža amallarynyň we bazaryň giňelmegi | Bazaryň daralmagy | Bazaryň daralmagy |

Merkezi banklaryň kadalaşdyryş usullaryna açyk bazardaky REPO amallary degişlidir. Bu amal Merkezi bank bilen täjirçilik banklarynyň arasynda öň ylalaşylan bahalarda döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almak we 1-2 aýdan hökmany yzyna satmak baradaky ylalaşygyň – geleşigiň baglaşylmagydyr, bu amallaryň geçirilmegidir. REPO amallary (yzyna almak amallary) çeýeligi we ýumşaklygy bilen tapawutlanyp, aýratyn meşhurlyga eýedir. Bu amal hepdede bir gün – şol bir gün geçirilýär. Şeýle ýagdaý satylýan gymmatly kagyzlar olaryň yzyna alynmaly günleriniň gabat getirilmegi bilen şertlendirilýär. Eger öňki satylan we yzyna gelmeli gymmatly kagyzlaryň möçberleri bilen satylmaly gymmatly kagyzlaryň möçberleri gabat gelmese, onda Merkezi bank tarapyndan çäklendirmeler ýa-da artdyrmalar geçirilýär. Merkezi bank bu amallaryň kömegi bilen täjirçilik banklaryny göterim töleginiň möçberinde girdeji bilen üpjün edýär. Girdeji aşakdaky ýaly kesgitlenýär:

$$G = \frac{M \cdot G \cdot T}{360},$$

bu ýerde

*G* – REPO amallaryndan alnan girdeji;
*M* – esasy mukdar möçberi

3. Sargyt № 2497

*G* – REPO-nyň göterim derejesi;

*T* – gün sany (REPO-nyň möhleti, adatça, 4-8 hepde aralygy).

Eger gymmatly kagyzlar boýunça kupon girdeji alynýan bolsa, onda aşakdaky formula ulanylýar, ýagny

$$P_a = P_m + k,$$

bu ýerde

$P_a$ – umumy baha;

$P_m$ – bazar bahasy;

$k$ – kupon girdejisi.

Halkara maliýe bazarynyň kadalaşdyryş usullarynyň görnüşleri hökmünde olaryň ýörite we umumy usullara bölünmegi aýratyn möhümdir. Şeýle ýagdaý halkara walýuta bazarynda ýörite kadalaşdyryş usullaryny talap edýän walýuta kursy we walýuta amallary, töleg balansy we walýuta ätiýaçlyklary ýaly sektorlar bilen baglydyr *(4-nji tablisa)*

*4-nji tablisa.*

**Walýuta bazaryny kadalaşdyryjy ýörite usullar**

| Obýekt | Ýörite usullar |
|---|---|
| 1 | 2 |
| Milli walýuta | Monowalýuta we onuň statusy: esasy we ätiýaçlyk<br>Multiwalýuta (ýewro...)<br>Hasaplaşyk birligi (SDR...) |
| Walýutanyň erkin öwrülmek şerti | Doly öwrülýän<br>Bölekleýin öwrülýän<br>Ýapyk |
| Walýuta kursunyň ýagdaýy | Kesgitlenen kurs<br>Erkin ýüzýän kurs<br>Walýuta kurslarynyň köpdürlüligi |
| Walýuta çäklendirmeleriniň we gözegçiligiň barlygy ýa-da ýoklugy | Halkara tölegleriniň we geçirimleriniň kadalaşdyrylyşy, eksport girdejiniň, peýdanyň, altynyň hereketiniň, pul belgileriniň we gymmatly kagyzlaryň repatriýasy.<br>Walýutanyň we walýuta gymmatlyklarynyň döwletiň elinde jemlenmegi |

| 1 | 2 |
|---|---|
| Töleg balansynyň ýagdaýy | Deflýasion syýasat (döwlet býujetiniň gytçylygynyň azalmagy, Merkezi bankyň diskont syýasaty, karz çäklendirmeleri, pul massasyny targetirlemek) |
| | Dewalwasiýa<br>Walýuta kursunyň köplügi<br>Walýuta çäklendirmeleri<br>Eksportýorlara býujet subsidiýalary, importda proteksionizm, daşary ýurt maýadarlarynyň girdejilerinden salgydyň aýrylmagy. |

Walýuta kursunyň kadalaşdyryş usullarynyň ýörite usullaryna pul massalaryny targetirlemegi degişlidir.

Ýörite usullar halkara maliýe bazaryny unifisirlemek we milli salgyt kanunçylyklaryny liberallaşdyrmak üçin zerurdyr.

Umumy kadalaşdyryş öz içine aşakdaky derejeleri alýar:

- hususy kompaniýalar we ykdysady gulluklar;
- milli döwletler;
- döwletara derejeler.

Umumy usulyň maksatlary: bazaryň agentleriniň, milli döwletleriň, halkara maliýe guramalarynyň maliýe syýasatlaryny koordinirlemek; bazaryň çökgünlikden çykmagy üçin çäreleriň toplumyny kesgitlemek bolup durýar.

# II BAP. TÜRKMENISTANDA WALÝUTA KADALAŞDYRMASY WE WALÝUTA ULGAMYNYŇ ÖSÜŞI. TÜRKMENISTANDA WALÝUTA DÜZGÜNLLEŞDIRMESI BARADA UMUMY DÜŞÜNJE

## 2.1. Türkmenistanyň walýuta ulgamy, onuň umumy häsiýetnamasy we düzümleri

Türkmenistan Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletdir. Türkmenistan döwleti 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny alan döwri onuň çäginde öňki SSSR-iň döwlet bankynyň pul bellikleri ulanylýardy we nagt, nagt däl hasaplaşyklar hem üýtgemän ulanylýardy. Öňki SSSR-e girýän döwletler öz bazarlaryny (rubldan) goramak maksady bilen talonlary, kartoçkalary ulanyp başladylar. Bu ýagdaý biziň ykdysadyýetimize we durmuşymyza oňaýly täsir etmedi.

1993-nji ýylyň iýulynda Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky dolanyşykdaky 1961-nji ýylda, 1991-1992-nji ýyllardaky pul belliklerini 1993-nji ýylda çykan pul bellikleri bilen çalyşmak hakynda karar çykardy. Bu karar Türkmenistan döwletiniň öz milli pul ulgamyna geçmegine itergi berdi. Sebäbi, Russiýa Federasiýasynyň Merkezi bankyndan dolanyşyga gerek bolan goşmaça pul belliklerini almak şübhelilige getirýärdi.

Ýurduň walýuta gatnaşyklarynyň milli kanunçylyga berkidilen guramaçylyk görnüşi *milli walýuta ulgamyny* emele getirýär.

Milli walýutalar düzgün boýunça ýurduň içerki dolanyşygyna hyzmat etmeklige gönükdirilendir. Şonuň üçin milli walýutany daşary ýurda çykarmaklyk, getirmeklik hem kesgitlenen düzgünler bilen kadalaşdyrylýar. Mysal üçin, döwlet walýutanyň daşary ýurda çykarylmagyny we ýurda getirilmegini islendik möçberlerde rugsat edip biler. Walýutanyň daşary ýurda çykarylmagy köp möçberde ýa-da kadalaşdyryjylara baglylykda çäklendirilen möçberde kesgitlenilip bilner. Şeýle hem daşary ýurda çykarylan walýutany doly ýa-da bölekleýin sarp etmäge rugsat edilýär ýa-da hökman yzyna getirilýär.

Halkara hasaplaşyklarynda satýan, satyn alýan ýurtlaryň milli walýutalary ýa-da üçünji ýurtlaryň walýutalary ulanylyp bilner. Şonuň ýaly-da, kliring hasaplaşyklaryndan peýdalanylýar. Her bir döwlet pul ulgamyny öz bähbitlerine uýgunlaşdyryp, pul-karz we walýutany kadalaşdyryjy guramany döredýär. Şeýle gurama bolup, adatça, ýurduň Merkezi banky çykyş edýär. Merkezi banklara kagyz pullaryň emissiýasynyň monopol hukugy berilýär. Olar ýurduň tutuş karz ulgamyna ýolbaşçylyk edýärler, pul dolanyşygyny kadalaşdyrýarlar, wagtlaýyn boş pul serişdelerini we täjirçilik banklarynyň hökmany ätiýaçlyk gaznalaryny saklaýarlar, hökümetiň maliýe borçlaryny ýöredýärler, şeýlelik bilen olar döwletiň pul-karz syýasatyny esasy durmuşa geçirijiler bolýarlar. Merkezi banklar öz hyzmatlaryny täjirçilik banklary we beýleki maliýe-karz guramalary bilen özara hyzmatdaşlyk esasynda ýerine ýetirýärler. Olar öz gezeginde nagt we nagt däl pul tölegleri we karzyň hereketi bilen baglanyşykly amallary ýerine ýetirýärler.

*Türkmenistanyň walýuta ulgamy* bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde Ýamaýka walýuta ulgamynyň ýörelgelerine eýermek bilen emele geldi. Türkmenistan 1992-nji kesgitlenen kwota laýyklykda töleglerini töläp, Halkara pul Gaznasynyň agzasy boldy. Şondan bäri ýokarda agzalan ýörelgeleri ýerine ýetirip başlaýar.

Türkmenistanyň milli walýuta ulgamynyň esasy bolup, 1993--nji ýylyň 1-nji noýabrynda ”Pul birligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanynyň esasynda dolanyşyga girizilen manat çykyş edýär. Ol ”Türkmenistanyň milli walýutasy” baradaky Kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda manat adyny aldy. Bu Kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinde töleg serişdesi hökmünde manat çykyş edýär. Bu Türkmenistanyň çäklerinde ähli hasaplaşyklar milli pulda amala aşyrylýar diýildigidir. Bu düzgünler “Türkmenistanda walýuta kadalaşdyrylyşy hakyndaky” we “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakyndaky” Kanunlarda berkidilendir.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýutalara gözegçilik boýunça kanunçylyk binýadynyň we tejribesiniň 1993-

-nji ýyldan başlap yzygiderli kämilleşdirilendigini görmek bolýar. Daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta amallary, esasan, TMB-niň düzgünnamalary, hatlary, şeýle hem käbir aýry-aýry ugurlar boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň we TMK-nyň kadalaşdyryjy namalary bilen kadalaşdyryldy.

1993-nji ýylyň 1-nji noýabry Türkmenistanyň taryhyna belli sene bolup girdi. Sebäbi şol gün Türkmenistan öz milli walýutasyny dolanyşyga girizdi. Pul dolanyşygyna kagyz pullar (manatlar) we şaýlyklar (teňňeler)- polatdan ýasalan we mis çaýylan-1,5 we 10 teňňe, nikel çaýylan-20 we 50 teňňe girizildi. Teňňeleriň dolanyşyga girizilmeginiň maksady bölek söwdany pul serişdeleri bilen üpjün etmekdir. Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji şaýlyklary Beýik Britaniýanyň şasynyň zikgehanasynda ýasaldy. Türkmenistan öz milli pullaryny girizmeklik bilen döwletiň maliýe, karz-pul syýasatynda düýpli özgerişlikleriň geçirilmegine, dolandyryşyň ykdysady usullaryna tarap aýgytly öwrülşik edilmegine, bazar gatnaşyklarynyň doly kemala gelmegine ýol açdy. 1993-nji ýylda Türkmenistanda pul reformasy geçirildi. 1994-nji ýylda Türkmenistan altyn şaýlyk puluny çykardy, nominaly 1000 manat bu şaýlyk Türkmenistanyň Döwlet tugunyň baýramçylygyna bagyşlanyp çykaryldy. Bu şaýlyk 999 probaly altyndan ýasalyp, 15,6 grama deňdir. Bu şaýlyk dolanyşykda hereket etmän, diňe bezeg wezipesini ýerine ýetirmek üçin niýetlenendir. 1994-nji ýylda ýene bir altyn şaýlyk dolanyşyga goýberildi (917 probaly, agramy 7,99 gram, nominal gymmaty 1000 manat). Ol Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 3 ýyllygyna bagyşlanandyr. 1996--njy ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 5 ýyllygyna bagyşlanyp, edil şonuň ýaly şaýlyk çykaryldy, ýöne onuň ýüzünde 5 sany ýyldyz we Aý şekillendirilipdi. 1996-njy ýylyň aýagynda Türkmenistanda nominaly 500 manatlyk, kümüşiň 925 probasyndan ýasalan, agramy 28,28 gram bolan 6 sany şaýlyk çykaryldy.

Eýýäm 1993-nji ýylda TMB tarapyndan Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt walýutalarynda hasaplaşyklary geçirmegiň düzgünleri, daşary ýurt walýutalarynda söwda däl amallaryň tertibi, edara görnüşli we şahsy taraplaryň daşary ýurtlardaky hasaplaryny bellige almagyň tertibi, walýuta biržasynyň işiniň tertibi, eksport boýunça walýuta gözegçiligi bilen bagly namalar işlenip düzüldi we tassykla-

nyldy. 1994-nji ýylda eksport girdejisini hökmany satmagyň tertibi, Türkmenistanyň çäginde daşary ýurt walýutalaryna harytlary we hyzmatlary ýerlemegiň tertibi, nagt daşary ýurt walýutalaryny satmagyň tertibi, halkara hasaplaşyklaryny ulanmagyň tertibi bilen bagly namalar kabul edildi. Görnüşi ýaly, milli walýutanyň dolanyşyga girizilen ilkinji ýyllaryndan Türkmenistanda daşary ykdysady gatnaşyklarda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik syýasatynyň işjeňleşendigini görmek bolýar.

Bellenen çäreler, esasan, gündelik amallary düzgünleşdirmäge, maýanyň halkara (esasan, ýurtdan, daşary) hereketini bolsa çäklendirmäge gönükdirilendir. Bu ýagdaý, esasan, 2008-nji ýyla çenli, ýagny manadyň daşary ýurt walýutasyna gatnaşykda ýeke-täk hümmetiniň girizilmegine we alyş-çalyş amallarynyň belli derejede erkinleşdirilmegine çenli dowam etdi. Gündelik walýuta amallarynda çäklendirmeler, esasan, milli walýutany daşary ýurt walýutasyna çalyşmak, dürli walýuta alyş-çalyş hümmetleriniň hereket etmegi, resmi hümmet boýunça alyş-çalyş amallarynyň, banklaryň halkara işiniň çäklendirilmegi ýaly ýagdaýlar bilen häsiýetlendi. Bu bolsa öz gezeginde daşary ykdysady gatnaşyklarda nagt däl walýuta amallarynyň ýerine nagt we beýleki görnüşlerdäki hasaplaşyklara bolan meýilleriň saklanyp galmagyna täsir etdi.

Türkmenistanda halkara-walýuta maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýuta gözegçilik boýunça möhüm özgertmelere badalga berlen sene hökmünde 2008-nji ýyly görkezmek bolar. Bu seneden soňra ýurdumyzda milli walýutanyň daşary ýurt walýutalaryna gatnaşykda ýeke-täk hümmeti girizildi, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarda walýuta amallary, şol sanda walýuta alyş-çalyş amallary ep-esli derejede erkinleşdirildi. Banklaryň alyş-çalyş nokatlary gaýtadan açyldy we resmi hümmet boýunça (aratapawut girdejileri hem göz öňünde tutmak bilen) walýuta alyş-çalyş amallary ýola goýuldy. Bankara walýuta bazary özgerdilip guraldy we TBWB gündelik tertipde işlemäge başlady. Täjirçilik banklarynyň halkara amallary erkinleşdi (birinji derejeli daşary ýurt banklarynda hasaplary açmaga ygtyýar berildi).

2011-nji ýylda bolsa 1993-nji ýylda kabul edilen “Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny ýatyrylyp,

onuň ýerine “Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Şondan soňra bu täze kabul edilen Kanunyň esasynda, ýurduň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyryjy birnäçe hukuk namalarynyň giň toplumy kabul edildi.

Türkmenistanyň çäginde tölegler nagt we nagt däl görnüşlerinde ýerine ýetirilýär. Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri Merkezi bank tarapyndan kanun esasynda bellenilýär. Merkezi bank töleg resminamalarynyň şekillerini tassyklaýar. Ol kagyz pullaryň we bölek teňňeleriň ätiýaçlyk gaznalaryny döredýär. Şeýle hem pullaryň oňat saklanylyşyna, äkidilip-getirilişine, nagt pullaryň inkassasyna ýardam edýär, pul bellikleriniň tölege ukyplylygyny tassyklaýar we ýyrtyk pullary täze pullara çalyşýar. Pul dolanyşygy öz içine nagt pullaryň jemini, bank hasapnamalardaky we depozitlerdäki pul serişdelerini (nagt däl pullary) alýar. Türkmenistanyň pullarynyň möçberinde nagt pullaryň paýy 2014-nji ýylyň birinji çärýeginde geçen ýylyň degişli döwründäkiden 8,8 % azaldy. Puluň banklaryň pulhanalaryna gaýtarylmagynyň ýollary hemmelere mälim bolup, ol söwdadan gelen pullaryň banklara yzygiderli tabşyrylmagy we raýatlaryň süýşürintgi goýumlarynyň artmagyndan ybaratdyr. Ilatyň ýurdumyzyň banklaryndaky goýumy, şol sanda daşary ýurt walýutasyndaky goýumlary 2014-nji ýylyň maglumatlaryna görä, 31,5 % artdy. Ilatyň süýşürintgileriniň esasy bölegi (80,7 %-i) döwlet täjirçilik banklarynda jemlenildi.

2016-njy ýylda türkmen manadynyň hümmeti Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen derejede saklanyldy. Manadyň hümmetsizlenmek derejesiniň pes bolmagy, onuň ýerli haryt üpjünçiliginiň ýokarlanmagy banklar tarapyndan geçirilýän çäreleriň özüniň oňyn netijesini berýänligi bilen düşündirilýär.

Ýurtda hereket edýän milli pul birliginiň durnukly häsiýete eýe bolmagy býujet meýilnamalaryny üstünlikli amal etmäge, telekeçiligi ösdürmäge, daşary ýurtlardan uly möçberli uzak möhlete niýetlenen maýa goýumlary çekmäge, dünýä döwletleri bilen amatly söwda-ykdysady gatnaşyklary ýola goýmaga giň mümkinçilikleri döredýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwleti dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary alyp barýar. 2014--nji ýylda 2013-nji ýyla garanyňda, daşary söwda dolanyşygynyň möçberi 104,6 göterime deň boldy. Biziň döwletimiziň daşary söwda dolanyşygy oňyn häsiýete eýedir, ýagny eksportymyz importdan ýokarydyr. Şu ýerde bir zady bellemek has hem ýerlikli bolsa gerek, ol hem eksportyň düzüminde taýyn önümleriň yzygiderli artmagy, importyň düzüminde bolsa tehnologik enjamlaryň agramly bölegi eýelemegidir.

Eksportyň importdan artykmaç gelmegi ýurduň merkezi altyn-walýuta ätiýaçlyk gaznasyna gelýän erkin ýörgünli puluň köpelmegine, döwletiň ykdysady taýdan has hem kuwwatlanmagyna oňaýly täsir edýär.

Türkmenistanyň walýuta ulgamy ýapyk, konwertirlenmeýän bazar ykdysadyýetine geçirilen ulgama degişlidir.

Walýuta bazarynyň hereket etmek tertibi oňa gatnaşyjylaryň düzümi (bankara walýuta biržasy, täjirçilik banklary, araçy-brokerler) we walýuta amallarynyň düzgüni kanun taýdan berkidilendir. Walýuta kadalaşdyrmasyny amala aşyrýan guramalaryň statusy kesgitlenendir.

Walýuta gatnaşyklary töleg balansynda görkezilýän halkara ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklara hyzmat edýärler.

## 2.2.Türkmenistanda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak barada düşünje

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak, olara gözegçilik etmek ykdysadyýeti döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň möhüm düzümi bolup, döwletiň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýuta kanunçylygynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek bilen bagly alyp barýan işiniň jemidir.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmaklyga döwletiň monetar syýasatynyň hem möhüm düzümi hökmünde seredilýär. Ýewropa ykdysatçylary halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta syýasatyna walýuta hümmetiniň düzgünini saýlap almaklygy we ornaşdyrmaklygy, ýurduň

halkara töleglerini, maýanyň halkara hereketini düzgünleşdirmekligi, halkara maliýe-walýuta guramalaryna gatnaşmaklygy, döwletiň töleg balansynyň deňeçerligini üpjün etmek üçin walýuta amallaryna gözegçiligi aňladýar.

Häzirki wagtda döwletlerde, tejribeden belli bolşy ýaly, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmagyň we oňa gözegçilik etmegiň birnäçe usullary we gurallary ulanylýar.

Türkmenistanyň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we olara gözegçilik, esasan, bir--biri bilen baglanyşykly bolan şu aşakdaky maksatlardan ybaratdyr:

➢ döwletiň altyn-walýuta ätiýaçlyklarynyň möçberiniň aşa kemelmeginiň öňüni almaklyga;

➢ milli walýutanyň kursunyň durnuklylygyny üpjün etmäge;

➢ döwletiň töleg balansynyň deňagramlylygyny saklamaga hyzmat edýär.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak syýasaty milli derejede:

➢ döwlet edaralary (ilkinji nobatda, merkezi banklar), halkara derejesinde bolsa, HPG tarapyndan alnyp barylýar. HPG-i walýuta amallarynyň kadalaşdyrmasyna, esasan:

➢ walýuta kursunyň ýagdaýlarynyň we walýuta bazarynyň kadalaşdyrmasyny;

➢ gündelik amallarda (eksport-import we görünmeýän amallar boýunça halkara tölegler we geçirimler) walýuta gözegçiligini hem--de maýanyň halkara hereketine gözegçiligi degişli edýär.

Walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we olara gözegçilik etmek babatda döwlet syýasatynyň ýörelgeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1) walýuta amallaryny kadalaşdyrmak babatda döwlet syýasaty amala aşyrylanda bazar mehanizmleriniň ulanylmagy;

2) walýuta amallary ýerine ýetirilende dahyllylaryň we dahylsyzlaryň hukuklaryny we ykdysady bähbitlerini goramak;

3) walýuta amallaryny kadalaşdyrmagyň we olara gözegçilik etmegiň ulgamynyň bitewiligi;

4) walýutalara gözegçilik edýän edaralaryň dahyllylaryň we dahylsyzlaryň walýuta amallaryna esassyz goşulmaklaryna ýol berilmezligi.

**Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Merkezi banky walýuta amallaryny kadalaşdyryjy edaralar bolup durýarlar.**

**Türkmenistanyň Ministrler Kabineti:**

1) walýuta amallarynynyň kadalaşdyrylmagy babatda döwlet syýasatyny kesgitleýär;

2) walýuta amallarynynyň kadalaşdyrylmagy babatda Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny çykarýar;

3) walýuta amallarynynyň kadalaşdyrylmagy babatda başga wezipeleri hem amala aşyrýar.

**Türkmenistanyň Merkezi banky:**

a) walýuta gymmatlyklary bilen bank amallaryny we geleşiklerini geçirmäge ygtyýarly karz edaralarynyň bank işiniň ygtyýarlylandyrylmagyny amala aşyrýar;

b) Türkmenistanyň çäginde walýutany gymmatlyklarynyň dolanyşygynyň, şol sanda dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan walýuta amallaryny geçirmegiň tertibini kesgitleýär;

ç) öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde walýutany kadalaşdyrmak babatda dahyllylaryň we dahylsyzlaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolan Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edýär;

d) milli walýuta gatnaşykda daşary ýurt walýutalarynyň resmi hümmetlerini belleýär;

e) walýuta amallary boýunça hasaba almagyň we hasabatlylygyň görnüşlerini, olaryň dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan ýerine ýetirilmegi hökmany bolan tertibini we möhletlerini belleýär;

ä) Türkmenistanyň töleg balansyny düzmek maksady bilen, dahyllylar we dahylsyzlar tarapyndan geçirilýän walýuta amallary boýunça maglumatlaryň berliş tertibini belleýär;

f) walýutany kadalaşdyrmak babatda başga wezipeleri amala aşyrýar.

4) Eger walýutany kadalaşdyryjy edaralar tarapyndan Türkmenistanyň walýuta kanunçylygyna laýyklykda walýuta amallaryny

geçirmegiň tertibi we hasaplary (goýumlary) ulanmagyň tertibi bellenilmedik bolsa, dahyllylar we dahylsyzlar walýuta amallaryny geçirmäge, hasaplary (goýumlary) açmaga hem-de hasaplar (goýumlar) boýunça amallary çäklendirilmezden amala aşyrmaga haklydyrlar.

5) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Merkezi banky "Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakyndaky" Türkmenistanyň Kanuny arkaly kadalaşdyrylýan walýuta amallarynyň ähli görnüşlerini çäklendirilmezden amala aşyrýarlar.

Walýutany kadalaşdyrmagyň esasy usullaryna şu aşakdakylar degişlidir:

1) walýuta gymmatlyklary bilen geçirilýän bank amallarynyň ygtyýarlylandyrylmagy;

2) walýuta amallarynyň, hasaplaryň (goýumlaryň) bellige alynmagy;

3) walýuta amallary, hasaplar (goýumlar) hakynda ýazmaça habarly etmek.

Walýuta amallaryny kadalaşdyrmak düşünjeleri aşakdakylary aňladýar:

- walýuta gymmatlyklary;
- daşary ýurt walýutasy;
- gymmat bahaly kagyzlar - töleg resminamalary (çekler, wekseller, akkreditiwler we başgalar) hem-de daşary ýurt walýutasyndaky gazna gymmatlyklary (aksiýalar, obligasiýalar we başgalar);
-islendik görnüşdäki we ýagdaýdaky gymmat bahaly metallar – altyn, kümüş, platina we platina toparyna girýän metallar (palladiý, iridiý, radiý, ruteniý we osmiý), ýöne şol metallardan ýasalan zergärlik önümleri we durmuşda ulanylýan önümler hem-de şol önümleriň döwük-ýenjikleri muňa girmeýär.

1993-2011-nji ýyllar aralygynda hereket eden "Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda gymmatbaha metallar we gymmatbaha daşlar "walýuta gymmatlyklary" düşünjesiniň sanawyna girizilendi. Emma, bu Kanunyň ýerine 2011-nji ýylda kabul edilen "Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň

Kanuny gymmatbaha metallary we gymmatbaha daşlary “walýuta gymmatlyklary” düşünjesine ýa-da olar bilen baglanyşykly amallary “walýuta amallary” düşünjesine degişli etmeýär.

Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda altyn (affinirlenen guýma altyn) diňe Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň sanawynda bellenilip geçilýär. Şeýle hem, gymmatbaha metallaryň beýleki görnüşleriniň (kümüş, platina, platrina toparyna girýän metallar: palladiý, iridiý, radiý, ruteniý we osmiý) we (ýa-da) gymmatbaha daşlar (almazlar, brilliantlar, mbinler, zümerretler, sapfirler, dürler) walýuta gymmatlyklarynyň, şeýle hem halkara ätiýaçlyklarynyň sanawynda görkezilmeýär.

Şol sebäpli-de, gymmatbaha metallardan diňe altyn döwletiň halkara ätiýaçlyklarynyň sanawynda bellenilýän-de bolsa, gymmatbaha metallar ýa-da gymmatbaha daşlar bilen amallar walýuta kanunçylygy bilen kadalaşdyrylmaýar.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 20-nji dekabryndaky 13380-nji “Bank işini hem-de gymmat bahaly metallar we gymmat bahaly daşlar bilen baglanyşykly işi ygtyýarlandyrmak hakyndaky düzgünnamany tassyklamak barada” Kararyna laýyklykda, gymmat bahaly metallar (islendik ýagdaýdaky görnüşde) we gymmat bahaly daşlar (çig we işlenen görnüşde) bilen baglanyşykly işi ygtyýarlandyrmak TMB-niň üstüne ýüklenendir.

“Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda TMB-niň halkara ätiýaçlyklary dolandyrmak boýunça amallarynyň sanawynda “Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde gymmat bahaly metallary we gaýry walýuta gymmatlyklaryny Türkmenistana getirmäge, şeýle hem daşary ýurt banklaryndaky we ýöriteleşdirilen maliýe guramalaryndaky öz hasaplaryna ýerleşdirmek üçin olary daşary ýurtlara äkitmäge” haklydygy bellenilýär. Görnüşi ýaly, bu Kanunda bellenilýän manysy boýunça gymmat bahaly metallar walýuta gymmatlyklaryna degişli edilýär.

“Karz edaralary we bank işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 3-nji maddasynda şahsy we edara görnüşli taraplaryň bank hasaplaryny, şol sanda gymmat bahaly metallardaky hasaplaryny açmak we ýöretmek, gymmat bahaly metallary goýumlara (depozitlere) çekmek we ýerleşdirmek bank amallaryna degişli edilýär. Şeýle

hem, karz edaralaryna Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan halatlarda gymmat bahaly metallary we (ýa-da) gymmat bahaly daşlary satyn almak-satmak amallaryny (geleşiklerini) amala aşyrmaga hukuk berilýär. Görnüşi ýaly, bu Kanunda hem gymmatbaha metallar we gymmatbaha daşlar bilen amallar bank işiniň görnüşi hökmünde bellenilip, onuň halkara amallarda ulanylmak mümkinçiligi görünýär.

"Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Turkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, "walýuta gymmatlyklary" düşünjesi şulary öz içine alýar:

a) milli walýuta, özleri bilen dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky, şeýle hem dahylsyzlaryň arasyndaky amallar ýerine ýetirilen ýagdaýynda bellenilen gymmaty milli walýutada aňladylan gymmat bahaly kagyzlar we töleg resminamalary;

b) daşary ýurt walýutalary;

ç) daşary ýurt walýutalaryndaky gymmat bahaly kagyzlar (paýnamalar, obligasiýalar we beýlekiler), şeýle hem töleg resminamalary (çekler, wekseller, güwälendiriş hasaplar we beýlekiler).

Şonuň ýaly-da, daşary ykdysady gatnaşyklar babatda walýuta amallary ýokarda beýan edilen mazmunynda diňe pul gymmatlyklary bilen bagly amallary öz içine alýar.

Gymmat bahaly tebigy daşlar çig (işlenilmedik) görnüşde we işlenilip bejerilen görnüşde (almazlar, birilliantlar, rubinler, zümerretler, sapfirler şeýle hem dürler), ýöne şol daşlardan ýasalan zergärlik önümleri we durmuşda ulanylýan önümler hem-de şol önümleriň döwük-ýenjikleri muňa girmeýär.

Türkmenistanyň walýutasyna – Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bank biletleri we şaýlyklary görnüşinde dolanyşykda ýören manatlar, şeýle hem dolanyşykdan aýrylan ýa-da aýrylýan, ýöne dolanyşykda hereket edýän pul belgileri bilen çalşylmaga degişli bolan daşary ýurt pul belgileri; daşary ýurt döwletleriň hasapnamalarda durýan pul birlikleri görnüşindäki we halkara pul ýa-da hasaplaşyk birlikleri görnüşindäki serişdeleri degişlidir.

**Walýuta amallary:**

– eýeçilik hukugynyň walýuta gymmatlyklaryna geçmegi bilen;

– töleg serişdesi hökmünde daşary ýurt walýutasyny hem-de daşary ýurt walýutasyndaky töleg resminamalaryny ulanmak bilen;

– daşary ýurtlardan Türkmenistana walýuta gymmatlyklaryny getirmek we ibermek hem-de Türkmenistandan daşary ýurtlara walýuta gymmatlyklaryny äkitmek we ibermek, şeýle hem halkara hasaplaşyklary amala aşyrmak bilen baglanyşykly geçirilýän amallar.

Walýuta amallary gündelik amallara we maýalaryň hereket etmegi bilen baglanyşykly amallara bölünýär.

***Gündelik walýuta amallary:***

– walýuta gymmatlyklaryny, harytlary we hyzmatlary satmak – satyn almak bilen baglanyşykly amallar;

– daşary ýurtlara we daşary ýurtlardan göterim haklary, diwidentleri we bank goýumlaryndan, karzlardan, maýa goýumlaryndan hem-de gaýry maliýe amallaryndan alnan beýleki girdejileri ibermek, pul geçirmek;

– söwda häsiýetinde bolmadyk serişdeleri ibermek, şol sanda iş hakyny, pensiýalary, alimentleri, mirasy ibermek, walýuta geçirmek hem-de şolar ýaly beýleki amallar.

Maýalaryň hereket etmegi bilen baglanyşykly walýuta amallary:

– maýa goýumlary, şol sanda gymmat bahaly kagyzlary satyn almak we satmak;

– karz bermek we almak;

– hasapnamalara hem-de goýumlara serişdeleri çekmek we ýerleşdirmek;

– nagt serişdeleriň we gymmat bahaly kagyzlaryň serhetden islendik görnüşde geçirilmegi.

Nagt serişdeler - banknotlar, şaýlyklar, ýol çekleri hem-de şoňa meňzeş gaýry töleg serişdeleri görnüşindäki töleg serişdeleri. Nagt däl serişdeler – banklardaky hasapnamalar, hasaplaşyklardaky serişdeler.

Ygtyýarly edilen banklar - walýuta amallaryny geçirmek üçin Merkezi bankyň ygtyýarnamasyny alan banklar. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň belli bir ygtyýarlary ygtyýarly edilen banklara bermäge haky bardyr.

Walýutalaryň alyş-çalyş hümmetini kesgitlemegiň tertibini Türkmenistanyň Merkezi banky belleýär. Bellenen tertibe laýyklykda

kesgitlenen alyş-çalyş hümmeti Türkmenistanda geçirilýän ähli walýuta amallarda ulanylýar.

Türkmenistanda ähli walýuta amallary ygtyýarly edilen banklaryň üsti bilen amala aşyrylýar.Ygtyýarly edilen her bir bank öz müşderileri bilen özüniň dellallyk etmeginde (araçy bolmagynda) geçirýän alyş-çalyş amallarynyň kanunylygyny üpjün edýär.

Ygtyýarly edilen bank Türkmenistanda we daşary ýurtda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde walýutany erkin satyn alyp we satyp biler. Türkmenistanyň çäginde ýeke-täk kanuny töleg serişdesi manatdyr.

Nagt serişdeleri getirmek ýa-da äkitmek işi gümrükhana serhedine aňyrdan gelnende ýa-da bärden gidilende deklarirlenmelidir. Türkmenistanyň ygtyýarly edilen banklarynda satyn alnan, şeýle hem ýurda gelnende deklarirlenen daşary ýurt walýutasy çäklendirilmedik möçberde äkidilýär. Daşary ýurt walýutasyndaky nagt serişdeleriň getirilmegi çäklendirilmeýär.

Türkmenistanyň walýuta gymmatlyklaryny we milli walýutasyny getirmegiň hem-de äkitmegiň şertleri hem tertibi "Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakyndaky" Türkmenistanyň Kanuny esasynda kesgitlenýär. Walýuta gymmatlyklarynyň Türkmenistana getirilmeginiň we Türkmenistandan alnyp gidilmeginiň gümrük taýdan resmileşdirilmegi Türkmenistanyň gümrük kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

"Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 18-nji maddasynda nagt pul gymmatlyklarynyň daşary ýurda hereketiniň tertibi bellenilýär. Şahsy taraplar tarapyndan erkin konwentirlenýän walýutalaryň çäginden (möçberden) ýokary geçmeýän nagt walýutalaryň birwagtlaýyn getirilmegi we Türkmenistandan alnyp gidilmegi gümrük edarasynda deklarirlenmäge degişli däldir. Fiziki şahsyň öz haýyşy boýunça bu walýuta amallary gümrük edarasynda deklarirlenip bilner. Bu çäkden geçýän milli we (ýa-da) daşary ýurt nagt walýutasy bolsa deklarirlenmäge degişlidir.

Şeýle hem, öň daşary ýurtdan getirilmedik ýa-da ýurda gelnende getirilmedik, şeýle hem getirilen, ýöne deklarirlenmedik, möçbe-

ri umumy jemini alanyňda, walýutalaryň resmi hümmeti boýunça erkin konwentirlenýän walýutalaryň çäginden ýokary geçýän nagt walýutalaryň şahsy taraplar tarapyndan Türkmenistandan birwagtlaýyn alnyp gidilmegi gadagan edilendir.

Şeýle hem ygtyýarly karz edaralaryndan başga edara görnüşli taraplara milli we daşary ýurt nagt walýutalarynyň Türkmenistana getirilmegi we Türkmenistandan alnyp gidilmegi gadagan edilýär.

Gymmat bahaly kagyzlaryň Türkmenistana getirilmegi we Türkmenistandan alnyp gidilmegi deklarirlenmäge degişli däldir we çäklendirilmesiz amala aşyrylýar.

Görnüşi ýaly, şahsy taraplar üçin Türkmenistana nagt walýutalaryň getirilmegi möçber taýdan çäklendirilmeýär, emma Türkmenistandan alnyp gidilmegi bolsa belli bir möçber bilen çäklendirilýär. Karz edaralaryndan başga edara görnüşli taraplaryň bolsa nagt walýuta gymmatlyklaryny Türkmenistana getirmekleri we Türkmenistandan alyp gitmekleri gadagandyr.

Nagt walýutalaryň hereketine girizilýän şunuň ýaly çäklendirmeler HPG-niň sanawynda diňe gündelik amallara gözegçiligiň sanawynda bellenilse-de, Türkmenistanda bu çäklendirmeleriň iki maksadyny bellemek bolar:

– maýalaryň daşary akymynyň öňüni almak;

– gündelik walýuta amallarda (import we beýlekiler) nagt walýutalar bilen hasaplaşyklary çäklendirmek we nagt däl hasaplaşyklary giňeltmek.

Ýokarda bellenip geçilen çäklendirmeleriň esasy görnüşleri “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçiik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna 2014-nji ýylyň 1-nji martynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen bellenildi . Munuň özi nagt walýuta amallaryny çäklendirmek we nagt däl walýuta amallaryny höweslendirmek boýunça toplumlaýyn çäreleriň çäginde amala aşyryldy.

Görnüşi ýaly, nagt walýuta gymmatlyklarynyň halkara hereketine çäklendirmeler Türkmenistanda gündelik walýuta amallaryna-da täsirini ýetirýär. Emma ol gündelik walýuta amallarynyň diňe nagt görnüşini çäklendirmekligi maksat edinip, gündelik walýuta amallaryny umumy çäklendirmekligi maksat edinmeýär

Dahyllylaryň milli we daşary ýurt walýutalaryny öz ýurduna gaýtarmagy Kanuna laýyklykda aşakdaky tertipde amala aşyrylýar:

**1.** Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, dahylsyzlar bilen daşary söwda geleşikleri boýunça dahyllylara geçirilmeli milli we daşary ýurt walýutalary dahyllylaryň ygtyýarly karz edaralaryndaky hasaplaryna geçirilmäge - öz ýurduna gaýtarylmaga degişlidir.

**2.** Dahylsyzlar bilen baglaşylýan daşary söwda geleşikleriniň şertlerinde göz öňünde tutulan möhletlerde dahyllylar şu aşakdakylary üpjün etmäge borçludyrlar:

1) eksport geleşiginiň şertlerine laýyklykda dahylla geçirilmeli milli ýa-da daşary ýurt walýutasynyň dahylsyzdan alynmagyny;

2) dahylsyz öz borçlaryny ýerine ýetirmedik we (ýa-da) doly ýerine ýetirmedik halatynda, dahylly tarapyndan import geleşigi boýunça hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin dahylsyzyň haýryna geçirilen milli we daşary ýurt walýutasynyň öz ýurduna gaýtarylmagyny.

**3.** Dahyllylaryň şu aşakdaky ýagdaýlarda ygtyýarly karz edaralaryndaky öz hasaplaryna milli we daşary ýurt walýutasy geçirmezlige haky bardyr:

1) dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasyndaky borçnamalar boýunça garşylyklaýyn hasaplaşyklar geçirilen halatlarynda;

2) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan başga halatlarda.

**4.** Eksport we import geleşikleri boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylanda dahyllylaryň ygtyýarly karz edaralaryndaky hasabyna gelip gowuşmadyk milli we daşary ýurt walýutasynyň möçberleri boýunça, şu Kanuna laýyklykda dahyllynyň haýryna serişdeleri geçirmek boýunça borçnama şu aşakdaky ýagdaýlarda bölekleýin ýa-da dolulygyna ýerine ýetirilen diýlip hasaplanylýar:

1) garşylyklaýyn birmeňzeş talaplaryň hasaplaşygy bilen dahylsyzyň borçlary tamamlananda;

2) şol bir taraplaryň arasynda başga zat ýa-da usul bilen ýerine ýetirilmegi göz öňünde tutulýan, ozal bar bolan ilkibaşky borçlaryň beýleki borçlara çalşylmagy bilen dahylsyzyň borçlary tamamlananda;

3) dahylsyzdan talap etmek hukugy başga şahsa geçirilende;

4) dahylsyz tarapyndan borçnamalaryň ýerine ýetirilmezliginiň

töwekgelliginiň ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyrma halaty ýüze çykan mahalynda ätiýaçlandyryş tölegi alnanda.

**5.** Dahyllylar tarapyndan serişdeleri öz ýurduna gaýtarmak talaplarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda walýuta şertnamasynyň her biriniň möçberi EKW çäginden ýokary geçýän eksport we import walýuta geleşikleri boýunça özara hasaplaşyklar geleşigiň pasportynyň resmileşdirilmegi bilen amala aşyrylýar.

Şu ýagdaýda walýuta şertnamasynyň möçberi eksport edijiniň we import edijiniň şertnamany baglaşan senesine walýuta şertnamasynyň möçberi EKW çäginden ýokary geçmeýän eksport we import geleşikleri boýunça geleşigiň pasporty resmileşdirilmeýär.

**6.** Dahyllylar baglaşylýan eksport we import geleşiklerinde dahylsyzlar tarapyndan borçlaryň ýerine ýetirilmeginiň anyk möhletlerini görkezmäge borçludyrlar.

Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň ýeterlik derejesini üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň Merkezi bankynda Türkmenistanyň altyn walýuta ätiýaçlyk gory döredilýär. Dahyllylar eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar (olaryň şahamçalary, wekilhanalary) özleriniň alan daşary ýurt walýutalarynyň möçberinden Türkmenistanyň altyn walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimleri geçirýärler. Dahyllylaryň eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplaryň (olaryň şahamçalarynyň, wekilhanalarynyň) sanawy we Türkmenistanyň altyn walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimleriň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.

Walýuta düşewündinden Türkmenistanyň altyn walýuta ätiýaçlyk goruna amala aşyrylýan geçirimiň möçberi, baglaşylan geleşikler boýunça dahyllylara geçirilmäge degişli ygtyýarly we daşary ýurt banklardaky hasaplaryna gelýän daşary ýurt walýutalaryny, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenýän beýleki gelýän daşary ýurt walýutalaryny öz içine alýar.Türkmenistanyň altyn walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimler dahyllynyň özbaşdak ýa-da şertnama boýunça ygtyýarly karz edarasy tarapyndan daşary ýurt walýutasynda gelen serişdeleriň resminamaly kybaplanylan gününden soň gelýän bäş bank gününden gijä galman ýerine ýetirilýän gümansyz borçnamasydyr.

Dahyllylar eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň altyn walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimlerden soň öz ygtyýarynda galýan walýuta düşewündiniň bir bölegini walýuta interwensiýasyny amala aşyrmagyň maksatlary üçin Türkmenistanyň Merkezi bankyna satýarlar. Walýuta düşewündiniň bir bölegini hökmany satmagyň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.Walýuta düşewündini hökmany satmagyň möçberi baglaşylan geleşikler boýunça dahyllylara düşýän, ygtyýarly we daşary ýurt banklarynyň hasaplaryna daşary ýurt walýutalaryndaky gelen walýutalary öz içine alýar, muňa şu aşakdakylar degişli däldir:

1) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň, ol tarapyndan ygtyýarlylyk berlen ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň öz ygtyýarlylygynyň çäklerinde amala aşyrýan amallaryndan we geleşiklerinden alýan daşary ýurt walýutalarynyň möçberi;

2) ygtyýarly banklaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda amala aşyrýan bank amallaryndan we başga geleşiklerden alýan daşary ýurt walýutalarynyň möçberi;

3) dahyllylaryň dahylsyzlar, daşary ýurt döwletleriniň hökümetleriniň agentleri bolup durýan guramalar bilen ssuda şertnamalary, zaýom şertnamalary we bank karzy şertnamalary boýunça borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan möçberleriň çäklerindäki dahyllylaryň walýuta düşewüntleri.

**7.** Dahyllylaryň walýuta düşewündiniň umumy möçberi onuň bir böleginiň hökmany satylmazyndan öň özleri bilen hasaplaşyklar daşary ýurt walýutasynda amala aşyrylýan degişli geleşikleriň ýerine ýetirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylara we başga töleglere kemeldilmäge degişlidir. Olara şu aşakdakylar degişlidir:

1) ýükleriň daşalmagynyň, ugradylmagynyň we ätiýaçlandyrylmagynyň tölenilmegi;

2) alnyp gidilýän ýükler üçin gümrük paçlarynyň, şeýle hem gümrük ýygymlarynyň tölenilmegi;

3) karz edaralaryna komission hak-heşdekleriniň tölenilmegi;

4) daşary ýurt syýahatçylyk kärhanalaryna syýahatçylyk hyzmatlaryny edeni üçin düşýän walýutalaryň möçberi;

5) sanawy Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen kesgitlenilýän amallar boýunça başga çykdajylar we tölegler.

**8.** Walýuta düşewündiniň bir böleginiň hökmany satylmagy dahyllylaryň özbaşdak ýa-da ygtyýarly karz edarasy tarapyndan şertnama boýunça daşary ýurt walýutasynda gelýän serişdeleriň resminamaly kybaplanylan gününden soň gelýän bäş bank gününden gijä galman ýerine ýetirilýän gümansyz borçnamasydyr.

**9.** Dahyllylaryň walýuta düşewündiniň bir böleginiň hökmany satylmagy, satylýan gününde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen walýutanyň resmi hümmeti boýunça amala aşyrylýar.

Dahylsyzlaryň walýuta gymmatlyklaryny alyp gitmäge bolan hukugy şu aşakdakylardyr:

**1.** ozal Türkmenistanyň çägine getirilen walýuta gymmatlyklaryny alyp gitmäge;

dahyllylar bilen hasaplar (goýumlar), depozitler, zaýomlar, bank karzlary, gymmat bahaly kagyzlar hem-de maýanyň hereketiniň başga walýuta amallary boýunça alnan diwidendleri, hak-heşdekleri we gaýry girdejileri almaga we geçirmäge;

dahyllylar bilen amala aşyrylýan walýuta amallary boýunça girdejileriň çykdajylardan ýokary geçýän möçberini geçirmäge.

**2.** Dahylsyzlaryň walýuta serişdeleriniň geçirimleri walýuta şertnamasyna laýyklykda amala aşyrylýar, şertnamasy ýa-da onda degişli düzgünler bolmadyk halatynda, walýuta geçirimleri milli walýuta ýa-da alyş-çalyş amallarynyň düzgünlerine laýyklykda, walýuta geçiriminiň amala aşyrylýan senesinde ulanylýan bazar hümmeti boýunça islendik beýleki daşary ýurt walýutasynda amala aşyrylýar.

**3.** Walýuta şertnamasyna laýyklykda, dahylsyzyň walýuta serişdeleri onuň öz adyna açylan bank hasaplaryna (goýumlaryna) geçirilýär.

**4.** Walýuta serişdeleriniň üçünji taraplaryň, walýuta şertnamasynyň bir tarapy bolup durmaýan şahsy, şonuň ýaly-da edara görnüşli taraplaryň bank hasaplaryna (goýumlaryna) geçirilmegine ýol berilmeýär. Görkezilenler geçirilýän (transferabel) güwälendiriş hasaplaryň açylmagyny göz öňünde tutýan walýuta şertnamalaryna degişli däldir.

Her bir dahyllynyň Türkmenistanyň walýutasyny Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde gündelik amallaryň möhleti gelip ýetdigiçe şol amallary geçirmek üçin hiç bir hili çäklendirilmezden ýa-da esassyz ýerden bökdelmezden daşary ýurt walýutasyna çalyşmaga (konwertirlemäge) haky bardyr.

Dahylsyzlaryň Türkmenistanyň walýutasyny hiç bir hili çäklendirilmezden ýa-da esassyz bökdelmezden daşary ýurt walýutasyna çalyşmaga (konwertirlemäge) haky bardyr – eger soraşylýan möçber Türkmenistanyň rezidentleri bilen geçirilen gündelik amallaryndan düşen düşewünt üçin pul geçirmek zerur bolsa, haky bardyr.

Dahyllylaryň ygtyýarly edilen banklaryň üsti bilen gündelik walýuta amallaryny hiç bir hili çäklendirilmezden Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde laýyklykda geçirmäge haky bardyr.

Söwda häsiýetine bolmadyk gündelik amallar netijesinde daşary ýurt walýutasyny alan hem-de ony Türkmenistanyň banklaryndaky goýumlarda saklaýan rezidentleriň – şahsy taraplaryň hiç bir hili çäklendirilmezden we esassyz ýerden bökdelmezden Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde maýalaryň hereket etmegi bilen baglanyşykly amallary geçirmäge haky bardyr.

*Dahylsyzlaryň* Türkmenistanyň çägine öň getirilen we gümrük hakyndaky kanunlara laýyklykda deklarirlenen maýalaryny hiç bir hili çäklendirilmezden hem-de esassyz ýerden bökdelmezden äkitmäge haky bardyr.

Gündelik geçirilýän amallar netijesinde we maýalaryň hereket etmegi boýunça dahylsyzlar bilen geçirilen amallar netijesinde daşary ýurt walýutasyny alyjy dahyllylar alnan bütin walýuta düşewündini Türkmenistana ibermäge ýa-da getirmäge borçludyrlar.

*Dahyllylaryň* walýuta düşewündiniň hökmany suratda satylmalydygy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde hem möçberde kesgitlenilýär.

Ygtyýarly edilen banklara gowşan daşary ýurt walýutasy Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenen tertipde oňa (Merkezi banka) satylýar.

Inkassirlemek baradaky çykdajylar, eksport amallary bilen gösgöni baglanyşykly komission ýygymlar hem-de şoňa meňzeş beýleki

harajatlar we tölegler gündelik gowuşýan serişdeleriň hasabyna geçirilip bilner, ýöne şunda şu maddanyň düzgünleri berjaý edilmelidir.

Şahsy taraplaryň – rezidentleriň daşary ýurtda daşary ýurt walýutasyndaky hasaplary we goýumlary açmagyna, olarda walýuta serişdeleriniň saklanmagyna rezidentleriň daşary ýurtda bolýan döwrüniň dowamynda ýol berilýär.

Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Türkmenistanyň Merkezi bankyndan ýa-da ygtyýarly edilen islendik bankdan daşary ýurt walýutasyny satyn almakda artyk hukuga eýedir.

Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Düzgünnamasyna laýyklykda öz halkara borçnamalaryny berjaý etmek üçin, nagt däl serişdeleriň iberilmegini çäklendirmäge haklydyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky alyş-çalyş kursy bilen baglanyşykly edilen töwekgelligiň öwezini dolmaýar hem-de walýuta amallar boýunça ýa-da şolar bilen baglanyşykly hereketler boýunça başga hiç bir hili kömek pullaryny bermeýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky islendik şertlerde we her bir hili çäklendirmeler bilen islendik banka kanunyň düzgünlerine hem-de kanun easynda kabul edilýän kadalara laýyklykda, daşary ýurt walýutasynda amallary geçirmäge hukuk berip biler.

Eger ygtyýarly edilen bank özüne berlen ygtyýarnamanyň kanun esasynda kabul edilýän kadalaryny berjaý etmeýän bolsa, onda Türkmenistanyň Merkezi banky ygtyýarly edilen bankyň daşary ýurt walýutasynda amallary geçirmek hukugyny çäklendirip ýa-da ony şol hukukdan mahrum edip biler.

Türkmenistanyň Merkezi bankyna käbir ýagdaýlar ýa-da şertler mälim bolan bolsa, özem eger olar degişli haýyşnamalara garalan pursadynda mälim bolan bolsa, ygtyýarnama ýa-da rugsat berip bolmajakdygy anyk bolan bolsa, şeýle halatda Merkezi bank islendik ygtyýarnamany we rugsatnamany ýatyryp biler.

Her bir şahsy we edara görnüşli tarap Türkmenistanyň Merkezi bankynyň talap etmegine görä, deklarasiýany,  hasapnamalardan göçürmeleri  gözegçilik etmek üçin, Türkmenistanyň Merkezi bankyna zerur bolan gaýry resminamalary bermäge borçludyr.

Şahsy ýa-da edara görnüşli taraplar walýuta amallaryny geçirmäge özlerine rugsat berilmegi hakyndaky haýyşnamalarynyň

kanagatlandyrylmandygy hakyndaky karary alanlaryndan soň, şol karar barada suda arz edip bilerler.

Türkmenistanyň Merkezi bankyna kanun esasynda kabul eden kadalarynyň ýa-da beýleki kararlarynyň bilgeşleýin ýa-da bilgeşleýin däl ýagdaýynda berjaý edilmezligi, bozulmagy, şonuň ýaly-da şolary bozjak bolup ýa-da berjaý etmejek bolup synanyşylmagy Türkmenistanyň dowam edip gelýän kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekilmegine eltýär.

Temmi çäreleri şular barada ulanylýar: kärhanalaryň eýelerine ýa-da ýolbaşçylaryna, kärhana eýeleriniň kanuny wekillerine, şahsy taraplaryň kanuny wekilleriniň wezipesini ýerine ýetirmek üçin bellenilen guramalaryň agzalaryna, bilelikdäki kärhanalarda degişli bähbidi aramaga ygtyýarly edilen hyzmatdaşlara, şeýle hem kärhanany ýa-da beýleki adamyň kärhanasynyň (öz jogapkärçiligi astynda) bir bölegini dolandyrmak ýa-da oňa gözegçilik etmek baradaky borçlary ýerine ýetirýän ýa şoňa ygtyýarly edilen adamlara – özleriniň gözegçilik etmek wezipelerini bilgeşleýin ýa-da bilgeşleýin däl ýagdaýda ýerine ýetirmänligi sebäpli kanuny ýagdaýda jogapkärçilige çekilip bilner.

Şeýlelikde, Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmak, esasan, şulary öz içine alýar:

– milli walýutanyň hümmetini we walýuta bazarynyň işini kadalaşdyrmak
– maýalaryň halkara hereketini kadalaşdyrmak;
– dahyllylaryň arasyndaky walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;
– dahylsyzlaryň arasyndaky walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;
– dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;
– içerki walýuta bazarynynda amallary düzgünleşdirmek;
– dahyllylaryň daşary ýurtlarda hasaplaryny açmagy;
– dahyllylaryň ýurduň çägindäki walýuta amallaryny düzgünleşdirmek;
– dahylsyzlaryň ýurduň çäginde hasaplaryny açmagy;

– eksport walýuta gözegçiligi (daşary ýurt walýutalaryndaky girdejileri hökmany satmak, atiyaçlyga goymak,ýurda gaýtarmak boýunça talaplary bellemek);

– import walýuta gözegçiligi (import boýunça töleglere talaplary kesgitlemek, kabul edilýän mümkinçilikleriň sanawyny bellemek we ş.m.).

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta gözegçilik bolsa, bu döwletlerde ýokarda sanalyp geçilen kadalaşdyrma çäreleriniň guralmagyny we oňa gözegçiligi aňladýar.

## 2.3. Türkmenistanda milli walýutanyň denominasiýasy

Hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyny üstünlikli amala aşyrmaklyk köp derejede ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamynyň işine baglydyr. Şonuň üçin hem Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bu ulgamlaryň işi yzygiderli kämilleşdirilýär we döwrebaplaşdyrylýar. Olaryň işiniň anyk çözgüdini ýurdumyzyň maliýe-býujet, nyrh, salgyt, pul-karz syýasatlarynda görmek bolýar. Bu syýasatlaryň talabalaýyk işlenilip düzülmegi we olaryň ýurdumyzyň ykdysady durmuşyna ornaşdyrylmagy maýa goýum işiniň işjeňlik derejesini ýokarlandyrmaga, manadyň durnuklylygyny üpjün etmäge, döwletimize daşary döwletler bilen amatly söwda gatnaşyklaryny ýola goýmaga we halkyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan buýana-da gowulandyrmaga mümkinçilik berer.

Bu özgertmeleriň esasy maksady ýokary depginli ykdysady ösüşi üpjün etmeklik bilen bir hatarda ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini yzygiderli ýokarlandyrmakdan, türkmen döwletiniň dünýä derejesindäki abraýyny barha artdyrmakdan, dünýä bazaryna ýokary hilli bäsleşige ukyply harytlar we hyzmatlar bilen çykmakdan, dünýä döwletleri bilen işjeň gatnaşyklary ýola goýmakdan ybaratdyr. Şu maksatlar üçin üstünlikli durmuşa geçirilýän maliýe-ykdysady sagdynlaşdyrma maksatnamasy we milli walýutamyz bolan türkmen manadynyň berkidilmegidir.

Türkmenistan döwletimiz özüniň Garaşsyzlygyna eýe bolan ilkinji günlerinden başlap, özbaşdak ykdysady syýasaty ýöretmek-

ligi özüne wezipe edip goýdy. Bu öz gezeginde öňi bilen milli pul birligimizi dolanyşyga girizmekligi talap etdi. 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan türkmen manadynyň dolanyşyga girizilmegi netijesinde ýurdumyz özüniň diňe bir syýasy garaşsyzlygyny gazanman, eýsem, sözüň doly manysynda, ykdysady garaşsyzlygyna hem eýe boldy. Ykdysady garaşsyzlyga eýe bolanymyzdan soňra biziň ýurdumyzda pul-karz, maliýe-býujet, nyrh, salgyt syýasatlaryny işläp düzmek täze görnüşe eýe boldy we onda durmuş strategiýasyndan ugur alyndy. Şeýlelik bilen puluň durnukly, hümmetli, ýokary goraglylygyna aýratyn ähmiýet berildi. Bu meseleleriň üstünlikli çözülmegi döwlet derejesine çykaryldy we köp çäreler işlenilip düzüldi we olar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Olaryň hatarynda öňi bilen milli pulumyzyň ýerli serişdeleriň hasabyna haryt üpjünçiligini ýokarlandyrmak wezipesi goýuldy.

Häzirki wagtda bu meseläni üstünlikli çözmek üçin hormatly Prezidentimiziň görkezmelerinden ugur alnyp, ykdysadyýetimiz diwersifikasiýalaşdyrylýar, ylmyň, öňdebaryjy innowasion tehnologiýanyň gazanan üstünlikleri önümçilige giňden ornaşdyrylýar, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmeklige giň mümkinçilikler açylýar, daşary ýurtlardan göni maýa goýum çekmeklige ähli amatlyklar döredilýär. Bu toplumlaýyn we ulgamlaýyn çäreleriň netijesinde ýurtda öndürilýän harytlaryň möçberi yzygiderli artýar, manadyň haryt üpjünçiligi ýokarlanýar we ol durnukly häsiýete eýe bolýar.

Türkmenistanyň häzirki zaman makroykdysady syýasaty ykdysadyýetiň durnukly ösmegine gönükdirilendir. Makroykdysady syýasat milli ykdysadyýetiň öňe gidýän ösüşini üpjün edýän esasy görkezijileriň ýokarlanmagyna gönükdirilen döwlet tarapyndan düzgünleşdiriş çäreleriniň jeminden ybaratdyr. Onuň wezipesi – pul dolanyşygyna (nagt we nagt däl görnüşinde), bank ulgamynyň netijeli we durnukly hereket etmegine, ýurdumyzyň ähli hojalyk subýektleri üçin berk maliýe tertip-düzgünine gözegçiligi üpjün etmekden ybaratdyr.

Puluň durnuklylygyny üpjün etmekde onuň kadaly aýlanyşygyny ýola goýmagyň ähmiýeti örän ýokarydyr. Bu öz gezeginde diňe bir manadyň haryt üpjünçiligine bagly bolman, eýsem ilata hödürlenilýän tölegli hyzmatlaryň mukdaryna, görnüşlerine we hiline baglydyr. Şol

nukdaýnazardan ugur alnyp, biziň ýurdumyzda bazar gatnaşyklarynyň çuňlaşmagy bilen öndürilýän önümleriň we ilata hödürlenýän hyzmatlaryň hil görkezijisine aýratyn ähmiýet berilýär. Bu meseläni oňyn çözmeklikde dünýäniň ösen döwletleriniň baý tejribesi giňden öwrenilýär we biziň ýaşaýyş-durmuşymyza ornaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz manadyň kadaly hereketini ýola goýmak üçin ähli tagallalary edýär. Munuň aýdyň şaýady bolup, 2008-nji ýylyň 1-nji maýynda milli puluň ýeke-täk hümmetine geçirilmegini we 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan amala aşyrylan manadyň denominasiýasyny görkezmek bolar. Halkara maliýe jemgyýetçiligi hormatly Prezidentimiziň bu özgertmelerine ýokary baha berdi, aýratyn hem, bu çäräniň dünýä maliýe çökgünligi wagtynda geçirilendigini göz öňünde tutanyňda, olaryň ähmiýeti has-da ýokary bolup durýar. Bu çäräniň netijesinde kärhanalaryň we pudaklaryň, aýratyn hem, daşarky bazarlara çykarmaga niýetlenen önümleri öndürýän pudaklaryň maliýe-ykdysady ýagdaýy düýpli gowulandy.

Milli manadyň durnukly çalşyk hümmetiniň, daşary ýurt pulunyň elýeterliliginiň giňeldilmegi we has erkin söwda düzgüni milli pula bolan ynamy pugtalandyrmaga we banklaryň ornunyň ýokarlanmagyna goşant goşýar. Bank ulgamynda maliýe hasabatlylygyň halkara standartlarynyň ornaşdyrylmagy ýurduň maliýe ulgamyny has-da pugtalandyrýar.

Pul reformasyndan söz açanymyzda, biziň öňümizde “Denominasiýa näme? Denominasiýanyň netijesinde ykdysadyýetimizde nähili üýtgeşmeler bolar?” diýen sorag ýüze çykýar. Denominasiýa – bu latyn dilindäki “denominate” sözünden gelip çykmak bilen dolanyşyga goýberilýän täze pul birlikleriniň nominal derejesini (10,000,000 gezek we ş.m.) peselmek diýmekdir. Käwagt denominasiýa bir pul birlikleriniň satyn alyş güýji üýtgedilmezden başga pul birliklerine çalyşylmagy hem diýilýär. Denominasiýa iki hili bolýar: tutuşlygyna we bölekleýin.

Doly denominasiýa – bu ähli pul birlikleriniň çalşylmagydyr.

Bölekleýin denominasiýa – bu käbir pul birlikleriniň çalşylmagydyr. Çalşylyş möhleti boýunça denominasiýa 4 topara bölünýär:

**1.** Çalt möhletli (birnäçe günüň ýa-da hepdäniň dowamynda);

**2.** Haýal möhletli (birnäçe aýyň dowamynda tä bir ýyla çenli);

**3.** Uzak möhletli (birnäçe ýylyň dowamynda);

**4.** Möhletsiz (belli bir wagt aralygynda möhlet goýulmadyk ýa-da wagty barada hiç zat aýdylmadyk).

Dünýä ýurtlarynyň tejribesinde täze pul birliklerini taýýarlamak boýunça çykdajylar döwlet býujetiniň hasabyna, denominasiýa geçirmek boýunça çykdajylar bolsa, Merkezi bankyň içerki gor gaznalarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

Denominasiýa – bu tehniki kadalaşdyryjy bolup, hojalyk birliklerinde hasaby we hasaplaşyklary aňsatlaşdyrmak ýa-da kadalaşdyrmak üçin hyzmat edýär. Türkmen manadynyň 2009-njy ýyldaky denominasiýasy uzak möhletde hümmetsizlenmegiň öňüni almak we ony gözegçilikde saklamagy üpjün etjek pul-karz kadalaşdyrylyşynyň guraly hökmünde çykyş etdi. Şeýlelikde denominasiýa ykdysady syýasatyň hem bir elementi hökmünde seretmek bolýar. Beýleki tarapdan, halkyň ruhy ýagdaýyna, ýagny psihologiýasyna täsir etmek arkaly halkyň milli walýuta bolan ynamyny artdyrýar. Şeýle hem manadyň güýçlenmegine kömek etmek bilen hyzmatlaryň we harytlaryň öndürilşinde maýa goýumlaryň, önümçilik inwestisiýalarynyň artmagyna öz netijeli täsirini ýetirýär. Denominasiýa geçirmek baradaky çözgüt Halkara guramalary tarapyndan kanagatlanarly bahalandyrylýar. Täze manadyň hümmeti dünýäniň esasy walýutalarynyň hümmetine laýyk gelýär. Täze manat Türkmenistanyň dünýä bazarynda reýtinginiň artmagyna ýardam bermek bilen türkmen ykdysadyýetinde inwestisiýalaryň artmagyna getirdi. Denominasiýa geçirmekligiň esasy maksatlarynyň biri-de hasaplaşyklary ýönekeýleşdirmek we häzirki wagtda birnäçe uly möçberli sanlar bilen alnyp barylýan buhgalter hasaby we hasabatlylygy aňsatlaşdyrylmagy bolup durýar. Aslynda, denominasiýa geçirmek göräýmäge nolsuz täze manadyň dolanyşyga goýberilmegi we baha möçberleriniň üýtgemegi ýaly ýönekeýje bir amal däldir. Denominasiýa geçirmek üçin gurnama we sazlaşdyrma çäreleriniň birnäçesini geçirmek zerur. Bu hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň abraý bilen hötdesinden gelen wezipesi boldy. Denominasiýa barada gürrüň edilende, "täze dolanyşyga goýberiljek manat hem hümmetsizlenermikä?" diýen sorag

ýüze çykypdy. Biziň pikirimizçe, bu soraga «Dolanyşyga goýberilen täze manada beýle howp abanmaz» diýip, arkaýyn aýdyp bolar. Sebäbi Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan sarp ediji ýurtlukdan çykyp, öndüriji ýurda öwrüldi. Geçirilen ykdysady reformalar netijesinde ýurtda ösüş gazanyldy, halkyň hal-ýagdaýy has hem gowulandy we geçirilen pul-karz syýasatynyň netijesinde esasy makro görkezijileriň biri bolan hümmetsizlenmek derejesi aşakladyldy. Bu zatlaryň ählisi öz gezeginde manadyň satyn alyjylyk ukybynyň ýokarlanmagyny üpjün etdi. Dünýä arenasynda Türkmenistanyň abraýy has hem artýar, ýurdumyzyň bank ulgamy dünýäniň maliýe institutlarynyň ynamdar hyzmatdaşy bolýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, ykdysady reformalaryň çäklerinde, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan milli manadymyzyň gymmatynyň üýtgedilen görnüşi dolanyşyga girizildi, ýagny köne nusgadaky 5000 manat täze nusgadaky 1 manada deň möçberde bellenildi. Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 1,5,10,20,50,100 hem-de 500 manatlyk kagyz pullar bilen bir hatarda 1,2,5,10,20,50-lik şaýy pullar (teňňeler) dolanyşyga girizildi. Durmuşa geçirilýän pul reformasynyň möhüm aýratynlyklarynyň biri-de, milli pul nyşanlarynyň goraglylygy we nominal düzümi halkara standartlaryna laýyk getirildi. Pul banknotynda gorag elementleri ulanylanda ýurduň howa şertleri, pul aýlanyşygynyň tertibi, dürli görnüşlerdäki galplaşdyryş howpunyň bolup bilmegi, dürli hümmetleri bolan banknotdaky gorag elementlerini tanamagyň kesgitli derejesi, banknotyň rejeli ölçegi ýaly ýagdaýlar hasaba alyndy. Meselem, banknotyň her biri öňküsine görä uzynlygyna 6 millimetr we inine 3 millimetr uludyr. Reňkleriň utgaşygy islendik bahaly banknotyň keşbi göze ýakymly we ýeňillik bilen tanap bolar ýaly edilip saýlanandyr.

Muňa aşakdaky banknotlara ser salanyňda hem göz ýetirmek bolýar.



Bir söz bilen aýdylanda, täze banknotlarda we teňňelerde çeperçilik mazmunynyň, tehniki ýerine ýetirilişiň we ýurdumyzyň gözel keşbini janlandyrmagyň utgaşdyrylmagyny gazanmak başartdy. Täze banknotlar Türkmenistan hakynda gadymy taryhly ýurt hökmünde, döredijilikli zähmet bilen meşgul we geljege tarap okgunly barýan ýurt hökmünde gowy düşünje berýärler.

Halkara maliýe guramalarynyň, şol sanda Halkara Pul Gaznasynyň hünärmenleri pul-karz we walýuta syýasaty babatynda durmuşa geçirilýän syýasatyň netijelerine örän ýokary baha berdiler.

Türkmenistanda geçirilýän pul reformasynyň çäklerinde 2010--njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap 1 we 2 manatlyk täze şaýy pullar dolanyşyga goýberildi. Munuň özi milli pul birliginiň amala aşyrylýan reformasynyň logiki dowamy boldy. Düzümi metallaryň birnäçesiniň, ýagny latunyň, nikeliň we misiň garyndysyndan durýan bu şaýy pullar Beýik Britaniýanyň zikgehanasynda ýasalandyr. Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, metaldan ýasalan teňňeleriň hyzmat ediş möhleti 25-30 ýyla deňdir. Şol bir wagtyň özünde kagyz pullaryňky bir ýyldanam az bolýar. Nagt pul aýlanyşygynda dynawsyz hereket edýändigi üçin kagyz pullar, aýratynam, ownuk kagyz pullar çalt könelişe sezewar bolýarlar. Şeýlelikde, şaýy pullaryň dolanyşyga girizilmegi bilen esli möçberdäki döwlet serişdeleri tygşytlandy. Hümmeti 1 manada deň bolan kagyz pullar hem aýlanyşykda 1 manatlyk şaýy pullar bilen birlikde ulanylýar.

Türkmenistanyň pullarynyň gorag we nominal düzüminiň halkara standartlaryna laýyk getirilmegi pul reformasynyň esasy wezipeleriniň biridir. Şunuň bilen baglylykda denominirlenen nusgadaky pullary işläp taýýarlamak Türkmenistanyň öňden gelýän we ygtybarly hyzmatdaşy bolan “De La Rue International Limited” iňlis kompaniýasyna ynanyldy. Türkmenistanyň döwlet Baştutany tarapyndan tassyklanylan we 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda dolanyşyga goýberilen banknotlarda dürli döwürlerde türkmen halkyna şöhrat getiren beýik taryhy şahsyýetler, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy, kartasy, ýurdumyzyň taryhy-binagärlik ýadygärlikleri, şeýle hem türkmen paýtagtynyň häzirki binagärlik genji-hazynalary şekillendirildi. Degişli dünýä standartlaryny nazara almak bilen we

iň täze tehnologiýalaryň esasynda ýasalan pullarda goraglylygyň ýokary derejesi bar, olar berk we peýdalanmak üçin amatly, muňa bolsa eýýäm türkmenistanlylar mynasyp baha berdiler.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze şaýy manatlarynyň ikisi-de tegelek görnüşdedir. Hümmeti 1 manada deň bolan şaýy puluň gyrasy (gurty) zire -zire bolup, "Bir manat" diýlen ýazgy bilen zikgelenendir. Onuň içki bölegi misiň we nikeliň garyndysyndan, daşky halkasy bolsa nikeliň we latunyň garyndysyndan taýýarlanylandyr, diametri 27,0 millimetre, agramy 9,5 grama, galyňlygy bolsa 2,2 millimetre deňdir. Hümmeti 1 manada deň bolan şaýy puluň ýüz tarapynyň merkezinde ýerleşdirilen "1" san belgisiniň aşak ýanynda "manat" diýlen ýazgy bardyr. Daşky tegelek halkanyň ýokary böleginde "Türkmenistanyň Merkezi banky" diýlen ýazgy, aşaky böleginde bolsa, şaýy puluň goýberilen senesini aňladýan "2010" san belgisinden saga we çepe sazlaşykly gidýän türkmen milli nagyşlarynyň bäşisi şekillendirilendir.

# III BAP. TÜRKMENISTANDA HALKARA WALÝUTA-MALIÝE WE KARZ GATNAŞYKLARYNDA DÖWLET KADALAŞDYRMASYNYŇ WE WALÝUTA AMALLARYNA GÖZEGÇILIGIŇ MILLI TEJRIBESI WE ONUŇ HUKUK ESASLARYNYŇ KÄMILLEŞMEGI

## 3.1. Türkmenistanda eksport-import amallarynda walýuta gözegçiligini amala aşyrmagyň tertibi

Geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda eksport hasaplaşyklary boýunça walýuta gözegçiliginiň has giň ýaýran görnüşleriniň biri eksport girdejisiniň hökmany satylmagy baradaky talabyň bellenilmegidir. Bu düzgün ähli eksport girdejisine ýa-da onuň bir bölegine degişli bolup biler (girdejiniň belli bir göterimi ýa-da belli bir möçberden ýokary geçýän mukdaryň satylmagy görnüşinde). Käbir ýagdaýlarda girdejiler ygtyýarly banklarda eksport edijiniň hasabynda deponirlenýär we sanawy walýuta gözegçiliginiň edaralary tarapyndan bellenilýän, rugsat berlen tölegleri geçirmek üçin ulanylýar.

Walýuta gözegçiliginiň edaralary eksportdan gazanylan walýuta girdejisiniň doly möçberde we bellenilen möhletinde alynmagy üçin eksport edijilere harytlary daşary ýurda çykarmak üçin ygtyýarnamany almaklygy talap edip bilýärler. Şu ýagdaýda eksport ediji girdejileriň doly möçberini öz ýurduna getirmäge we satuwa hödürlemäge borçlanýar.

Birnäçe ýagdaýlarda, walýuta gözegçiligi eksport edijilere girdejiniň mümkin bolan gysga möhletiň dowamynda ýurda getirilmegini we ygtyýarly banklarda jemlenmegini kepillendirýän usullary talap etmek arkaly hasaplaşyklaryň görnüşlerini saýlamak babatda hem çäklendirmeleri girizýär .

Eksport boýunça töleglere gözegçiligiň çäklerinde hasaplaşygyň pul birligi boýunça, ýagny harytlary walýuta gözegçiligi edaralary tarapyndan kesgitlenen pul birliginde geçirmek babatda hem talaplar girizilip bilinýär. Şunda walýuta ätiýaçlyklarynyň amatly paýlarda emele getirilmegi üçin girdejileri has durnukly erkin konwentirlenýän

walýutalarda almaklyk talap edilýär. Bu talap eksport edijileriň özlerine hem alyş-çalyş ýa-da walýuta töwekgelçiliginden goranmaga ýardam berýär.

Eksport boýunça walýuta çäklendirmesiniň esasy görnüşi eksport girdejilerini eksport edijiniň öz ýurduna getirmeginiň we eksport girdejilerini tabşyrmagyň möhletiniň bellenilmegidir. Harytlaryň ýüklenip ugradylmagyndan we işleriň ýerine ýetirilmeginden soňra pul serişdeleriniň mümkin bolan gysga wagtda gelmegini üpjün etmek maksady bilen, girdejileriň gelmeginiň we satylmagynyň möhleti gysga çäklerde bellenilýär .

Harytlar satylanda walýuta gözegçiliginiň edaralary satyn alyjylara tölegi yza süýşürmek arkaly söwda karzyny bermegiň mümkinçiligini hem kesgitlenen möhletiň çäginde çäklendirip bilýärler. Adatça, bu möhlet eksport girdejisini ýurda getirmegiň we eksport girdejilerini tabşyrmagyň möhleti bilen deň gelýär.

Ösen bazar ykdysadyýetli döwletleriň tejribesiniň görkezişi ýaly, eksportdan gazanylan walýuta girdejisini hökmany satmagyň dogry guralmagy ykdysady syýasaty öz wagtynda çözmäge ýardam berýär. Şol sebäpli geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda özgertmeleriň ilkinji tapgyrlarynda eksport girdejisini satmak boýunça talaplaryň girizilmegi doly esaslydyr. Berkidilen pul hümmeti düzgüninde işleýän döwletlerde walýuta gözegçiligi şol bir wagtda ykdysadyýetiň dollarlaşmak derejesiniň peselmegine-de täsirini ýetirýär.

Aşa eksport walýuta gözegçiliginiň käbir oňaýsyz taraplarynyň bardygyny hem bellemek gerek. Olaryň hatarynda aşakdakylary görkezmek bolar:

– kärhanalaryň barter, özara hasaplaşyk ýaly görnüşlerine ýykgyn etmegi;

– kärhanalaryň daşary ýurt walýutalaryny satmak we täzeden satyn almak bilen bagly amallar çykdajylarynyň artmagy;

– milli walýutanyň hümmeti yzygiderli pese düşýän ýa-da üýtgäp duran ýurtlarda forward pul bazarynyň ýa-da beýleki maliýe gurallarynyň bolmadyk halatynda hümmet (alyş-çalyş) töwekgelçiliginiň artmagy.

Türkmenistanda eksport amallarynda walýuta gözegçiligi hem gündelik amallara walýuta gözegçiliginiň esasy düzümleriniň bir bolup, onuň, esasan, şu usullary ulanylýar:

– eksport girdejisini ýurda getirmek (repatriasiýa) talabyny bellemek;

– daşary ýurt walýutalaryndaky eksport girdejisiniň bir bölegini hökmany satylmagy;

ç) daşary ýurt walýutalaryndaky eksport girdejisiniň bir böleginiň hökmany berilmegi;

– önümleriň belli görnüşlerini diňe daşary ýurt walýutalaryna satmak talabyny bellemek;

– eksport boýunça walýuta amallaryny hasaba almak.

“Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, dahyllylaryň walýuta düşewündiniň bir bölegini hökmany satmagy we Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimleri puly kadalaşdyrmagyň esasy 3 täriniň 2-si hökmünde bellenilýär.

Kanuna laýyklykda, Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň ýeterlik derejesini üpjün etmek maksady bilen, TMB-de Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk gory döredilýär. Dahyllylar eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar (olaryň şahamçalary, wekilhanalary) özleriniň alan daşary ýurt walýutalarynyň möçberinden Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimleri geçirýärler. Dahyllylaryň eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara ýuridik şahslaryň (olaryň şahamçalarynyň, wekilhanalarynyň) sanawy we Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimleriň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.

Mundan başga-da dahyllylar eýeçiligi döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar Türkmenistanyň walýuta ätiýaçlyk goruna geçirimlerden soň öz ygtyýarynda galýan walýuta düşewündiniň bir bölegini walýuta interwensiýasyny amala aşyrmagyň maksatlary üçin TMB-ne satýarlar. Walýuta düşewündiniň bir bölegini hökmany satmagyň möçberleri Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenilýär.

Görnüşi ýaly, hökmany geçirim düzgüni döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar üçin bellenilip, döwlete degişli bolmadyk şahslar üçin hem ulanylmak mümkinçiligi göz öňünde tutulandyr. Emma hökmany satmak düzgüni diňe döwlete degişli görnüşdäki edara görnüşli taraplar üçin bellenilip, döwlete degişli bolmadyk taraplar üçin gadagandyr.

Halkara tejribesinde import babatda walýuta gözegçiliginiň, esasan, aşakdaky usullar bilen amala aşyrylýandygy anyklandy:

– daşary ýurt walýutasyny satyn almagyň düzgünlerini bellemek;

– import boýunça tölegleri geçirmek üçin zerur bolan resminamalaryň sanawyny bellemek;

– import boýunça hasaplaşyklaryň görnüşine talaplary bellemek we beýlekiler.

Şeýle hem uly möçberli import tölegleri üçin dokumentar akkreditiwiň açylmagy ýa-da hakujy tölegiň gaýtaryljakdygy barada bank kepilnamasynyň bolmagy ýa-da tölegleri diňe ýükler ugradylandan soňra geçirmek talaby bellenildi.

Türkmenistanda import amallarynda walýuta gözegçiligi gündelik amallara walýuta gözegçiliginiň möhüm düzümleriniň biri bolup, onuň, esasan, şu usullary ulanylýar:

– import üçin ulanyljak daşary ýurt walýutasynyň möçberini meýilleşdirmek;

– import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerine talaplary bellemek;

– import üçin hasaplaşyklaryň şertlerine talaplary kesgitlemek;

– daşary ýurt walýutalaryny satyn almak üçin zerur resminamalary kesgitlemek;

– import bilen bagly walýuta amallaryna repatriasiýa talabyny bellemek;

– aýry-aýry ýurtlardan ýa-da sebitlerden importy çäklendirmek;

– importy boýunça walýuta amallaryny hasaba almak.

Türkmenistanda import boýunça töleglerde harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň belli-belli görnüşleri üçin ulanyljak daşary ýurt walýutasynyň möçberini meýilleşdirmek we import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerine talaplary bellemek diňe döwlet edaralary babatda ulanylýar. Bu şertler, esasan, döwlet maliýe serişdeleriniň ulanylyşyny gözegçilikde saklamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň, TMK-nyň namalary esasynda kadalaşdyrylýar. Käbir ýurtlaryň tejribesinde ulanylýan, belli bir döwürde ulanyljak daşary ýurt walýutalarynyň möçberini meýilleşdirmek, import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerini bellemek ýaly talaplar döwlete degişli

bolmadyk şahslar babatda Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda kesgitlenen däldir.

Import geleşiklerini maliýeleşdirmegiň çeşmelerine talaplary bellemek hem diňe döwlet edaralary babatda ulanylýar. Onuň hukuk esaslary hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda çykaran "Döwlet maliýe serişdeleriniň ulanylyşyny kämilleşdirmek hakynda" 9477-nji Karary bilen tassyklanan 'Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň, şol sanda olaryň tabynlygyndaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň maliýe serişdelerini ulanmagyň tertibini", TMK-nyň Başlygynyň Orunbasarynyň 2009--njy ýylyň 23-nji awgustynda çykaran JT-35 belgili buýrugyny görkezmek bolar. Bu buýruk bilen tassyklanan 'Türkmenistanyň Prezidentiniň çözgüdiniň we baglaşyljak şertnamanyň ylalaşyk hatynyň resmileşdiriliş tertibine" laýyklykda, Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli çözgüdinde şertnamany maliýeleşdirmegiň çeşmesiniň hem görkezilmegi bellenilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň "Döwlet maliýe serişdeleriniň ulanylyşyny kämilleşdirmek hakynda" 2008-nji ýylyň 8-nji fewralynda çykaran 9477-nji Karary bilen "Türkmenistanyň ministrlikleriniň, pudak edaralarynyň, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralarynyň, şol sanda olaryň tabynlygyndaky kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň maliýe serişdelerini ulanmagyň tertibi" döwlet edaralarynyň maliýeleşdiriş çeşmesi döwlet býujeti bilen bagly bolmadyk serişdeleriň hasabyna baglaşýan daşary ýurt walýutalaryndaky şertnamalary (iş sapary bilen baglylardan başga tölege degişli beýleki resminamalary), şeýle hem Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligine, Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrligine, Aşgabat şäheriniň häkimligine açylan maksatlaýyn ýörite hasaplaryň serişdeleriniň hasabyna baglaşylýan şertnamalar (tölege degişli beýleki resminamalar) boýunça walýuta serişdelerini ulanmagyň düzgünlerini kesgitleýär. Oňa laýyklykda, bellenen döwlet edaralarynyň walýuta serişdeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň ygtyýarlandyrma namasy hem-de TMK-nyň degişli topluma gözegçilik edýän Orunbasary ýa-da pudaga baştutanlyk edýän ýolbaşçy bilen ylalaşylan resminamalar esasynda ulanylýar.

Şeýle-de, Karara laýyklykda TDHÇMB daşary ýurt walýutasynda önümleri, harytlary, işleri we hyzmatlary import etmek barada Türkmenistanyň ministrlikleri, pudak edaralary, ýerine ýetiriji ýerli häkimiýet edaralary, şol sanda olaryň tabynlygyndaky kärhanalar, edaralar we guramalar tarapyndan baglaşylýan şertnamalary Türkmenistanyň hyzmat edýän bankynyň şertnamanyň töleg şertleriniň TMB-niň namalary we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenen talaplara laýyk gelýändigi baradaky oňyn netijenamasy bar mahaly hasaba almalydyr.

Bu Kararyň esasynda, TMB tarapyndan Türkmenistanyň hyzmat edýän bankynyň netijenamany resmileşdirmeginiň we bermeginiň tertibi işlenip düzüldi we tassyklanyldy. Bu tertibe laýyklykda, döwlet edaralarynyň baglaşýan import şertnamasynyň töleg şertlerinde töleglериň hakujy, hakyky getirilen harytlar ýa-da edilen işler boýunça töleg ýa-da akkreditiw ýaly görnüşlerini ulanmaga rugsat berilýär. Tertipde hakujy töleg, akkreditiw hasaplaşygy we harytlaryň getirilmegi we hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi (açyk hasap) boýunça tölegleree, şeýle hem gurluşyk şertnamalarynyň maliýeleşdirilmegine bildirilýän hökmany talaplar kesgitlenendir.

Harytlary getirmekligiň esasy şertlerine laýyklykda, harytlaryň tölegini akkreditiw arkaly amala aşyrmak üçin banka tabşyrmaga degişli resminamalaryň sanawy ýükläp ugratmagyň şertlerine görä tapawutlanýar. Şunda akkreditiw hasaplaşygyny ulanýan taraplar ýük iberme-eltme babatda ulanmasy meýletin bolan halkara täjirçilik adalgalaryna salgylanmaly bolýarlar.

Türkmenistanyň ygtyýarly banklary diňe ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz böleginiň edaralaryna, kärhanalaryna, guramalaryna, hususy telekeçilere import maksady üçin zerur bolan daşary ýurt walýutalarynyň nagt däl görnüşde satylmagyny amala aşyrýarlar. Şunda daşary ýurt walýutalarynyň satylmagy we satyn alynmagy walýutalaryň resmi hümmetinden ugur alnyp we biržanyň we bankyň aratapawut girdejileri hem göz öňünde tutulyp amala aşyrylýar. Döwlet edara-kärhanalary bolsa daşary ýurt walýutasyny Türkmenistanyň ygtyýarly banklarynyň üsti bilen diňe TBWB-niň söwdalarynda satyn alýarlar .

a) Türkmenistanda eksport amallarynda walýuta gözegçiligini amala aşyrmagyň tertibi

Geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda eksport hasaplaşyklary boýunça walýuta gözegçiliginiň has giň ýaýran görnüşleriniň biri eksport girdejisiniň hökmany satylmagy baradaky talabyň bellenilmegidir. Bu düzgün ähli eksport girdejisine ýa-da onuň bir bölegine degişli bolup biler (girdejiniň belli bir göterimi ýa-da belli bir möçberden ýokary geçýän mukdaryň satylmagy görnüşinde). Käbir ýagdaýlarda girdejiler ygtyýarly banklarda eksport edijiniň hasabynda deponirlenýär we sanawy walýuta gözegçiliginiň edaralary tarapyndan bellenilýän, rugsat berlen tölegleri geçirmek üçin ulanylýar.

Walýuta gözegçiliginiň edaralary eksportdan gazanylan walýuta girdejisiniň doly möçberde we bellenilen möhletinde alynmagy üçin eksport edijilere harytlary daşary ýurda çykarmak üçin ygtyýarnamany almaklygy talap edip bilýärler. Şu ýagdaýda eksport ediji girdejileriň doly möçberini öz ýurduna getirmäge we satuwa hödürlemäge borçlanýar.

Birnäçe ýagdaýlarda, walýuta gözegçiligi eksport edijilere girdejiniň mümkin bolan gysga möhletiň dowamynda ýurda getirilmegini we ygtyýarly banklarda jemlenmegini kepillendirýän usullary talap etmek arkaly hasaplaşyklaryň görnüşlerini saýlamak babatda hem çäklendirmeleri girizýär .

Eksport boýunça tölegleре gözegçiligiň çäklerinde hasaplaşygyň walýuta birligi boýunça, ýagny harytlary walýuta gözegçiligi edaralary tarapyndan kesgitlenen walýuta birliginde geçirmek babatda hem talaplar girizilip bilinýär. Şunda, walýuta ätiýaçlyklarynyň amatly paýlarda emele getirilmegi üçin girdejileri has durnukly erkin konwentirlenýän walýutalarda almaklygy talap edilýär. Bu talap eksport edijileriň özlerine hem alyş-çalyş ýa-da walýuta töwekgelçiliginden goranmaga ýardam berýär.

Eksport boýunça walýuta çäklendirmesiniň esasy görnüşi eksport girdejilerini eksport edijiniň öz ýurduna getirmeginiň we eksport girdejilerini tabşyrmagyň möhletiniň bellenilmegidir. Harytlaryň ýüklenip ugradylmagyndan we işleriň ýerine ýetirilmeginden soňra pul serişdeleriniň mümkin bolan gysga wagtda gelmegini üpjün etmek maksady bilen, girdejileriň gelmeginiň we satylmagynyň möhleti gysga çäklerde bellenilýär.

Harytlar satylanda walýuta gözegçiliginiň edaralary satyn alyjylara tölegi yza süýşürmek arkaly söwda karzyny bermegiň mümkinçiligini hem kesgitlenen möhletiň çäginde çäklendirip bilýärler. Adatça, bu möhlet eksport girdejisini ýurda getirmegiň we eksport girdejilerini tabşyrmagyň möhleti bilen deň gelýär.

Ösen bazar ykdysadyýetli döwletleriň tejribesiniň görkezişi ýaly, eksportdan gazanylan walýuta girdejisini hökmany satmagyň dogry guralmagy ykdysady syýasaty öz wagtynda çözmäge ýardam berýär. Şol sebäpli geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda özgertmeleriň ilkinji tapgyrlarynda eksport girdejisini satmak boýunça talaplaryň girizilmegi doly esaslydyr. Berkidilen walýuta hümmeti düzgüninde işleýän döwletlerde walýuta gözegçiligi şol bir wagtda ykdysadyýetiň dollarlaşmak derejesiniň peselmegine-de täsirini ýetirýär.

Aşa eksport walýuta gözegçiliginiň käbir oňaýsyz taraplarynyň bardygyny hem bellemek gerek. Olaryň hatarynda şulary görkezmek bolar:

– kärhanalaryň barter, özara hasaplaşyk ýaly görnüşlerine ýykgyn etmegi;

– kärhanalaryň daşary ýurt walýutalaryny satmak we täzeden satyn almak bilen bagly amallar çykdajylarynyň artmagy;

– milli walýutanyň hümmeti yzygiderli pese düşýän ýa-da üýtgäp durýan ýurtlarda forward walýuta bazarynyň ýa-da beýleki maliýe gurallarynyň bolmadyk halatynda hümmet (alyş-çalyş) töwekgelçiliginiň artmagy.

Eksport walýuta gözegçiliginiň ýokarda sanalyp geçilen usullarynyň ol ýa-da beýleki görnüşleri ösüp barýan döwletleriň köpüsinde, şol sanda Gündogar Ýewropa döwletlerinde, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän döwletlerde özgertmeleriň belli bir tapgyrlarynda ulanylandyr. Mysal üçin, Bolgariýada 1991-nji ýyla, Rumyniýada 1992-nji ýyla çenli daşary walýutasyndaky eksport girdejisini hökmany satmak düzgüni hereket etdi. Ýöne bu ýurtlaryň ikisinde-de döwletiň ýeterlik walýuta ätiýaçlyklary toplanandan soňra we töleg balansynyň deňagramlylygyny üpjün etmegiň täze mehanizmleri ýola goýlandan soňra bu talap ýatyryldy. 1993-nji ýylyň başynda daşary ýurt walýutalarynyň ýetmezçiligini duýan Rumyniýada bu talaby täzeden girizmek barada teklipler boldy, emma maýa-

laryň ýurtdan akyp gitmek töwekgelçiligi göz öňünde tutulyp, bu talaby girizmekden saklanmak barada netijä gelindi.

Professor Ý.Ptaşegiň bellemegine görä bolsa, Polşada maýa goýum amallaryna gözegçiligiň gowşadylmagy ýurduň maýa goýum töwekgelçiligini peselder we daşary ýurt maýasynyň akyp gelmegini güýçlendirer.

1979-njy ýyldan bäri ykdysadyýeti has açyk ýagdaýa getirmek we janlandyrmak syýasatyny alyp barýan Hytaýda walýuta gözegçiliginiň özboluşly mehanizmi hereket edýär. Nobatdaky özgertmeleriň barşynda 1994-nji ýylda Hytaýda ösýän ykdysadyýetiň talaplary nazara alnyp, walýuta gözegçiliginiň täze ulgamy girizildi. Täze ulgam walýuta gözegçiligini alyp barmagyň tertibini ýönekeýleşdirdi we kärhanalaryň daşary ýurt walýutasyndaky girdejileriniň bir bölegini saklamak boýunça talaplar aradan aýryldy. Şol bir wagtda daşary ýurt walýutasyndaky eksport girdejisini satmak talaby saklanyp galyndy, ýöne kärhanalaryň islendik wagt import maksatlary üçin daşary ýurt walýutalaryny satyn almaklaryna mtimkinçilik açyldy. Kärhanalara eksport girdejisini öz ýurduna gaýtarmak talaby hem saklanyp galýar.

Gazagystanda daşary ýurt walýutasyndaky girdejini hökmany satmaklyk düzgüni wagtlaýyn çäre hökmünde ulanylýar, ýöne eksport girdejisini ýurda gaýtarmak talaby bolsa yzygiderli hereket edýär. Mysal üçin, ýurtda 1999-njy ýylyň aprel-noýabr aýlary aralygynda daşary ýurt walýutasyndaky girdejiniň 50%-ni hökmany satmak düzgüni hereket etdi. Ýurduň kanunçylygynda Gazagystanyň Merkezi bankynyň zerurlyk duýan halatynda bu talaby girizmäge bolan hukugy bellenendir. Walýuta gözegçiligi her bir eksport amalyna geleşigiň pasportyny resmileşdirmek arkaly amala aşyrylýar we amallar doly tamamlanýança Gümrük komiteti we ygtyýarly banklar tarapyndan gözegçilikde saklanylýar .

Türkiýe Respublikasynda eksport edijilere eksport girdejisini ýurda gaýtaryp getirmek, daşary ýurt walýutasyndaky girdejini ýa-da onuň bir bölegini Merkezi banka ýa-da ygtyýarly dellallara satmak ýaly walýuta gözegçiliginiň çäklendirmeleri ulanylmaýar. Şeýle hem, bank kepilnamasyny ýa-da gaýry bir üpjünçiligi talap etmezden, eksport edijilere harytlary öňünden ýükläp ugratmaga ygtyýar berilýär. Haçan-da kärhanalaryň arasynda jedelli meseleler ýüze çykanda we import ediji kärhananyň döwletinden ýüz tutulan halatynda, döwletiň

ygtyýarly edaralary jedeliň çözülmegini üpjün etmek maksady bilen anyklaýyş barlaglaryny geçirip bilýär.

b) Türkmenistanda import amallarynda walýuta gözegçiliginiň halkara tejribesi.

Halkara tejribesinde import babatda walýuta gözegçiliginiň, esasan, aşakdaky usullar bilen amala aşyrylýandygy anyklandy:

– daşary ýurt walýutasyny satyn almagyň düzgünlerini bellemek;

– import boýunça tölegleri geçirmek üçin zerur bolan resminamalaryň sanawyny bellemek;

– import boýunça hasaplaşyklaryň görnüşine talaplary bellemek we beýlekiler.

Mysal üçin, Albaniýada 1999-njy ýylyň maý aýynda girizilen tertibe laýyklykda, import şertnamasy boýunça 10000 amerikan dollaryna barabar möçberde töleg geçirmek üçin şu resminamalar talap edilýär; amaly geçirmek üçin arza, amalyň maksady barada jarnama, import şertnamasy, inwoýs (hasap-faktura), resminamalaryň öň ulanylmandygy barada güwänama. Şeýle hem uly möçberli import tölegleri üçin dokumentar akkreditiwiň açylmagy ýa-da hakujy tölegiň gaýtaryljakdygy barada bank kepilnamasynyň bolmagy ýa-da tölegleri diňe ýükler ugradylandan soňra geçirmek talaby bellenildi.

Özbegistanda import edijiniň öz daşary ýurt walýutasyny ulanman, bankdan daşary ýurt walýutalaryny satyn almak islän ýagdaýynda import şertnamasyny deslapdan bellige aldyrmak talaby hereket edýär. Şeýle hem import maksady bilen daşary ýurt walýutalaryny satyn almak üçin 5 göterim möçberde töleg göz öňünde tutulýar .

Türkiýe Respublikasynda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak ýurduň Merkezi banky tarapyndan walýuta ätiýaçlyklarynyň ýagdaýyna baglylykda we walýuta bazaryndaky islege we teklibe täsir etmek arkaly bazar mehanizmleriniň üsti bilen amala aşyrylýar. Türkiýede Gazna müdirligi we Merkezi bank halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta gözegçiligini alyp barmaga jogapkär edaralar hasaplanýar. Türkiýede häzirki wagtda import amallary boýunça maliýe talaplaryny bildirmek, öňünden tölemek, kepilnama talap etmek, töleg

üçin resminamalaryň sanawyny bellemek, hasaplaşyklaryň belli-belli görnüşlerini ulanmak, ygtyýarnama almak ýaly çäklendirmeleriň hiç birisi ulanylmaýar. Bu döwletde pul alyş-çalyş üçin salgytlar ýa-da belli bir taraplar (ugurlar) üçin ýeňillikler hem ýokdur we alyş-çalyş amallary doly erkindir.

## 3.2.Daşary-ykdysady geleşikleriň walýuta-maliýe we töleg şertleri

Bank işgärleriniň has çylşyrymly we ýokary hünär derejesini talap edýän hasaplaşyklar halkara söwda we gurluşyk-gurnama işleri ulgamyndaky şertnamalar boýunça hasaplaşyklar bolup durýar. Hasaplaşyklaryň görnüşlerini we şertlerini saýlamaga alynýan tölegiň tizligi we kepillendirmesi banklar arkaly amallary geçirmek bilen bagly harçlanan pul möçberine bagly bolýar. Şonuň üçin, daşary söwda hyzmatdaşlary gepleşikler wagtynda tölegiň şertlerini ylalaşýarlar we ony şertnamada berkidýärler. Şertnamalaryň walýuta-maliýe we töleg şertleri kesgitlenende, iň gysga möhletde aňrybaş walýuta pul möçberini almaga ymtylýan eksport edijiniň we walýutanyň iň az möçberini tölemäge, harydyň alnyşyny çaltlandyrmaga we tölegi harydyň ýerleşdirilmeginden girdeji alynýança möhletini yza süýşürmäge gyzyklanma bildirýän import edijiniň bähbitleriniň gapma-garşylygy ýüze çykýar. Geleşikleriň walýuta-maliýe we töleg şertleriniň kesgitlenmegi ýurtlaryň arasyndaky ykdysady we syýasy gatnaşyklaryň häsiýetine we ýaryşdaş hyzmatdaşlaryň güýçleriniň gatnaşygyna, olaryň wezipe abraýyna, şol harydyň söwdasyndaky däplere we kadalara bagly bolýar. Hökümetara ylalaşyklary hasaplaşyklaryň umumy ýörelgelerini kesgitleýär, daşarky söwda şertnamalarynda anyk şertler takyk häsiýetlendirilýär. Bu şertler şu aşakdaky esasy düzüm bölekleri öz içine alýar: bahanyň walýutasyny; tölegiň walýutasyny; tölegiň şertlerini; tölegiň serişdelerini; hasaplaşyklaryň görnüşini we bu hasaplaşyklaryň amala aşyryljak banklaryny.

**Bahanyň walýutasy we tölegiň walýutasy.** Bahanyň walýutasynyň we tölegiň walýutasynyň saýlanylmagyna (baha derejesinden, karz boýunça göterim goýumynyň möçberinden başga) belli bir derejede geleşigiň walýuta netijeliligi bagly bolýar. Eksport we

import şertnama bahalary eksport edijiden import edijä harytlaryň hereketi boýunça eksport edijiniň ýurdundaky ammarda bolmagy; porta ýoly; portda bolmagy; daşary ýurda ýoly; daşary ýurtda ammarlaşdyrylmagy; harydyň import edijä eltilmegi boýunça oňa goşulan goşmaça harajatlara baglylykda dürli-dürlüdir.

**Harytlaryň bahasyny kesgitlemegiň şu aşakdaky esasy usullaryny tapawutlandyrmak bolýar:**

1. Şertnama baglaşylanda bahalaryň berk kesgitlenmegi, şunda bahalar onuň ýerine ýetiriliş döwründe üýtgemeýär. Bu usul dünýä bazarlarynda bahalaryň peselme meýli bolanda ulanylýar.

2. Şertnama gol çekilende bahany kesgitlemek ýörelgesi bellenilýär (Getirme gününde ol ýa-da beýleki haryt bazarynyň kotirowkalary esasynda), bahanyň özi bolsa geleşigiň ýerine ýetirilişiniň dowamynda kesgitlenýär. Bu usul durmuşda, adatça, bazar bahalarynyň ýokarlanma meýli ýüze çykanda amal edilýär.

3. Baha şertnama baglaşylanda berk berkidilýär, emma eger-de bazar bahasy şertnama bahasy bilen deňeşdirilende üýtgese, mysal üçin, 5%-i geçýän möçberde üýtgese üýtgeýär.

4. Harajatlaryň düzüm bölekleriniň üýtgemegine, mysal üçin, enjamyň buýrulmasyndaky üýtgemelerine baglylykda üýtgeýän baha. Ýokary konýunktura şertlerinde buýrujynyň bähbitleri üçin çäklendirmeler girizilýär (bahanyň üýtgemesiniň ýa-da bahanyň diňe harajatlaryň bölegine we gysga möhletde üýtgemeginiň umumy çäkleri).

5. Garyşyk usul: bahanyň bir bölegi berk berkidilýär, beýleki bölegi üýtgeýän görnüşde kesgitlenýär.

Bahanyň walýutasy – harydyň bahasynyň kesgitlenýän walýutasy. Harydyň bahasy berkidilýän walýuta saýlanyp alnanda harydyň görnüşi we halkara hasaplaşyklaryna täsir edýän ýokarda sanalyp geçilen sebäpler, aýratyn hem, hökümetara ylalaşyklarynyň şertleriniň we halkara kadalarynyň uly ähmiýeti bar. Kähalatlarda şertnamanyň bahasy walýuta töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak maksady bilen birnäçe walýutalarda (iki we ondan hem köp) ýa-da walýuta sebedinde görkezilýär.

**Tölegiň walýutasy**-import edijiniň (ýa-da karz alyjynyň) borçnamasynyň tölenilmeli walýutasy. Walýuta kurslarynyň durnuksyz-

lygynda bahalar has durnukly walýutada, töleg bolsa, adatça, import ediji ýurduň walýutasynda bellenilýär. Eger-de bahanyň walýutasy we tölegiň walýutasy gabat gelmeýän bolsa, şertnamada olaryň birinjisini ikinjisine geçirmegiň kursy ylalaşylýar. Şertnamada geçirmegiň şertleri kesgitlenýär:

1) belli bir walýuta bazarynda (satyjynyň, alyjynyň ýa-da üçünji ýurduň) kursy korrektirlemek wagty takyklanýar (mysal üçin, tölegiň öň ýanynda ýa-da tölegiň güni);

2) geçirilmäniň amala aşyrylýan kursy ylalaşylýar: adatça, ortaça kurs, kähalatlarda walýuta bazarynyň açylyşyndaky, ýapylşyndaky alyjynyň ýa-da satyjynyň kursy ýa-da günüň ortaça kursy.

Bahanyň walýutasynyň we tölegiň walýutasynyň gabat gelmezligi walýuta töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmagyň ýönekeý usullarynyň biridir. Eger bahanyň walýutasynyň kursy (mysal üçin, dollaryň ýewro bolan kursy) peselse, onda tölegiň (ýewrodaky) möçberi deň derejede peselýär we tersine. Bahanyň walýutasynyň kursunyň peselmek töwekgelçiligini eksport ediji (karz beriji) çekýär, onuň ýokarlanmak töwekgelçiligini bolsa, import ediji (bergidar) çekýär.

**Tölegiň şertleri** - daşary ykdysady geleşikleriň esasy düzüm bölekleri. Olaryň arasynda şu aşakdakylar tapawutlandyrylýar:

– hakujy, nagt tölegler, täjirçilik karzynyň berilmegi bilen bagly hasaplaşyklar;

– nagt tölegiň opsionly (saýlamak hukukly) karzy.

Halkara hasaplaşyklarynda nagt tölegler düşünjesinde eksport harytlary alyja geçirilenden (ýüklenip ugradylandan) soň ýa-da şertnamanyň şertlerine laýyklykda harydyň ýüklenip ugradylandygyny tassyklaýan resminamalaryň berilmegi bilen tölegleriň geçirilmegini göz öňünde tutýar. Emma häzirki zaman şertlerinde köp halatlarda haryt import edijiniň ýurduna tölenilmäge degişli bolan resminamalardan öň gelýär we alyjy harydyň tölegini tölemezden öň, abatlyk (trast) ýazgysy, bank kepillendirmesi astynda alyp bilýär. Şeýlelikde, harydyň ýüklenip ugradylandygy baradaky habarnama alnandan soň edilen tölegden başga töleg, haryt bellenilen portuna gelenden soň amala aşyrylýar. Däp bolşy ýaly, ýaryşdaş hyzmatdaşlaryň ylalaşygyna, şeýle hem satylýan harytlaryň aýratynlygyna laýyklykda import ediji tölegi belli bir tapgyrda amala aşyrýar, ýagny:

– ugradyş portunda harydyň ýüklenilmeginiň tamamlanandygy hakyndaky tassyknamany alandan soň;

– haryt resminamalarynyň toplumyny (hasap-haryt sanaw, konosament, ätiýäçlyk polisi we başg.) alandan soň;

– kähalatlarda tölegi 5-7 gün, birnäçe ýagdaýlarda bolsa, 30 gün yza süýşürmek hukugy bilen;

– import ediji tarapyndan haryt bellenilen portunda kabul edilenden soň. Harydyň görnüşine baglylykda kähalatlarda hasaplaşyklaryň garyşyk şertleri hem ulanylýar, ýagny bölekleýin – harydyň resminamalarynyň gowşurylmagy bilen töleg;

– gutarnykly – bellenilen portuna gelmegi bilen daşalyş wagtynda ýaramazlaşmagy mümkin bolan harydy gurnamak ýa-da hil häsiýetnamalaryny barlamak zerur bolan harytlar kabul edilenden soň.

Halkara hasaplaşyklary walýutalaryň konwensiýasy we daşarky söwda hyzmatdaşlaryň biri-birine karz bermegi bilen utgaşýar. Şunda halkara walýuta-karz we hasaplaşyk amallarynyň özara baglanyşygy ýüze çykýar. Satylýan harydyň görnüşine baglylykda (mysal üçin, maşynyň we enjamyň), şeýle hem satyjylaryň bazaryndaky bäsdeşligiň güýçlenmegi we olaryň täze önümi ýerleşdirmegiň bazarlaryny giňeltmek üçin karz ulanmaga ymtylmagy bilen bagly daşarky söwda amallary boýunça hasaplaşyklar täjirçilik karzlarynyň ulanylmagy bilen amala aşyrylýar. Täjirçilik karzy harydyň satyjysy tarapyndan alyja birnäçe aýdan 5-8 ýyla çenli möhlet bilen, seýrek ýagdaýlarda bolsa, mundan hem uzak möhlet bilen berilýär. Daşarky söwda amallarynda täjirçilik karzynyň hasabyna import ediji, adatça, ýönekeý weksel görnüşinde alnan karzy üzmek üçin bergi borçnamasyny ýazyp berýär ýa-da geçirilýän weksellere – ekport ediji tarapyndan ýazylyp berlen trattalara töleg üçin, ýazmaça razylyk (aksept) berýär.

Täjirçilik karzyndan başga, daşarky söwda şertnamasynyň ýerine ýetirilişiniň aýry-aýry tapgyrlarynda taraplar biri-birini mejbury karzlaşdyrylyp bilerler, mysal üçin, hakujy görnüşindäki töleglerde import ediji eksport edijini karzlaşdyrýar, açyk hasaplar boýunça hasaplaşyklarda bolsa – getiriji alyjyny karzlaşdyrýar. Täjirçilik karzy görnüşindäki harytlar üçin hasaplaşyklar hakujy we nagt tölegler bilen utgaşyp bilýär, şunda bahanyň belli bir göterimi haryt ýüklenip ugradylmazyndan öň tölenýär, bir bölegi – ýükläp ugradyş

resminamalaryň berilmegi bilen, galan bölegi bolsa – şertnamada bellenilen wagtdan soň tölenilýär.

Hasaplaşyklaryň alternatiw şerti nagt tölegiň opsiony bolan karzy bolup durýar. Eger-de import ediji satyn alnan haryt üçin tölegiň möhletini yza süýşürmek hukugyndan peýdalansa, onda ol nagt tölegde edilýän arzanlatmadan mahrum bolýar. Barter (haryt alyş-çalyş) geleşikleri boýunça hasaplaşyklar umumy kabul edilen görnüşlerde (açyk hasap, akkreditiw, inkasso) amala aşyrylyp bilner. Daşarky söwda şertnamasynyň aýratynlygyna baglylykda hasaplaşyklarda "eskrou" görnüşli ýörite hasaplanyp, ulanylyp bilner. Hasaplaşyklar halkara dolanyşygynda ulanylýan tölegiň dürli serişdeleriniň – wekselleriň, töleg tabşyryklarynyň, bank geçirmeleriniň (poçta we telegraf), çekleriň plastik kartlarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Daşary ýurt gurallary (iňlisçe, foreign items) – çekler, wekseller (adaty we geçirilýän) we dolanyşygyň beýleki karz serişdeleri, olar deponirlenen ýurdundan başga ýurtda tölenilmäge degişli. Şertnamanyň töleg şertleriniň has çylşyrymly bölegi hasaplaşyklaryň görnüşini saýlap almak we olary geçirmegi jikme-jik anyklaşdyrmak bolup durýar. HYG-de kontragentleriň gapma-garşylykly bähbitlerini bir ýere sygdyrmak we olaryň töleg gatnaşyklaryny guramak hasaplaşyklaryň dürli görnüşlerini ulanmak arkaly amala aşyrylýar.

Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallarynyň nagt görnüşini çäklendirip, nagt däl görnüşini höweslendirmek boýunça toplumlaýyn çäreleriň hatarynda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan çykarylan degişli kararlaryň esasynda düzgünleşdirilýär. Muňa mysal hökmünde şulary görkezmek bolar:

– Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran "Geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini kämilleşdirmek hakynda" 13181-nji Karary;

– Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda çykaran "Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda" 13240-njy Karary;

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 23-nji awgustynda çykaran "Geleşikler boýunça hasaplaşyklaryň geçirilişini kämilleşdirmek hakynda" 13181-nji Karary telekeçileriň halkara

walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda nagt däl tölegleriniň höweslendirmäge uly itergi berdi. Bu Kararyň esasynda Türkmenistanyň ygtyýarly karz edaralaryna telekeçileriň TDHÇMB-niň söwdalaryna gatnaşmazdan, Türkmenistana import edýän harytlary üçin dahylsyzlar bilen bir bir wagtlaýyn 1 million amerikan dollaryndan köp bolmadyk hasaplaşyklary (şol sanda üpjünçiliksiz 100 göterime çenli hakujuny) hasap-nyrhnamanyň (inwoýsyň) esasynda ýönekeýleşdirilen tertipde amala aşyrmaga ygtyýar berildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 3-nji oktýabrynda çykaran "Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda" 13240--njy Karary bilen bolsa dahyllylara - döwlete dahylsyz edara görnüşli taraplara daşary ýurtdan harytlary satyn almak (hyzmatlary, işleri ýerine ýetirmek) barada dahylsyzlar - daşary ýurtly şahsy we edara görnüşli taraplar bilen baglaşan şertnamasynyň bahasy boýunça tölegleri (şol sanda üpjünçiliksiz hakujuny) şol şertnamanyň şertlerine laýyklykda geçirmäge ygtyýar berildi.

Bellenen Kararlaryň çykarylmagyndan öň hereket eden tertibe laýyklykda, ýurdumyzyň telekeçileriniň we hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplarynyň hakujy tölegleri geçirmekligi üçin käbir çäklendirmeler hereket edýärdi. Türkmenistana import edilýän harytlar (hyzmatlar) üçin hakujy tölegleri diňe birinji derejeli daşary ýurt bankynyň kepilnamasy ýa-da Türkmenistanyň çäginde geçginli girew bolan halatynda, şeýle hem daşary söwda şertnamasynyň bahasynyň 25 göteriminden köp bolmadyk möçberde geçirmäge rugsat berilýärdi. Mundan başga-da ygtyýarly banklaryň üsti bilen tölegleri amala aşyrmak ýa-da milli walýutada daşary ýurt waýutasyna çalyşmak üçin telekeçilerden harytlaryň Türkmenistana getirilendigini (hyzmatlaryň ýerine ýetirilendigini) tassyklaýan resminamalar, şeýle hem TDHÇMB-de bellige alnan import şertnamasy zerur bolup durýardy. Bu bellenen ýagdaýlar ýurdumyzda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarda nagt hasaplaşyklaryň ösmegine oňaýsyz täsirini ýetirdi, şunda telekeçiler, hususy kärhanalar hasaplaşyklaryň nagt we beýleki görnüşlerini ulanmaga ýykgyn etdiler. Munuň netijesinde nagt däl hasaplaşyklaryň azalmagy nagt amallaryň artmagyna, şol sanda ygtyýarly banklaryň alyş-çalyş nokatlarynyň üsti bilen geçirilýän daşary ýurt walýutalaryny alyş-çalyş etmek bilen bagly amallaryň göwrüminiň giňemegine täsirini ýetirdi.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda hususy eýeçiligiň paýynyň artmagy bilen, nagt hasaplaşyklary çäklendirmek we nagt däl hasaplaşyklary ösdürmek boýunça çärelere soňky ýyllarda TMB tarapyndan hem üns berildi. Bu çäreleriň hatarynda şulary görkezmek bolar:

– TMB-niň 27.02.2012ý. senede çykaran buýrugy, ýagny "Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň düzgünlerine" girizilen üýtgetme (Bu üýtgetme bilen, karz edarasynyň alyş-çalyş nokady ýa-da beýleki düzüm birligi tarapyndan fiziki şahsa bir gezeklik milli pula satylýan daşary ýurt walýutasynyň möçberi ABŞ-nyň 1000 dollary bilen çäklendirildi);

– TMB-niň Müdiriýetiniň başlygynyň 2013-nji ýylyň 6-njy dekabryndaky №393-Ö belgili buýrugy bilen tassyklanylan "Dahyllylaryň - ýuridiki şahsy döretmezden, telekeçileriň TDHÇMB-niň söwdalaryna gatnaşmazdan, Türkmenistana import edýän harytlary üçin dahylsyzlar bilen hasaplaşyklaryny (şol sanda üpjünçiliksiz 100 göterime çenli hakujuny) hasap-nyrhnamanyň esasynda geçirmegiň ýönekeýleşdirilen tertibi.

Ýurdumyzyň kärhanalary, telekeçileri üçin halkara hasaplaşyklaryň giň görnüşlerini ulanmaga mümkinçilikleriň açylmagy olaryň halkara söwdasynda bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga, ýurdumyzyň banklarynyň üsti bilen geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň göwrüminiň artmagyna, netijede, ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň işjeňleşmegine şert döreýär.

Bu bellenen maksatlara ýetmek üçin diňe bir göni täsir ediji hukuk şertleriniň üpjün edilmegi ýeterlik bolman, eýsem bank ulgamynyň ösen, ygtybarly töleg ulgamynyň hereket etmegi, bankara bäsleşigiň ýokary derejede saklanmagy, müşderilere hyzmat etmegiň medeniýetiniň ýokarlanmagy, halkara hasaplaşyklarda öňdebaryjy usulyýetleriň ulanylmagy ýaly ýagdaýlaryň hem täsir edýändigini bellemek gerek.

Görnüşi ýaly, hususan-da, 2013-nji ýyldan başlap Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda nagt däl hasaplaşyklary höweslendirmäge gönükdirilen çäreleriň toplumlaýyn amala aşyrylandygy ünsüňi çekýär. Bu ugurdaky çäreler Kanunlara

üýtgetmeler girizmek, Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary, şeýle hem TMB-niň kadalaşdyryjy namalary bilen nagt hasaplaşyklary ýeňilleşdiriji we nagt däl hasaplaşyklary çäklendiriji çäreleri bellemek arkaly amala aşyryldy.

## 3.3.Türkmenistanda halkara hasaplaşyklarynyň görnüşleri we häsiýetnamasy

Halkara hasaplaşyklarynyň ýüze çykmagy we onuň soňraky üýtgetmeleri haryt önümçiliginiň we dolanyşygynyň ösmegi we halkaralaşmagy bilen bagly. Olarda harytlaryň önümçiliginiň we ýerleşdirilişiniň döwürleriniň gabat gelmezligi, ýerleşdiriş bazarlarynyň daşlygy sebäpli halkara dolanyşygynda pullaryň hereketiniň deňeşdireniňde aýrybaşgalaşanlygy şöhlelenýär. Halkara hasaplaşyklary harytlaryň we hyzmatlaryň daşarky söwdasy, şeýle hem täjirçilik däl amallary, karzlar we maýalaryň döwletler arasynda hereketi boýunça hasaplaşyklary öz içine alýar.

**Halkara hasaplaşyklary düşünjesi.** Halkara hasaplaşyklary – dürli ýurtlaryň ýuridiki taraplarynyň we raýatlarynyň arasyndaky ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklar bilen bagly ýüze çykýan pul talaplary we borçnamalar boýunça tölegleriň sazlanylmagydyr. Halkara hasaplaşyklary, bir tarapdan, halkara resminamalary we kadalary bilen berkidilen we işlenen tejribe bilen tölegleriň amala aşyrylyş şertlerini, tertibini we görnüşini, beýleki tarapdan, banklaryň olary geçirmek boýunça gündelik amaly işini öz içine alýar. Hasaplaşyklaryň aglaba köpüsi bank hasaplarynda ýazgy etmek arkaly nagt däl görnüşde amala aşyrylýar. Şunda halkara hasaplaşyklarynda iň iri banklar möhüm orun eýeleýär. Olaryň halkara hasaplaşyklaryna täsir ediş derejesi olaryň oturan ýurdunyň daşary-ykdysady aragatnaşyklarynyň, onuň milli walýutasynyň ulanylyşynyň gerimine, ýöriteleşmesine, maliýe ýagdaýyna, işewürlik abraýyna, korrespondent banklaryň ulgamyna bagly bolýar. Hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin banklar öz daşary ýurt bölümçelerini we daşary ýurt banklary bilen korrespondent gatnaşyklary ulanýarlar, olar “loro“ (şol bankdaky daşary ýurt banklarynyň) we “nostro“ (daşary ýurt banklarynda şol bankyň) hasaplarynyň açylmagy bilen utgaşýar.

Korrespondent ylalaşyklary hasaplaşyklaryň tertibini, komission tölegleriň möçberini, harçlanan serişdeleriň öwezini dolmagyň usullaryny kesgitleýär. Halkara hasaplaşyklaryny öz wagtynda we rejeli amala aşyrmak üçin banklar, adatça, öňde durýan tölegleriň düzümine we möhletlerine laýyklykda dürli walýutalarda zerur bolan walýuta eýeleýän ornuny saklaýarlar we öz walýuta ätiýaçlyklarynyň diwersifikasiýa syýasatyny geçirýärler. Has ýokary girdeji almak maksady bilen, banklar walýuta aktiwlerini dünýäniň ssuda kapitallarynyň bazaryna, şol sanda ýewro bazara ýerleşdirmegi rowa görüp, "nostro" hasaplarynda iň az galyndyny saklamaga çalyşýarlar.

Banklaryň halkara hasaplaşyklary ulgamyndaky işi, bir tarapdan, milli kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýär, beýleki tarapdan, bellenilen düzgünler we kadalar görnüşinde umumylaşdyrylan ýa-da aýratyn resminamalar bilen berkidilen emele gelen dünýä tejribesine laýyklykda kesgitlenýär.

**Milli walýutalaryň, halkara walýuta birlikleriniň we altynyň halkara hasaplaşyklaryndaky orny.** Gadymy döwürlerden gündelik halkara hasaplaşyklarynda öňdebaryjy ýurtlaryň milli karz pullary ulanylýardy. Birinji jahan urşuna çenli funt sterlingde ýazylyp geçirilýän wekseller (trattalar) halkara hasaplaşyklarynyň 80%-ine hyzmat edýärdi. Ýurtlaryň ösüşiniň deňsizligi netijesinde funt sterlingiň halkara hasaplaşyklaryndaky paýy 1948-nji ýylda 40%-e çenli we 90-njy ýyllaryň başynda 5%-e çenli peselýär. ABŞ-nyň dollarynyňky bolsa ýokarlanýar (1982-nji ýylda 75%-e çenli), 2008--nji ýyllaryň başlarynda bolsa 55%-e çenli peselýär, sebäbi nemes markasy, ýapon iýenasy, şweýsar franky we beýleki öňdebaryjy walýutalar halkara hasaplaşyklaryň serişdeleri hökmünde ulanylyp başlaýar. 1970-nji ýyldan halkara walýuta birlikleriniň ulanylmagy täze hadysa öwrülýär: SDR, esasan, döwletara hasaplaşyklarynda we aýratyn-da, 1999-njy ýylda ýewro bilen çalşylan ekýu bahanyň walýutasy we töleg walýutasy hökmünde resmi we hususy bölümde ulanylýar. 2000-nji ýyldan ýewro halkara hasaplaşyklaryna işjeň ornaşdyrylýar.

Diýmek, töleg-hasaplaşyk gatnaşyklarynyň ösüşiniň taryhy kanunalaýyklygy altynyň karz pullar bilen diňe bir içerki däl, eýsem hal-

kara hasaplaşyklaryndan gysylyp çykarylmagy wezipesine tabyn bolup durýar. Hatda altyn standartyň agalyk edýän döwründe altyn töleg balansynyň passiw galyndysyny ýapmagyň serişdesi bolup hyzmat edýär. Altyn standartyň ýatyrylmagy bilen we karz pullaryň sary metala çalşylmagynyň bes edilmegi bilen halkara borçnamalaryny altyn bilen tölemek zerurlygy ýitýär. Emma altyn garaşylmadyk ýagdaýlarda (uruşlar, ykdysady sarsgynlar we baş.) ýa-da beýleki mümkinçilikler egsilende, adatdan daşary dünýä pullary hökmünde ulanylýar. Mysal üçin, ikinji jahan urşy ýyllarynda köp halkara hasaplaşyklary standart altyn guýmalary bilen amala aşyrylýar. Uruşdan soň köptaraply kliring boýunça galyndy (1950-1958-nji ýyllaryň Ýewropa töleg birleşigi) altyn bilen tölenýär (ilkibaşda 40%, 1955-nji ýylda 75%). Häzirki zaman şertlerinde daşarky söwda we karz ylalaşyklary boýunça ýurtlar öz halkara borçnamalarynyň walýutasyna resmi altyn ätiýaçlyklarynyň bölegini satýarlar. Netijede, altyn häzirki wagtda altyn bazarlaryndaky amallar arkaly halkara hasaplaşyklarynda gytaklaýyn ulanylýar.

Milli walýutalaryň halkara hasaplaşyklarynda ulanmagyň artykmaçlyklary olaryň kurs üýtgemeleriniň, bu walýutalaryň emitent ýurtlarynyň ykdysady we walýuta syýasatynyň netijeliligine garaşlylygyny güýçlendirýär. Halkara hasaplaşyklarynyň ýagdaýy birnäçe faktorlara, ýurtlaryň arasyndaky ykdysady we syýasy gatnaşyklara, walýuta kanunçylygyna, halkara söwda düzgünlerine we kadalaryna, bank tejribesine, daşarky söwda şertnamalarynyň we karz ylalaşyklarynyň şertlerine bagly bolup durýar.

Türkmenistanda häzirki wagtda halkara hasaplaşyklaryň şu aşakdaky esasy görnüşleri ulanylýar: dokumentar akkreditiw, inkasso, bank geçirimi, açyk hasap, hakujy. Mundan başga-da, hasaplaşyklarda wekseller we çekler ulanylýar. Halkara hasaplaşyklary bilen (mysal üçin, inkasso, hakujy töleg we baş.) banklaryň kepillendiriş amallary berk baglanyşykly. Olar şertnama boýunça taraplaryň öz üstüne alan borçnamalarynyň goşmaça üpjün edilmesi bolup hyzmat edýär. Halkara hasaplaşyklarynyň şu aşakdaky aýratynlyklary bardyr:

1) Import we eksport edijiler, olaryň banklary haryt-ygtyýarlandyryş we töleg resminamalaryny resmileşdirmek, geçirmek, işläp

düzmek, tölegleri amala aşyrmak bilen bagly daşarky söwda şertnamalaryndan özbaşdak bolan belli bir gatnaşyklara girýärler. Olaryň arasyndaky borçnamalaryň möçberi we jogapkärçiligiň paýlanyşy hasaplaşyklaryň anyk görnüşine bagly bolup durýar.

2) Halkara hasaplaşyklary kadalaşdyryjy milli kanunçylyk namalary, şeýle hem halkara bank düzgünleri we kadalary bilen düzgünleşdirilýär. ABŞ-da ýeke-täk görnüşli söwda kodeksinde hasaplaşyklara, şol sanda halkara hasaplaşyklaryna degişli kadalar bar.

3) Halkara hasaplaşyklary – bir nusga getirmegiň obýekti, bu bolsa, hojalyk gatnaşyklarynyň halkaralaşdyrylmagy, bank amallarynyň globallaşdyrylmagy bilen şertlendirilendir. 1930 we 1931-nji ýyllardaky Ženewadaky konferensiýalarda kabul edilen halkara weksel we çek konwensiýalary weksel we çek kanunlaryny bir nusga getirmeklige we halkara hasaplaşyklarynda wekselleri we çekleri ulanmagyň kynçylyklaryny aradan aýyrmaga gönükdirilendir. Ýeke-täk görnüşli weksel kanuny döwletleriň aglabasynda milli kanunçylygyň esasy bolup hyzmat edýär. BMG-nyň halkara söwda hukugy boýunça komissiýasy (ÝUNSITRAL) weksel kanunçylygynyň mundan beýläkki unifikasiýasyny amala aşyrýar. XX asyryň başlarynda Parižde döredilen Halkara söwda edarasy dokumentar akrreditiwler üçin, inkasso boýunça bir nusga getirilen düzgünleri we kadalary işläp düzýär we neşir edýär. Meselem, inkasso boýunça ilkinji düzgünler 1936-njy ýylda işlenip düzüldi, soňra birnäçe gezek (1967, 1978, 1995-nji ýyllarda) täzeden işlenildi. Dünýäniň banklarynyň köpüsi özleriniň Akkreditiw we inkasso boýunça bir nusga getirilen düzgünlere birleşýändiklerini yglan etdiler we amallar şol düzgünlere laýyklykda geçirilýär, bu barada akkreditiwiň şertlerinde we inkasso tabşyrygynda salgylanma edilýär. Halkara söwda edarasy şertnama kepillendirmeleri, talap boýunça kepillendirmeler, ätiýaçlyk akkreditiwleri (stendbaý) boýunça düzgünleri işläp düzdi.

4) Halkara hasaplaşyklarynyň, adatça, dokumentar häsiýeti bar, ýagny olar maliýe we täjirçilik resminamalarynyň garşylygynda amala aşyrylýar. Maliýe resminamalaryna adaty we geçirilýän wekseller, çekler, töleg dil hatlary degişlidir. Täjirçilik resminamalaryna şular degişlidir:

a) hasap-haryt sanawlary;

b) harytlaryň ýüklenilip ugradylandygyny ýa-da işleriň ýerine ýetirilendigini tassyklaýan resminamalar (konosamentler, demir ýol, awtomobil we howa üsthatlary, kurýer ýa-da poçta kwitansiýalary, garyşyk daşamalaryň kombinirlenen ulag resminamalary, işleriň ýerine ýetirilendiginiň namalary we baş.);

ç) ätiýaçlandyryş polisleri;

d) beýleki resminamalar – harytlaryň gelip çykyşyny, agramyny, hilini ýa-da seljerişini, şeýle hem olaryň serhetleri kesip geçişini tassyklaýan sertifikatlar, galplygyň we ş.m. öňüni almak maksady bilen import ediji döwletiň gümrük gulluklaryny ýüküň niýetlenilişi barada habardar etmek üçin gümrük we konsullyk hasap-haryt sanawlary. Bank bu resminamalaryň mazmunyny we toplumlylygyny barlaýar. Şunuň bilen birlikde birnäçe guramalar (hususan-da, halkara söwda edarasy, Pariž; SWIFT we başg.) tarapyndan elektron “kagyzsyz“ söwdanyň ýörelgesi işlenip düzülýär, ol öz içine elektron şertnamalary, elektron maliýe gurallary we hasaplaşyklary (şol sanda akkreditiwler), elektron ulag resminamalary düşünjelerini alýar.

5. Halkara hasaplaşyklary dürli walýutalarda amala aşyrylýar. Şonuň üçin olar konwentirlenýän walýuta amallary bilen berk baglanyşykly. Olaryň geçirilişiniň netijeliligine walýuta kursunyň depgini täsir edýär.

6. Bir şertnamanyň çäklerinde halkara hasaplaşyklarynyň birnäçe görnüşleri (kombinirlenen hasaplaşyklar) ulanylyp bilýär, mysal üçin, şertnamanyň bahasynyň bölegi gaýtarylmagy hakujy kepillendirmesi bilen kepillendirilýän hakujy bilen tölenip bilner, şertnamanyň bahasynyň esasy bölegini tölemek üçin akkreditiw ulanylyp bilner, galyndy bolsa bank geçirimi görnüşinde tölenilip bilner.

Halkara hasaplaşygynyň görnüşiniň saýlanyp alynmagyna şu aşakdaky birnäçe ýagdaýlar täsir edýär:

• daşary söwda geleşiginiň obýekti bolup durýan harydyň görnüşi (hasaplaşyklaryň görnüşi maşynlar we enjamlar ýa-da, mysal üçin, azyk harytlary getirilende tapawutlanyp biler); käbir harytlaryň – agaç materiallarynyň, gallanyň getirilmegi boýunça iş ýüzünde işlenip düzülen adaty görnüşler ulanylýar;

• daşary ykdysady geleşikler boýunça hyzmatdaşlaryň tölege ukyplylygy we abraýy bu olaryň arasyndaky kompromisiň häsiýetini kesgitleýär;

• dünýä bazarlarynda şol haryda bolan islegiň we teklibiň derejesi;

• karz serişdelerini ulanmak bilen bagly hasaplaşyklar geçirilende, karz beriji hem halkara hasaplaşyklarynyň görnüşiniň saýlanyp alynmagyna täsir edip bilýär.

Şertnamada halkara hasaplaşyklarynyň şertleri we görnüşleri ylalaşylýar.

**Hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşi.** Dokumentar akkreditiwler üçin bir nusgadaky düzgünlere we kadalara (Halkara söwda edarasynyň 525-nji neşiri, 1995-nji ýylyň redaksiýasy) laýyklykda akkreditiw – bu ylalaşyk bolup durýar, oňa laýyklykda bank müşderiniň haýyşy boýunça, eger-de akkreditiwiň ähli şertleri ýerine ýetirilen bolsa, haýryna akkreditiw açylan benefisiara resminamalaryň tölegini amala aşyrmagy ýa-da benefisiar tarapyndan berlen trattanyň akseptini tölegini amala aşyrmak ýa-da resminamalaryň satyn alşyny amala aşyrmak hakyndaky haýyşyny ýerine ýetirmäge borçlanýar. Akkreditiw boýunça bankyň borçnamasy özbaşdak bolup durýar we täjirçilik şertnamasy boýunça taraplaryň hukuk gatnaşyklaryna bagly bolmaýar. Bu düzgün banklaryň we olaryň müşderileriniň bähbitlerini goramaga gönükdirilendir: eksport edijä resminamalaryň resmileşdirilmegine talaplaryň çäklendirilmegini we tölegi diňe akkreditiwiň şertleri bilen almagyny üpjün edýär; import edijä eksport ediji tarapyndan akkreditiwiň ähli şertleriniň takyk ýerine ýetirilmegini üpjün edýär *(5-nji şekil)*.

Dokumentar akkreditiw boýunça hasaplaşyklara şu aşakdakylar gatnaşýar:

– akkreditiwiň açylmagy hakyndaky haýyş bilen banka ýüzlenýän import ediji (buýruk beriji);

– akkreditiwi açýan emitent bank;

– eksport edijiniň haýryna akkreditiwiň açylandygy hakynda oňa habar bermegi we oňa akkreditiwiň hakykylygyny tassyklap, onuň ýazgysyny geçirmek ynanylýan awizo ediji bank;

– haýryna akkreditiw açylan eksport ediji – benefisiar




*5-nji şekil.* **Hasaplaşygyň akkreditiw görnüşiniň beýany: 1**-hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşiniň ulanylýandygy görkezilen şertnamanyň baglaşylmagy; **2**-importýora harydyň ugradylmaga taýýardygy baradaky habaryň berilmegi; **3**-şertlerini anyk görkezmek bilen importýoryň öz bankyna akkreditiw açmak baradaky arzasyny tabşyrmagy; **4**-emitent bank (ýerine ýetiriji bank tarapyndan akkreditiwiň açylmagy we benifisiýara hyzmat edýän bankyň üsti bilen akkreditiwiň eksportýora iberilmegi hem-de benifisiara akkreditiwiň açylandygy barada habar berilmegi; **5**-habar beriji bankyň akkreditiwiň hakykylygyny barlamagy we ony benifisiara geçirmegi; **6**-benifisiaryň akkreditiwiň şertnamanyň şertlerine laýyk gelmegini barlamagy we olaryň deň gelen ýagdaýynda bellenilen möhletlerde harytlaryň ugradylmagy; **7**-benifisiaryň ýük äkidijiden ulag (we akkreditiwiň şertleri boýunça talap edilýän beýleki) resminamalary almagy; **8**-benifisiaryň resminamalary öz bankyna bermegi; **9**-eksportýoryň benifisiardan alan resminamalaryny barlamagy we töleg geçirmek, tölege razylyk bermek ýa-da satyn almak üçin emitentiň bankyna geçirilmegi; **10**-emitent bankyň gelen resminamalary barlamagy we (akkreditiwiň ähli şertleri ýerine ýetirilen ýagdaýynda) tölegiň jemini eksportýora geçirmegi;**11**-emitent bankyň importýoryň hasabyny debetirlemegi;**12**-habar beriji bankyň girdejileri benifisiaryň hasabyna geçirmegi; **13** -importýoryň-buýruk berijiniň emitent bankdan resminamalary almagy we harytlara eýe bolmagy.

Akkreditiwiň şertlerine laýyklykda, resminamalar boýunça tölegi amala aşyrmaga ygtyýary bolan bank hökmünde (ýerine ýetiriji bank) awizo ediji banky bellemek hem mümkin, ol şu ýagdaýda eksport edijä resminamalar boýunça tölegi olaryň banka berilýän pursatynda amala aşyryp bilýär, soňra bolsa emitent bankyndan amala aşyrylan tölegiň öwezini dolmagy (ýapylmadyk akkreditiwler boýunça) talap edip bilýär. Eger-de, ýerine ýetiriji bankyň we emitent bankyň özara korrespondent hasaplary bolmasa, onda şol banklaryň korrespondent hasaplary açylan üçünji (rambursirleýji) bank hasaplaşyklara gatnaşýar. Şu ýagdaýda akkreditiw açylanda, emitent bank rambursirleýji banka ýerine ýetiriji bankyň talaplaryny akkreditiwiň hereket ediş möhletinde we möçberiniň çäklerinde tölemek hakyndaky gözükdirijileri rambурs ygtyýarlygyny berýär. Banklaryň hereket ediş tertibi dokumentar akkreditiw boýunça halkara rambursirleme üçin bir nusaga getirilen düzgünler bilen kesgitlenýär (HSE-niň 525-nji neşiri, 1995 ý. red.).

Akkreditiwleriň görnüşleri dürli-dürli we şu aşakdaky ýörelgeler boýunça toparlanyp biler.:

1. Emitent banky tarapyndan akkreditiwiň üýtgedilmek ýa-da ýatyrylmaklyk mümkinçiligi nukdaýnazaryndan şu akkreditiwler tapawutlandyrylýar:

a) yzyna çagyrylmaýan akkreditiw – emitent bankyň akkreditiwi gyzyklanma bildirýän taraplaryň razylygy bolmazdan üýtgetmezlik we ýatyrlmaklyk hakyndaky berk borçnamasy;

b) yzyna çagyrylýan akkreditiw, ol benefisiary deslapdan habardar etmezden üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner. Degişli kesgitleme bolmadyk ýagdaýynda, akkreditiw yzyna gaýtarylmaýan diýlip hasap edilýär.

2. Akkreditiw boýunça beýleki bankyň goşmaça borçnamalary nukdaýnazaryndan tassyklanan we tassyklanmadyk akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Eger-de emitent bank awizo ediji ýa-da üçünji bankdan özüniň yzyna gaýtarylmaýan akkreditiwini tassyklamagy haýyş edýän bolsa, onda şeýle tassyklama (eger-de göz öňünde tutulan resminamalar berlen we akkreditiwiň ähli şertleri ýerine ýetirilen bolsa) tassyklaýjy bankyň emitent bankyň töleg, aksept ýa-da satyn alnan trattasy boýunça borçnamasyna goşmaça berk borçnamany aňladýar.

3. Akkreditiwi dikeltmek mümkinçiligi nukdaýnazaryndan täzelenýän (rollower, rewolwer) akkreditiwler ulanylýar, olar şertnamanyň bahasynyň bölegi üçin akkreditiw doly ulanylandan soň (birnäçe resminamalaryň toplumy bilen) ýa-da resminamalaryň her toplumy berlenden soň, akkreditiwiň ilkibaşky pul möçberini dikeltmek şerti bilen açylýar. Adatça, akkreditiwiň ýazgysynda şol akkreditiw boýunça borçnamalaryň jemi geçip bilmeýän umumy pul möçberi görkezilýär. Dolanyşygyň harajatlaryny azaltmaga mümkinçilik berýän täzelenýän akkreditiwler uzak döwrüň dowamynda harytlary yzygiderli ýagdaýda ýükläp ugratmak bilen, uly pul möçberlerine baglaşylan şertnamalar boýunça hasaplaşyklarda giňden ulanylýar.

4. Akkreditiwiň ikinji benefisiarlar (harydyň gönüden-göni getirijileri) tarapyndan ulanylmak mümkinçiligi nukdaýnazaryndan geçirilýän (transferabl) akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Kömekçi getirijiler tarapyndan birinji benefisiaryň görkezmesi boýunça amala aşyrylýan toplumlaýyn getirmelerde akkreditiw doly ýa-da bölekleýin ikinji benefisiara geçirilip bilner. Transferabl akkreditiw bir gezekden köp geçirilmeýär.

5. Emitent bank tarapyndan daşary ýurt bankyna walýuta ödemeleriniň berilmegi nukdaýnazaryndan ödelen we ödelmedik akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Ödemeli akkreditiw açylanda, emitent bank akkreditiwiň möçberindäki walýutany, adatça, tassyklaýjy banka emitent bank tarapyndan akkreditiw boýunça borçnamalarynyň ýerine ýetirilişiniň üpjün edilişi hökmünde geçirýär, bu bolsa köp halatlarda tassyklaýjy bankyň emitent bankyň tölege ukyplylygyna bolan ynamsyzlygynyň bardygyna şaýatlyk edýär. Häzirki zaman şertlerinde ödelmedik akkreditiwler agdyklyk edýär.

6. Akkreditiwi amala aşyrmak mümkinçiligi nukdaýnazaryndan resminamalar garşylygynda edilýän tölegli akkreditiwler; akkreditiwiň ähli talaplarynyň ýerine ýetirilmegi şerti bilen trattalaryň emitent bank tarapyndan razylaşylan aksept akkreditiwleri; resminamalaryň neogosiasiýasy göz öňünde tutulan akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Resminamalaryň berilmegi bilen tölegli akkreditiwler tölegiň gijikdirilmegi göz öňünde tutulmadyk (ýa-da tölegiň gysga möhletli, mysal üçin, harydyň ýüklenip ugradylan senesinden 30 güne çenli gijikdirilmegi bilen) şertnamalar boýunça hasaplaşyklar üçin ulanylýar. Satyjy tarapyndan alyja berlen täjirçilik karzyny göz öňünde tutýan

şertnamalar boýunça hasaplaşyklar üçin gijikdirilýän tölegli akkreditiwler ýa-da aksept akkreditiwleri ulanylýar. Aksept akkreditiwleri emitent bankyň akkreditiwiň ähli şertleri ýerine ýetirilende özüne berlen trattany (ýa-da adaty wekseli) akseptlemek we möhletli gelende tölemek borçnamasyny göz öňünde tutýar. Gijikdirilýän tölegli akkreditiw boýunça hasaplaşyklar amala aşyrylanda akkreditiwiň şertlerine doly laýyk gelýän resminamalar berlen ýagdaýynda emitent bank özüniň açan akkreditiwiniň çäginde möhletli gelende tölegli geçirmek borçnamasyny öz üstüne alýar we bu barada benefgisiara habar edýär. Şeýle akkreditiwleriň hereket ediş möhleti tölegiň gijikdirilmeginiň ähli döwrüni öz içine almaýar we diňe resminamalaryň berilmegi üçin niýetlenýär. Negosiasiýa (satyn almak) ýoly bilen ýerine ýetirilýän akkreditiwlerde bankyň benefisiar üçin ol tarapyndan berlen akkreditiw boýunça dolanyşyksyz tratta we/ýa-da resminamalar tölenmek borçnamasyny göz öňünde tutýar.

Dokumentar akkreditiwden tapawutlylykda, pul akkreditiwi – ondaky görkezilen şertleriň berjaý edilmeginde belli bir möhletiň dowamynda alyja pullaryň tölenilmegi hakyndaky tabşyrygy saklaýan atlaýyn resminama.

7. Akkreditiwiň ýerine ýetirilmegi nukdaýnazaryndan emitent bankda we üçünji banklarda (tassyklaýjy, awizo ediji) ýerine ýetirilen akkreditiwler tapawutlandyrylýar. Islendik bankda ýerine ýetirilýän (erkin negosiasiýaly, sirkulýar) akkreditiw, akkreditiwiň görnüşi bolup durýar. Şeýle akkreditiwler – yzyna gaýtarylmaýar we belli işewürlik toparlarynda birinji derejeli abraýy bilen mälim bolan iri banklar tarapyndan berilýär, sebäbi eksport edijä ony amala aşyrmak kyn bolýar.

Häzirkizaman şertlerinde öwezini dolýan we “bek-tu-bek“ akkreditiwler ulanylýar. Akkreditiwiň şu görnüşleriniň ykdysady mazmuny şunuň ýaly. Daşary ýurt alyjynyň haýryna akkreditiw açylýan benefisiar harydyň öndürijisi däl-de, araçy bolup durýar. Harydyň ahyrky alyja eltilmegini üpjün etmek üçin ol harydy satyn almaga borçly bolýar. Eger-de harydy öndüriji şereket bilen hasaplaşyklar dokumentar akkreditiw görnüşinde amala aşyrylmaly bolsa, onda şeýle akkreditiwiň açylmagy üçin üpjün etme hökmünde araçy gurama banka import edijiniň bankynyň öz haýryna açan ilkibaşdaky akkreditiwini hödürläp biler. Käbir ýurtlar, aýratynam, ABŞ ätiýaçlyk

kepillendiriş akkreditiwini (stend-baý) akkreditiwini ulanýarlar, ol hyzmatdaşlar tarapyndan şertnama boýunça öz üstüne alan borçnamalarynyň ýerine ýetirilmeginiň kepillendirmesi bolup hyzmat edýär. Şertnama boýunça bergidaryň resminamalar boýunça tölemedik ýagdaýynda, karz beriji banka ätiýaçlyk akkreditiwiniň hasabyna töleg almak üçin ýüzlenip bilýär (häzirki wagtda ätiýaçlyk akkreditiwleriň açylmagy we olar boýunça tölegler akkreditiwler boýunça bir nusgadaky düzgünler bilen, şeýle hem HSE-niň № 590 "stend-baý ISP 98 Halkara tejribesi" neşiri bilen düzgünleşdirip bilinýär).

Hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşleri has çylşrymly we gymmat düşýän görnüşi. Akkreditiw amallarynyň (awizo etme, tassyklama, resminamalary barlamak, töleg) ýerine ýetirilmegi üçin banklar hasaplaşyklaryň beýleki görnüşindäkiden, mysal üçin, inkassodan has köp kommisiýon tölegleri alýarlar. Mundan başga-da akkreditiwi açmak üçin import ediji, adatça, bank karzyna ýüz tutýar hem-de munuň üçin göterim haklaryny töleýär, bu bolsa şu görnüşini gymmatladýar. Import ediji üçin hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşi immobilizasiýa we onuň kapitallarynyň tozmagyna getirýär, sebäbi ony akkreditiwi harytlary almazyndan we ýerlemezinden öň açmaly, ýöne şol bir wagtda eksport ediji tarapyndan geleşigiň şertleriniň ýerine ýetirilmegine (banklaryň üsti bilen) gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Eskport ediji üçin hakujy töleglerinden soň akkreditiw görnüşindäki hasaplaşyklar has amatly bolup durýar, sebäbi bu özünde bankyň töleg amala aşyrmak borçnamasyny saklaýan (banklaryň kepillendiriş amallaryndan başga) hasaplaşygyň ýeke-täk görnüşi. Şeýlelikde, eksport ediji üçin yzyna çagyrylmaýan akkreditiwiň hasaplaşyklaryň inkasso görnüşi bilen deňeşdirilende şu aşakdaky artykmaçlyklary bar: hasaplaşyklaryň ygtybarlylygy we harytlaryň öz wagtynda tölenilmeginiň kepillendirmesi, sebäbi ony bank amala aşyrýar; tölegi almagyň çaltlygy, eger-de bank ýükläp ugradyş resminamalarynyň berilmegi bilen haryt ýüklenip ugradylandan soň haýal etmän tölegi amala aşyrýan bolsa (şeýle bolmasa eksport ediji akkreditiw boýunça tölegi almazyndan öň öz bankynda milli walýutada karz alyp biler); daşary ýurt walýutasynda akkreditiw açylanda (walýuta çäklendirme ýagdaýlarynda) eksport edijiniň ýurduna walýutanyň geçirilmegi üçin import ediji tarapyndan rugsatnama alynmagy.

**Hasaplaşyklaryň inkasso görnüşi.**

Inkasso-bank amaly, onuň üsti bilen bank müşderiniň tabşyrygy boýunça we özüniň gözükdirijileriniň esasynda import edijiden onuň salgysyna ýüklenip ugradylan harytlar we edilen hyzmatlar üçin töleg alýar hem-de bu serişdeleri bankda eksport edijiniň hasabyna inkasso boýunça Unifisirlenen düzgünlere (HSE-niň 522-nji neşiri, 1995 ý. redaksiýa) laýyklykda geçirýär. Hasaplaşyklaryň inkasso görnüşine şu aşakdakylar gatnaşýar: *(6-njy şekil)*.

1) öz bankyna inkasso amalyny tabşyrýan ynanyjy-müşderi;

2) ynanyjynyň inkassirleme boýunça amaly tabşyrýan remitent banky;

3) walýuta serişdelerini alýan inkassirleýji bank;

4) import edijä-tölegçä resminamalaryň görkezişini amala aşyrýan beriji bank;

5) tölegçi.




*6-njy şekil*. **Hasaplaşygyň inkasso görnüşiniň beýany: 1**-şertnama baglaşmak (adatça, haýsy bankyň üsti bilen hasaplaşyklaryň geçirilýändigi görkezilýär); **2**-şertnamalaryň şertlerine baglylykda ynam bildirýän eksportýor tarapyndan harytlaryň ugradylmagy; **3**-ýük äkidijiniň eksportýordan ulag resminamalaryny almaklygy; **4**-eksportýor tarapyndan resminamalaryň toplumynyň (ulag we beýleki-

ler, şeýle hem zerur bolan ýagdaýynda maliýe resminamalarynyň) taýýarlanylmagy we inkasso tabşyrygy boýunça, özüniň bankyna (remitent banka 0 berilmegi, **5**-daşky alamatlary boýunça remitent bankyň resminamalary barlamagy we inkasso tabşyrygy bilen birlikde habarçy banka (importýoryň ýurdundaky inkassirleýän banka ibermegi); **6**-inkassirleýän bank tarapyndan inkasso tabşyrygyny we resminamalary töleg ýa-da tratta razyçylygyny (geçirilýän wekselleri) almak maksady bilen barlamaklyk üçin gönüden-göni ýa-da başga bankyň üsti bilen (bu ýagdaýda wekilçilik edýän bank diýilýär) importýora (töleýjä) geçirmegi; **7**-inkassirleýän bankyň töleýjiden tölegleri almagy we resminamalary bermegi; **8**-inkassirleýän bankyň remitent banka girdeýjileri (poçta, telegraf, teleks, faks bilen) geçirmegi; **9**- remitent bankyň girdejileri eksportýoryň hasabyna geçirmegi.

Arassa we dokumentar inkasso hasaplaşyklary tapawutlandyrylýar. Arassa inkassalar täjirçilik reminamalary bilen berilmeýän maliýe resminamalary boýunça tölegiň alynmagyny aňladýar; dokumentar (täjirçilik) inkasso – täjirçilik resminamalary bilen bilelikde maliýe resminamalary ýa-da diňe täjirçilik resminamalary boýunça. Şunda banklarda resminamalary tölemek boýunça haýsydyr bir borçnamalar ýok.

Eksport ediji harydy ugradandan soň, doly we takyk gözükdirijileri özünde saklaýan inkasso tabşyrygynda görkezilen şertlerde import edijiden walýutanyň belli bir möçberini almagy öz bankyna tabşyrýar. Inkasso tabşyrygyň iki esasy görnüşi bar: a) resminamalar tölegçä töleg bilen berilýär (R/T) we b) aksept bilen (R/A). Kähalatlarda import edijä bellenilen wagtyň içinde tölegi amala aşyrmak hakyndaky borçnamasy bolanda resminamalaryň tölegsiz berilmegi hem ulanylýar. Şeýle şertleri peýdalanyp, import edijiniň satyn alnan harydy satmaga, girdeji almaga we soňra inkassony eksport edijä tölemäge mümkinçiligi bolýar. Eksport ediji tarapyndan walýuta girdejisiniň alynmagyny çaltlandyrmak maksady bilen, bank trattany hasaba alyp ýa-da täjirçilik resminamalaryna laýyklykda karz berip biler. Şeýlelikde, hasaplaşyklaryň inkasso görnüşi karz gatnaşyklary bilen bagly. Ösen ýurtlarda inkasso täjirçilik kreditiniň şertlerindäki şertnamalar boýunça hasaplaşyklaryň esasy görnüşidir. Şonda eksport ediji tölegçi tarapyndan akseptlenmegi üçin inkasso üçin tratta berýär, adatça, bu oňa täjirçilik resminamalarynyň (dokumental inkasso) berilmegi bilen amala aşyrylýar, tölegiň möhleti gelende, akseptlenen wekseller tölenilmegi üçin inkassa (arassa inkasso) ugradylýar.

Inkasso görnüşindäki hasaplaşyklar import edijä belli bir artykmaçlyklary berýär, onuň esasy borçnamasy oňa haryda bolan eýeçilik hukugyny berýän harydyň resminamalarynyň berilmegi bilen tölegi amala aşyrmakdan ybaratdyr. Şunda öz dolanyşygyndan serişdeleri deslapdan çykarmak zerurlygy bolmaýar. Emma eger-de harydyň alynmagyny çaltlandyrmak üçin konsamentleriň asyl nusgalarynyň birini gönüden-göni alyja ugratmak amal edilmeýän bolsa, eksport edijiniň import ediji tarapyndan töleg tölenýänçä haryda eýeçilik etmek babatdaky ýuridik hukugy saklanyp galýar.

Şunuň bilen birlikde, hasaplaşyklaryň inkasso görnüşiniň eksport ediji üçin düýpli kemçilikleri bar. Birinjiden, eksport ediji import edijiniň tölegiň tölenilmeginden ýüz döndermek mümkinçiligi bilen bagly töwekgelçiligi çekýär, bu tölegçiniň bazarynyň konýunkturasynyň ýa-da maliýe ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy bilen bagly bolup biler. Şonuň üçin hasaplaşyklaryň inkasso görnüşiniň şertleri eksport edijiniň import edijiniň tölege ukyplylygyna bolan ynamy we onuň ak ýürekliligi bolup durýar. Ikinjiden, inkasso boýunça walýuta girdejisiniň gelmeginiň we harydyň ýüklenip ugradylmagynyň, aýratyn-da, ýük uzak wagtlap daşalmagynyň arasynda wagt taýdan uly aralyk ýatyr. Inkassanyň bu kemçilikleri aradan aýyrmak üçin iş ýüzünde şu aşakdaky goşmaça şertler ulanylýar:

1) import edijiniň tabşyrygy boýunça bank eksport edijiniň haýryna töleg kepillendirmesini alýar hem-de bank öz üstüne eksport edijiniň öňünde import ediji tarapyndan töleg tölenilmedik ýagdaýynda inkassanyň pul möçberini tölemek borçnamasyny alýar. Tölegiň goşmaça kepillendirmesi, adatça, täjirçilik karzy boýunça hsaplaşyklarda ulanylýar, sebäbi tölegiň möhleti yza süýşürilende, tölegçiniň maliýe ýagdaýynyň mümkin bolan üýtgemeleri bilen bagly import ediji tarapyndan resminamalaryň tölenilmezlik howpy ýokarlanýar. Käwagt import edijiniň banky weksel awalirleýär. Awal (töleg kepillendirmesi) – weksel zamunlygy. Awalist bank tölegiň kepillendirmesiniň anyk kime berlendigi hakyndaky bellik bilen, adatça, wekseliň ýüz tarapynda gol goýmak bilen töleg üçin jogapkärçiligi öz üstüne alýar; şeýle edilmese, awal geçirilýän weksel weksel berijä (eksport edijä) berlen hasap edilýär;

2) eksport ediji *immobilizlen* serişdeleri ýapmak üçin bank karzyna ýüz tutýar.

**Bank geçirimi.** Bu bir bankyň beýleki banka geçirimi kabul edijä belli bir pul möçberini tölemek hakyndaky tabşyrygy bolup durýar. Halkara hasaplaşyklarynda banklar ýygy-ýygydan öz müşderileriniň tabşyrygy boýunça geçirimleri amala aşyrýarlar. Bu amallara şu aşakdakylar gatnaşýar: geçirim beriji-bergidar; tabşyrygy kabul eden geçirim berijiniň banky; geçirim alyja geçirimiň pul möçberini hasaplanyp goşulmagyny amala aşyrýan bank; geçirim alyjy. Bank geçirimi görnüşinde inkassanyň tölegi, gutarnykly hasaplaşyklaryň hasabyna tölegler, hakujy tölegler amala aşyrylýar. Mundan başgada geçirim arkaly gaýtadan hasaplamalar we beýleki amallar amala aşyrylýar. Häzirki wagtda bank geçirimi SWIFT ulgamy boýunça amala aşyrylýar. Bank geçirimleri hasaplaşyklaryň beýleki görnüşleri (mysal üçin, inkasso), şeýle kepillendirmeler bilen utgaşyp bilýär. Eksport ediji geçirimleri bankyň kepillendirmeleri bilen utgaşdyrmagy rowa görýär, şonda import ediji tarapyndan harydyň tölegi tölenilmedik ýagdaýynda tölegi kepillendirmäniň hasabyna amala aşyrýar. Harytlar üçin geçirimleri amala aşyrmak üçin import ediji häli-şindi bank karzyna ýüz tutýar, onuň möhleti akkreditiwi açmak üçin karzyň möhletininňkiden has gysga.

Bank geçirimleriniň ykdysady mazmuny harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň tölegi olar getirilmezinden öň amala aşyrylýandygyna (hakujy tölegler) ýa-da import ediji tarapyndan olar alnandan soň amala aşyrylýandygyna bagly bolýar (açyk hasap görnüşindäki hasaplaşyklar).

Hakujy tölegi görnüşindäki hasaplaşyklar. “Hakujy tölegi“ adalgasy harytlar eksport ediji tarapyhndan ýüklenip ugradylmazdan, hyzmatlar edilmezinden öň import ediji tarapyndan amala aşyrylýan tölegleri aňladýar. Emele gelen däbe laýyklykda hakujy tölegleri, bir tarapdan, tölegiň şerti hökmünde, beýleki tarapdan hasaplaşyklaryň görnüşi hökmünde kabul edilýär. Bu hasaplaşyklar eksport edijä has amatly, sebäbi import ediji tarapyndan harytlaryň tölegi ol ýüklenip ugradylmanka, kähalatlarda bolsa olar öndürilmänkä, amala aşyrylýar. Eger-de import ediji harytlaryň tölegini hakujy tölegi bilen töleýän bolsa, ol eksport edijini karzlaşdyrýar. Mysal üçin, şertna-

manyň bahasynyň bir bölegininiň hakujy tölegi daşary ýurtlarda desgalaryň gurluşygy üçin baglaşylýan şertnamalaryň şertlerine goşulýar. Hususy sargyt boýunça ýasalan gymmat bahaly enjamlar, gämiler, uçarlar import edilende hem bölekleýin hakujy tölegler amal edilýär. Halkara tejribesine laýyklykda hakujy görnüşindäki tölegler şertnamanyň bahasynyň 10-33%-ine barabar bolýar. Eksport edijiniň tabşyrygy boýunça hakujy töleginiň pul möçberine eksport edijiniň banky import edijiniň haýryna şertnamanyň şertleri ýerine ýetirilmedik we haryt getirilmedik ýagdaýynda alnan hakujy töleginiň gaýtarylmagyna kepillendirme berýär. Mundan başga-da birnäçe harytlary hakujy tölegi bilen tölemek kabul edilen, mysal üçin, gymmat bahaly metallar, ýadro ýangyjy, ýaraglar we başgalar. Import edijiniň hasaplaşyklaryň şu görnüşine razylygy onuň harydyň getirilmegine gyzyklanma bildirýändigi ýa-da tölegiň kepillendirilmegine gyzyklanma bildirýän eksport edijiniň täsiri bilen baglydyr.

**Açyk hasap boýunça hasaplaşyklar.** Olaryň düýp mazmuny haryt alnandan soň import ediji tarapyndan eksport edijä yzygiderli tölegiň tölenmeginden ybaratdyr. Gündelik berginiň pul möçberi söwda hyzmatdaşlarynyň kitapçasynda hasaba alynýar. Halkara hasaplaşyklarynyň şu görnüşi açyk hasap boýunça karz bilen baglydyr. Açyk hasap boýunça bergini üzmek boýunça hasaplaşyklaryň tertibi ýaryşdaş hyzmatdaşlarynyň arasyndaky ylalaşyk bilen kesgitlenýär. Adatça, bellenen möhletlerde döwürleýin tölegler göz öňünde tutulýar (getirmeler tamamlanandan soň ýa-da import ediji tarapyndan haryt satylandan soň aýyň ortasynda ýa-da ahyrynda). Hasaplaşyklar deňeşdirilenden soň, açyk hasap boýunça bergini gutarnykly üzmek banklar arkaly, adatça, bank geçirimini ýa-da çeki ulanmak bilen amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda, bank statistikasynda bank geçirmelerinde açyk hasap boýunça hasaplaşyklar ýygy-ýygydan duş gelýär.

Açyk hasap şu aşakdakylaryň arasyndaky hasaplaşyklarda ulanylýar: däp boýunça söwda aragatnaşyklary bolan şereketleriň; eksport getirmeleri boýunça TNK we onuň daşary ýurt şahamçalarynyň; eksport ediji we broker şereketiniň; eksport edijiniň gatnaşmagy bilen garyşyk şereketleriň; ammardan satmak üçin ugradylýan harytlar üçin. Adatça, açyk hasap boýunça hasaplaşyklar yzygiderli getirme-

lerde, haçan-da ynam uzak işewürlik gatnaşyklary berkidilende, satyn alyjy bolsa abraýly şereket bolanda ulanylýar. Hasaplaşyklaryň şu görnüşiniň aýratynlygy harytlaryň hereketiniň pullaryň hereketinden öňe geçýändiginden ybaratdyr. Şunda hasaplaşyklar haryt getirmelerinden üzňeleşýär we täjirçilik karzy bilen baglanyşýar, şunda, adatça, eksport ediji import edijini bir taraplaýyn karzlaşdyrýar. Eger-de açyk hasap boýunça soňraky hasaplaşyklar bilen harytlar özara getirilýän bolsa, onda taraplaryň her biriniň iki taraplaýyn karzlaşdyrmasy we özara talaplaryň hasaba alşy bolup geçýär.

Açyk hasap boýunça hasaplaşyklar import ediji üçin has amatly bolup durýar, sebäbi ol alnan harytlaryň tölegini soň amala aşyrýar, berilýän karz üçin göterim şunda aýratyn alynmaýar: getirilmedik ýa-da kabul edilmedik harydyň tölegini tölemek howpy bolmaýar. Eksport ediji üçin hasaplaşyklaryň şu görnüşi has amatsyz, sebäbi tölegiň öz wagtynda tölenilmegi hakyndaky ygtybarly kepillendirme ýok. Onuň kapitalynyň dolanyşygy peselýär, kähalatlarda bank karzyna ýüz tutmak zerurlygy ýüze çykýar. Hasaplaşyklaryň bu görnüşini bir taraplaýyn ulanmakdaky import ediji tarapyndan harydyň tölenilmezlik howpy hakujy tölegleri edilenden soň, eksport ediji tarapyndan haryt doly getirilmedik ýagdaýyndaky howpa meňzeşdir. Hakykatda, hasaplaşyklaryň şu görnüşi import edijini karzlaşdyrmak bilen utgaşýar we eksport edijiniň oňa bolan ynamyny şöhlelendirýär. Şonuň üçin hasaplaşyklaryň bu görnüşi, adatça, garşylyklaýyn getirmelerde, haçanda ýaryşdaş hyzmatdaşlar nobatma-nobat satyjynyň we alyjynyň ornunda çykyş edende we import ediji tarapyndan borçnamalaryň ýerine ýetirilmezligi eksport ediji tarapyndan harytlaryň getirilmeginiň togtadylmagyna getirýän ýagdaýynda ulanylýar. Bir taraplaýyn getirmelerde açyk hasap boýunça hasaplaşyklar seýrek ulanylýar.

Kähalatlarda ýörite “eksport“ hasaby açmak hakynda ylalaşyk ulanylýar, oňa garşylyklaýyn import edijiniň konwertirlenýän walýutadaky girdejisi geçirilýär. Şeýle hasabyň bolmagy eksport edijiniň import edijiniň tölege ukyplylygyna bolan ynamyny ýokarlandyrýar.

**Banklaryň halkara hasaplaşyklarynyň we kepillendiriş amallarynyň özara baglanyşygy.** Daşary ykdysady işiň ulgamynda kepillendirmeler giň gerime eýe bolýar. Olar kepillendirmäni beren tarapyň (garantyň) karz berijä (benefisiara) onuň ýazmaça talaplygy boýun-

ça we kepillendirmäniň şertlerine laýyklykda pul möçberini tölemek borçnamasy bolup durýar. Kepillendirmeler esasy şertnama boýunça bergidaryň tabşyrygy boýunça berilýär. Gönüden-göni benefisiaryň haýryna garant tarapyndan berilýän kepillendirmelere göni kepillendirmeler diýilýär. Birnäçe ýagdaýlarda kepillendirme berlende bank beýleki banka üpjün etme hökmünde öz kepillendirmesini bermek bilen, oňa benefisiaryň haýryna kepillendirme bermegi tabşyryp bilýär. Halkara tejribesinde Prezident, Hökümet, şereket, ätiýaçlandyryş kepillendirmeleriniň ulanylan ýagdaýlary mälimdir, emma banklaryň kepillendirmesi has giň gerimde ulanylýar, sebäbi şertnama boýunça bergidaryň borçnamalarynyň pul görnüşinde üpjün edilmegi has ygtybarly, çalt we ýeňil amala aşyrylýar.

Borçnamalary üpjün etmek üçin berilýän kepillendirmeleri iki uly topara bölmek mümkin:

1) şertnama boýunça import edijä (töleg kepillendirmeleri);

2) şertnama boýunça eksport edijä (şertnama kepillendirmeleri). Şertnama kepillendirmelerini öz nobatynda üpjün edilýän borçnamalaryň görnüşi boýunça tölegiň (hakujy töleginiň) gaýtarylmagyna kepillendirme, şertnamanyň ygtybarly ýerine ýetirilmegi üçin kepillendirme, söwdalaşyklara (tendere) gatnaşmak üçin kepillendirme we başgalar ýaly görnüşlere bölmek mümkin.

Benefisiaryň bähbitlerini birinji talap boýunça tölegli yzyna gaýtarylmaýan kepillendirmeler benefisiaryň bähbitlerini has ýokary derejede goraýar. Şonuň bilen birlikde dokumentar kepillendirmeler hem ulanylýar, olar boýunça tölegler resminamalaryň berilmegi, mysal üçin, harytlaryň ýüklenip ugradylandygyny ýa-da işleriň ýerine ýetirilendigini tassyklaýan resminamalaryň berilmegi bilen şertlendirilendir.

Kepillendirmeler milli kanunçylyk bilen düzgünleşdirilýär. Öz işlerinde banklar HSE tarapyndan işlenip düzülen kepillendirmeler üçin bir nusgadaky düzgünleri (talap boýunça kepillendirmeler üçin unifisirlenen düzgünler (HSE-niň № 458 neşiri, 1992 ý. redaksiýasy) ulanylýar.

**Wekselleriň we çekleriň ulanmagy bilen geçirilýän hasaplaşyklar.** Halkara hasaplaşyklarynda eksport edijiniň import edijä berýän geçirilýän wekselleri ulanylýar. Tratta – kanunda bellenen

görnüşde düzülen we bir tarapyň (trassantyň) beýleki tarapa (trassata) görkezilen möhletde belli bir pul möçberini wekselde ady agzalan üçünji tarapa (remitente) ýa-da görkezijä tölemek baradaky beren şertsiz buýrugyndan ybarat bolan resminama. Tratta "özüňe" ýazylyp berlen ýagdaýynda, trassant we remitent şol bir tarap bolup biler. Tratta, aslyýetinde, geçirilýän weksel bolup, ol geçirilmeýän wekselden tapawutlylykda dolanýar. Iki adalga hem, köplenç, halkara geleşiklerinde ulanylýar. Wekseliň tölenilmegine import ediji ýa-da bank görnüşinde çykyş edýän akseptant jogapkärçilik çekýär. Banklar tarapyndan akseptlenen trattalary hasap ýoly bilen nagt pullara öwürmek ýeňil. Trattalaryň görnüşleri, rekwizitleri, berilmek we tölenmek şertleri, esasan, 1930-njy ýylda Ženewa weksel konwensiýasynda kabul edilen Ýeke-täk görnüşli weksel kanunynyň binýadyndaky weksel kanunçylygy tarapyndan, şeýle hem milli kanunçylyk tarapyndan (mysal üçin, ABŞ-da 1954-nji ýyldan bäri Ýeke-täk söwda-täjirçilik kodeksi, Beýik Britaniýada wekseller baradaky kanun bilen) düzgünleşdirilýär. Trattanyň iki nusgasy bolup, XII-XIII asyrlarda ýüze çykan we mazmunynda gowşuryja (adatça, söwdagäre) ýerli walýutada degişli pul möçberini tölemek baradaky haýyş bolan ýany bilen ugradylýan hatlar hyzmat edýär. Haryt-pul gatnaşyklarynyň ösmegi we hojalyk baglanyşyklaryň globallaşmagy bilen weksel köp ugurly karz-hasaplaşyk serişdesine öwrüldi. Trattanyň inkassanyň we akkreditiwiň üstüne goşmaça hökmünde ulanylmagy karz we walýuta girdejisini almaga hukuk berýär.

Şu trattalar tapawutlandyrylýar:

a) görkezijä;

b) haryt trassata gelip gowşanda tölenýän;

ç) möhletli. Görkezilenden soň 30 günden soň tölenilýän möhletli trattanyň aksepti bolmaly we şonuň üsti bilen ol kepillendirilen maliýe resminamasyna öwrülýär.

Weksel ulanylyp, geçirilýän hasaplaşyklarda eksport ediji trattany we haryt resminamalaryny inkasso üçin öz bankyna geçirýär, ol bolsa import edijiden walýutany alýar. Import ediji diňe töleg edilenden ýa-da tratta akseptlenenden soň bu resminamalara eýelik edip bilýär. Karzyna eksport getirmelerinde wekseliň tölenmek möhleti taraplaryň ylalaşmagyna bagly. Bir wekseli töleg serişdesi hökmün-

de ulanmak bilen, ondaky geçirme ýazgysy (indossament) arkaly birnäçe dürli pul borçnamalaryny tölemek mümkin. Şu indossamentler tapawutlandyrylýar: atly (“x“-iň buýrugy boýunça töläň, “y“-iň goly); blanka (“y“-iň goly) çäklendirilen (diňe “x“ töläň, “y“-iň goly); öwrülmeýän (“x“-iň buýrugy boýunça öwrülmezden töläň, “y“-iň goly), şertli (mysal üçin, saýlawdan soň “x“-iň buýrugy boýunça töläň, “y“-iň goly).

Retratta – tölenilmedik ýa-da akseptlenmedik geçirilýän wekseliň eýesi tarapyndan trassanta ýa-da indossanta wekseliň pul möçberi we onuň uzaldylmagy maksady bilen harajatlar goşulan jeme ýazylyp berlen garşylykly geçirilýän weksel.

Halkara hasaplaşyklarynda çekler hem ulanylýar, olar ilkinji gezek XVI asyrda pullaryň saklanyp berilmegi üçin goýumçylardan göterim alan pulhanaçylaryň kwitansiýalary görnüşinde ýüze çykypdyrlar. Eger hasaplaşyk çek arkaly amala aşyrylýan bolsa, onda bergidar (alyjy) çek ýa özi berýär (müşderiniň çeki), ýa-da onuň ýazylyp berilmegini banka tabşyrýar (bankyň çeki). Çekiň görnüşleri we rekwizitleri milli we halkara kanunçylyk (1931 ý. Çek konwensiýasy) tarapyndan düzgünleşdirilýär. Çek görkezilende tölenilmäge (inkassasiýa) degişli bolup durýar.

Söwda däl häsiýetli halkara hasaplaşyklarynda töleg serişdesi hökmünde ýol çekleri we ýewroçekler ulanylýar. Ýol (syýahatçy) çek – töleg resminamasy bolup, walýutanyň onda görkezilen pul möçberini onuň eýesine tölemek baradaky pul borçnamasyny (buýrugyny) aňladýar. Ýol çekleri iri banklar tarapyndan milli we daşary ýurt walýutalarynda ýazylyp berilýär. Eýesiniň golunyň nusgasy oňa çek satylan pursatynda bellenilip alynýar. Ýewroçek – ýewro walýutadaky çek – müşderiniň nagt pullary deslapdan banka getirmegi şert bolmazdan, bank tarapyndan bir aý möhletli bank karzynyň hasabyna has iri pul möçberleri üçin ýazylyp berilýär; “Ýewroçek“ ylalaşygynyň (1968-nji ýyldan bäri) agzasy bolan islendik ýurtda tölenýär. Ýewroçekiň kepillik ýewrokartaly standart görnüşi onuň eýesine daşary ýurt banklarynda pul almaga we daşary ýurtlara gidilende birnäçe döwletleriň dükanlarynda satyn almalar üçin hasaplaşmaga hukuk berýär.

XX asyryň 60-njy ýyllaryndan halkara hasaplaşyklarynda karz kartoçkalary işjeň ulanylýar. **Karz kartoçkasy – eýesiniň hasabyn-**

**da puluň barlygyny tassyklaýan karz gurama tarapyndan emitirlenýän atlaýyn pul resminamasy.** Elektron hasaplaşyklarynyň bu guraly onuň eýesine harytlary we hyzmatlary nagt däl hasaplaşyklary ulanmak bilen satyn almaga hukuk berýär. Olary gaýtadan işlemek üçin kompýuter, elektron we kosmiki aragatnaşyk ulanylýar. Banklaryň we dükanlaryň kompýuterleri telefon arkaly maglumaty gaýtadan işleýän merkezi kompýuter ulgamlaryna çatylýar.

Ösýän ýurtlarda olaryň mukdary ilatyň sanyndan hem ýokary geçýär. Töleg kartalarynyň ösmegi bilen bagly dürli kartoçka töleg ulgamlary – olaryň gatnaşyjylarynyň we olaryň arasyndaky gatnaşyklarynyň jemi emele geldi. Halkara töleg assosiasiýalaryna, mysal üçin, Visa International (1997-nji ýylda resmileşdirildi) degişli. Onuň birnäçe ýurtlardan, şol sanda Russiýadan 20 müň adam agzasy bar, italýan töleg ulgamy (Servizi Interbankart), fransuz töleg ulgamy (Carte Bleu) degişli. Bu assosiasiýalar debet we kredit kartalary, ýol çekleri boýunça halkara hasaplaşyklarynyň kliringini we düzgünleşdirmesini üpjün edýärler. Halkara telekommunikasion ulgam agza banklary Beýik Britaniýadaky we ABŞ-daky iki bankara hasaplaşyk merkezleri bilen birleşdirýär.

1992-nji ýylda Brýusselde ýewroçeklere we ýewrokartalara hyzmat eden üç kompaniýanyň birikmeginiň binýadynda Ýewropa Internasional halkara töleg ulgamy döredilýär. 1999-njy ýyldan onuň töleg önümleri, şol sanda degişlilikde täze: olaryň birnäçesini özünde jemleýän "ýewropaket", plastik kartasynyň şifrlenen belgisini satyn alyjydan satyjy arkaly ynanylan kompaniýanyň serwerine geçirmek üçin "elektron plastilen" ýewra nominirlenýär. Karta töleg ulgamynyň agzalary emissiýanyň, standart töleg kartalarynyň ulanylyşynyň, şeýle hem hasaplaşyk banky arkaly kliringleriň we hasaplaşyklaryň düzgünlerini berjaý etmäge borçly.

NTR-iň täsiri astynda halkara hasaplaşyklarynda EHM-ler işjeň ornaşdyrylýar, bank kompýuterleriniň ýatlaryna internet ulgamynyň distansion aragatnaşyk kanallary boýunça geçirilýän ýazgylar görnüşindäki elektron signallary ulanylýar. Bankara hasaplaşyklary boýunça maglumatlar SWIFT arkaly geçirilýär.

# IV BAP. HALKARA WALÝUTA-MALIÝE WE KARZ GATNAŞYKLARYNDA WALÝUTALARYŇ ALYŞ-ÇALYŞ HÜMMETINIŇ ÄHMIÝETI WE ONY KADALAŞDYRMAGYŇ HALKARA TEJRIBESI

## 4.1. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutalaryň alyş-çalyş hümmetiniň ähmiýeti we ony kadalaşdyrmagyň halkara tejribesi

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmasynyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň esasy gurallarynyň biri hem milli walýutanyň hümmetini we walýuta bazaryny kadalaşdyrmak çäresidir. Milli walýutanyň hümmetini emele getirmegiň düzgüni  her bir ýurduň maliýe-ykdysady ýagdaýyna baglylykda ýurduň walýuta syýasatynyň çäklerinde kesgitlenilýär. Walýuta syýasatynyň düzgüniniň dogry saýlanyp alynmagy we milli walýutanyň hümmetiniň dogry kadalaşdyrylmagy döwletiň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklaryndan başlap, ýurtdaky durmuş--ykdysady şertlere gös-göni täsirini ýetirýär.

Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşýan şertlerinde milli walýutanyň hümmetiniň ähmiýeti yzygiderli artýar. Milli walýutanyň hümmeti düzgüni daşary ykdysady gatnaşyklaryň köp ugurlaryna, şol sanda daşary söwda gatnaşyklaryna, maýa goýumlara, hatda daşary ýurt walýutasynda aktiwleri bolan karz edaralarynyň we kärhanalaryň ýagdaýna-da öz täsirini ýetirýär. Käbir ýurtlarda milli walýutanyň hümmetiniň sähelçe üýtgemesi kärhanalar üçin uly möçberli ýitgilere ýa-da peýdalara getirip bilýär .

Milli walýutanyň hümmeti düzgüni daşary ýurt walýutalaryna gatnaşykda milli walýutanyň hümmetini kesgitlemegiň düzgünini göz öňünde tutýar. Daşary ýurt walýutalaryna gatnaşykda milli walýutanyň hümmetini kesgitlemekde ýurduň ykdysadyýetiniň düzümleýin gurluşyna, onuň häsiýetli aýratynlyklaryna üns berilýär. Mysal üçin, ösüp barýan döwletleriň köpüsiniň ykdysadyýetleri üçin umumy bolan şu aşakdaky häsiýetli aýratynlyklary belleýärler:

– ykdysadyýetde oba hojalyk önümleriniň we çig mallaryň önümçiliginiň we eksportynyň paýynyň uly bolmagy;

– milli harytlaryň import harytlarynyň ýerini tutujylygynyň çäkli bolmagy;

– aralyk harytlaryň we kapital enjamlaryň, ilkinji zerurlyklara degişli harytlaryň köp derejede importa esaslanmagy;

– maliýe bazarlarynyň ösüşiniň başlangyç tapgyrda bolmagy.

Şunuň bilen birlikde, ätiýaçlyk walýutalar bilen üpjünçilik derejesi babatda hem ösüp barýan ykdysadyýetleriň arasynda düýpli tapawutlaryň bardygyny bellemek gerek. Bu ýagdaý ýurduň walýuta syýasatyny kesgitlemekde esasy orunda durýar. Töleg balansy oňyn galynda eýe bolan, eksportynyň möçberi ýokary, şol sanda mineral serişdelere ýa-da gaýry eksport kuwwatyna baý bolan ýurtlarda milli walýutanyň hümmetini kadalaşdyrmagyň şertleri we düzgüni töleg balansy ýetmezçilikli bolan ýa-da töleg balansynyň deňagramlylygy yzygiderliligi bozulyp durýan ýurtlar bilen deňeşdirilende düýpli tapawutlanýar .

Dürli ykdysatçy-alymlar, hünärmenler milli walýutanyň hümmetini kesgitlemegiň düzgünlerini dürli toparlara bölýärler. Mysal üçin, şweýsariýaly professorlar M.Dueker we A. Fischer olary 6 görnüşe bölýärler.

Milli walýutanyň hümmeti düzgünleri HPG-niň usulyýetinde has giň görnüşlere bölünýär. Gazna öz agza döwletlerinde ýüze çykýan tejribelere esaslanyp, milli walýutanyň hümmeti düzgünlerininiň görnüşlere bölünişini (klassifikasiýasyny) yzygiderli kämilleşdirip durýar. Soňky ýyllarda ykdysady taýdan ösen döwletleriň ählisinde diýen ýaly alymlar we hünärmenler milli walýutanyň hümmetini bahalandyrmakda HPG-niň usulyýetine salgylanýarlar. 1998-nji ýyldan bäri hereket edýän soňky usulyýetine laýyklykda HPG öz agza döwletlerinde ulanylýan milli walýutanyň hümmeti düzgünlerini 10 görnüşe bölýär, olar:

– aýratyn töleg serişdesiniň bolmazlygy (başga döwletiň walýuta birligini ulanmak);

– pul geňeşi (halkara töleg serişdesine daňylmak);

– adaty berkitme düzgüni;

– durnuklaşdyrylan kadalaşdyrma düzgüni;

– haýal üýtgeýän (süýrenýän) berkitme hümmeti;

– haýal üýtgeýäne (süýrenýäne) çalymdaş kadalaşdyrma hümmeti;

– kese çyzgynyň çägindäki daňylan hümmet;

– beýleki dolandyrylýan kadalaşdyrma hümmeti.

– erkana walýuta kurslar, ýöne Merkezi bankyň walýuta bazaryň işine gös-göni aralaşmagynda (walýuta interwensiýasy );

– erkana walýuta kurslar.

HPG-niň 2013-nji ýylda beýan eden hasabatlaryna laýyklykda, Gaznanyň agza döwletleriniň 13-si aýratyn töleg serişdesiniň bolmazlygy düzgünini, 12-si walýuta geňeşi düzgünini, 45-si adaty berkitme düzgünini, 19-sy durnuklaşdyrylan kadalaşdyrma düzgünini, 2-si haýal üýtgeýän (süýrenýän) berkitme hümmetini, 15-si haýal üýtgeýäne (süýrenýäne) çalymdaş kadalaşdyrma hümmetini, 1-si kese çyzgynyň çägindäki berkidilen hümmetini, 19-sy beýleki dolandyrylýan kadalaşdyrma düzgünini, 35-si ýüzýän (hereket edýän) hümmeti, 30-y erkana walýuta kurslary ulanýarlar.

Aýratyn töleg şertleri bolmazlyk düzgünini ulanýan ýurtlara Ekwador, Panama, Zimwabwe (ABŞ dollaryny ulanýanlar), Kosowo, Garadag, San-Marino (ýewrony ulanýanlar) mysal getirmek bolar. Bu döwletleriň resmi walýuta birlikleri bolman, olar başga döwletleriň ýa-da döwletler toparynyň walýutalaryny ulanýarlar. Bu düzgüne başgaça resmi dollarlaşma ýa-da doly dollarlaşma hem diýilýär. Bu düzgün ykdysady durnuklylyga ýetmekde ýiti kynçylyk çeken we ýurduň öz alyş-çalyş hümmeti bolmadyk pul-karz syýasatlaryna bil baglap bilmedik ýurtlarynda ulanylýar.

Walýuta geňeşi düzgünini ulanýan döwletlerde belli bir daşary ýurt walýuta birligi milli walýutanyň üpjünçiligi bolup durýar we milli walýutanyň emissiýasynda döwletiň daşary ýurt walýutasyndaky ätiýaçlyklaryna esaslanylýar, ýagny emissiýa edarasy berkidilen hümmet boýunça daşary ýurt walýutasy bilen üpjün edilen milli walýutany dolanyşyga goýberýär. Döwletiň halkara (daşary ýurt walýutasyndaky) ätiýaçlyklary dolanyşykdaky milli walýutany doly üpjün etmelidir. Şol sebäpli-de bu düzgüni ulanýan döwletler milli walýuta syýasatyny ýöretmeýärler. Bu düzgünde Merkezi bankyň pul-karz kadalaşdyrmasy we ahyrky derejedäki karz beriji bolmak wezipesi

ýaly däp bolan wezipeleri aradan aýrylýar we pul-karz syýasatynyň hereketi üçin örän dar gurşaw galýar. Walýuta geňeşinde döwlet milli walýutasy kesgitli hümmet boýunça bellenen daşary ýurt walýutasyna gepsiz-gürrüňsiz çalyşmak borjuny öz üstüne alýar. Bu düzgüni ulanýan döwletlere Grenadany, Jibutini, Gonkong ÝAS-y (ABŞ-nyň dollaryna baglanma) Bosniýa we Gersegowinany, Bolgariýany (ýewro baglanma) mysal görkezmek bolar.

Adaty berkitme düzgüninde döwletler milli walýutasynyň hümmetini haýsy hem bolsa daşary ýurt walýutasyna ýa-da olaryň sebedine berkidýärler, şunda şol berkidilen hümmeti saklamak borjy bolmaýar, emma Merkezi bank walýuta bazarynda göni we/ ýa-da gytaklaýyn gatyşmak (interwensiýa geçirmek) arkaly berkidilen walýuta hümmetini saklaýar. Bu düzgüne degişli bolmak üçin walýuta hümmeti merkezi hümmetden 1%-den ýokary ýa-da aşak üýtgemeli däldir, ýagny azyndan 6 aýyň dowamynda spot hümmetiniň üýtgemesi 2%-den geçmeli däldir. Bu hümmeti ulanýan döwletlere Bahreýn, Saud Arabystany, Türkmenistan (ABŞ-nyň dollaryna baglanma), Senegal, Kongo, Gwineýa (ýewro baglanma), Liwiýa, Kuweýt, Marokko (sebete baglanma) mysal bolup biler.

Azyndan alty aýyň dowamynda walýuta alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemesi 2%-den geçmese we hümmet ýüzýän düzgüne degişli bolmasa, ol durnuklaşdyrylan kadalaşdyrma düzgünine degişli edilýär. Bu düzgünde milli walýutanyň hümmeti yglan edilen daşary ýurt walýutasyna ýa-da walýuta sebedine gatnaşykda, resmi edaralaryň kadalaşdyryjy hereketleri netijesinde durnukly saklanylýar (Mysallar: Yrak, Makedoniýa, Belarus, Wýetnam, Gruziýa, Angola).

Süýşýän berkitme hümmetinde belli bir makroykdysady görkezijä (mysal üçin, geçen döwürde ýüze çykan inflýasiýa, söwda hyzmatdaşlarynyň düzümine, inflýasiýanyň çaklanan we hakyky derejeleriniň arasyndaky tapawuda baglylykda) pes derejede üýtgedilip durulýar. 2013-nji ýylda HPG bu düzgüne diňe iki sany döwleti Nikaraguany we Botswanany degişli etdi.

Süýşýän berkitmede, eger-de azyndan alty aýyň dowamynda walýuta alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemesi 2%-den geçmese we hümmet ýüzýän düzgüne degişli bolmasa, onda ol *süýşýäne çalymdaş berkitme* (kadalaşdyrma) hümmeti düzgünine degişli edilýär (Mysal-

lar: Gazagystan, Horwatiýa, Özbegistan, Argentina, Hytaý, Indoneziýa, Müsür).

Kese çyzgynyň çägindäki daňylan hümmet düzgüninde milli walýutanyň hümmeti berkidilen hümmetden azyndan ±1% üýtgäp durýar, alyş-çalyş hümmetiniň iň ýokary we iň pes derejesiniň arasyndaky tapawut 2%-den az bolmaýar we bu üýtgemäniň çägi we merkezi hümmet yglan edilen bolýar. 2013-nji ýylda HPG bu düzgüne diňe bir döwleti -Tongany degişli etdi.

Kese çyzgynyň çägindäki daňylan hümmet düzgünine kähalatda merkezi deňlik düzgüni hem diýilýär. Bu düzgünde deňligiň töwereginde hümmetiň üýtgemeginiň çäginiň giňeldilmegi ýa-da pullaryň sebedine daňylmagy alyş-çalyş hümmetiniň çeýeligini artdyrýar we pul-karz kadalaşdyryjy edaralara pul-karz syýasatyny alyp barmaga mämkinçilik berýär. Merkezi deňligiň töweregindäki üýtgeme çägi näçe giň bolsa, şonça-da Merkezi bank pul-karz syýasatyny erkin ýöretmäge mümkinçilik alýar. Merkezi deňlik we ýa-da onuň töweregindäki üýtgemek çägi wagtyň geçmegi bilen üýtgeýär, has uly çeýeligi berip bilýär. Kähalatlarda bu öňünden yglan edilen ýoluň (çyzgynyň) ýa-da aýry-aýry mukdar görkezijileriniň üýtgemelerine (mysal üçin, esasy söwda görkezijilerine gatnaşykda hümmetsizlenmäniň derejesindäki tapawuda) jogap hökmünde amala aşyrylýar, şol bir wagtda başga ýagdaýlarda ol daşarky sarsgynlara (mysal üçin, söwdanyň şertlerinde birden ýüze çykan üýtgemelere) gaýtawul bolup biler. Her nähili bolsa-da, bellenen çyzygyň çäginde alyş-çalyş hümmetini saklamak pul-karz syýasatyny alyp barmaklygy belli derejede çäklendirýär, bu syýasatyň erkinliginiň derejesi bolsa, hümmet üýtgeme çäginiň giňligine bagly bolýar .

Ýüzýän hümmet, esasan, bazar tarapyndan kesgitlenilýär, derejesi öňünden kesgitli bolmaýar. Bu düzgünde hümmetiň durnuklaşdyrylmasy resmi hereketler bilen bagly bolmaýar, walýuta gatyşmasy (interwensiýasy) belli bir hümmeti saklamaga gönükdirilmeýär (mysallar: Braziliýa, Serbiýa, Türkiýe, Tailand, Hindistan, Pakistan).

Eger-de walýuta gatyşmasy (interwensiýasy) seýrek ýagdaýlarda we adatdan daşary bazar ýüze çykmalaryny sazlamak maksady bilen amala aşyrylýan bolsa, gatyşmalaryň sany geçen alty aýyň dowamyn-

da 3 gezekden geçmeýän bolsa we olaryň her biriniň dowamlylygy 3 günden artyk bolmasa, walýuta hümmeti düzgüni erkin ýüzýän hökmünde bahalandyrylýar (mysallar: Awstraliýa, Kanada, Ýaponiýa, ABŞ, Beýik Britaniýa, ýewro pul birligine girýän döwletler).

*5-nji tablisa*

**Dünýäniň ýurtlary boýunça 2009-2014-nji ýyllarda pul hümmeti düzgüniniň üýtgeýşi**

***(göterimde)***

| № | **Walýuta hümmeti düzgüni** | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 | 2014 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | **Berk baglanan (daňylan):** | | | | | | |
| | Aýratyn töleg serişdesiniň | 5,3 | 5,3 | 6,3 | 6,8 | 6,8 | 6,8 |
| | Pul geňeşi | 6,9 | 6,9 | 6,9 | 6,3 | 6,3 | 6,3 |
| 2 | **Ýumşak baglanan (daňylan)**: | | | | | | |
| | Adaty berkitme | 22,3 | 22,3 | 23,3 | 22,6 | 22,6 | 23,6 |
| | Durnuklaşdyrylan kadalaşdyrma | 12,8 | 6,9 | 12,7 | 12,1 | 8,4 | 9,9 |
| | Süýşýän berkitme | 2,7 | 2,7 | 1,6 | 1,6 | 1,6 | 1 |
| | Süýşýäne çalymdaş kadalaşdyrma | 1,1 | 0,5 | 1,1 | 6,3 | 6,3 | 7,9 |
| | Keseleýin çyzgynyň çäginde | 1.1 | 2,1 | 1.1 | 0,5 | 0,5 | |
| 3 | **Ýüzýän (hereket edýän):** | | | | | | |
| | Yüzýän | 20,2 | 24,5 | 20,1 | 18,9 | 18,4 | 15,7 |
| | Erkin ýüzýän | 19,7 | 17,6 | 15,9 | 15,8 | 16,3 | 9,9 |
| 4 | **Gaýry:** | | | | | | |
| | Beýleki dolandyrylýan | 8,0 | 11,2 | 11,1 | 8,9 | 12,6 | 18,3 |

5-nji tablisadaky maglumatlardan görnüşi ýaly, soňky 6 ýylyň dowamynda dünýäniň döwletlerinde ulanylýan pul hümmeti düzgünleriniň arasynda aýratyn töleg serişdesiniň bolmazlygy, haýal üýtgeýäne çalymdaş kadalaşdyrma we beýleki dolandyrylýan kadalaşdyrma düzgünlerini ulanýan döwletleriň sanynyň artandygy görünýär. Şeýle hem adaty berkitme hümmeti düzgüniniň, esasan, şol bir derejesinde saklanmagy ünsüňi çekýär. Ýüzýän (hereket edýän)

we erkin ýüzýän (hereket edýän) hümmeti düzgünlerini ulanýan döwletleriň sanynyň azalýandygy hem görünýär. Elbetde, bu meýiller soňky dünýä maliýe-ykdysady çökgünligi netijesinde döwletleriň has goragly walýuta syýasatlaryny ýöretmäge ymtylýandyklaryny görkezýär. Bu ýagdaý tablisada hem görünýär.

2012-2013-nji ýyllarda ýüzýän we erkin ýüzýän hümmetlerden beýleki düzgünlere geçen döwletleriň arasynda Gwatemalany, Polşany, Şweýsariýany görkezmek bolar. Şweýsariýanyň 2013-nji ýylda erkin ýüzýän hümmet düzgüninden beýleki dolandyrylýan kadalaşdyrma hümmeti düzgünine geçendigi ünsüňi çekijidir. 2014-nji ýylda HPG-niň esasy görnüşlerine girmeýän, beýleki dolandyrylýan kadalaşdyrma düzgünine degişli edilen döwletleriň sanynyň göterimi artdy. Bu walýuta hümmetini saýlap almagyň ähli döwletler ýa-da aýratyn bir döwlet üçin umumy kabul edilen iň amatly görnüşiniň, meger, ýokdugyny we döwletleriň walýuta hümmeti düzgünini ykdysady, maliýe we walýuta ýagdaýlaryna baglylykda saýlap almaga ýa-da özgertmäge mejbur bolýandyklaryny görkezýär.

Döwletleriň tejribesinde walýuta hümmetini kadalaşdyrmagyň esaslary (walýuta syýasatynyň labyry) hem tapawutlanýar. Mysal üçin, adaty berkidilen hümmet ABŞ-nyň dollaryna, ýewro, başga walýuta birligine ýa-da walýutalaryň sebedine berkidilip bilner. Şonuň ýalyda, dürli döwletleriň tejribesinde durnuklaşdyrylan kadalaşdyrma hümmeti ABŞ-nyň dollaryna, ýewro, başga walýuta birligine ýa-da walýutalaryň sebedine, pul toplumyna, hümmetsizlenmä görä kadalaşdyrylyp bilner. Şunda kadalaşdyrmada esas alynýan görkeziji (inflýasiýa, pul agregaty, daşary ýurt walýutasyna gatnaşyklarda alyş-çalyş hümmeti) walýuta hümmetini kadalaşdyrmagyň “labyry“ bolup hyzmat edýär. HPG walýuta hümmeti düzgünleriniň kadalaşdyrma usullaryny (walýuta syýasatynyň labyryny) hem jemi 7 görnüşe bölýär. 2014-nji ýylda Gaznanyň agza döwletleriň 44-si öz walýutalaryny ABŞ-nyň dollaryna, 27-si ýewro, 8-si başga walýuta birligine, 13-si walýutalaryň sebedine görä kadalaşdyrdylar, döwletleriň 26-sy bolsa walýuta toplumynyň görkezijilerine, 34-si inflýasiýa, 39-sy bolsa gaýry görkezijilere (şol sanda pul agregatyna we inflýasiýa bir wagtda) esaslanyp, walýuta hümmetini kadalaşdyrdylar.

*6-njy tablisa*

**Dünýäniň ýurtlary boýunça 2009- 2014-nji ýyllarda walýuta hümmeti düzgünleriniň kadalaşdyrma esaslary**

***(göterimde)***

| **Kadalaşdyrma esaslary** | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 | 2013 | 2014 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| ABŞ-nyň dollaryna | 33,0 | 28,7 | 26,5 | 25,3 | 22,6 | 23,0 |
| Ýewro | 14,4 | 14,4 | 14,8 | 14,2 | 14,2 | 14,1 |
| Walýuta sebedine | 8,0 | 7,4 | 7,9 | 7,4 | 6,8 | 6,8 |
| Başga walýutalara | 3,7 | 4,3 | 3,7 | 4,2 | 4,2 | 4,2 |
| Pul enjamyna | 11,7 | 13,3 | 13,2 | 15,3 | 15,3 | 13,6 |
| Inflýasiýa | 22,9 | 15,4 | 16,4 | 16,3 | 16,8 | 17,8 |
| Gaýrylar | 6,4 | 16,5 | 17,5 | 17,4 | 20,0 | 20,4 |

6-njy tablisadan görnüşi ýaly, 2009-2014-nji ýyllaryň dowamynda walýuta syýasatynyň labyry hökmünde walýuta hümmetini ABŞ-nyň dollaryna baglamak tejribesiniň peselendigini, walýuta sebedine, ýewro we başga walýuta baglamaklygyň, umuman, durnukly saklanandygyny görünýär. Walýuta labyrynyň esasy ösýän tejribesi “gaýrylar“ toparyna degişli bolup, ol, esasan, walýuta hümmetini kadalaşdyrmagyň dürli labyrlaryny bir wagtda ulanmaklygy öz içine alýar.

Käbir ýagdaýlarda döwletler öz walýutasyny bir daşary ýurt walýutasyna däl-de, daşary ýurt walýutalaryň sebedine baglamagy dogry hasaplaýarlar. Bu sebet, adatça, esasy söwda ýa-da maliýe hyzmatdaşlaryň walýutasyndan düzülýär, walýutalaryň sebetdäki agramy bolsa söwda akymlarynyň, maýalaryň we hyzmatlaryň akymlarynyň geografiki paýlanyşyny şöhlelendirýär. Bu usulda sebetdäki walýutalaryň özara alyş-çalyş hümmetleriniň hereketiniň täsiri bilen milli walýutanyň sebetdäki her bir daşary ýurt walýutasyna bolan gatnaşygy üýtgeýär, sebediň özüne bolan deňlik bolsa saklanyp galýar.

Şunuň bilen birlikde, käbir döwletlerde walýuta hümmeti düzgünininiň diňe biriniň däl, eýsem birnäçesiniň birwagtda hereket etmegi tejribeden mälimdir. Muňa başgaça köphümmetli düzgün

hem diýilýär. Köphümmetli düzgünde resmi hümmet, bankara hümmet, täjirçilik hümmeti, gözegçilikden daşarky hümmet ýaly walýuta alyş-çalyş deňlikleri bolup, olaryň her biri dürli usullarda we dürli faktorlaryň esasynda kesgitlenilýär.

Ýurtda walýuta alyş çalyş hümmetiniň haýsy görnüşiniň (berk ýa-da has çeýe düzgüniň) ileri tutulýandygyna baglylykda, walýutanyň düzgünleriniň giň görnüşlerinden birini saýlap almak mümkindir. Dünýä döwletleriniň arasynda soňky ýyllarda walýuta hümmeti düzgünlerini üýtgetme meýilleriniň ýokarydygy göze ilýär. Bu meýiller dürli faktorlar, şol sanda wagtyň geçmegi bilen ykdysady şertleriň we ýurtlaryň tutuş ykdysady syýasatlarynyň üýgemegi, söwdanyň we maliýe bazarlarynyň liberallaşmagy we globallaşmagy we olaryň netijesinde maýanyň hereketiniň ýokarlanmagy we daşary ykdysady gatnaşyklarda walýutany kadalaşdyrmagyň zerurlygynyň we ähmiýetiniň artmagy bilen baglydyr. Inflýasiýany pese düşürmegiň we daşarky bäsleşige ukyplylygyň arasyndaky dartgynlylyk has çeýe mehanizmlere geçmek barada çözgüt kabul eden ýurtlar üçin esasy höweslendirme boldy. Berk hümmetlerden birneme çeýe alyş-çalyş hümmetine tertipli geçmegi başaran ýurtlar berk daňylan we erkin ýüzýän hümmetleriň arasyndaky aralyk düzgünleriň kömegi bilen birnäçe ýylyň dowamynda ädimme-ädim hereket etdiler.

Ösen bazar ykdysadyýetli döwletleriň aglabasy has çeýe (ýüzýän, erkin ýüzýän) alyş-çalyş hümmeti düzgüniniň ol ýa-da beýleki görnüşini ulanýarlar. Köp ýurtlar öň yglan edilen syýasatyň anyk maksatlaryna ýetmek (mysal üçin, töleg balansynyň ýagdaýyna täsir etmek ýa-da parallel bazaryň hümmeti bilen aradaky tapawudy peseltmek) üçin, walýuta bazaryna işjeň gatyşmak (walýuta interwensiýasyny amala aşyrmak) arkaly alyş-çalyş hümmetini berk kadalaşdyrdylar. Şunda, kadalaşdyrylýan ýüzýän hümmetiň bu görnüşi, köplenç, şowsuz boldy, sebäbi kadalaşdyryjy edaralar şol bir wagtda makroykdysady syýasatda düzedişleri geçirmediler. Bu çäräniň şowsuzlyga uçramagynyň tizligi döwletleriň halkara ätiýaçlyklarynyň derejesine, ýagny gatyşmany amala aşyrmak güýjüne we dowamlylygyna hem bagly boldy. Egerde pul-karz kadalaşdyryjy edaralary bazara alyş-çalyş hümmeti kesgitlemek borjuny berýän bolsalar, gatyşma (interwensiýa) syýasatyny çäkli ulanmaga mejburdyrlar. Şunda gatyşmanyň maksady alyş-çalyş

hümmetiniň derejesini peseltmek üçin basyş etmäge däl-de, onuň üýtgemesini ýumşatmaga gönükdirilmelidir. Bu görnüşiň çäklerinde pul-karz syýasaty, iş ýüzünde, walýuta hümmetinden garaşsyzdyr.

Halkara walýuta maliýe we karz gatnaşyklarda walýuta kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň halkara tejribesi we ösüş ugurlary babatda şu netijelere gelmek bolar:

– dünýa walýuta ulgamynyň döremegi we ösmegi bilen baglylykda döwlet we halkara derejesinde daşary ykdysady gatnaşyklarda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň ähmiýeti artdy;

– ýüze çykan bütindünýä çökgünlikleri we ykdysady sarsgynlar netijesinde halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmaga we walýuta amallaryna gözegçilige bolan garaýyşlar, onuň ulanylýan ugurlary we tärleri yzygiderli üýtgemelere sezewar boldy;

– halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň çägindäki walýuta çäklendirmeleriniň dünýä ykdysadyýetine we milli ykdysadyýetlere täsiri baradaky jedeller häzirki wagtda hem dowam edýär we bu babatda gutarnykly we kabul edilen netije ýokdur;

– halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik boýunça döwletara gatnaşyklarynyň hukuk esaslary HPG-niň tertipnamasynyň (şertnamasynyň) esasynda düzgünleşdirilip, ol agza döwletlerde gündelik amallara gözegçiligi (çäklendirmeleri) aradan aýyrmagy talap edýär;

– halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik boýunça halkara hyzmatdaşlygyny we tejribesini utgaşdyrýan HPG-niň resmileriniň we ykdysatçy-alymlaryň pikirleri we garaýyşlary elmydama bu guramanyň resmi talaplaryna gabat gelmeýär we ykdysady ýagdaýlara we gazanylan täze tejribelere baglylykda tapawutlanýar;

– halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryna gözegçiliginiň halkara meýilleri, esasan, gündelik amallara gözegçiligi gowşatmaklyga we maýanyň hereketine gözegçiligiň derejesini bolsa amatly ýagdaýda saklamaklyga gönükdirilendir.

Döwletiň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň derejesi kesgitlenende halkara tejribesinde, esasan, şulara üns berilýär:

– ýurduň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetindäki ornuna we bäsleşige ukyplylyk derejesine;

– töleg balansynyň ýagdaýyna (ýetmezçilikli, artykmaçlykly, deňagramly);

– walýutalaryň konwentirlenmek derejeleri boýunça görnüşlerine;

– ýurtdaky bazar infrastrukturasynyň ýagdaýyna;

– ýurduň ykdysadyýetiniň iş kuwwatynyň derejesine (doly ýa-da doly däl);

– gazanylmak islenilýän esasy bähbide (maliýe serişdeleriniň çeşmeleri, artyk serişdeleri ýerleşdirmek, tehnologiýalaryň eksporty ýa-da importy we ş.m.);

– maýa goýumlaryň obýektlerine (içeri, daşary, aýry-aýry toplumlara we ş.m.).

Ykdysady şertleriň we ýurtlaryň tutuş ykdysady syýasatlarynyň üýtgemegi, söwdanyň we maliýe bazarlarynyň liberallaşmagy we globallaşmagy we olaryň netijesinde maýalaryň hereketiniň derejesiniň ýokarlanmagy we daşary ykdysady gatnaşyklarda walýutany kadalaşdyrmagyň zerurlygynyň we ähmiýetiniň artmagy bilen baglylykda, soňky ýyllarda HPG-ä agza döwletleriniň arasynda walýutalaryň kursunyň düzgünlerini üýtgetme meýilleriniň ýokarydygy göze ilýär.

Dünýäniň döwletlerinde ulanylýan walýuta kurslarynyň düzgünleriniň arasynda adaty berkitme hümmeti düzgünininiň, esasan, şol bir derejesinde saklanmagy, ýüzýän we erkin ýüzýän hümmeti düzgünininiň paýynyň bolsa peselmegi ünsüňi çekýär. Şunuň bilen birlikde, haýal üýtgeýäne çalymdaş kadalaşdyrma we beýleki dolandyrylýan kadalaşdyrma düzgünlerini ýaly aralyk düzgünleri ulanýan döwletleriň sanynyň bolsa artandygy görünýär. Bu meýiller soňky dünýä maliýe-ykdysady çökgünligi netijesinde döwletleriň has goragly walýuta syýasatlaryny ýöretmäge ymtylýandyklaryny görkezdi.

## 4.2. Walýutalaryň alyş-çalyş hümmetini saýlamagyň esasy ölçegleri

Dünýäniň dürli döwletleriniň tejribesinde ulanylan we ulanylýan alyş-çalyş hümmeti düzgünleri çeýelik derejesi boýunça tapawutlanýarlar. Bu düzgünleriň bir tarapynda berkidilen hümmet duran bolsa, beýleki tarapynda ýüzýän (erkin hereket edýän) hümmet durandyr. Bu ikisiniň aralygynda, çeýelik derejesine görä, dürli hümmet düzgünleri bolup biler.

Saýlanyp alnan walýuta hümmeti düzgüni näçe berkidilen hümmete ýakyn bolsa, walýutany kadalaşdyryjy edaralaryň alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemezligine ýol bermezlikde onuň orny uludyr. Munuň tersine, has çeýe düzgünlerde alyş-çalyş hümmetiniň derejesi, esasan, makroykdysady üýtgemeleri we syýasatlary şöhlelendirýän bazar hereketlerinden täsirlenýär. Ýüzýän alyş-çalyş hümmeti düzgünleriniň köp "bazar" görnüşlerinde resmi edaralar makroykdysady syýasatyň düzetmeleriniň gerekli ykdysady netijeleri berjekdigine bil baglap, bazara mümkin bolan pes derejede gatyşýarlar, ýagny walýuta interwensiýasyny çäkli derejede geçirýärler.

Berkidilen walýuta hümmeti şu aşakdaky ýagdaýlarda oňaýly hasaplanýar:

– ykdysadyýet diwersifikasiýalaşan bolsa;

– daşarky durnuklylyga görä, içerki durnuklylyga ýokary ähmiýet berilýän bolsa;

– esasy ykdysady sarsgynlaryň köpüsi içerki pul-karz syýasaty bilen bagly bolsa;

– ýurduň berkidilen hümmeti saklamak üçin ýeterlik ätiýaçlyklary bar bolsa;

– hökümetiň berk maliýe tertip-düzgünini saklamaga mümkinçiligi bar bolsa.

Ykdysady sarsgynlyklaryň ýüze çykan ýagdaýynda, berkidilen alyş-çalyş hümmeti pul-karz syýasatynyň ulanylmagyny çäklendirýär we düzetmeleriň esasy ýüküni doly salgyt-býujet syýasatynyň üstüne ýükleýär. Hususan-da, töleg balansynyň uly profisiti (artykmaçlygy) ýagdaýynda, býujet çykdajylaryny azaltmak bilen daşarky islegiň öwezini dolmak başartmaýar. Beýle ýagdaýlarda berkidilen walýuta

hümmeti düzgüni harytlaryň ýa-da aktiwleriň bahalarynyň ýokarlanmagyna (inflýasiýa) getirip biler.

Şu aşakdaky ýagdaýlarda walýuta hümmetiniň çeýe düzgünlerini ulanmak ýerliklidir:

– alyş-çalyş hümmetiniň kömegi bilen bahalaryň düzedilmesi daşarky sarsgynlara garşy islenilýän jogap çäresi bolup durýan bolsa,

– pul-karz syýasaty ynamdan peýdalanýan we önümçiligiň göwrümini kadalaşdyrmak üçin netijeli ulanylyp bilinjek bolsa;

– ykdysady agentler tarapyndan töwekgelçiligi dolandyrmaklykda hüşgärligi höweslendirmek we walýuta bazaryny goldamak (höweslendirmek) zerur bolsa;

– ýurda halkara ätiýaçlyklaryny artdyrmak we saklamak zerur bolsa.

## 4.3. Türkmenistanda milli walýutanyň alyş-çalyş hümmetiniň unifikasiýasy we onuň netijeleri

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň dekabr aýynda gol çeken degişli Kararynyň esasynda Türkmenistanda 2008-nji ýylyň başyndan başlap milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna gatnaşykda ýeke-täk hümmetini girizmek boýunça çärelere girişildi. 2008-nji ýylyň 1-nji maýyndan manadyň daşary ýurt walýutasyna gatnaşykda unifisirlenen hümmetini girizmek mümkin boldy. Bu hümmet manadyň resmi hümmeti bolup, ol ähli maliýe-hojalyk amallarynda ulanylýan ýeke-täk hümmet hökmünde kesgitlenildi.

Milli walýutanyň ykdysadyýetde kadaly hereket etmegi we ýurduň ykdysadyýetiniň ösüşi bir-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Daşary ýurtlaryň (Belarus Respublikasy, Eýran Yslam Respublikasy, Liwiýa) tejribesinden mälim bolşy ýaly (goşundy O), puluň iki ýa-da ondan-da köp hümmetiniň hereket etmegi maliýe- hojalyk amallarynda, durmuş gurşawynda oňaýsyzlyklary ýüze çykarýar. Bu bolsa öz gezeginde bahalaryň kesgitlenilmegi, girdejileriň paýlanylmagy, maýa goýumlaryň ýerleşdirilmegi, maliýe amallarynyň işjeňleşmegi babatda oňyn bolmadyk täsirleri döredýär. Amala aşyrylan walýuta özgertmesiniň netijesinde milli walýutanyň bir hümmetiniň girizilmegi bu oňaýsyzlyklary aradan aýyrdy. Ýurduň ykdysadyýetiniň

ähli pudaklarynyň ösüşine, ykdysadyýetde bäsleşikli bazar gatnaşyklarynyň ýaýbaňlanmagyna, raýatlaryň durmuş derejesiniň düýpli ýokarlanmagyna oňyn täsirini ýetirdi.

Unifisirlenen walýuta hümmetiniň girizilmegi walýuta bazaryny düýpli özgertdi. Bu hümmeti saklamak üçin ýurtda nagt (raýatlar üçin) we nagt däl (telekeçilik maksatlary üçin) görnüşde daşary ýurt walýutasyna bolan islegi bökdençsiz kanagatlandyrmak zerur bolup durýardy. Şu maksat bilen hem zerur çäreleriň toplumy amala aşyryldy.

Netijede, Türkmenistan walýuta özgertmelerini geçirmek arkaly walýuta syýasatynda köphümmetli ulgamdan birhümmetli ulgama geçdi.

Häzirki wagtda HPG öz bahalandyrmalarynda Türkmenistanda ulanylýan walýuta hümmeti düzgünini adaty berkitme hümmetine degişli edýär. Kadalaşdyrmagyň binýady (labyry) hökmünde bolsa ABŞ dollaryna baglanmany kesgitleýär .

Türkmenistanyň kanunçylygynda TMB-ne walýuta interwensiýasyny amala aşyrmaga ygtyýarlyk berlendir. Walýuta interwensiýasy TMB tarapyndan Türkmenistanyň walýuta bazarynda daşary ýurt walýutasynyň satyn alynmagy we satylmagy arkaly amala aşyrylýar, ol Türkmenistanyň pul-karz syýasatynyň esasy gurallarynyň biri bolup durýar. Bu çäre milli walýutanyň hümmetine, onuň jemlenen islegine we teklibine täsir etmek, netijede walýutanyň hümmetini durnukly saklamak maksady bilen amala aşyrylýar .

Ýurdumyzyň walýuta kanunçylygynda puluň resmi we bazar hümmetleri göz öňünde tutulandyr we bu hümmetleriň arasynda özara baglanyşyk bellenendir. Muňa garamazdan, kanunçylykda walýutanyň hümmetini berkitmegiň düzgüni, walýuta syýasatynyň labyry, ýagny milli walýutanyň haýsydyr bir daşary ýurt walýutasyna baglanmagy barada bellenen däldir we walýuta hümmetiniň çeýeligi üçin mümkinçilikler göz öňünde tutulandyr. Milli walýutanyň hereket edýän ABŞ-nyň dollaryna gatnaşykda berk saklama düzgüni TMB-niň walýuta syýasatynyň netijesi bolup, ol, esasan, walýuta bazarynda interwensiýa (gatyşma) guralyny ulanmak arkaly durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanda 2008-nji ýylyň 1-nji maýyndan walýuta alyş-çalyş hümmetleriniň birleşdirilmeginden (unifikasiýasyndan) we mak-

roykdysady syýasaty ýöretmek üçin “Zabyryň“ girizilmeginden soňra alyş-çalyş hümmetine basyşyň döremezligi aşakdaky ýagdaýlarda şöhlelendi:

– gündelik hasap boýunça daşary ýurt walýutalarynyň elýeterliliginiň artmagy;

– Merkezi bank tarapyndan daşary ýurt walýutalarynyň teklibiniň ýeterlik bolmagy;

– daşary söwdada has erkinleşdirilen düzgüne geçilmegi.

Bu çäreleriň dowam etdirilmegi we çuňlaşdyrylmagy birleşdirilen hümmetiň saklanmagynda we berkidilmeginde esasy girew bolup hyzmat etdi.

## 4.4. Türkmenistanda walýutanyň hümmet düzgüni we walýuta bazarynyň ösüşi bilen baglylykda ony kämilleşdirmegiň ýollary

Halkara tejribesiniň görkezişi ýaly, uglewodorod serişdelerine baý döwletleriň ykdysadyýetlerinde çeýeligiň dürli derejelerinde alyş--çalyş hümmetiniň mehanizmleri ulanylandyr. Bu döwletleriň käbirleri, dürli sebäplere görä, ilkibaşda saýlap alan walýutalarynyň hümmet düzgünini üýtgedip durdular. Bu ýagdaý hatda eksportynda uglewodorod serişdeleri uly paý tutýan ýurtlar üçin hem hemme wagtda iň amatly bolan ýeke-täk düzgüniň ýoklugynyň ähtimallygyny görkezýär.

Şol sebäpli-de, belli bir daşary ýurt walýutasyna berk baglanma walýuta hümmeti düzgünini uglewodorod serişdelerine baý döwletler üçin hem ýeke-täk dogry düzgün hasaplamak ýerlikli däldir.

Uglewodorod serişdelerini eksport ediji döwletleriň walýuta alyş-çalyş hümmetleriniň uzak bolmadyk taryhdaky ösüşi berkidilen alyş-çalyş hümmetini ulanýan döwletler üçin nebitiň we tebigy gazyň bahalarynyň durnuksyzlygy bilen bagly töwekgelçiligiň ýüze çykyp biljekdigini görkezýär. Russiýa Federasiýasynda we Gazagystanda geçirilen dewalwasiýa güýçli daşarky sarsgynlaryň netijesinde berkidilen alyş-çalyş hümmetini düzetmäniň çalt ynamdan gaçýandygyny we düzetmäniň nähili gymmata düşýändigini görkezdi. Bu ýagdaý, hususan-da, daşary ykdysady gatnaşyklara gatnaşyjylar (şol sanda

ykdysady we maliýe agentleri) walýuta töwekgelçiliginiň ýoklugyna ynanmak bilen hereket edenlerinde has ýiti ýüze çykýar. Bu ýagdaýy aşakdaky mysalda görüp bileris.

Soňky 10 ýylyň dowamynda berkidilen hümmet düzgünini şowly ulanyp gelýän, uglewodorod serişdelerini eksport ediji A döwlet her ýyl maýanyň hereketiniň we gündelik amallaryň oňyn galyndysy netijesinde, döwletiň halkara ätiýaçlyklaryny artdyryp, 15 milliard amerikan dollaryna ýetirmegi başardy. Emma 11-nji ýylda daşarky bazarda, esasy söwda hyzmatdaşy (hyzmatdaşlary) bilen bagly söwda ykdysady we syýasy ýa-da adatdan daşary ýagdaýlaryň netijesinde eksportyň göwrüminiň we (ýa-da) bahalaryň pese düşmegi netijesinde, döwletiň söwda balansy ýaramazlaşmaga başlady. Netijede, 11-nji ýylda döwletiň söwda balansy 8 milliard, 12-nji ýylyň 1-nji ýarymynda bolsa 7 milliard amerikan dollary oňyn bolmadyk galyndy bilen jemlendi. Berkidilen hümmet düzgüniniň saklanmagy netijesinde, töleg balansyny kadalaşdyrmak mümkin bolmady.

Şu şertde, görşümiz ýaly, döwlet halkara ätiýaçlyklaryny 1,5 ýylda doly ýitirdi. Eger-de daşary ýurt maýalarynyň içeri akymynyň haýallamagyny we daşary akymynyň çaltlaşmagyny hem munuň üstüne goşsak, onda bu möhlet has hem gysgalyp biler. Bu meýil dowam eden ýagdaýynda döwletiň halkara ätiýaçlyklarynyň gutarmagy sebäpli, berkidilen hümmeti saklamak mümkin däldir. Eger-de döwlet halkara ätiýaçlyklaryny saklamak maksady bilen, mysal üçin, 11-nji ýylyň soňunda dewalwasiýa amala aşyrsa, bu onuň milli walýutasyna bolan ynamy sarsdyrmaga, ýiti inflýasiýanyň ýüze çykmagyna we çökgünlige getirip biler.

Halkara ätiýaçlyklarynyň ygtybarly möçberi, daşary ýurtlar bilen ykdysady we maliýe integrasiýasynyň çäkliligi we orta möhletli ykdysady mümkinçilikleri bilen, Türkmenistan babatda beýle wakanyň ýüze çykmak töwekgelçiliginiň çäklidigini bellemek gerek. Daşarky bazary, şol sanda uglewodorod serişdeleriniň eksport bazaryny diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler şeýle sarsgynlaryň ýüze çykmak töwekgelçiligini aradan aýyrmaga ýardam berýär. Şeýle-de bolsa tebigy gazyň eksportynyň bazar bahalaryna geçmegi, ykdysadyýetiň hususy böleginiň çalt depginler bilen ösmegi geljekde walýuta hümmeti düzgünini saýlap almakda, berk berkidi-

len düzgüne görä, has çeýe düzgünlere geçmegiň mümkinçiliklerini öwrenmegiň we taýýarlyk çärelerini görmegiň zerurlygyny artdyrýar.

## 4.5. Türkmenistanda walýuta hümmetiniň çeýeligini ýokarlandyrmagyň ähmiýeti, ony amala aşyrmagyň ýollary we netijeleri

Türkmenistanyň häzirki ykdysady şertlerinde alyş-çalyş hümmetiniň çeýeliginiň artdyrylmagy aşakdakylar bilen utgaşdyrdyrylmalydyr:

– söwda we maýa goýumlar babatda has açyk syýasaty girizmek;

– bazary makroykdysady taýdan kadalaşdyrmaga ünsi güýçlendirmek.

Berk daňylan hümmete görä, has çeýe alyş-çalyş hümmetine geçiş ädimme-ädim amala aşyrylmagy we gowy taýýarlygy talap edýär, çünki maliýe bazarlarynyň zerur bolan ösüşi üçin, şol sanda gowy işleýän walýuta bazaryny döretmek üçin wagt we tejribe zerurdyr. Şol bir wagtda TMB-ne pul-karz kadalaşdyrmasynda bazar mehanizmlerini has giň ulanmagyň usullaryny işläp düzmek we walýuta töwekgelçiligini we walýuta gatyşma (interwensiýa) syýasatyny dolandyrmagyň ýeterlik tejribesini toplamak zerurdyr.

Şunda Türkmenistanyň şertlerinde çeýe hümmete geçmegiň ilkinji ädimine mysal hökmünde manadyň alyş-çalyş hümmetiniň iki ýa-da ondan köp daşary ýurt walýutasynyň sebedine baglanmagyny görkezmek bolar.

Iki ýa-da birnäçe walýutalardan düzülen sebetde baglanan alyş--çalyş hümmeti milli walýutasynyň gymmatyny sebetdäki pullaryň ortaça gymmatyna gatnaşykda durnuklylaşdyrmaga ýardam berýär. Adatça, sebede giriziljek walýutalary saýlamak we olaryň sebetdäki paýy belli bir döwrüň dowamynda daşary söwdanyň (eksport goşmak import) geografiki paýlanyşyny hasaba almak bilen kesgitlenilýär. Uglewodorod serişdelerini eksport edijiler üçin walýutalaryň sebetdäki agramyny nebitiň we gazyň söwdasyny aýyrmak bilen kesgitlemek mümkindir, çünki nebitiň we gazyň söwdasy, adatça, milli walýutanyň hümmetiniň üýtgemeginden az täsirlenýär.

Şunda, hususan-da, göwrümi uly bolan halatynda, döwletiň halkara ätiýaçlyklarynyň walýuta düzümi hem nazara alnyp biler. Käbir ýurtlar walýuta sebedi hökmünde SDR sebedini hem ulanýarlar.

Milli walýutanyň hümmetiniň sebetde baglanmagy sebede goşulan her bir walýutanyň kesgitlenen agramy esasynda wagtyň belli bir pursadynda (binýatlyk döwür) kesgitlenýär. Eger-de sebediň düzümi ýurduň daşary söwdasynyň düzümini dogry şöhlelendirýän bolsa, bu düzgün daşary söwdada walýuta hümmeti bilen baglylykda harytlaryň bahalarynyň üýtgemesini çäklendirip biler.

Alyş-çalyş hümmetiniň dollar/ ýewro sebedine baglanmak düzgüni unifikasiýa döwründen, ýagny 2008-nji ýylyň 1-nji maýyndan bäri hereket eden şertde, onuň nähili işlejekdigi seljerildi. Eger-de sebetde ABŞ-nyň dollarynyň we ýewronyň paýy deň (0,5+0,5) bolsa, manadyň ABŞ-nyň dollaryna, ýewro we sebede girmeýän türk lirasyna gatnaşygynyň netijeleri indiki tablisada berilýär.

*7-nji tablisa*

**ABŞ-nyň dollary/ýewro sebedinde manadyň hümmeti**

| | 01.05. 2008 | 01.01. 2009 | 01.01. 2010 | 01.01. 2011 | 01.01. 2012 | 01.01. 2013 | 01.01. 2014 | 01.01. 2015 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Manat/ABŞ-nyň dollary** | | | | | | | | |
| Sebet | 2,85 | 3,02 | 3,00 | 3,14 | 3,18 | 3,14 | 3,07 | 3,29 |
| Hakykysy | 2,85 | 2,85 | 2,85 | 2,85 | 2,85 | 2,85 | 2,85 | 3,50 |
| **Manat/ ýewro** | | | | | | | | |
| Sebet | 4,44 | 4,27 | 4,29 | 4,15 | 4,11 | 4,15 | 4,22 | 4,00 |
| Hakykysy | 4,44 | 4,02 | 4,09 | 3,77 | 3,69 | 3,76 | 3,92 | 4,25 |
| **Manat/türk lirasy** | | | | | | | | |
| Sebet | 2,22 | 2,00 | 1,98 | 2,02 | 1,66 | 1,75 | 1,43 | 1,42 |
| Hakykysy | 2,22 | 1,88 | 1,89 | 1,83 | 1,49 | 1,59 | 1,32 | 1,51 |
| Manat/sebet | 3,65 | 3,65 | 3,65 | 3,65 | 3,65 | 3,65 | 3,65 | 3,65 |

7-nji tablisadan görnüşi ýaly, türk lirasy sebede goşulmadyk bolsa-da, manadyň diňe amerikan dollaryna baglanan hümmeti bilen

deňeşdirilende ABŞ-nyň dollary we ýewro sebedinde manadyň türk lirasyna gatnaşykda hümmet üýtgemesiniň ýumşandygyny görmek bolýar.

7-nji tablisadaky maglumatlardan görnüşi ýaly, manadyň sebet hümmeti 1 sebet birligi = 3,65 manat bolup, bu durnukly saklanylýar. Emma 1 manadyň sebediň içindäki pul birliklerine gatnaşygy bolsa, görşümiz ýaly, yzygiderli üýtgeýär. Şunda, sebetdäki ýewronyň ABŞ-nyň dollaryna gatnaşykda hümmetiniň peselmegi bilen baglylykda, manadyň amerikan dollaryna gatnaşykda hümmetiniň peselýändigini görýäris. Munuň tersine, häzirki hereket edýän, ABŞ-nyň dollaryna baglanma hümmeti (hakyky hümmet) bilen deňeşdirilende, manadyň ýewro gatnaşykda hümmetiniň has pes derejede (ýumşak) berkeýändigi ünsüňi çekýär.

Manadyň hümmetiniň türk lirasyna garşy ýumşak berkemegi alyş-çalyş hümmetiniň täsiri bilen türkmen harytlarynyň Türkiýe bazarynda umumy bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanjakdygyny (ýa-da pes derejede ýaramazlaşjagyny) hem aňladýar.

*8-nji tablisa*

**Türk lirasynyň ABŞ-nyň dollaryna ortaça hümmet gatnaşygy**

| Döwür | ABŞ-nyň dollary | Türk lirasy | Türk lirasynyň üýtgemesi % gatnaşykda |
|---|---|---|---|
| Ýanwar-fewral, 2013 | 1 | 1,7725 | 24,92% |
| Ýanwar-fewral, 2014 | 1 | 2,2143 | |

8-nji tablisadan görnüşi ýaly, deňeşdirilýän döwürde türk lirasynyň ABŞ-nyň dollaryna gatnaşykda ortaça hümmeti 24,92% peselipdir. Bu ýagdaý Türkiýe Respublikasyna ABŞ-nyň dollarynda satylýan önümleriň türk lirasyndaky bahasynyň ýokarlanmagyna we netijede Türkiýe Respublikasynyň içerki bazaryndaky daşary ýurtlardan satyn alynýan harytlara bolan islegiň peselmegine getiripdir. Bu bolsa öz gezeginde bu ýurda amerikan dollarynda eksport edilýän

türkmen deri önümleriniň türk lirasyndaky bahalarynyň diňe hümmet üýtgemesiniň täsiri netijesinde 24,92% ýokarlanmagyna getirýär.

Sebetde girizilýän walýutalaryň sany artdygyça, milli walýutanyň hümmetiniň üýtgemesiniň öň bir özüne baglanan ABŞ-nyň dollaryna gatnaşykda ýokarlanmagy, sebede girizilýän beýleki walýutalara gatnaşykda bolsa peselmegi ABŞ-nyň dollaryndan beýleki walýutalaryň hereket edýän bazarlarynda Türkmenistanyň söwda-ykdysady gatnaşyklaryny has netijeli kadalaşýandygyny görkezýär. Milli walýutanyň alyş-çalyş hümmetini ABŞ-nyň dollaryna, ýewro we ABŞ-nyň dollary sebedine (2 pully sebede), şeýle hem ýewro, ABŞ-nyň dollary, türk lirasy sebedine (3 pully sebetde) baglananda her bir aýry-aýry daşary ýurt walýuta birligine gatnaşykda manadyň hümmetiniň üýtgeýşi goşundydaky diagrammada görünýär

Türkmenistanyň şertlerinde, milli walýutanyň birliginiň alyş-çalyş hümmetini birden erkin ýüzýän hümmet düzgünine geçirmek we hümmeti bazar kadalaşdyrmasy esasynda durnukly sazlamak nazary taýdan mümkin görünse-de, ony durmuşa geçirmek berk taýýarlygy, şol sanda aşakdaky zerurlyklary talap edýär:

– ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak derejesini ýokarlandyrmak;

– walýuta bazaryny kemala getirmek we ösdürmek;

– çeýe walýuta hümmeti düzgünine tapgyrlaýyn geçmäge bolan zerurlyk;

– ykdysadyýetde, şol sanda walýuta bazarynda döwletiň paýynyň ýokary bolmagy we hususy bölegi ösdürmäge bolan zerurlyk;

– walýuta bazaryny ösdürmäge, walýuta bazarynyň dürli gurallaryna bolan zerurlyk;

– maliýe-pul kadalaşdyryjylarynyň çeýe walýuta düzgüninde netijeli makroykdysady kadalaşdyrmany alyp barmaga taýýarlygynyň bolmagy;

– ykdysady agentleriň çeýe walýuta hümmeti düzgüninde walýuta töwekgelçiligini dolandyrmaga taýýarlygynyň bolmagy we beýlekiler.

## 4.6. Türkmenistanda daşary ýurt walýutasynyň bazary we ony kadalaşdyrmagyň meseleleri

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 30-njy maýynda çykaran 9847-nji Kararyna laýyklykda, daşary ýurt walýutasyny kadalaşdyrmak we milli walýutanyň ýeke-täk hümmetini saklamak boýunça esasy çäreler kesgitlenildi. Şolaryň hatarynda TBWB-niň işi özgerdilip guraldy, "Tiirkmenistanyň Bankara walýuta biržasy hakynda" düzgünnama we "Birža söwdalarynyň kadalary" tassyklanyldy. Bularyň esasynda TBWB-niň işi özgerdilip guraldy, onuň işi gündelik tertipde ýola goýuldy.

Bu çäre 2008-nji ýylyň 1-nji maýyndan manadyň ýeke-täk alyş-çalyş hümmetiniň girizilmeginden we banklaryň alyş-çalyş nokatlarynyň açylmagyndan soňra amala aşyrylan nobatdaky çäreleriň biri boldy. Ýeke-täk hümmetiň girizilmeginden soňra banklar tarapyndan walýuta alyş-çalyş amallarynyň nagt we nagt däl görnüşde erkin geçirilmäge başlanmagy gyssagly ýagdaýda bankara walýuta bazaryny hem özgerdip guramaga zerurlyk döretdi.

2008-nji ýylda başlanan walýuta özgertmeleriniň dowamynda amala aşyrylan esasy çäreleriň hatarynda aşakdakylary görkezmek bolar:

– milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna gatnaşykda ýeke--täk alyş-çalyş hümmetiniň girizilmegi;

– ygtyýarly banklaryň walýuta alyş-çalyş nokatlarynyň açylmagy;

– ygtyýarly banklara birinji derejeli daşary ýurt banklarynda korrespondent hasaplaryny açyp, gündelik walýuta amallaryny geçirmäge ygtyýar berilmegi;

– bankara walýuta bazarynyň işiniň özgerdilmegi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 27-nji dekabrynda çykaran 9328-nji Kararynyň esasynda Türkmenistanyň ygtyýarlandyrylan banklarynyň ilatyň daşary ýurt walýutasyna islegini kanagatlandyrmak üçin alyş-çalyş nokatlarynyň gerimini giňeltmäge borçlandyrylmagy netijesinde, daşary ýurt walýutasynda amallar geçirmäge TMB-niň baş ygtyýarnamasy bolan banklar (ygtyýarly bank-

lar) tarapyndan walýuta alyş-çalyş nokatlary açylyp, olaryň gerimi giňeldilmäge başlandy. Şeýle hem, banklar daşary ýurt walýutasyna ykdysadyýetiň diňe döwlete dahylsyz bölegindäki kärhanalara, edaralara we guramalara, hususy telekeçilere hem-de ilata, aratapawutdaky girdejileri göz öňünde tutup, satmaga we satyn almaga borçlandyryldy.

Ýurdumyzda soňky ýyllarda hem bank şahamçalarynyň geriminiň giňemegi bilen gyradeň derejede, walýuta alyş-çalyş nokatlarynyň sany hem artýar. Emma şunda, görnüşi ýaly, 24 sagat işleýän walýuta alyş-çalyş nokatlarynyň sany 2014-nji ýylyň sentýabryndan bäri kemelip, 11-den 8-e düşüpdir. Bu ýagdaý walýuta alyş-çalyş nokatlarynyň ykdysady taýdan bähbitlilik ýagdaýyna baglylykda, täjirçilik banklary tarapyndan 3 sany 24 sagat işleýän alyş-çalyş nokadynyň iş sagadynyň adaty düzgüne geçirilmegi bilen baglydyr.

Bankara walýuta bazarynyň we TBWB-niň işiniň kämilleşdirilmegi nagt we nagt däl walýuta alyş-çalyş bazaryny ösdürmekde möhüm orun eýeleýär. Bu bazar diňe bir alyş-çalyş nokatlary, täjirçilik banklary üçin daşary ýurt walýutasyna bolan islegi kanagatlandyrmagyň däl-de, eýsem TMB-niň hem walýuta gatyşmasyny (interwensiýasyny) amala aşyrýan möhüm walýuta alyş-çalyş merkezidir. Häzirki wagtda TBWB ýurdumyzda hereket edýän ýeke-täk guramaçylykly bankara walýuta bazarydyr.

“Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, walýuta biržalary walýuta gözegçiliginiň agentleriniň hataryna girýär. Kanuna laýyklykda, ygtyýarly banklar hem walýuta gözegçiliginiň agentleridirler.

Şunuň bilen birlikde, TBWB-niň düzgünnamasynda, biržanyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň sanawynda “özüniň seljeriş barlaglaryny geçirýär“ we “Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki işleri ýerine ýetirýär” diýip bellenendir. Şunuň bilen birlikde, TMB tarapyndan TBWB-niň söwdalarynda daşary ýurt walýutasyny satyn almak üçin resminamalaryň sanawy bellenendir. Bu resminamalaryň arasynda işi amala aşyrmaga ygtyýarnama, walýuta serişdelerini peýdalanmaga esas bolýan töleg resminamalary, harytlaryň getirilendigi, işleriň ýerine ýetirilendigi baradaky resminamalar, desganyň gurluşyk ýagdaýynyň foto maglumatlary, manat

serişdeleriniň gelip çykyşy baradaky güwänama ýaly gözegçilik, şol sanda eksport-import pul gözegçiligi bilen bagly resminamalar hem girizilendir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 30-njy maýynda çykaran 9847-nji Karary bilen tassyklanan, Birža söwdalarynyň kadalarynyň 8-nji maddasyna laýyklykda bolsa, “Daşary ýurt walýutasyny satyn almak üçin ýüztutmalara garalan mahaly şertnamanyň töleg şertleriniň ýa-da töleg üçin beýleki resminamalaryň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň namalary bilen bellenen talaplara laýyklygy barlanylýar”. Şunuň bilen birlikde, şol Kararyň esasynda şertnamalaryň töleg şertlerini barlamaklyk ygtyýarly banklaryň hem wezipesi bolup durýar. Kararyň 7-nji maddasyna laýyklykda, TDHÇMB “şertnamalary Türkmenistanyň hyzmat edýän bankynyň şertnamanyň töleg şertleriniň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň namalary we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen bellenen talaplara laýyk gelýändigi baradaky oňyn netijenamasy bar mahaly hasaba almaly“.

Görnüşi ýaly, şertnamalaryň töleg şertleri boýunça walýuta gözegçiliginiň TMB-ni hasaba almanyňda, ýene-de iki derejede walýuta biržasy we hyzmat edýän bank derejesinde barlaga degişli bolýar we bu hem halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklaryna, bu gatnaşykdaky hasaplaşyk amallaryň, hususan-da, nagt däl hasaplaşyklaryň tizligine oňaýsyz täsirini ýetirip biler.

Walýuta bazaryny mundan buýana-da ösdürmek boýunça özgertmeleriň çäginde, geljekde halkara walýuta maliýe we karz gatnaşyklarda walýuta gözegçiligini has netijeli guramak we ykdysady birlikler üçin päsgelçiliksiz amala aşyrmak maksady bilen, şeýle hem walýuta biržasynyň işini onuň esasy wezipesi bolan “öz agzalaryna söwda meýdanyny bermek, birža söwdalaryny geçirmek üçin şertleri üpjün etmek“ wezipesine doly laýyk getirmek maksady bilen, walýuta gözegçiligi wezipesini doly ýa-da bölekleýin walýuta biržasyndan aýyrmak ýerliklidir.

Walýuta özgertmeleriň amala aşyrylmagyndan bäri geçen döwrüň tejribesi esasynda, Türkmenistanda Bankara walýuta bazarynyň, şol sanda TBWB-niň işini kämilleşdirmek boýunça başga-da käbir özgertmeleriň zerurlygyny bellemek ýerliklidir. Şolaryň biri hem birža agzalyk bilen baglydyr.

“Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasy hakyndaky” düzgünnama laýyklykda, TMB-den başga Biržanyň şu agzalaryna walýuta söwdalaryna gatnaşmak hukugy berilýär:

– Türkmenistanda hasaba alnan we daşary ýurt walýutasynda amallary geçirmek üçin TMB tarapyndan berlen ygtyýamamasy bolan ygtyýarly banklar;

– daşary ýurt walýutasynda eksport girdejisi bolan eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki beýleki edara görnüşli taraplar.

Şunda, eýeçiligiň ähli görnüşlerindäki beýleki edara görnüşli taraplar babatda, “daşary ýurt walýutasynda eksport girdejisiniň bolmagy” babatdaky talaba hem gaýtadan seredilmegi ýerlikli hasaplanyldy. Çünki eksport girdejisiniň haýsy döwre degişli bolmalydygy, näçe möçberde bolmalydygy we bu talabyň ýerlikliligi ýa-da däldigi bilen baglylykda kadalaşdyrylmadyk soraglaryň ýüze çykmagy düşnüklidir.

Daşary ýurtlaryň tejribesine seredilende, mysal üçin, Moskwanyň Bankara walýuta biržasynyň walýuta bazary sektoryna agza bolmak üçin Russiýanyň Bankynyň (Merkezi bankynyň) milli we daşary ýurt walýutasynda bank amallaryna ygtyýarnamasynyň bolmagy zerurdyr, ýagny diňe degişli ygtyýarnamasy bolan banklar bu biržanyň agzalary bolup bilerler. Şunuň bilen birlikde, kliring bankyna agzalyk, biržanyň paýdarlarynyň biriniň hödürnamasynyň bolmagy ýaly goşmaça talaplar hem bildirilýär.

Gazagystanyň Gymmat baha kagyzlar (we walýuta) biržasynyň (KASE) walýuta bazarynyň ähli agzalary banklardan ybarat bolup durýar .

TBWB-niň hem iş ýüzünde (01.06.2014 çenli döwür boýunça) ähli agzalary diňe banklardyr.

Türkmenistanyň walýuta bazarynyň ýene-de bir meselesi walýuta bazaryndaky erkin bäsdeşlik bilen baglydyr. Türkmenistanda walýuta alyş-çalyş amallary üçin aýratyn ýa-da belli bir taraplara gönükdirilen salgytlar ýokdur. Muňa garamazdan, TBWB-de walýuta alyş-çalşyna gatnaşýan taraplaryň belli toparlary üçin artykmaçlyklar (ileri tutmalar) berilýär. “Birža söwdasynyň kadalaryna” laýyklykda, maliýeleşdirmegiň çeşmelerine garamazdan, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň binýatlyk pudaklarynda, şol sanda:

– eksport üçin önümleriň we harytlaryň senagat önümçiliginde;

– ýurduň çäklerinde önümçilik we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygynda;

– oba hojalyk önümlerini we halkyň sarp edýän harytlaryny öndürmekde taslamalary durmuşa geçirýän edara görnüşli taraplaryň we edara görnüşli tarapy döretmedik telekeçileriň biržada daşary ýurt puluny satyn almaga/satmaga artykmaç hukugy bardyr.

Bellenen ugurlara berlen artykmaçlyk, olar bilen deňeşdirilende beýleki ugurlaryň walýuta alyş-çalyş amallarynda hukuklarynyň çäklendirilmegine getirýär. Munuň özi manadyň daşary ýurt walýutasyna gatnaşykda ýeke-täk hümmetiniň girizilen we alyş-çalyş amallarynyň erkin geçirilýän, hususan-da, gündelik walýuta amallarynyň erkinleşdirilen şertlerinde, bazar ykdysadyýetinde walýuta biržalarynyň däp bolan wezipelerine we “Birža söwdalarynyň kadalarynyň“ we ‘Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasynyň“ düzgünnamasynyň beýleki degişli bölümlerine laýyk getirilmeginiň zerurdygyny görkezýär. Çünki “Birža söwdalarynyň kadalaryna“ laýyklykda birža söwdalarynyň bazardaky islege we teklibe esaslanýar. “Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasy hakynda“ düzgünnamanyň 7-nji bölümine laýyklykda bolsa milli walýutanyň we daşary ýurt walýutalarynyň birža hümmetlerini adalatly söwda şertlerinde bazardaky hakyky islege we teklibe laýyklykda kesgitlemek Biržanyň wezipeleriniň hataryna girýär.

Şunuň bilen birlikde, HPG walýuta alyş-çalyş amallarynda belli bir taraplar ýa-da ugurlar boýunça ileri tutmalaryň bellenilmegini gündelik amallary çäklendiriji çäre hökmünde bahalandyrylýar .

Şeýle hem, walýuta bazarynyň işini kämilleşdirmek bilen bagly uly bolmadyk soraglaryň biri hem, TBWB-niň ady, guramaçylyk-hukuk görnüşi we oňa agzalygyň şertleri bilen baglydyr, ýagny Biržanyň adynyň “Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasy” bolup durýandygyna garamazdan, düzgünnamasyna laýyklykda, ol:

– gös-göni TMB-a degişlidir (ýagny TMB-niň walýuta biržasydyr);

– birža agzalyk hukuklarynyň diňe banklara däl-de, gaýry degişli ýuridik taraplara hem berlendir (bankara walýuta biržasy däl-de, walýuta biržasydyr).

Şunuň bilen baglylykda, Biržanyň adyny onuň hukuk-guramaçylyk görnüşine laýyklykda özgertmek (mysal üçin, TMB-niň walýuta biržasy, Aşgabat walýuta biržasy) ýa-da onuň hukuk-guramaçylyk görnüşini kämilleşdirmegiň (mysal üçin, paýdarlar jemgyýetine öwürmek, agzalyk şertlerini özgertmek) ýerliklidigini bellemek bolar.

Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiliginiň milli tejribesi boýunça geçirilen seljermelere esaslanyp, aşakdaky netijelere gelmek bolar:

– Türkmenistanyň ykdysadyýetinde soňky ýyllarda bolup geçýän özgermeleriň netijesinde halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda gatnaşyklarda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiligiň netijeli tejribesini ýola goýmagyň we ony kämilleşdirmegiň zerurlygy yzygiderli artýar.

– Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany gözegçiligi taraplaryň şu aşakdaky 7 topary üçin tapawutlanýar:

– halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklaryny kadalaşdyryjy we walýuta amallaryna gözegçilik ediji edaralar;

– karz edaralary;

– dahyllylar - döwlet eýeçiligine degişli edara görnüşli taraplar;

– dahyllylar - hususy eýeçilige degişli edara görnüşli taraplar;

– dahyllylar - ýuridik şahsy döretmeýän telekeçiler;

– dahyllylar - fiziki şahslar (ýuridik şahsy döretmeýän telekeçilerden beýlekiler);

– dahylsyzlar.

Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta kadalaşdyrmagy we walýuta gözegçiligi kämilleşdirmegiň ilkinji ädimleriniň biri hökmünde milli walýuta kanunçylygyny kybaplaşdyrmak, kanunçylykda bellenen tertipleri anyk kesgitlemek, iş ýüzünde hereket etmeýän kadalaryň zerurlygyna gaýtadan seretmek zerurdyr.

Türkmenistanyň döwlet maksatnamalarynda ýurtda maliýe bazaryny ösdürmek boýunça göz öňünde tutulan çäreler bilen baglylykda,

ýakyn we orta geljekde daşary ykdysady gatnaşyklarda maýalaryň hereketiniň ähmiýetiniň, şol sanda sebitleýin maýa goýumlarynyň artjakdygyna we bu ugurda walýuta gözegçiligini kämilleşdirmegiň zerurlygyna ünsi çekmek bolar.

Maýalaryň daşary akymynyň öňüni almak boýunça berk we çäklendiriji çäreleriň (berk dolandyryş usullarynyň) çykdajylydygyny we daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösüşine oňaýsyz täsir ýetirmek mümkinçiligini nazara alyp, onuň bazar usullaryny ulanmaga ýykgyn edilmegi ýerlikli hasaplanylýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň açyklyk derejesiniň ýokary bolmagy daşary ykdysady çökgünliklere, daşary ykdysady sarsgynlara garşy ykdysadyýeti, şol sanda onuň eksport ugruny diwersifikasiýalaşdyrmak zerurlygyny ýüze çykarýar.

Ykdysadyýetiň dollarlaşmagynyň öňüni almak boýunça hereket edýän we köp walýuta hümmetli düzgünden galan tejribelere gaýtadan seretmek, şol sanda milli walýutanyň ýörgünliligini peseldýän çäklendirmeleri aradan aýyrmak zerur bolup durýar.

Türkmenistanda 2009-2014-nji ýyllarda geçirilen walýuta-maliýe özgertmeleriniň netijesinde, daşary ykdysady gatnaşyklarda walýuta gözegçiliginiň esasy ugry maýalaryň hereketine, hususan-da, maýalaryň esassyz we gözegçilikden daşary hereketiniň öňüni almaga gönükdirilendir. Muňa garamazdan, bellenip geçilen käbir ugurlarda gündelik amallarda hem çäklendirmeler saklanyp galýar. Şunuň bilen baglylykda, HPG hem Türkmenistany Gaznanyň tertipnamasynyň 14-nji maddasyny berjaý edýän döwletleriň sanawyna degişli edýär.

Türkmenistanyň HPG-niň tertipnamasynyň 8-nji maddasy boýunça hereket edýän döwletleriň sanawyna girmegi, döwleti daşary ýurt maýadarlary üçin walýuta syýasaty babatda has özüneçekiji hökmünde görkezse-de, gündelik we maýanyň hereketi babatda walýuta gözegçiligini erkinleşdirmek syýasatyny muňa bagly bolmazdan has oýlanyşykly we tapgyrma-tapgyr durmuşa geçirmek zerur bolup durýar.

Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynyň nagt däl görnüşinde ösdürilmegi, walýuta syýasatynyň netijeliligi halkara ykdysady gatnaşyklarda möhüm çäreleriň biri bolup durýar.

9. Sargyt № 2497

Içerki bazarda we halkara amallarda maýalaryň hereketini kadalaşdyrmak, bu ugurda bazar gurallarynyň ulanylyş derejesini ýokarlandyrmak üçin walýuta amallarynyň hukuk gözegçiliginden çykarylan käbir ugurlaryny, şol sanda gymmatbaha metallar we gymmatbaha daşlar bilen walýuta amallaryny ösdürmek üçin olaryň hukuk binýadyny kämilleşdirmek zerur bolup durýar.

Döwletler tarapyndan walýuta düzgünini saýlap almaklyga dürli ýagdaýlar, şol sanda ykdysadyýetiň düzümleýin aýratynlyklary, göwrümi, açyklyk, ösüş derejeleri, önümçiligiň eksportyň diwersifikasiýalaşma derejesi, söwdanyň geografiki jemlenmesi, hümmetsizlenmäniň ýurtdaky we dünýädäki depgininiň arasyndaky tapawut, iş güýjüniň, maýalaryň hereketliligi ýaly ýagdaýlar täsir edýär.

Türkmenistanda 2009-2014-nji ýyllarda geçirilen walýuta özgertmeleri, şol sanda birhümmetli ulgama geçilmegi we adaty berkitme hümmetiniň saklanylmagy, gündelik walýuta amallarynyň köp derejede erkinleşdirilmegi daşary ykdysady gatnaşyklaryň ýokary depginler bilen ösmegine getirdi.

Uglewodorod serişdelerini eksport ediji we berkidilen alyş-çalyş hümmetini ulanýan döwletler üçin dünýä bazarynda bahalaryň durnuksyzlygy we beýleki daşarky sarsgynlaryň netijesinde berkidilen alyş-çalyş hümmetiniň çalt ynamdan gaçmak ähtimallygynyň bardygy anyklandy we netijeleri seljerildi. Halkara ätiýaçlyklarynyň ygtybarly möçberi, daşary ýurtlar bilen ykdysady we maliýe integrasiýasynyň çäkliligi, eksport bazaryny diwersifikasiýalaşdyrmak boýunça işleri nazara alnyp, Türkmenistan üçin bu töwekgelçiligiň derejesiniň pesdigi barada netijä gelindi.

Türkmenistan babatda tebigy gazyň eksportynyň bazar bahalaryna geçmegi we ykdysadyýetiň hususy böleginiň çalt depginler bilen ösmegi, hususy sektoryň ykdysadyýetde tutýan paýynyň artmagy walýuta hümmetiniň has çeýe düzgünlerine geçmegiň mümkinçiliklerini öwrenmegiň we taýýarlyk çärelerini görmegiň zerurlygyny ýüze çykarýar.

Manadyň hümmetiniň ABŞ-nyň dollaryna berk baglanmagynyň daşary söwda gatnaşyklaryna täsiri esasy söwda hyzmatdaşlaryň

mysalynda seljerilende, onuň milli önümleriň daşary ýurt bazarlarynda bäsleşige ukyplylygyna oňaýsyz täsir edip biljekdigi anyklanyldy.

Milli walýutanyň alyş-çalyş hümmetiniň çeýeligini artdyrmak boýunça walýuta sebedine baglanmagyň mysalynda seredilende, manadyň hümmetiniň sebetdäki we sebede girizilmedik walýuta birliklerine gatnaşykda durnuklylygynyň artýandygyny, bu bolsa öz gezeginde Türkmenistanyň bu walýutalaryň emissioneri bolan ýa-da walýuta düzgüninde bu walýutalaryň täsiri bolan döwletler bilen söwda gatnaşyklarynda bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrýandygyny görkezdi.

# V BAP. HALKARA TÖLEG BALANSYNYŇ DÖWLET KADALAŞDYRYLYŞY

## 5.1. Töleg balansyny düzmekligiň zerurlygy we manysy

Her bir ýurtda onuň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ýagdaýyny görkezýän döwürleýin statistiki maglumat gerek. Şunuň ýaly maglumatlar töleg balansynda görkezilýär. Bu statistiki resminama ýurduň belli bir döwürdäki daşary ykdysady amallarynyň balansyny şöhlelendirýär. Halkara Pul Gaznasynyň kesgitlemesine görä, töleg balansy, ýagny belli bir döwürdäki statistiki hasabat bolmak bilen, şu aşakdakylary görkezýär:

a) haýsy hem bolsa bir döwletiň beýleki döwletler bilen harytlar, hyzmatlar we girdejiler babatynda ýerine ýetiren amallaryny;

b) bir döwletiň altyn monetalaryna (şaýlyklaryna), SDR-lerine, şeýle hem maliýe borçnamalaryna eýeçiliginiň üýtgemegini;

ç) hasap manysynda biri-birini ýapmaýan amallaryň we üýtgeşmeleriň deňagramlylygyny gazanmak üçin birtaraplaýyn geçirimlerini we öwezini dolmak ýazgylaryny görkezýär.

Töleg balansyny düzmeklik 2 ýörelgä esaslanýar.

Töleg balansyny düzmekligiň birinji ýörelgesi bu ýurduň kesgitli döwürde (aý, çärýek, ýyl) ähli daşary ykdysady amallaryny gurşap almaklykdyr. Daşary ykdysady gatnaşyklardan içerki ykdysady gatnaşyklary tapawutlandyrmak üçin Halkara Pul Gaznasy birinji agzalan gatnaşyklara ýurduň dahyllylarynyň we dahylsyzlarynyň arasyndaky amallar diýip düşünmegi teklip edýär.

Ikinji ýörelge amallaryň ikitaraplaýyn buhgalterçilik ýazgysy (kredit ahyrky netijede debete deň gelmeli). Onuň netijesinde bir madda boýunça emele gelýän deňsizlik beýleki madda bilen deňlenilýär.

Töleg balansy diňe tölegleri öz içine alýar diýen düşünje ýalňyşdyr. Hakykatda bolsa, bu resminama, özüniň adyna garamazdan, dürli, şol sanda tölegler bilen bagly bolmadyk amallary öz içine alýar. Tölegler bilen bagly bolmadyk amallara birtaraplaýyn geçirimler (ýagny birtaraplaýyn esasda öwezini dolmazlyk); halkara walýuta

gaznasyndan aýry-aýry döwletlere SDR-iň berilmegi; altynyň monetizasiýasy ýa-da demonetizasiýasy (ýurduň altynynyň bir bölegini onuň altyn ätiýaçlygyna geçirmeklik ýa-da tersine degişlidir). Altynyň dünýa nyrhynyň we walýuta kurslarynyň üýtgemekligi sebäpli altyn we walýuta ätiýaçlyklarynyň gaýtadan bahalandyrylmagy tölegleri däl-de, şol sanda tölegler bilen baglanyşykly amallary öz içine alýar.

*Töleg balanslary* belli bir döwür (aý, çärýek, ýyl) we kesgitlenen sene üçin düzülýär. Belli bir döwürdäki töleg balansy şol döwürdäki tölegleriň we gelimleriň gatnaşygyny görkezýär hem-de ýurduň halkara ykdysady gatnaşyklaryndaky üýtgeşmelerini, onuň ykdysadyýetiniň ýagdaýyny we ösüşini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Eger walýuta gelimleri töleglerden ýokary bolsa, onda töleg balansy aktiwdir, tersine bolan ýagdaýynda töleg balansy passiwdir.

Töleg balansy hasaplaşyk balansyndan tapawutlydyr, ýagny:

- hasaplaşyk balansy ýurduň daşary ýurda bolan talaplaryny we borçnamalaryny, şol sanda üzülmediklerini öz içine alýar. Töleg balansy bolsa diňe hakyky amala aşyrylan gelimleri we tölegleri görkezýär;
- hasaplaşyk balansyna alnan we berlen karzlaryň ählisi, şol sanda üzülmedikleri hem goşulýar, töleg balansy soňkulary öz içine almaýar;
- töleg we hasaplaşyk balanslarynyň ahyrky galyndysy aktiw bolsa-da, passiw bolsa-da gabat gelmeýär we olar, adatça, biri-birine garşy gelýärler, sebäbi karz beriji ýurtlar (ABŞ, GFR, Ýaponiýa we beýlekiler), adatça, aktiwdirler, olaryň töleg balanslary bolsa, esasan hem, gündelik amallary boýunça döwürleýin passiwdirler. Bergidar ýurtlaryň passiw hasaplaşyk balanslary kähalatlarda aktiw töleg balansy bilen utgaşýarlar.
- töleg balansyna eksportyň we importyň diňe tölenilen bölegi goşulýar, hasaplaşyk balansynda bolsa haryt dolanyşygynyň tölenilmedik karzyna satylan bölegi hem görkezilýär.

Şeýlelik bilen, töleg we hasaplaşyk balanslarynyň aratapawudy, esasan, halkara karz gatnaşyklarynyň ösüşi bilen kesgitlenilýär. Amallaryň häsiýetine baglylykda çap edilýän töleg balanslary, esasan, iki bölümden ybaratdyr:

**I bölüm.** Gündelik amallar boýunça töleg bolan: a) daşary söwda amallary boýunça tölegler we gelimler ýa-da söwda balansy; b) hyzmatlaryň (halkara ýük daşamaklyk, gämide daşalýan ýük üçin berilýän kireý, ätiýaçlandyrma we beýlekiler) we täjirçilik däl amallaryň (patentler boýunça hasaplaşyklar, tehniki kömekler) balansy, maýa goýumlar boýunça girdejiler we tölegler.

**II bölüm.** Maýalaryň hereketiniň (gysga we uzak möhletli amallar) we karzlaryň balansy. Maýalaryň hereketiniň we karzlaryň balansyna ”ýalňyşlyklar we goýbermeler” maddasy goşulýar. Ol madda gysga möhletli maýalaryň hasaba alynmadyk hereketini görkezýär. Walýuta ätiýaçlyklarynyň üýtgemegi töleg balansyny deňeşdirmek we milli walýuta ýardam bermek bilen baglanyşykly Merkezi banklaryň halkara walýuta amallaryny aňladýar.

Töleg balansynyň galyndysy (saldo) kesgitlenende onuň maddalary ***esasylara we sazlaşdyryjylara*** bölünýär. **Esasy maddalara** töleg balansynyň galyndysyna täsir edýän we degişli özbaşdaklygy bar bolan maddalar, ýagny gündelik amallar we maýalaryň uzak möhletli hereketi goşulýar.

**Sazlaşdyryjy maddalara** özbaşdak bolmadyk ýa-da özbaşdaklygy çäklendirilen amallar degişlidir. Bu maddalar töleg balansynyň galyndysyny üzmekligiň usullaryny we çeşmelerini häsiýetlendirmek bilen walýuta ätiýaçlyklarynyň hereketini, gysga möhletli aktiwleriň üýtgemegini, daşary ýurt kömeginiň aýratyn görnüşlerini, daşary döwlet bergilerini, halkara walýuta karz guramalarynyň karzlaryny we ş.m, öz içine alýarlar. Esasy we sazlaşdyryjy maddalaryň jemleýji görkezijileri özara biri-birini ýapýarlar, ýagny töleg balansy resmi taýdan deňleşýär. Eger tölegler esasy maddalar boýunça gelýän gelimlerden ýokary bolsa, onda sazlaşdyryjy maddalaryň hasabyna ýetmezçiligi üzmeklik meselesi ýüze çykýar. Däp bolşy ýaly, bu ýerde karzlar we telekeçilik maýalary ulanylýar. Bu usul töleg balansyny karzlaşdyrmagyň wagtlaýyn usulydyr, sebäbi bergidar ýurtlar karzy gaýtarmaga, şeýle hem göterimleri we diwidentleri tölemäge borçly bolýarlar.

Balansyň passiw galyndysyny ýapmaklygyň täze usuly Merkezi banklaryň milli walýutada, SWOP geleşigi boýunça özara berilýän gysga möhletli karzlarydyr.

Töleg balansynyň wagtlaýyn ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin Halkara Pul Gaznasy özüniň agza ýurtlaryna ätiýaçlyk (şertsiz) karzlary (kwotanyň 25%-i çäginde) berýär.

Senagat taýdan ösen ýurtlar töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin karz maýalaryň dünýä bazarynyň serişdelerini ýygnaýarlar (bank konsorsiumlarynyň karzlary, obligasiýa karzlary).

Töleg balansynyň wagtlaýyn ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin daşary ýurt "kömegi" görnüşinde ýeňillikli karzlar hem ulanylýar.

Töleg balansyny sazlaşdyrmagyň gutarnykly usuly hökmünde ýurduň altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň ulanylmagy çykyş edýär. Töleg balansyny gutarnykly sazlaşdyrmagyň esasy serişdesi bolup, konwertirlenýän daşary ýurt walýutasynyň ätiýaçlyklary hyzmat edýär.

Töleg balansyny sazlaşdyrmagyň **kömekçi serişdesi** bolup, daşary ýurt we milli gymmatly kagyzlaryň daşary ýurt walýutasyna çalşylmagy çykyş edýär.

***Halkara pul gaznasynyň usulyýeti boýunça töleg balansynyň maddalarynyň toparlanylyşy***

***A.*** Gündelik amallar:

1. Harytlar.
2. Hyzmatlar.
3. Maýa goýumlardan gelýän girdejiler.
4. Gaýry hyzmatlar we girdejiler.
5. Birtaraplaýyn hususy geçirimler.
6. Birtaraplaýyn döwlet geçirimleri.

**Jemi: A.** Gündelik amallaryň balansy.

**B.** Göni maýa goýumlar we uzak möhletli maýalar:

1. Göni maýa goýumlar.
2. Bukjalaýyn maýa goýumlar.
3. Gaýry uzak möhletli maýalar.

**Jemi: A+B.** (ABŞ-nyň binýatlaýyn balansynyň taglymatyna laýyk gelýär)

1976-njy ýyldan başlap resmi taýdan töleg balansyny diňe gündelik amallar boýunça çap etmeklik kabul edildi.

**Ç.** Gaýry uzak möhletli maýalar.

**D.** Ýalňyşlyklar we goýbermeler.

**Jemi:** A+B+Ç+D (ABŞ-daky likwidlilik taglymatyna laýyk gelýär)

**E.** Sazlaşdyryjy maddalar.

Altyn walýuta ätiýaçlyklaryny gaýtadan bahalandyrmak, SDR-i paýlamak we ulanmak.

Altyn walýuta ätiýaçlygynyň hereketi.

**Ä.** Galyndyny ýapmaklygyň adatdan daşary çeşmeleri.

**F.** Daşary ýurt resmi guramalarynyň walýuta ätiýaçlyklaryny emele getirýän borçnamalary.

**Jemi:** A+B+Ç+D+E+Ä+F(ABŞ-daky resmi hasaplaşyklaryň taglymatyna laýyk gelýär)

**H.** Ätiýaçlyklaryň jemleýji üýtgemeleri:

1. Altyn.
2. SDR.
3. Halkara pul gaznasynyň ätiýaçlyk nukdaýnazary.
4. Daşary ýurt walýutasy.
5. Gaýry talaplar.
6. HPG-niň karzlary.

**Milli we döwletara töleg balansynyň kadalaşdyrylyşy.** Töleg balansyny döwlet kadalaşdyrmasy esasy obýekt bolup çykyş edýär. Töleg balanslary öz häsiýeti boýunça hemişe aktiw ýa-da passiw bolup bilmeýärler. Olaryň bu ýagdaýy walýuta kurslarynyň we maýalaryň hereketiniň durnuksyzlygyny güýçlendirýär, pul dolanyşygyna oňaýsyz täsir edýär we ahyrky netijede ykdysadyýete zyýan ýetirýär. Şunlukda töleg balansyny deňleşdirmegiň özakymlaýyn mehanizmi (baha sazlaşdyrmasyny ulanmak bilen) örän gowşak hereket edýär. Şonuň üçin halkara hasaplaşyklarynyň deňagramlylygyny dikeltmeklik maksadalaýyk döwlet çärelerini talap edýär. Ykdysady ösüş depginlerini üpjün etmeklik, hümmetsizlenmä we işsizlige garşy göreş çäreleri bilen bir hatarda halkara hasaplaşyklarynyň balansyny deňagramlaşdyrmak meselesi döwletiň ykdysady syýasatynyň biridir.

Töleg balansynyň döwlet kadalaşdyrmasy töleg balansynyň esasy maddalaryny emele getirmeklige gönükdirilen ykdysady, şol sanda walýuta, maliýe, pul-karz çäreleriniň jemidir. Ýurduň walýuta-ykdysady we halkara hasaplaşyklarynyň ýagdaýyna baglylykda, daşary-ykdysady amallary höweslendirmeklige ýa-da çäklendirmeklige gönükdirilen töleg balansyny kadalaşdyrmaklygyň usulynyň köpdürli görnüşleri bar.

Töleg balansynyň ýetmezçiligi bar bolan ýurtlarda eksporty höweslendirmek, harytlaryň importyny saklamak, daşary ýurt kapitallaryny çekmek, maýalaryň daşary ýurtlara çykarylmagyny çäklendirmek üçin:

- hümmetsizlenmeklige garşy syýasat;
- dewolwasiýa;
- walýuta çäklendirmeleri;
- maliýe we pul-karz syýasaty;
- töleg balansynyň maddalarynyň emele gelýän döwründe ýörite täsir ediş çäreleri ulanylýar.

Aktiw töleg balansynda ony kadalaşdyrmaklyk has artykmaç aktiw galyndyny aradan aýyrmaklyga gönükdirilýär. Şu maksat bilen ýokarda görkezilen maliýe, karz, walýuta, şeýle hem walýutanyň rewolwasiýasynyň usullary – importy giňeltmek we harytlaryň eksportyny saklamak, kapitalyň eksportyny artdyrmak (şol sanda karzlary we kömekleri we olaryň importyny çäklendirmeklik üçin) ulanylýar. Töleg balansynyň aktiw galyndysy ýurduň daşary ýurt bergilerini üzmeklik, daşary döwletlere karz bermeklik hem-de altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny artdyrmaklyk üçin ulanylýar.

Töleg balansyny kadalaşdyrmagyň döwletara serişdelerine:

- eksport karzlarynyň şertlerini ylalaşmak;
- SWOP ylalaşygy boýunça milli walýutada Merkezi banklaryň özara gysga möhletli karzlaşdyrmalary we ikitaraplaýyn hökümet karzlary;
- halkara karzy, öňi bilen, Halkara Walýuta Gaznasynyň walýuta-karz we maliýe guramalarynyň karzlary degişlidir.

Şeýlelik bilen töleg balansyny kadalaşdyrmaklyk örän çylşyrymlaşdy, onuň gurallary bolsa giňeldi. Ol ykdysady syýasatyň beýleki ugurlary bilen utgaşýar we yzygiderli häsiýete eýe bolmaýar.

**Türkmenistanyň töleg balansy**

SSSR döwründe töleg balansynyň ýagdaýy hakyndaky maglumat ýönekeý hasaplanylýardy. Türkmenistanyň Döwlet banky her ýyl ýurduň walýuta meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat taýýarlaýardy, ýöne ony töleg balansy diýip hasaplamak kyndy.

Türkmenistanyň Halkara Pul Gaznasynyň agzasy (1992-nji ýyl) bolanlygy üçin töleg balansy baradaky statistiki maglumat-

lary bermeklige borçly bolýar. Bu maglumatlar esasynda söwda däl amallarynyň bergiler barasyndaky tölegleriň we walýuta ätiýaçlyklarynyň ösüşiniň balansyny düzmäge mümkinçilik gazanyldy.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyga eýe bolmagy we GDA döwletleriniň emele gelmegi ýurduň töleg balansyny hasaplamakda mesele ýüze çykardy. Sebäbi Türkmenistan GDA-nyň agza ýurtlary we beýleki ozalky soýuz respublikalary bilen ykdysady gatnaşyklaryny hasaba almalydy. Ol maglumatlary hasaba almazdan, Türkmenistanyň töleg balansyny doly hasaplap bolmaýar. Ýöne Türkmenistanyň töleg balansyna GDA döwletleri we gaýry daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklaryny goşmak üçin köp sanly usulyýet, nazaryýet we guramaçylyk meseleleriniň çözgüdi talap edilýär.

### Türkmenistanyň töleg balansynyň maddalary

***Analitik garaýyş***

*(ABŞ-nyň mln. dollary)*

**A. Gündelik amallaryň hasaby.**
**Harytlar.**
**1.1 Eksport f.o.b.**
Tebigy gaz;
Nebit we nebit önümleri;
Pagta süýümi;
Dokma önümleri;
Elektrik energiýasy;
Beýleki harytlar.
**1.2 Import f.o.b.**
**Hyzmatlar.**
**Kredit.**
Ulaglar;
Beýlekiler.
**Debet.**
Ulaglar;
Gatnawlar;
Beýlekiler.
**Girdeji.**

Karz;
Alynmaga degişli we alnan göterimler;
Alynmaga degişli we alynmadyk göterimler;
Beýlekiler.
Debet;
Tölenmäge degişli we tölenilen göterimler;
Göterimler boýunça berlen göterimler;
Beýlekiler.
**Gündelik transfertler.**

**B.Maýa goýum amallarynyň hasaby.**
Maýa goýum transfertleri;
Beýlekiler.

**Ç. Maliýe amallarynyň hasaby.**
Daşary ýurtlara göni maýa goýumlary;
Türkmenistana göni maýa goýumlary;
Gurluşyk;
Beýlekiler.
Portfel maýa goýumlary – aktiwler;
Portfel maýa goýumlary – borçlar;
**Beýleki maýa goýumlary.**
**Aktiwler.**
**Söwda karzlary.**
Mejbury söwda karzlary;
Mejbury söwda karzlaryny üzmeklik;
Beýleki söwda karzlary;
Karzlar;
Üzmeklik;
Tölenmeli, emma tölenmedik karzlar;
Tölenilmänligi üçin ýüze çykýan şikaýatlar;
Karzlara täzeden seretmeklik;
Beýleki aktiwler.
**Passiwler.**
Peýdalanylan söwda karzlary;
Tölenilen söwda karzlary;

Peýdalanylan karzlar;
Tölenilen karzlar;
Beýleki borçlar;
Jemi A-dan Ç çenli.
**D. Ýalňyşlyklar we hatalar.**

Jemi A-dan D çenli;
Jemi E + F;

**E.Aýratyn maýa goýumlary.**
**Göterimler.**
Bergiler (arassa);
Düzümini üýtgetmeklik;
**Söwda kreditleri we karzlar.**
Bergiler;
Düzümini üýtgetmeklik;
**Möhleti geçen bergileriň tölegi.**
**Töleg balansyny sazlamak maksady bilen alnan karzlar.**

**F. Ätiýäçlyk aktiwleri.**
Altyn;
Kabul edip almaklygyň ýörite hukuklary (SDR);
HPG-däki ätiýäçlyk orny;
Merkezi bankyň daşary ýurt puly;
Beýleki talaplar.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň töleg balansy aktiwdir, ýagny ýurdumyzyň eksporty importdan ýokarydyr. Diňe 2015-nji ýylyň 1-nji ýanwar ýagdaýynda eksport *19 mlrd. 781,9 mln* amerikan dollaryna deň boldy, önümleriň import edilişi bolsa 16 mlrd.637,7 mln amerikan dollaryna barabardyr. Şeýlelikde onuň oňyn tapawudy 3 mlrd. 144,2 min dollara deňdir. Bu öz gezeginde Türkmenistan döwletiniň halkara ykdysady-söwda gatnaşyklarynyň amatly guralandygyny, töleg balansynyň bolsa aktiwdigini görkezýär *(9-njy tablisa)*.

[4] Çeşmesi: Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri – 2015, Aşgabat, 2015, 128 sah.

*9-njy tablisa*

**2008-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň söwda balansy million amerikan dollarynda**

| | *01.01.2014ý.* | *01.01.2015ý* |
|---|---|---|
| *Daşary söwda dolanyşygy. Jemi* | *34344,2* | *36419,6* |
| *Eksport* | *18854,2* | *19781,9* |
| *Import* | *16090,0* | *16637,7* |
| *Tapawudy* | *2764,2* | *3144,2* |

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda ilatyň durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak babatynda ýurdumyzda alynyp barylýan syýasat netijesinde döwletimizde öz öndürýän önümlerimiz bilen üpjünçiligiň ýokarlanmagy 2010-2014-nji ýyllarda eksport bilen importyň arasyndaky tapawudyň (saldo) artmagyna getirdi.

Nebit-gaz pudaklarynyň ösüşi eksportyň ösmegi bilen has-da bagly bolup durýar, 2014-nji ýylda gazylyp alynan tebigy gazyň 58,3% we gazylyp alynýan nebitiň 18,5%-den gowragy häzirki wagtda ýurduň daşyna çykarylýar. “Türkmennebit” Döwlet konserniniň nebit kärhanasynda gazylyp alynan nebit, esasan hem, motor ýangyçlaryň dürli görnüşlerine we ýurt içinde nebit-himiýa önümlerine gaýtadan işlenilýär. Öndürilen nebit önümleriniň esasy bölegi daşary ýurda çykarylýar. Sebäbi eksport edilen harytlaryň jemine görä möçberinde nebit-gaz pudaklarynda öndürilen önümleriň pul möçberi 80,6 göterime barabar boldy *(10-njy tablisa)*.

Häzirkizaman işläp taýýarlaýan sektorda energiýa göterijileri – elektrik energetikasy we nebiti gaýtadan işlemek boýunça eksporta gönükdirilen pudaklara ileri tutulýan orun degişli . Işläp taýýarlaýan senagat böleginiň eksport girdejisinde nebiti gaýtadan işleýän senagat aýratyn ýokary orny eýeleýär.

*10-njy tablisa*

**2010- 2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda eksport edilen esasy harytlar**

**(million dollar)**

| | *2010ý.* | *2011ý* | *2012ý.* | *2013ý.* | *2014ý* |
|---|---|---|---|---|---|
| ***JEMI*** | ***9679,2*** | ***16751*** | ***19986,6*** | ***18854,2*** | ***19781,9*** |
| *Tebigy gaz* | *5118,3* | *10823,5* | *13358,8* | *12580,0* | *13592,9* |
| *Nebit önümleri* | *1982,0* | *2720,1* | *2892,3* | *2756,6* | *2367,3* |
| *Nebit* | *1040,7* | *1975,7* | *2351,9* | *2140,5* | *2316,1* |
| *Elektrik energiýasy* | *55,7* | *71,7* | *76,3* | *82,4* | *85,3* |
| *Pagta süýümi* | *447,1* | *260,9* | *302,8* | *452,7* | *560,4* |
| *Nah matalar* | *53,9* | *44,6* | *46,5* | *59,9* | *51,0* |
| *Haly we beýleki haly örtgüleri* | *0,5* | *0,5* | *0,2* | *0,1* | *0,2* |

Işläp taýýarlaýan sektory ösdürmekde importyň ornuny tutýan harytlary öndürmek syýasaty hem, eksporta gönükdirilen pudaklary ösdürmek ulgamyndaky syýasat ýaly, saýlamaga gönükdirilenligi bilen häsiýetlendirilýär. *(11-nji tablisa )*.

Soňky ýyllarda daşary söwda bazarynda nebit-gaz sektorynyň önüminiň baha ýagdaýy has hem oňaýly boldy, bu bolsa öz gezeginde Türkmenistan üçin söwdanyň şertleriniň san görkezijisiniň artmagyna getirdi. Çig nebit we nebit önümleri üçin hem birmeňzeş ýagdaýlar döredildi.

Ýurdumyzyň tutuş eksport düzümi dünýä bazarynda baha ýagdaýyndan bütinleýin bagly bolan çig mal ugrukdyrmasyna eýedir, gazyň, nebitiň we nebit önümleriniň ondaky ýokary paýy bolsa eksporty başarnykly peýdalanmagy hem-de onuň mümkinçiligini yzygiderli öwrenmegi we kämilleşdirilmegi talap edýär .

[4] Çeşmesi: Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri – 2015, Aşgabat, 2015, 131 sah.

*11-nji tablisa*

**2010- 2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynda import edilen esasy harytlar**

**(million dollar)**

| | 2010ý. | 2011ý. | 2012ý. | 2013ý. | 2014ý |
|---|---|---|---|---|---|
| JEMI | 8203,6 | 11360,8 | 14138,2 | 16090,0 | 16637,7 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Matalardan alnan önümler | 90,6 | 114,4 | 191,4 | 221,0 | 223,5 |
| Ösümliklerden alnan önümler | 210,4 | 319,3 | 341,8 | 330,1 | 372,3 |
| Mal ýagy hem-de ösümliklerden we massadan alnan ýaglar | 42,0 | 43,8 | 46,6 | 56,2 | 69,3 |
| Taýýar iýmit önümleri, alkogolly we alkogolsyz içgiler, sirke, temmäki we onuň deregini tutujylar | 256,5 | 341,1 | 377,2 | 418,4 | 451,5 |
| Mineral önümler | 278,0 | 279,6 | 329,7 | 204,8 | 256,1 |
| Himiýa we onuň bilen baglanyşykly senagat pudaklarynyň önümleri | 543,3 | 624,7 | 779,9 | 846,2 | 903,1 |
| Plasmassalar we olardan edilen önümler,kauçuk we rezin önümleri | 424,9 | 513,3 | 632,5 | 759,9 | 874,6 |
| Gön ,çig maly,gön sütükli deriler | 7,3 | 7,4 | 7,6 | 10,0 | 9,0 |
| Agaç we agaç önümleri, kagyz | 192,5 | 227,9 | 278,3 | 351,0 | 363,6 |
| Dokma we dokma önümleri | 138,0 | 153,6 | 197,3 | 188,4 | 208,6 |
| Aýakgap,baş geýimleri | 26,5 | 30,4 | 41,7 | 41,4 | 42,3 |
| Daş,gips, sement önümleri, aýna | 484,3 | 644,9 | 511,0 | 750,6 | 687,9 |
| Dür(jemçug),gymmat bahaly ya-da ýarym gymmat bahaly daşlar | 3,1 | 7,5 | 7,0 | 0,8 | 5,9 |
| Gymmat bahaly däl metallar we olardan edilen önümler | 1657,8 | 2390,7 | 3685,5 | 2994,5 | 3423,2 |
| Maşynlar we enjamlar | 2390,2 | 3108,5 | 4065,4 | 5394,8 | 5253,9 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| *Ulag serişdeleri* | *680,6* | *1011,4* | *917,1* | *1450,7* | *1222,9* |
| *Optiki enjamlar, sagatlar we saz gurallary* | *158,2* | *222,3* | *213,1* | *352,1* | *361,1* |
| *Dürli senagat harytlary* | *421,2* | *491,3* | *529,4* | *737,2* | *717,8* |

## 5.2. Töleg balansynyň esasy bölümlerine häsiýetnama

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1452 belgili 18.08.1993 ý. seneli Karary bilen töleg balansyny düzmeklik Türkmenistanyň Merkezi bankyna tabşyryldy we Türkmenistanyň ministrlikleri, edaralary we guramalary onuň üçin gerek maglumatlaryny bermeli edildi. HPG-nyň töleg balansy boýunça Düzgünnamasy, 5-nji goýberiş (TBR 5) esasynda düzülýär. Türkmenistanyň töleg balansy 1993-nji ýyl üçin bütewi görnüşinde, soňraky ýyllar üçin bolsa, her bir degişli ýylyň üç aýy boýunça düzüldi.

Töleg balansyndan (TB) seljermek maksady bilen peýdalanmak üçin ony toparlara bölmek gerek bolýar. Garaşsyz (awtonom) amallar – harytlar we hyzmatlar arkaly ýerine ýetirilýän amallar, döwlete girýän gündelik pul geçirimleri we gelimleri gündelik amallaryň hasabynda şöhlelendirilýär. Garaşsyz (awtonom) amallary, ýagny döwletiň maliýe talapnamalary we borçnamalary bilen bagly bolan amallary maliýeleşdirmek arkaly emele gelýän akymlar maýalary amallaryň we maliýe amallaryň hasabyny kesgitleýär. Şeýlelik bilen, töleg balansy düzgünleşdirilen görnüşde belli bir wagt aralygynda ýurdumyzyň dünýäniň beýleki ýurtlary bilen geçirilen daşary ykdysady amallary hakyndaky maglumatlary jemlenen görnüşinde görkezýän maglumat beriji hasabatlary özünde jemleýär.

Türkmenistanyň töleg balansy – bu Türkmenistanyň dahylly taraplar bilen dahylsyzlaryň arasyndaky geçirilen daşary ykdysady amallary hakyndaky hasabatdyr. Rezidentlik konsepsiýasy amallara gatnaşyjynyň ykdysady bähbidine esaslanýar, emma onuň haýsy millete degişliligi muňa esas edilip alynmaýar. Has möhüm pikir ýurt-

Çeşmesi: Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri – 2015, Aşgabat, 2015, 131-133 sah.

da ýaşaýan şahsy taraplar şu ýurtda bir ýyldan köp ýaşan bolsalar, dahylly hasaplanylýarlar.

TB düzülende ulanylýan esasy düzgün goşalaýyn ýazgy ýörelgesidir, ýagny her bir amal iki gezek – kredit boýunça bir maddada we debet boýunça başga bir maddada şöhlelendirilýär. Sebäbi ykdysady amallaryň köpüsi ykdysady gymmatlyklaryň ekwiwalentinde baglaşylýar. Eger-de gymmatlyklar gaýtargysyz berlen ýagdaýynda, olary iki gezek şöhlelendirmek üçin «transfertler» maddasy goşulýar.

Şundan gelip çykyşy ýaly, debet we kredit geçirimleriniň jemi biri-birine gabat gelmelidir hem-de «0» deň bolmalydyr. Ýöne tejribede beýle bolmaýar. Munuň hem sebäbi maglumat alynýan çeşmelerde aratapawudyň barlygydyr. Şeýle ýagdaýlarda «ýalňyşlyklar we hatalar» maddasy goşulýar.

Amallar bazar bahalary boýunça nazara alynmalydyr. Töleg üçin islendik walýuta ulanylyp bilner, şoňa görä-de degişli hasaplaşyk birligi gerek. Daşary ýurt walýutasynyň hümmetiniň edip biljek täsirinden daşda durmak maksady bilen TB durnukly daşary ýurt walýutasynda (ABŞ-nyň dollarynda ýa-da SDR-de) alnyp barylýar. Bu bolsa ýurduň töleg balansynyň ýagdaýyndaky üýtgeşmeleriň seljerilişini we onuň dürli-dürli döwürdäki ýagdaýlary bilen deňeşdirilişini ýeňilleşdirýär. Gündelik amallaryň hasabyndaky oňaýly galyndy ýurduň arassa halkara aktiwlerini toplaýandygyny aňladýar. Bu hasapdaky defisit (ýetmezçilik ) bolsa döwletde daşary ýurt aktiwleriniň azalyp, onuň ýerine daşary ýurda borçlarynyň köpelýändigini aňladýar.

**Maglumatlaryň çeşmeleri**

Türkmenistanyň töleg balansy banklardan, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň içerki çeşmelerinden, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetinden, Türkmenistanyň Döwlet gumrük gullugyndan, Türkmenistanyň ministrliklerinden, edaralaryndan we kärhanalaryndan, şeýle hem daşary ýurt kärhanalaryndan we gurluşyk kompaniýalaryndan alynýan maglumatlar esasynda düzülýär.

**Gündelik amallaryň hasaby**

**Harytlar.** Harytlar bilen geçirilýän amallar baradaky maglumatlaryň ilkinji çeşmeleri hökmünde gümrük maglumatlarynyň ulgamy hyzmat edýär. Ministrlikler we edaralar harytlaryň aýratyn

10. Sargyt № 2497

görnüşleri (meselem: tebigy gaz, pagta, elektrik energiýasy we ş. m.) hem-de ýurtlar boýunça goşmaça maglumatlary berýärler. Uzakdaky daşary ýurtlaryň importy hakyndaky maglumatlary CIF şertindäki baha boýunça şöhlelendirilýär. Ahyrky agzalan bahany FOB şertindäki baha geçirmek üçin 10 % hasaplaşyk koffisienti peýdalanylýar. Gümrükhana tarapyndan hasaba alnan eksport-import hakyndaky maglumatlar harytlara düzediş girizmek arkaly düzedilýär, çünki birnäçe sebäplere görä, olaryň ençemesi gümrük maglumatlarynda görkezilmeýär. Ýük gämileri arkaly portlarda alynýan harytlar hakyndaky maglumatlary Türkmenistanyň ministrlikleri we edaralary berýär.

Şahsy adamlar tarapyndan harytlaryň importy boýunça hasabat maglumatlary 1998-nji ýyldan bäri Türkmenistanyň Döwlet gumrük gullugyndan alynýar.

**Hyzmatlar.** ***Ulaglar***

Ulaglar arkaly ýerine ýetirilýän hyzmatlar hakyndaky maglumatlar bank ulgamynyň üsti bilen ulaglar bilen işleşýän kompaniýalaryň we kärhanalaryň hasabatlaryndan, şonuň ýaly-da beýleki çeşmelerden gelýär. Olar ýolagçy gatnatmak, ýük daşamak we hyzmatlaryň beýleki görnüşleri boýunça bölünendir. Ulag hyzmatlary hakyndaky anyk maglumatlar daşary ýurtly ulag kompaniýalaryndan we beýleki çeşmelerden alynýar.

Fraht-gämi bilen ýük daşalyşy hakynda maglumatlaryň ýoklugyna görä, CIF şertindäki bahalaryň harytlaryň importy jeminden 9 % kesilýär.

**Gatnawlar.** «Gatnawlar» bölümi guralan hem şahsy syýahat boýunça milli we daşary ýurtly syýahat kompaniýalaryň arasyndaky bank ulgamynyň üsti bilen geçirilýän özara hasaplaşyklar hakyndaky maglumatlary, iş, okuw we kesel bejeriş üçin amala aşyrylýan gatnawlar boýunça tölegleri özünde jemleýär. Olara okuw üçin gatnawlar barada maglumat hem goşulýar (TMB-nyň hasaplary). Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň üsti bilen myhmanhanalardan we syýahat kompaniýalardan alýan maglumatlaryny-da öz içine alýar.

**Beýleki hyzmatlar.** Poçta we telekommunikasiýalar boýunça rezident dällerden gelýän maglumatlar banklar tarapyndan berilýär.

Mundan daşary-goşmaça, töleg balansy düzülýän wagtynda şulara meňzeş hyzmatlary amala aşyrýan kärhanalaryň maglumatlaryndan hem peýdalanylýar. Gurluşyk hyzmatlary hakyndaky maglumatlar Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi, Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti, kärhanalar we daşary ýurt gurluşyk kompaniýalary tarapyndan berilýär. Döwlet hyzmatlary, esasan, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň çykdajylaryny, daşary ýurtly diplomatiki guramalara gelýän we olaryň harç edýän serişdelerini hem-de Türkmenistanyň DIM-den alynýan we bank ulgamlarynyň üsti bilen gelýän maglumatlaryna laýyklykda, beýleki daşary ýurtly wekilhanalaryň harajatlaryny-da öz içine alýar.

**Girdeji.** Maýa goýumlardan alynýan girdejiler boýunça gelýän we tölenýän serişdeler hakyndaky maglumatlar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet bankynyň we beýleki täjirçilik banklaryň maglumatlary boýunça kesgitlenilýär. Göni maýa goýumlaryndan alynýan girdejiler boýunça hasaplaşygy Türkmenistanyň Merkezi banky kärhanalaryň berýän hasabatlary esasynda geçirýär. Döwlet dolandyrylyşy sektoryna degişli göterimler boýunça gelýän we tölenýän serişdeler, esasan, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan berlen we alnan karzlar göterimleri öz içine alýar. Hususy sektora degişli göterimler boýunça gelýän we tölenýän serişdeler hakyndaky maglumatlar täjirçilik banklary we Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýumlaryny goýan halkara guramalarynyň gaznalary tarapyndan berilýär.

**Maýa goýum we maliýe amallaryň hasaby**

**Kapital transfertleri**

Kapital transfertleri hakyndaky maglumatlar, esasan, Türkmenistanyň Hökümeti tarapyndan ýatyrylan bergileri, daşary ýurtlardan alynýan grantlary we ynsanperwerlik töleglerini öz içine alýar.

***Maliýe amallarynyň hasaby***

**Göni maýa goýumlary**

Göni maýa goýumyny goýan kärhanalaryň düşündirilişi 5 belgili Töleg balansy boýunça gollanmanyň (TBG5) kesgitlemesine laýyk gelýär. Türkmenistana goýulýan göni maýa goýumlaryna degişli maglumatlar, esasan, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan beril-

ýän maliýe däl kärhanalaryň hasabatlary boýunça hasaplanylyp çykarylýar. Goşmaça maglumatlar Türkmenistanyň Merkezi bankyna berilýän beýleki banklaryň we Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak Müdirliginiň hasabatlary esasynda jemlenýär.

**Beýleki maýa goýumlary**

*Türkmenistan tarapyndan berilýän karzlar:*

Bu, esasan, GDA-nyň ýurtlarynyň birnäçesiniň Türkmenistandan alan harytlary üçin möhleti geçirilen töleglerini öz içine alýar.

*Türkmenistanyň alan söwda karzlary:*

Bu, esasan, pagta süýüminiň, nebit önümleriniň we beýleki harytlaryň eksporty boýunça gelen deslapky tölegleriň jemini hem-de söwda karzynyň eksport amala aşyrylandan soňraky jemini özünde jemleýär.

*Türkmenistanyň alan karzlary:*

Bu belli bir taslamalary maliýeleşdirmek boýunça maksatlaýyn karzlary we Türkmenistanyň Hökümetiniň uzakdaky daşary ýurtlardan alan pul karzlaryny özünde jemleýär. Maglumatlar Türkmenistanyň Daşary ykdysady döwlet banky tarapyndan berlipdir. Beýleki sektorlara degişli karzlar hakyndaky maglumatlar Türkmenistanyň banklary we Türkmenistanyň ministrlikleri, dolandyryş edaralary tarapyndan berilýär.

**Nagt pullar we depozitler**

**Aktiwler:** Karz-pul sazlaşygy sektory boýunça geçirimler Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we täjirçilik banklarynyň daşary ýurt banklaryna öwürlenýän hem öwürlenmeýän daşary ýurt pulundaky talapnamalaryndaky üýtgeşmeleri öz içine alýar.

**Passiwler:** Bu madda boýunça amala aşyrylýan geçirimler, esasan, uzakdaky daşary ýurtlaryň Türkmenistanyň Merkezi bankyndaky depozitlerinde bolup geçýän üýtgeşmeleri görkezýär. Bank sektoryna degişli maglumatlar banklarynyň hasabatlary esasynda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan düzülýär.

***Gor aktiwleri***

Ätiýaçlyk aktiwleri boýunça amallar Türkmenistanyň Merkezi bankynda bar bolan resminamalar esasynda hasaplanyp çykarylýar.

Gor aktiwleriniň walýuta bölümi rezident banklardaky depozitlerini, şonuň ýaly-da döwletiň daşary ýurt pulundaky ätiýaçlyk serişdelerini özünde jemleýär *(12-nji tablisa)*.

*12-nji tablisa*

**Döwletiň töleg balansyny düzmek üçin ulanylýan we Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan tassyklanan hasabatlaryň görnüşi barada maglumat**

| Hasabatlaryň görnüşiniň belgisi | Hasabat görnüşiniň ady | Hasabaty tabşyrmakda jogapkär edaranyň ady | Tabşyrylýan döwri |
|---|---|---|---|
| **№ 1** | **Türkmenistanyň töleg balansy** | **Türkmenistanyň Merkezi banky** | **Çärýekleýin** |
| № 2-TB | Türkmenistanyň gümrük nokatlaryna rezident dällerden gelýän daşary ýurt pulundaky serişdeleriň ýygymy barada maglumat | Türkmenistanyň banklary | Aýma-aý |
| № 3-TB | Töleg balansy boýunça hasabat | TMB, Türkmenistanyň banklary | Aýma-aý |
| Goşundy | Türkmenistanyň çäginde iş alyp barýan daşary ýurt kärhanalarynyň gelip gowşan we geçirilen tölegleri hakynda hasabat | | |
| № 4-TB | Maliýe edaralaryna dolandyrmaga gönükdirilen serişdelerden alynýan girdejileriň hasaby | TMB-niň bölümleri | Çärýekleýin |
| № 5-TB | Türkmenistanyň banklarynyň esaslyk maýalarynda daşary ýurt maýalarynyň paýly gatnaşygy barada maglumat | TMB-niň bölümleri | Çärýekleýin |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 6-TB | Import we eksport ýüklerini, ýolagçylary gatnatmak boýunça derýa ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat | TMB-niň Lebap welaýat dolandyrmasy | Çärýekleýin |
| № 7-TB | Baglaşylan şertnamalar boýunça rezident däller tarapyndan ýerine ýetirilýän hyzmatlar barada hasabat | Türkmenistanyň ministrlikleri, dolandyryş edaralary, kärhanalary we guramalary | Çärýekleýin |
| № 8-TB | Daşary ýurtlaryň öňündäki döwlet karzlary we kepilnamalary boýunça bergi barada umumylaşdyryjy maglumatlar | Türkmenistanyň Daşary ykdysady Döwlet iş banky, Türkmenistanyň ministrlikleri, dolandyryş edaralary, kärhanalary we guramalary | Çärýekleýin |
| № 9-TB | Şertnama baglaşan tarapyň eden tehniki kömegi boýunça çykdajylary | Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň halkara tehniki kömegi utgaşdyryjy býurosy | Çärýekleýin |
| № 10-TB | Türkmenistanyň Merkezi bankynda we täjirçilik banklarynda harytlaryň (hyzmatlaryň) importy we eksporty üçin açylan akkreditiwler hakynda maglumatlar | Türkmenistanyň banklary, TMB-niň bölümleri | Çärýekleýin |
| № 11-TB | Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynyň we wekilhanalarynyň girdejileri we çykdajylary barada hasabat | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi | Çärýekleýin |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 12-TB | Türkmenistanyň Daşary Işler ministrliginiň ilçihanalar, halkara guramalar boýunça we Türkmenistanda edilen hyzmatlar baradaky hasabaty. | Türkmenistanyň Daşary işler ministrligi | Çärýekleýin |
| № 13-TB | Import we eksport ýüklerini, ýolagçylary gatnatmak boýunça awtoulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat | Türkmenistanyň Awtomobil ulaglary we awtomobil ýollary ministrligi | Çärýekleýin |
| № 14-TB | Tebigy gazyň eksporty we tölegleri barada hasabat | “Türkmengaz” DK | Aýma-aý |
| № 15-TB | Önümi bölmek barada şertnamalaýyn çäklerde nebit işlerini alyp barýan daşary ýurt kompaniýalar barada maglumat | Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Nebitgaz serişdelerini dolandyrmak we peýdalanmak baradaky döwlet agentligi | Çärýekleýin |
| № 16-TB | Nebit önümleriniň eksporty barada hasabat | “Türkmennebit” DK | Çärýekleýin |
| № 17-TB | Içerki we halkara ugurlary boýunça import we eksport ýükleri, ýolagçylary gatnatmak boýunça demir ýol ulagynyň hyzmatlary barada hasabat | Türkmenistanyň Demir ýol ulaglary ministrligi | Çärýekleýin |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 18-TB | Içerki we halkara ugurlary boýunça import we eksport ýükleri, ýolagçylary gatnatmak boýunça howa ulagynyň hyzmatlary barada hasabat | «Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugy | Çärýekleýin |
| № 19-TB | «Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugynyň daşary ýurtlardaky wekilhanalarynyň girdejileri we çykdajylary barada hasabat | «Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugy | Çärýekleýin |
| № 19a-TB | Türkmenistandaky daşary ýurt awiakompaniýalarynyň wekilhanalarynyň girdejileri we çykdajylary hakyndaky hasabat | Türkmenistandaky daşary ýurt awiakompaniýalary | Çärýekleýin |
| № 20-TB | Töleg balansyny düzmek üçin kärhanalara iberilýän soragnama | Türkmenistandaky daşary ýurt firmalarynyň şahamçalary, wekilhanalary, bilelikdäki we golçur kärhanalary, Türkmenistanyň myhmanhanalary | Çärýekleýin |
| Goşundy | Dolandyryş we ulanyş boýunça çykdajylaryň hasabaty | | |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| № 21-TB | Gündelik düýpli girdejiler we çykdajylar barada hasabat | Türkmenistanyň çäginde maýa goýum işini amala aşyrýan gurluşyk kompaniýalary we önümi bölmek barada şertnamalaýyn çäklerde nebit işlerini alyp barýan daşary ýurt kompaniýalary | Çärýekleýin |
| № 22-TB | Gurluşyk möhleti bir ýyldan geçmeýän desgalaryň maliýeleşdirilişi we gurluşygyň gidişi hakynda maglumat | Türkmenistanyň ministrlikleri, dolandyryş edaralary, kärhanalary we guramalary | Çärýekleýin |
| № 23-TB | Elektrik energiýasynyň eksporty barada maglumat | Türkmenistanyň Energetika ministrligi | Aýma-aý |
| Goşundy | Eksport edilen elektrik energiýasy üçin özara hasaplaşyklar barada maglumat | | Aýma-aý |
| № 24-TB | Import we eksport ýüklerini, ýolagçylary gatnatmak boýunça deňiz ulaglarynyň hyzmatlary barada hasabat | «Türkmenistanyň Deňiz we derýa ulaglary» döwlet gullugy | Çärýekleýin |
| № 25-TB | Rezident dällere edilýän myhmanhana hyzmatlary barada hasabat | Türkmenistanyň myhmanhanalary, TMB-niň welaýat dolandyrmasy | Çärýekleýin |
| № 26-TB | Hyzmatlaryň importy we eksporty boýunça hasabat | Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi | Çärýekleýin |

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| | Halkara ätiýaçlandyryş işleri we gaýta-dan ätiýaçlandyryş hakynda hasabat | Türkmenistanyň Sta-tistika baradaky döwlet komiteti | Çärýekleýin |
| | Syýahatçylara hyzmat etmek barada hasabat | Türkmenistanyň Sta-tistika baradaky döwlet komiteti | Çärýekleýin |
| Statistiki ýygyndy | Türkmenistanyň daşarky söwdasynyň gümrük hasabaty | Türkmenistanyň Sta-tistika baradaky döwlet komiteti | Çärýekleýin |
| | | | |
| Statistiki ýygyndy | Daşary ýurt kärhanalarynyň gatnaşmagynda desgalaryň gurluşygynyň gidişi | Türkmenistanyň Sta-tistika baradaky döwlet komiteti | Çärýekleýin |
| | Şahsy adamlar tara-pyndan daşary ýurt pulunyň getirilişi we çykarylyşy barada maglumat | Türkmenistanyň Döwlet gumrük gul-lugy | Aýma-aý |
| | Türkmenistana edilen ynsanperwerlik kö-megi barada maglu-mat | Türkmenistanyň Döwlet gumrük gul-lugy | Çärýekleýin |
| | Şahsy adamlar tarapyndan eksport we import amallary boýunça maglumat | Türkmenistanyň Döwlet gumrük gul-lugy | Çärýekleýin |

## 5.3.Töleg balansynyň döwlet kadalaşdyrylyşy

Daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşy ýurduň daşary ykdysady syýasaty bolup durýar. Daşary ykdysady syýasat diýlip,

beýleki ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklaryň kadalaşdyrylmagyna we ösdürilmegine düşünilýär.

Daşary ykdysady syýasat döwletiň içerki ykdysady syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şonuň üçin onuň mazmuny, bir tarapdan, döwletiň geçirýän durmuş-ykdysady syýasatyny, beýleki tarapdan, ykdysady ösüşiň wezipelerini aňladýar. Şu ýerden daşary ykdysady syýasatyň aşaky maksatlary gelip çykýar:

- beýleki ýurtlar bilen özara peýdaly hyzmatdaşlygy üpjün etmek;

– dünýä bazarynda ýurduň haryt öndürijileriniň bäsleşige ukyplylygyny goldamak;

– ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek;

– ýurduň söwda we töleg balansynyň deňagramlylygyny üpjün etmek.

Daşary ykdysady syýasatyň işjeňleşdirilmegi hojalyk gatnaşyklarynyň we ylmy-tehniki ösüşiň internasionallaşdyrylmagy bilen şertlendirilýär, bu aşakdaky faktorlary hem şertlendirýär:

– dünýä bazarynda bäsleşikli göreşiň ýitileşmegini;

– töleg balanslarynda artýan deňagramsyzlygyň walýuta hümmetiniň durnuksyzlaşmagyny;

– daşarky bergileri, aýratyn hem, ösüp barýan ýurtlardaky.

Ýokarda görkezilen ýagdaýlaryň hereketi häzirkizaman daşary ykdysady syýasatynda hemişe özara hereket edýän iki meýli – liberalizasiýany we proteksionizmi ýüze çykarýar. Integrasiýa prosesiniň ýaýramagy integrasiýa bölekleriniň üçünji bir ýurduň gatnaşygynda geçirilýän toparlaýyn proteksionizmiň ýüze çykmagyna getirdi. Bu, ilkinji nobatda, Ýewropa bileleşigi (ÝB) üçin häsiýetlidir.

Ahyrky hasapda, proteksionizm milli hojalyklaryň dünýä bazaryndaky bäsleşikli göreşine aşa päsgelçiligi getirer. Şonuň üçin proteksionizm bilen liberalizmiň arasyndaky meseläni saýlap almak daşary ykdysady syýasatyň hemişelik meselesi bolup durýar.

Geçen asyryň 50-60-njy ýyllary üçin şol bir wagtda eksporty höweslendirmek bilen halkara söwdasyna esasy gatnaşyjylaryň proteksionizmden daşlaşmagy häsiýetli ýagdaýdy. Emma geçen asyryň 70-80-nji ýyllarynda ýurtlaryň arasynda ylalaşmazlygyň ýitileşen şertlerinde proteksionizme bolan meýil güýçlendi. Muňa diňe bir

halkara hasaplaşyklaryndaky deňagramsyzlygyň ösüşi däl-de, eýsem içerki bazary goramakda jogap täsirini ýüze çykaran eksportyň mundan beýläk-de höweslendirilmegi ýardam berdi. Netijede proteksionizm ýene-de halkara söwdasynyň esasy meseleleriniň birine öwrüldi.

Daşary ykdysady gatnaşyklaryň döwlet kadalaşdyrylyşy çäreleriň giň toplumynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Olaryň sany mydama artýar. Bu ol ýa-da beýleki yurt bilen halkara ykdysady gatnaşyklaryň giňeldilmeginiň, onuň halkara zähmet bölünişigine gatnaşmagyny amatlaşdyrmagyň, dünýä bazaryndaky ýaramaz hadysalaryň (tapgyrlaýyn pese düşüşinden, walýuta hümmetiniň çendenaşa üýtgäp durmagyndan, akýürekli däl bäsleşikden) täsirinden milli ykdysadyýetiň goralmagynyň, dünýä bazarynda milli haryt öndürijileriň ornuny pugtalandyrmaga ýardam bermegiň täze gurallary talap edýändigi bilen düşündirilýär.

Daşary ykdysady syýasat ulgamynda maýalaryň gelmegini we ýurtdan çykarylmagyny kadalaşdyrmak döwlet işiniň möhüm ugry bolup durýar. Häzir maýalaryň ondan-oňa geçmegi döwlet tarapyndan guramaçylykly, gözegçilikli we höweslendiriji ýagdaýda alnyp barylýar. Daşary yurt hususy we döwlet maýa goýumlary ýurtlaryň aglaba köpüsiniň ösmeginiň faktorlarynyň birine öwrüldi.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny kadalaşdyrmak, däp bolşy ýaly, iki häsiýete eýedir. Bir tarapdan, daşary ýurt eýeçiliginiň millileşdirilmeginiň, maýalaryň tölenmeginiň, girdeji babatda dürli hili salgyt ýeňillikleriniň we gümrük ýeňillikleriniň we ş.m. kepiliniň kömegi arkaly ýurtlarda amatly maýa goýumynyň ýägdaýyny döretmek boýunça çäreler amala aşyrylýar. Beýleki tarapdan, döwletler kabul edýän ýurtlaryň, ýagny özleriniň bähbitleriniň berjaý edilmegine gönükdirilen syýasaty geçirýär. Şu maksat bilen daşary ýurt maýa goýumlary belli bir gözegçilik astyna alynýar. Daşary ýurtly maýadarlar üçin elýeterli bolan ykdysadyýetiň pudaklary we pudagyň önümçiliginde olaryň maksimal paýy kesgitlenilýär. Bilelikdäki kärhanalarda daşary ýurt maýasynyň maksimal paýy bellenilýär, bilelikdäki kärhanalary dolandyrmaga milli kadrlaryň gatnaşmagy, milli önümçiligiň düzümlerini peýdalanmagyň şertleri barada ylalaşylýar. Şahamçalary döretmek, maýalary we girdejileri tölemek çäklendirilýär.

Aýry-aýry ýurtlarda daşary ýurt maýasynyň pudaklaryň we ulgamlaryň birnäçesine gatnaşmagy gadagan edilendir (goranmak senagatyna, daşary söwda işine we käbir beýlekilere).

Döwlet kadalaşdyrylyşynyň möhüm binýady we daşary ykdysady syýasatyny geçirmegiň möhüm guraly bolup söwda syýasaty durýar. Döwletiň söwda syýasaty – daşary ýurt döwletleri bilen söwda gatnaşyklaryny ösdürmegiň täsir ediş çäreleriniň ulgamydyr. Daşary söwda milli ykdysadyýeti ösdürmek üçin goşmaça serişdeleri almagy üpjün edýär we ýurduň haryt öndürijileriniň bäsleşige ukyplylygyny ösdürmäge ýardam berýär. Harytlaryň eksporty we importy milli girdejiniň we JIÖ-niň ösmegine ýardam berýär. Çykdajylaryň umumy jemini düzýän beýlekiler ýaly olar täsir edijilikli hereket edýärler.

Daşary söwda gatnaşyklary administratiw we ykdysady usullar bilen kadalaşdyrylýar. Administratiw usullar hukuk kadalarynyň we kanunlaryň esasynda çäklendiriji we rugsat beriji çäreleri göz öňünde tutýar, oňa söwda gatnaşyklarynyň hukuk taýdan kadalaşdyrylyşynyň namalary, gümrük kodeksleri, kararlary, düzgünleri we beýlekiler girip biler.

Daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşynyň degerli zerurlygy ähli ösen ýurtlaryň hojalygy ýörediş tejribesi bilen tassyklanyldy.

Daşary ykdysady işiniň (DYI) döwlet kadalaşdyrylyşy – bu milli ykdysadyýetiň bähbitlerine DYI-ni kämilleşdirmäge ýardam berýän kanunçylyk, ýerine ýetirijilik we gözegçilik häsiýetli çäreleriň ulgamy. DYI döwlet kadalaşdyryşynyň maksady ähli derejelerde daşary ykdysady işiň netijeliligini üpjün edýän hukuk, ykdysady we guramaçylyk şertlerini döretmekden ybaratdyr.

Daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşy milli ykdysadyýetiň beýleki ulgamlarynyň kadalaşdyrylyşy bilen deňeşdireniňde, özüniň özboluşlylygyna eýedir, ol her bir döwletiň dünýä söwdasynyň halkara kadalaryny we ýörelgelerini hasaba almagynyň zerurlygy bilen şertlendirilýär. Döwlet kadalaşdyrylyşynyň çäreleri, bir tarapdan, milli eksporty giňeltmegiň we halkara korporasiýalarynyň görnüşlerini ösdürmegiň islegi bilen, beýleki tarapdan, halkara guramalarynyň düzgünleri bilen kesgitlenilýär.

Türkmenistanda DYI kadalaşdyrmagyň predmeti bolup şu aşakdakylar durýar:

– milli bähbitleriň goragy;

– milli eksport edijileri höweslendirmek;

– dünýä bazarlarynda milli eksport edijileriň ornuny pugtalandyrmak üçin guramaçylyk çärelerini amala aşyrmak;

– milli ykdysadyýete daşary ýurt maýasyny çekmek, milli ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumlarynyň artyşyna ýardam bermek üçin şertleri döretmek.

Umumy görnüşde DYI-ni kadalaşdyrmagyň usullaryny iki topara bölmek bolar:

– amala aşyrylýan halkara amallary üçin pul ýygymlaryny kesgitlemäge esaslanýan tarifler; importa we eksporta gümrük paçlary;

– mukdar görnüşini kabul edýän tarif däl ýa-da gymmatlyklaryň hereketiniň baha çäklendirmesi – kwotirlemek, eksport çäklendirmeleri, eksport subsidiýalary, demping, halkara kartelleri, ykdysady jerime.

Milli döwlet daşary söwda syýasaty daşary söwda işiniň gümrük tarif (import we eksport gümrük tarifleriniň ulanylmagy) we tarif däl kadalaşdyrylyşynyň (hususan-da, ygtyýarlaşdyrmak) kömegi arkaly amala aşyrylýar *(13-tablisa)*.

***Kadalaşdyryşyň tarif usullary.*** Söwda syýasatynyň we içerki bazaryň harytlarynyň dünýä bazary bilen özara gatnaşygy halatynda döwlet kadalaşdyryşynyň guraly bolup gümrük tarifi çykyş edýär.

Gümrük tarifi – bu gümrük serhediniň üstünden geçirilýän harytlara we dünýä tejribesinde kabul edilen harytlaryň klassifikasiýanyň ulgamy esasynda DYI-niň nomenklaturasyna laýyklykda ulgamlaşdyrylan harytlary ulanylýan gümrük ýygygymlarynyň möçberleriniň umumy jemi. Gümrük tarifini ulanmagyň maksatlary şu aşakdakylardan ybarat bolup durýar:

– importyň haryt gurluşyny rasionalizasiýalaşdyrmak;

– eksport bilen importyň, walýuta girdejileri bilen çykdajylaryň rasional gatnaşygyny saklamak;

– strategik ösüşe laýyklykda önümçiligiň we sarp edilýän harytlaryň gurluşyny üýtgetmek üçin şertleri döretmek;

– daşary ýurt bäsleşiginiň ýaramaz täsirinden ykdysadyýeti goramak;

– Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine netijeli goşulyşmagy üçin şertleri üpjün etmek.

Täsir usullary daşary ykdysady işe täsir etmäge hem, býujeti emele getirmegiň goşmaça çeşmesi bolmaga hem mümkinçilik berýär.

*13-nji tablisa*

**Eksport we import amallarynyň tarif kadalaşdyrylyşy**

| Ady | Manysy | Ýöretmegiň maksady | Içerki bazara täsiri |
|---|---|---|---|
| Importa gümrük pajy | Gümrük gullugynyň gözegçiligi bilen getirilýän gymmatlyklardan alynýan döwlet pul ýygymy | Içerki bazary daşary ýurtly önüm iberijileriň bäsleşiginden goramak | Harydyň içerki bahasy galýar we dünýä bahasyndan ýokary bolmagy mümkin |
| Eksporta gümrük tarifi | Gümrük gullugynyň gözegçiligi bilen äkidilýän gymmatlyklardan alynýan döwlet pul ýygymy | Eksportyň köplüginiň, býujetiň üstüniň ýetirilmeginiň hasabyna içerki bazarda sarp edilişi belli bir derejede saklamak, defisitiň öňüni almak | Dünýä derejesinde önümiň içerki bahasyny saklamak, defisitden başga |

Gümrük tarifleri gümrük pajy salynýan harytlaryň we paçlaryň ululygynyň sanawyny özünde jemleýär. Gümrük paçlary – bu ýurduň serhedinden geçirilýän harytlardan, gymmatlyklardan, emläkden gümrük edaralary tarapyndan alynýan döwlet pul ýygymlary (salgytlar). Gümrük paçlary kadalaşdyryjy, hasaba alyş we höweslendiriş wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Gümrük tarifleri, adatça, milli derejede ulanylýar. Ýöne käbir halatlarda, haçan-da birnäçe ýurt söwda-ykdysady topara birleşenlerinde we özleriniň gümrük birleşigini döredenlerinde tarif daşary söwdany kadalaşdyrmagyň umumy guralyna öwrülýär, ähli gatnaşyjy ýurtlar

üçin olaryň üçünji ýurtlar bilen söwda gatnaşyklarynda bitewi bolup durýar.

Geçen asyryň 80-nji ýyllaryň ahyrynda ösen ýurtlarda gümrük tarifiniň möçberi diýseň pes boldy – harydyň bahasynyň 6%-ine golaý. Tarif möçberleri çig mal harytlaryna pesdir we ol milli senagaty goramak maksady bilen harytlaryň gaýtadan işleniş derejesiniň ýokarlanmagy bilen artýar.

Daşary ykdysady işi kadalaşdyrmagyň administratiw çäreleriniň hatarynda ygtyýarlandyrmak giňden ulanylýar. Bu eksport we import harytlaryna döwlet edaralary tarapyndan berilýän ýazmaça rugsatlaryň ulgamydyr. Ygtyýarlandyrmagyň ýoly bilen daşary söwda dolanyşygynyň mukdar kadalaşdyrylyşy amala aşyrylýar. Ygtyýarlandyrma harytlaryň iberilişiniň we töleg balanslarynyň deňagramlylygy, içerki bazarda islegi we teklibi kadalaşdyrmak, söwda gepleşiklerinde özara peýdalylygyň şertleşigini gazanmak maksatlarynda, şeýle hem daşary ýurtlaryň kemsidiji hereketlerine jogap çäreleriniň maksady bilen ulanylýar.

Daşary ykdysady, hususan-da, söwda gatnaşyklarynyň döwlet kadalaşdyryşynda ykdysady usullar möhüm ähmiýete eýedir. Daşary söwdany ösdürmegiň we milli häkimiýetiň durnuklylygyny pugtalandyrmagyň esaslary hökmünde eksporta höweslendirmäge esasy üns berilýär.

Olar kepillendirilen girdejini almak maksady bilen önümçilik bahalary bilen eksport bahalarynyň arasyndaky tapawudy ýapmaga býujetden berilýän goşmaça puly kompaniýalara töleg görnüşinde eksport önümçiligini gös-göni maliýeleşdirmegiň ýoly bilen amala aşyrylýar.

Eksport önümçiligini gytaklaýyn maliýeleşdirmek ýeňillikli salgyt salmagyň we karzlaşdyrmagyň ýoly bilen geçirilýär. Eksport edijilere salgydy peseltmek dürli usullar arkaly amala aşyrylýar. Kompaniýalarda, aýratyn hem, ABŞ-da eksportyň we olaryň önümçiliginiň paýyna baglylykda salgytlary gös-göni peseltmek giňden ulanylýar. Ýurtlaryň köpüsinde salgyt salynmakdan alnan girdejini eksport önümçiligini ösdürmegiň ätiýaçlyk gaznasyna geçirmäge kompaniýalaryň hukugy göz öňünde tutulandyr. Ýeňillikleriň dürli görnüşliliginiň biri bolup, salgyt karzy – eksportdan alynýan peýdanyň salgytlarynyň töleginiň möhletini uzaltmak.

Eksporty karzlaşdyrmak – höweslendirmegiň giňden ýaýran görnüşleriniň biri. Döwlet banklary kompaniýalara eksport önümçiligini ösdürmäge milli we erkin konwertirlenilýän walýutada ortaça möhletli (5 ýyla çenli) we uzak möhletli (25-30 ýyla çenli) karzlary berýär. Karzlar durnukly möçberler boýunça amatly şertlerde berilýär. Eksport edijileriň karz möçberlerini peseltmek üçin hökümet hususy banklara ýörite dotasiýalary (goşmaça pullary) berýär.

Gytaklaýyn maliýeleşdirmegiň şeýle usullary, çig malyň importy halatynda tölenilen eksport paçlaryny gaýtaryp bermek, şeýle hem eksport kompaniýalaryna ýokarlandyrylan bahalar boýunça döwlet buýurmalaryny bermek ýaly usullar ulanylýar.

Eksporty ätiýaçlandyrmak ugry boýunça eksport edijileri goldamak işi alnyp barylýar. Içerki ätiýaçlandyrma hökümet tarapyndan amala aşyrylýar. Ol bank serişdeleriniň hasabyna eksport önümçiligini ösdürmäge iri maýa goýumlarynyň goýlan halatynda töwekgelçilikleriň belli bir bölegini ýapýar. Mysal üçin, geljegi bar bolan eksport işläp taýýarlamalary özleşdirýän “töwekgelçilikli firmalara” düýpli maýa goýumlar ätiýaçlandyrylýar. Daşary ätiýäçlandyryş halatynda döwlet eksport bilen baglanyşykly syýasy we täjirçilik töwekgelçilikleriň belli bir bölegini öz üstüne alýar.

Karz töwekgelçiliginiň ätiýaçlandyrmasynyň milli ulgamy häzirki wagtda senagat taýdan ösen ýurtlaryň ählisinde we ösüp barýan ýurtlaryň birnäçesinde döredildi. Olarda esasy roly döwlet ätiýaçlandyryş edaralary oýnaýarlar, hususy edaralar kömekçi wezipeleri ýerine ýetirýärler.

Eksport karzlarynyň döwlet ätiýaçlandyrmasy eksporty karzlaşdyrmagyň möçberlerini we geografiýasyny kadalaşdyrmaga mümkinçilik berýän daşary söwda syýasatynyň gurallarynyň biri hökmünde peýdalanylýar. Şunuň bilen birlikde birnäçe döwletiň daşary bergilerinde emele gelen çökgünlik özi bilen ätiýaçlandyryjylaryň ep-esli ýitgi çekmegine getirmegi olary amallaryny has töwekgelçilikli bazarlara öwürmäge we şol guralyň çäkliligini görkezmäge mejbur etdi.

Daşary söwda işiniň gümrük-tarif kadalaşdyrylyşy Türkmenistanda ileri tutulýan gural bolmagynda galýar. Häzirki wagtda daşary söwdanyň kadalaşdyrylyşyny üpjün edýän belli bir kanunçylyk binýady emele geldi: köp sanly tarifler bar (Türkmenistanyň DYI TN

9 belgili kodlaýyn gurluşy), Gümrük kodeksi (1993 ý.), “Gümrük gullugy hakynda” Türkmenistanyň Kanuny (2008 ý.), Daşary ykdysady işi bilen meşgullanýan edara görnüşli we şahsy taraplary hasaba almagyň tertibi hakyndaky Düzgünnama kabul edildi, gümrük paçlarynyň möçberine yzygiderli gaýtadan garalyp durulýar we ş.m.

Gümrük serhediniň üstünden harytlaryň we ulag serişdeleriniň geçmeginiň bellenilen degişli gümrük düzgüni arkaly daşary söwda alyş-çalşyny (eksportyň we importyň möçberi, gurluşy we şertleri) kadalaşdyrmak boýunça maksada gönükdirilen döwlet işini Türkmenistanyň gümrük syýasaty özünde jemleýär. Onuň maksady gümrük gözegçiliginiň we gümrük territoriýasynda haryt alyş-çalşy kadalaşdyrmagyň gurallarynyň has netijeli peýdalanylmagyny, milli bazary goramak boýunça söwda-syýasy wezipeleri durmuşa geçirmäge gatnaşmagy, ykdysadyýetiň ösüşiniň höweslendirmegi, Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň esasy wezipeleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam bermegi üpjün etmekde jemlenýär.

Şunda gümrük syýasatynyň döwletiň umumy strategiýasy bilen, ýagny esasy uzak möhletleýin maksatlary we durmuş-ykdysady wezipeleri kesgitlemek, öňde goýlan wezipelere ýetmek üçin hereketiň ugruny we zerur bolan serişdeleri paýlamagy tassyklamak bilen jebis baglanyşyklydygyny bellemek gerek. Şol bir wagtda strategiki wezipeleri durmuşa geçirmegiň düzümleýin bölegi we taktiki guraly bolup durmak bilen, gümrük syýasaty ykdysady strategiýa öz täsirini ýetirýär. Şeýlelik bilen, gümrük syýasaty milli ykdysadyýeti goramak üçin, şeýle hem global ykdysadyýete goşulyşmagy mundan beýläkde artdyrmak we çuňlaşdyrmak maksady bilen onuň gurluşynda özgertmeleriň geçirilmegine ýardam bermelidir.

Türkmenistanyň gümrük ulgamy döwletiň ykdysady özbaşdaklylygyny we howpsuzlygyny, içerki bazary, ýurtda söwdany we senagaty goramagyň baý tejribesine eýedir. Bu strategiki çäreleriň amala aşyrylmagy ýurtda geçirilýän gümrük syýasaty bilen mydama aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr.

Gümrük syýasatyny durmuşa geçirmegiň esasy serişdeleri (gurallary) bolup, gümrük paçlary, ýygymlary (tarif ýa-da ykdysady kadalaşdyryş), gümrük resmileşdirilmesi we gümrük gözegçiligi, daşary söwdanyň ygtyýarlandyrylmagynyň we kwotalaşdyrylmagynyň tejribesi bilen baglanyşykly dürli görnüşli gümrük çäklendirme-

leri we ýönekeýleşdirmeleri (tarif däl ýa-da administratiw kadalaşdyryş) durýar.

Häzirki wagtda gümrük işlerini resmileşdirmegiň we gümrük gözegçiliginiň kadalaşdyrylmagynyň tertibi, esasan, Türkmenistanyň Gümrük kodeksi, şeýle hem gümrük paçlaryny tölemek boýunça Düzgünnama bilen kadalaşdyrylýar. Şu Düzgünnama laýyklykda, gümrük paçlarynyň adwalor, ýörite we kombinirlenilen görnüşleri ulanylýar:

– adwalor paçlary – salgyt salnan harydyň gümrük bahasyna göterimlerde hasaplanylýar;

– ýörite – salgyt salynýan harydyň birligi üçin bellenilen möçberde hasaplanylýar;

– kombinirlenilen – gümrük salgydynyň iki görnüşini hem utgaşdyrýar.

Özünde gümrük resmileşdirilişini we gümrük tölegleriniň tölenmegini jemleýän gümrük arassalaýyşy Türkmenistanyň Gümrük kodeksine we gümrük paçlarynyň tölegi boýunça Düzgünnama laýyklykda amala aşyrylýar. Ýurtdan çykarylan halatynda özleriniň sanlaryna garamazdan, şu aşakdakylar gümrük paçlaryny tölemekden boşadylýarlar: tikin önümleri, trikataž önümleri, köwüş, mata, alkogolly we alkogolsyz içgiler, telewideo, audio we radio enjamlary, ýeňil awtomobiller, mineral suwlar, halylar we haly önümleri, gök we bakja önümleri. Ýurda getirilen halatynda özleriniň sanyna garamazdan, şu aşakdakylar gümrük paçlaryny tölemekden boşadylýarlar: etleriň ähli görnüşi, ösümlik ýagy, günebakar ýagy, şeker, ýumurtga, otluçöp, un we däne. Mundan başga hem, 2009-njy ýylyň awgustynda kabul edilen “Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawy hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda kiçi we orta telekeçilige degişli hojalygy ýörediji subýektler gümrük ýygymlarynyň töleginden boşadylýarlar.

Häzirki wagtda gümrük paçlaryndan alynýan döwlet girdejisi ol diýen uly däldir. Döwlet býujetiniň girdejilerinde olaryň paýy 5%-e golaýdyr. “Kiçi we orta telekeçilige döwlet goldawy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň herekete girizilmegi bilen baglanyşyklylykda kiçi we orta telekeçilige degişli hojalygy ýörediji subýektlere gümrük ýeňillikleri berilýär. Türkmenistanyň çägine girmäge rugsat berilýändigi we onuň çägi boýunça tranzit bilen

geçýändigi üçin ulagyň görnüşine we onuň ýük göterijiligine baglylykda ABŞ-nyň 15 dollaryndan 150 dollaryna çenli ýygymlar alynýar. Türkmenistanyň çäginde bolmak möhletiniň 15 gününe çenli ulag serişdeleriniň eýelerinden üçünji tarapyň öňünde raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrmasy üçin ulagyň görnüşlerine baglylykda ABŞ-nyň 20 dollaryndan 150 dollaryna çenli ýygym alynýar. Tranzit ýükleriniň gümrük resmileşdirmesi üçin, haçanda Türkmenistan ilkinji girilýän ýurt bolan halatynda ABŞ-nyň 10-15 dollary möçberinde ýygymlar alynýar. Ulag serişdeleriniň dezinfeksiýasy boýunça işler geçirilende ulaglaryň görnüşlerine baglylykda ABŞ-nyň 1 dollaryndan 5 dollaryna çenli ýygymlar alynýar. Türkmenistanyň çäginden geçýän we karantin astynda durýan ýükleriň gözden geçirilendigi üçin her ulagdan ABŞ-nyň 5 dollary alynýar. Ulag serişdelerini ponton köprülerinden geçirmek boýunça hyzmat üçin ulag serişdeleriniň görnüşine baglylykda ABŞ-nyň 10 dollaryndan 80 dollaryna çenli ýygym alynýar.

Şeýlelik bilen, Türkmenistanda daşary ykdysady işiň döwlet kadalaşdyrylyşy eksport-import amallarynyň deňagramlylygynyň, şeýle hem eksport edijileri höweslendirmegiň we milli bähbitleri goramagyň amatly şertlerini döretmäge gönükdirilendir.

## 5.4. Töleg balansyna täsir edýän ykdysady ýagdaýlar

Töleg balansynyň gaýtadan döretmek bilen göni we garşylyklaýyn baglanyşygy bar. Bir tarapdan, ol gaýtadan döredilende bolup geçýän hadysalaryň täsiri astynda döreýär, beýleki tarapdan bolsa, oňa täsir edýär, sebäbi walýutalaryň kursuna, altyn-walýuta ätiýaçlyklaryna, walýuta ýagdaýyna, daşarky bergä, ykdysady, şol sanda walýuta we daşarky karz syýasatynyň ugruna, dünýäniň walýuta ulgamynyň ýagdaýyna täsir edýär. Töleg balansy ýurduň dünýä hojalygyna gatnaşygy, onuň daşarky ykdysady aragatnaşyklarynyň gerimi, düzümi we häsiýeti hakynda düşünje berýär.

Töleg balansynyň ýagdaýyna birnäçe ýagdaýlar täsir edýär.

**1. Ýurtlaryň ykdysady we syýasy ösüşiniň deňsizligi, halkara bäsdeşligi.** Töleg balansynyň esasy maddalarynyň ösüş döwri dünýä ykdysadyýetindäki bäsdeşlik merkezleriniň güýç gatnaşygynyň üýtgemelerini şöhlelendirýär. Ikinji jahan urşundan soň Günbatar Ýewropa

ýurtlarynyň we Ýaponiýanyň ykdysadyýetiniň kuwwatynyň yza galmagy sebäpli olaryň töleg balansynda emele gelen uly ýetmezçiligiň şertlerinde ABŞ-nyň aktiw töleg balansy emele gelýär. Şunda geçen asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyryna çenli häsiýetli bolan ABŞ-nyň ýolbaşçylygyndaky monosentristik ulgam öz beýanyny tapýar.

Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinden we Ýaponiýadan tapawutlylykda ABŞ-nyň söwda balansy şol ýyllarda amerikan monopoliýasynyň dünýä bazaryndaky ornunyň güýçlenmegi, dollaryň durnuklylygy sebäpli ägirt uly aktiw galynda syrykýardy (1947-nji ýylda 10 mlrd doll). ABŞ-nyň halkara maýa goýujylara we karz berijilere öwrülmegi daşary ýurtdan ägirt uly girdeji paýlarynyň we göterim haklarynyň akymyny şertlendirýär.

ABŞ-nyň dünýäniň senagat önümçiligindäki, harytlaryň eksportyndaky, maýalaryň eksportyndaky paýynyň harby harajatlaryň, şol sanda daşary ýurtlardaky harby harajatlaryň artmagynda gaçmagy geçen asyryň 70-80-nji ýyllarynda olaryň töleg balansynyň gündelik amallarynyň hroniki ýetmezçiligine getirýär. Geçen asyryň 90--njy ýyllaryndaky ABŞ-nyň 10 ýyllyk ykdysady ösüşi olaryň dünýä ykdysadyýetindäki we halkara maliýesindäki öňdebaryjy orunlarynyň dikeldilmegine ýardam berýär. Emma 2000-nji ýyllaryň başyndaky ykdysady çökgünlik söwda balansynyň ägirt uly deňleşmezligi bilen bagly (111,0 mlrd dollar we 549,9 mlrd doll. degişlilikde) olaryň töleg balansynyň gündelik amallarynyň hasaplarynyň ýetmezçiliginiň artmagy (1990-njy ýylda 74 mlrd doll, 2003-nji ýyla çenli 541,8 mlrd doll. çenli) bilen ugurdaş gidýär.

ABŞ-nyň, Günbatar Ýewropanyň, Ýaponiýanyň arasyndaky gapma-garşylyklar olaryň töleg balansynda şöhlelenýär.

**2. Ykdysadyýetiň tapgyrlaýyn üýtgemegi.** Töleg balanslarynda ýurtdaky hojalyk işjeňliginiň tolgunmalary, ýokarlanmalary we çökgünlikleri öz beýanyny tapýar, sebäbi onuň daşarky ykdysady amallary içerki ykdysadyýetiň ýagdaýyna bagly bolýar. Senagatyň döwürleýin depgini bilen şertlendirilen töleg balansynyň tolgunmalary ykdysady döwürleýin hadysalaryň bir ýurtdan beýleki ýurda geçirilmegine ýardam berýär. Önümçiligiň ösüşi ýangyjyň, çig malyň, enjamlaryň importunyň artmagyna getirýär, ykdysady ösüşiň depginleri haýallanda bolsa harytlaryň getirilişi azalýar. Harytlaryň, maýalaryň, hyzmatlaryň eksporty dünýä bazarynyň şertleriniň üýtge-

megine uly täsir edýär. Haýal hojalyk ösüşde maýalaryň çykarylyşy, adatça, artýar. Ykdysadyýet çalt depginler bilen ösende, girdejileri artanda ýurtda karz ekspansiýasy güýçlenýär, göterim haklary ýokarlanýar, kapitalyň çykarylyş depgini pese gaçýar. Dünýäniň ykdysady çökgünligi ol ýa-da beýleki ýurtlaryň töleg balansynyň iri möçberli ýetmezçiliklerine getirýär.

**3. Döwletiň daşary ýurt harajatlarynyň ösmegi.** Daşarky hökümet bergileri töleg balansy üçin agyr ýük bolup durýar, olaryň dürli ykdysady we syýasy maksatlary bar.

ABŞ-nyň daşary ýurtdaky töleg balansynda şöhlelendirilýän döwlet harajatlarynyň esasy bölegi harby maksatlar üçin niýetlenýär (olaryň hatarynda daşary ýurtda harby bazalary saklamak we enjamlaşdyrmak, harby kömek, lokal uruşlar bar). Harby harajatlaryň töleg balansyna edýän gytaklaýyn täsiri olaryň önümçiligiň şertlerine, ykdysady ösüşiň depginlerine edýän täsiri bilen kesgitlenýär.

**4. Maliýe globalizasiýasy.** Häzirki zaman şertlerinde maliýe akymlarynyň hereketi HYG-niň esasy görnüşine öwrülýär. Bu maýalaryň çykarylyş gerimleriniň artmagy, dünýä maliýe bazarlarynyň ösmegi, geleşikleriň şertleriniň liberallaşmagy bilen şertlendirilendir. Ýurtda ykdysady we syýasy ýagdaýyň ýaramazlaşmagy maýa goýujylaryň daşary ýurt aktiwlerine ýa-da walýutasyna goýumlarynyň haýryna çürt-kesik üýtgemegine getirýär. Şunda maýadarlar köp halatlarda ony uzak möhletleýin geljekde goramak maksady bilen gysga möhletli ýitgileri çekýärler.

Eksport ediji ýurduň töleg balansyna maýalaryň çykarylyşynyň iki taraplaýyn täsiri onuň ilkibaşda onuň passiwini artdyrýandygyndan, ýöne belli bir döwürden soň ýurtda göterim haklaryň we paý peýdalaryň akymy üçin binýat bolup hyzmat edýändiginden ybaratdyr. Emma kapitalyň goýlan ýurdunda girdejileriň bölegi reinwestirlenende göterim haklaryň we paý peýdalaryň akymy azalýar.

Netijede maliýe globalizasiýasy ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndaky globalizasiýadan öňe geçýär. Soňky on ýylda kapitalyň halkara migrasiýasynyň her ýylky ösüş depgini (17%) haryt eksportynyň (7%) we dünýä JIÖ-niň (2,3%) ýokarlanyş depgininden öňe geçýär.

Maýalaryň çendenaşa çykarylmagy milli ykdysadyýeti döwrebaplaşdyrmak üçin ulanylyp bilinjek serişdeleriň sowlup geçme-

gine getirýär. Töleg balansyna maýalaryň “gaçmagy“ ýaramaz täsir edýär, maýalaryň “gaçmagy” (iňlisçe, flight of capital) – 1) dar manyda-gysga möhletli maýalaryň ýurtdan daşary ýurda çalt we birden geçmegi; 2) giň manyda-maýalaryň bir ýurtdan beýleki ýurtlara dürli görnüşlerde we dürli möhletlerde onuň has girdejili we ygtybarly ulanyş giňişliginde gözeleginde köpçülikleýin akyp gitmegi, maýalaryň “gaçmagynyň“ esasy sebäbi – ýurtdaky ykdysady we syýasy durnuksyzlyk, inflýasiýa, milli walýuta ynamsyzlyk, netijesiz ykdysady syýasat, çökgünlik tolgunmalary, töwekgelçilikleriň artmagy, ýokary salgytlar. Dünýä ykdysadyýetiniň globalizasiýasy bilen şertlendirilen maýalaryň “gaçmagy“ onuň güýçlenmegine ýardam berýär.

Maýalaryň gaçmagynyň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyryl ýar: 1) legal däl (daşary ýurtda goýlan daşary ýurt walýutasyndaky girdejiniň bölekleri, daşary ykdysady geleşiklerde goýberilen peýdanyň, mysal üçin, barter geleşiklerinde harytlaryň ekwiwalent däl çalşygy, galp şertnamalar boýunça hakujy tölegler, maýalaryň we harytlaryň kontrabanda çykarylyşy we ş.m.); legal ýollar boýunça (kärhananyň, bankyň daşary ýurt aktiwleriniň artmagy), daşary ýurtda gozgalmaýan emlägi satyn almak, daşary ýurt walýutasynyň deklarirlenmeýän çykarylyşy we baş.); edara görnüşli we şahsy taraplaryň bikanun hereketleri bilen bagly kriminal pullaryň ýuwulmagy we olaryň legallaşdyrylmagy; 4) milli walýutadan ykdysadyýetiň dollarlaşdyrylmagy görnüşine içerki “gaçyş“.

Maýalaryň “gaçyş“ ölçeglerine baha bermek kyn. Dünýä tejribesinde olara baha bermek üçin şu aşakdaky usullar ulanylýar: 1) umumy usul daşary ýurt aktiwleriniň ösüş möçberi (resmi ätiýaçlyklardan başga) we töleg balansynyň “Ýalňyşlar we säwlikler“ maddasy; 2) hususy sektoryň bergisi boýunça banklaryň we bank däl edaralaryň geçirimleriniň hasabyna daşarky berginiň artmagy we töleg balansynyň “Ýalňyşlar we säwlikler“ maddasy; 3) çuňlaşdyrylan seljeriş usuly bank däl hususy sektordan maýalaryň gysga möhletli geçirimleriniň möçberi we töleg balansynyň ýokarda ýatlanan maddasy; 4) gytaklaýyn usul salgyt salmak üçin deklarirlenmeýän daşary ýurt aktiwleriniň paýy. HPG-niň baha bermegine görä, gytaklaýyn usul boýunça maýalaryň çykarylyşynyň 3/2 çenlisine maýalaryň “gaçmagy“ hökmünde garamak bolar.

Maýalaryň gaçmagy global hadysa, ol yzygiderli ýagdaýda ol ýa-da beýleki ýurtlary gurşap alýar. Maýalaryň “gaçmagy“ ýurduň ykdysady, aýratyn-da, maliýe-inwestision kuwwatyny gowşadýar, maýalaryň adaty çykarylyşyndan (göterim haklary, paý peýdalary) giderilen peýda görnüşinde ýitgilere getirýär, içerki maýa goýumlaryň mümkinçiliklerini çäklendirýär, milli howpsuzlygy bozýar.

Daşary ýurt maýalarynyň akymy import ediji ýurduň töleg balansyna hem iki taraplaýyn täsir edýär: ilkibaşda gelimler ýokarlanýar, ýöne töleg möhletiniň gelmegi bilen bergidar ýurtlar berginiň pul möçberini, şeýle hem göterimleri we paý peýdalary tölemäge mejbur bolýarlar. Netijeli ulanylmagy şerti bilen daşary ýurt maýalary bergidar ýurduň töleg balansyna oňyn täsir edýär. Olar harytlaryň importynyň azalmagyna ýardam edip bilýär. Mysal üçin, Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň öň ABŞ-dan getiren harytlarynyň köp görnüşi (ulaglar, oba hojalyk enjamlary, nebit önümleri, elektrik harytlar) häzir bu ýurtlardaky amerikan kärhanalarynda öndürilýär.

Ýurduň maýasy import edijiniň töleg balansyna göni maýa goýumlarynyň ýaramaz täsiri getirilýän girdejileriň möçberi ýurduň maýasynyň maýa goýujynyň täze maýa goýumlarynyň akymyndan geçende ýüze çykýar. Daşary ýurt kärhanalarynyň öz-özüni ödeýjilik möhleti tamamlanandan soň ilkibaşky maýa goýumlar toplanylan maýa öwrülýär. Daşary ýurt kärhanalarynyň maliýeleşdirmesiniň daşarky çeşmeleriniň paýy azalýar. Şol bir wagtda ýerli maýalaryň karz görnüşinde ulanylmagynyň, paýnamalaryň we obligasiýalaryň ýerleşdirilmeginiň hasabyna daşary ýurt maýa goýumlary ösýär. TMK-da bu maksatlar üçin dünýäniň maliýe bazary giňden ulanylýar. Daşary ýurt maýadarlarynyň maýa goýumlary ýerli we halkara çeşmeleriniň hasabyna ýapyldygysaýyn baş kompaniýalardan maýalaryň akymy, olaryň girdejileriniň reinwestirlenmesi azalýar we degişlilikde girdejiniň çykarylyşy artýar.

Maýanyň goýlan ýurdunyň töleg balansy üçin bukjalaýyn maýa goýumlaryň ýaramaz netijeleri olaryň öz ýurdunda maýa goýulmalaryň şertleri gowlanan döwründe repatriasiýasy (lat. Repatriate-Watanyna gaýdyp gelmek) bilen bagly. Mundan başga-da bukjalaýyn maýa goýumlar boýunça girdejileriň geçirilmegi köp halatlarda daşary ýurt maýalarynyň täze akymyndan geçýär.

Töleg balansyna daşary ýurt maýalarynyň ýaramaz täsiri olary girizýän ýurduň ykdysadyýetiniň üstünden iri daşary ýurt monopoliýalarynyň gözegçiliginiň goýulmagy, şol sanda harytlaryň eksportynyň düzümi we geografik ugry baglanyşykly bolup biler. Mysal üçin, daşary ýurt şereketleri maýalary eksport ediji ýurtdan harytlaryň we hyzmatlaryň importyny baş kompaniýalaryň öz şahamçalaryna getirmeler ýoly boýunça höweslendirýärler. Şunda TMK ABŞ-nyň eksportynyň we importynyň ýarysyny tutýan içerki getirimler boýunça transfert bahalaryň kömegi bilen mahinasiýalara – kezzapçylyklara ýüz urýarlar. Maýalaryň häzirki zaman halkara hereketiniň aýratynlygy ösen ýurtlarda dünýädäki daşary ýurt maýa goýumlarynyň $^{2}/_{3}$ jemlenmeginden ybarat bolup durýar. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşma şertlerinde ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň, Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň maýalarynyň özara geçişi artýar, bu bolsa olaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy we bäsdeşligi güýçlendirýär.

**5. Halkara söwdasyndaky özgerişler.** YTÖ (Ylym-tehnikanyň ösmegi), hojalygyň işjeňleşmeginiň ösmegi, täze energetik binýada geçmek HYG-de düzümleýin üýtgemelere getirýär. Taýýar önümleriň, şol sanda ylmy harytlar, energiýa serişdeleri bilen bagly söwda has işjeňleşýär. 2014-nji ýyllaryň başynda ýokary tehnologiýaly önümleriň paýy dünýä eksportynda 20% çenli ýokarlandy.

Senagat çig malynyň tutýan orny, tersine, 13% çenli azalýar, oba hojalyk önümleriniň dünýä eksportyndaky paýy 9% çenli azalýar. Interneti ulanmak bilen bagly elektron söwda ösýär.

Ykdysadyýetiň sebitleýin häsiýete geçmek meýilleri globalizasiýa hadysasy bilen bilelikde dowam edýär, ol häzirlikçe şol görnüşde has doly ýüze çykýar we töleg balansyna, hususan-da, sebitleýin toparlaryň söwdasyna täsir edýär *(14-nji tablisa)*.

*14-nji tablisa*

**Ykdysady toparlar: sebit içindäki söwda we onuň dünýä eksportyndaky paýy(göterimde)**

| | Sebit içindäki söwda | Dünýä eksportyndaky paýy |
|---|---|---|
| **ATES** | **73** | **46** |
| **ÝB** | **62** | **35** |
| **NAFTA** | **56** | **19** |
| **ASEAN** | **24** | **7** |

Haryt akymlarynyň geografiýasynda olaryň daşarky söwdasynda ösýän ýurtlaryň tutýan ornunyň azalmagynda ösen ýurtlaryň arasynda çalşygyň giňemegine tarap üýtgeşmeler bolup geçýär. Ösen ýurtlaryň özara söwdasy eksportyň 80% ozüne alýar (ÝB ýurtlary-62%), ösýän ýurtlaryň arasyndaky söwda bolsa olaryň eksportynyň diňe 4/1 barabar.

TMK statistikada dünýä söwdasynyň umumy netijesine goşulýan içerki şereket haryt çalşygyny ösdürýär. Bu bahalaryň derejesine, HYG-nyň düzümine, MRT-de amatly gatnaşmagyň paýlanyşygyna täsir edýär. Töleg balansynyň ýagdaýyna TMK-niň açyk we gizlin halkara amallary täsir edýär. Töleg balansyna bäsdeşligiň täsiri güýçlenýär: gazylyp alynýan senagat önümleriniň söwdasyndaky baha bäsdeşligi we taýýar önümleriň bazarynda baha däl bäsdeşlik güýçlenýär.

**6. Walýuta-maliýe galyndysynyň töleg balansyna täsiri.** Dewalwasiýa, adatça, eksporty höweslendirýär, rewalwasiýa bolsa beýleki deň şertlerde importy höweslendirýär. Milli walýutanyň kursunyň peselmegine garaşylanda eksport we import boýunça tölegleriň möhletleriniň üýtgemesi bolup geçýär: import edijiler tölegleri çaltlandyrmaga, eksport edijiler bolsa, tersine, alnan daşary ýurt walýutasynyň alynmagyny saklamaga (“lidz end legz“ syýasaty) çalyşýarlar. Halkara hasaplaşyklarynyň möhletinde ýurtdan uly kapitalyň akyp gitmegine getirmek üçin tapawudy uly däl. Üýtgeýän kurslaryň girizilmegi bilen walýuta ýitgileriniň howpy ýokarlanýar.

**7. Inflýasiýanyň töleg balansyna ýaramaz täsiri.** Bu, eger-de, bahalaryň ýokarlanmagy milli harytlaryň eksportyny kynlaşdyryp, olaryň bäsdeşlige ukyplylygyny peseldende, harytlaryň importyny höweslendirende we maýalaryň daşary ýurda “gaçmagyna” ýardam berende bolup geçýär.

**8. Adatdan daşary ýagdaýlar**. Gurakçylyk, tebigy betbagtçylyklar, heläkçilikli ýagdaýlar we ş.m. töleg balansyna ýaramaz täsir edýär.

Töleg balanslary aýratyn ýurtlaryň emeli päsgelçilikleri döredýän we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine päsgelçilik berýän söwda-syýasy diskriminasiýasyna duýgur bolýar. Töleg balanslaryna şeýle hem ýurtlaryň ykdysady syýasatyndaky liberalizmiň we proteksionizmiň gatnaşygy täsir edýär.

## 5.5. Ösýän ýurtlaryň töleg balanslary, olary düzmegiň usulyýet aýratynlyklary

Ösýän ýurtlaryň töleg balanslary, düzgün bolşy ýaly, HPG-niň standart çyzgysy boýunça düzülýär, onda dürli amallaryň unifikasiýasy we olary dürli bölümler we maddalar boýunça toparlamak göz öňünde tutulýar. “Gündelik amallaryň balansy“ bölüminde “Harytlar we hyzmatlar” maddasy möhüm orun tutýar. Emma ösýän ýurtlaryň töleg balansynda olaryň eksporty we importy hakyndaky getirilýän maglumatlar statistik maglumatlaryň ygtybarsyzlygy bilen uly derejede goýulýar. Mysal üçin, legal daşarky söwda amallary harytlar gümrügi kesip geçende ýeterlik derejede takyk bellenilýär. Soňra walýuta ýurtlary gümrük statistikasyny töleg balansynyň talaplaryna uýgunlaşdyrmak üçin düzedişler girizýärler, hususan-da, sif importyny fob importyna hasaplaýarlar (ýagny fraht üçin harajatlary we harytlaryň satyn alynmagy üçin göni harajatlardan ätiýaçlandyrmany tapawutlandyrýarlar), importy paçlar aýrylan bahalar boýunça hasaba alýarlar, walýuta statistikasynyň kömegi çäklerinde alnan harytlaryň bahasyny aýyrýarlar we ş.m. Mundan başga-da, ençeme ösýän ýurtlarda daşarky söwdanyň bölegi bikanun ýol bilen amala aşyrylýar we olaryň statistikasynda hasaba alynmaýar.

Umuman, ösýän ýurtlaryň köpüsi daşarky söwda amallary ýaramaz galynda syrykdyrýarlar.

“Göze görnümeýän” amallar görnüşi we ykdysady mazmuny boýunça dürli maddalary birleşdirýärler. Ösýän ýurtlaryň daşarky söwda ýükleriniň aglaba köpüsi gämiler bilen we günbatar liniýa kompaniýalarynyň (konferensiýalarynyň) tarifleri boýunça daşalýar. Bu tarifler köp halatda diskriminasion bolup durýar. Dünýä deňiz söwdasynyň ýüklenilen ýükleriniň 50%-den gowragyny we düşürilen ýükleriň 20%-ini öz içine alýan ösýän ýurtlaryň dünýäniň söwda flotunyň 20%-inden az tonnažy bar. Ýük dolanşygynyň möçberi ösdügiçe fraht üçin tölegler töleg balansyna agyr ýük bolup düşýär we takmynan olaryň fraht girdejilerinden üç esse ýokary geçýär, bu bolsa “göze görünmeýän“ amallar boýunça tölegleriň umumy möçberiniň 30%-ne golaýyny düzýär. Öz hususy floty bolan ýurtlarda (Müsürde, BAE-de, Eýranda we baş.) hem daşary ýurt tonnažy üçin frahta hara-

jatlary töleg balansynyň ýetmezçiliginiň 30-35%-ine çenli ýetýär. Bu ýagdaý harby gapma-garşylyklar we syýasy dartgynlylyk döwürlerinde has-da ýitileşýär.

Birnäçe ösýän ýurtlarda daşary ýurt walýutasynyň gelşiniň uly çeşmesi syýahatçylyk bolup durýar. Olaryň paýyna dünýä syýahatçylygynyň girdejisiniň 30% golaýy düşýär. Bu madda boýunça uly girdejiler aýratyn tebigatly ýurtlar (Keniýa, Hindistan, Uganda, Müsür, Nepal, Saud Arabystany, Filippinler, Bermudlar, Bagam adalary we baş.) üçin häsiýetli. Syýahatçylygyň ösmegine olaryň syýahatçylyk obýektleriniň ýeterlik derejede taýýarsyzlygy, ýygy-ýygydan gaýtalanýan syýasy we harby gapma-garşylyklar, terrorçylyk ýagdaýlary päsgel berýär.

Ösýän ýurtlaryň daşarky söwda amallaryny ätiýaçlandyrmak boýunça tölegleri ýylda 2 mlrd dollardan geçýär, bu bolsa olaryň töleg balansynyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýar. Bu belgi takmynan bolup durýar, sebäbi halkara ätiýaçlandyrma we gaýtadan ätiýaçlandyrma boýunça tölegler hakynda resmi maglumatlar ýok.

“Hususy geçirimler” maddasy Türkiýe, Alžir, Päkistan, Braziliýa, Marokko, Günorta Koreýa, Filippinler, Hindistan ýaly ýurtlarda uly, olaryň daşary ýurtlarda milli işgärleriniň köpsanly toparlary bar. Bu ýurtlaryň daşary ýurtda işleýän işçileriniň we hünärmenleriniň zähmet hakyndan Watanyna walýuta geçirimler daşary ýurt walýutasynyň uly akymyny (ýylda 105 mlrd dollar) emele getirýär. Şeýle hem ösýän ýurtlar üçin “Hökümet geçirimleri” maddasy möhüm bolup durýar. Bu ýerdäki esasy amallar daşary ýurtda diplomatiki gulliugy saklamakdan we maýalaryň hereketi hasaby boýunça geçirilýän karz görnüşindäki kömekden tapawutlykda töleg balansynyň gündelik amallarynda şöhlelendirilýän subsidiýalar, ýagny muzdsuz kömeklerden ybarat bolup durýar. Görkezilen subsudiýalar belli bir derejede gündelik amallaryň hasabyndaky galan maddalar boýunça ýetmezçiligi peseldýär. Adatça, harytlar görnüşinde berilýän muzdsuz kömek ösýän ýurtlaryň importynda şöhlelendirilýär.

Käbir garaşsyzlyk alan ýurtlar üçin “Döwlet geçirimleri” maddasynyň belli bir ähmiýeti bar. Oňa olaryň territoriýasynda daşary ýurt, esasan, ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň we Fransiýanyň bazalaryny we goşunlaryny saklamakdan gelýän girdejiler goşulýar.

Daşary ýurtly ýaragly güýçleriň barlygy Kipr, Tailand, Türkiýe, Yrak, Günorta Koreýa, Kuweýt we bu madda boýunça girdejiler ýylda onlarça million dollara ýetýän beýleki ýurtlar üçin häsiýetli. "Hyzmatlar" maddasynda ylmy-tehniki alyş-çalyş boýunça amallar hem, ýagny lisenziýalary we patentleri, tehniki kömegi ulanmak, tehniki we dolandyryjylyk tejribäni geçirmek (nou-hau) boýunça tölegler we girdejiler şöhlelendirilýär. Köpsanly ösýän döwletler üçin görkezilen amallar boýunça oňaýsyz galyndy häsiýetli bolup durýar, sebäbi, bu ýurtlar öz YTAÇ-nyň yza galýandygy sebäpli daşary ýurtlardan lisenziýalary we patentleri satyn alýarlar we daşary ýurda bu ugur boýunça hiç zat satmaýarlar. Bu maddanyň ylmy-tehniki ösüşiň şertlerinde möhümligi sebäpli ony köp halatlarda ýurduň "tehnologik balansy" diýip atlandyrýarlar.

"Göze görünmeýän" amallaryň esasy maddalarynyň biri girdejileriň geçirimleri bolup durýar. Çekilen maýa goýumlar we karzlar (ýylda 750 mlrd dollardan gowrak) boýunça göterim haklarynyň we paý peýdalarynyň (esasy bergi bilen) tölenilmegi ösýän ýurtlaryň töleg balansyna uly agram salýar. Emma Pars aýlagynyň nebit çykaryjy ýurtlaryna degişli bolan olaryň birnäçesi (Kuweýt, Saud Arabystany, BAE) daşary ýurtdaky iri maýa goýumlary bilen bu madda boýunça položitel galyndylary bar. "Göze görünmeýän" amallaryň balansy boýunça galyndy töleg balansynyň ahyrky netijesini emele getirmek üçin uly ähmiýeti bolup biler. Bu amallar boýunça 2008-2009-njy ýyllarda ösýän ýurtlaryň ýetmezçiligi ykdysady çökgünlik sebäpli 150 mlrd dollardan geçýärdi.

Ösýän we ösen ýurtlaryň maýalaryň we karzlarynyň hereketiniň balansynyň maddalarynda olaryň düzüm nukdaýnazaryndan düýpli tapawutlyklary ýok. Hususy, bank we resmi maýalaryň hereketi tapawutlanýar. Olara resmi likwid ätiýaçlyklaryň maddasynda şöhlelendirilýän HPG-niň karzlaryndan başga, döwletara karzlary, halkara maliýe guramalarynyň karzlary degişli. Ösýän ýurtlara uzak möhletli serişdeleriň umumy akymy 500 mlrd dollardan geçdi, şol sanda döwlet kanallary boýunça 50 mlrd dollar we hususy kanallar boýunça ýylda 360 mlrd dollar. Bu ýurtlardaky göni daşary ýurt maýa goýumlarynyň toplanan möçberi 5 trln dollar bahalandyrylýar.

Telekeçilik we ssuda maýalarynyň importy ösýän ýurduň töleg balansyna gapma-garşylykly täsir edýär. Maýalaryň importynyň başlangyç tapgyrynda onuň import ediji ýurduň töleg balansyny gowulandyrmak meýli bar. Bu başlangyç täsir soňlugy bilen daşary ýurtlary maýa goýujylara degişli bolan kärhanalarda öndürilýän harytlaryň eksportynyň ösmegi bilen berkidilip bilner. Birnäçe wagtdan ösýän ýurduň töleg balansy onuň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýan meýilleriň täsirini duýup başlaýar. Birinjiden, öndürijilik görnüşindäki maýalaryň importy ösýän ýurda täze gurluşyk üçin enjamlaryň, çig malyň we materiallaryň gelmegini höweslendirýär, ýagny import ösýär. Ikinjiden, ýurt daşary ýurt maýalarynyň importy bilen bagly lisenziýalaryň, patentleriň we beýleki hyzmatlaryň tölegi üçin walýutany harçlamaga mejbur bolýar. Soňra çekilen daşary ýurt maýalarynyň geriminiň giňemegi bilen ýurt bu maýalary ulanmakdan gelýän girdejileriň daşary ýurda geçirilmegini artdyrmaga mejbur bolýar. Şeýlelikde, durnuksyz syýasy şertlerde ösýän ýurtlaryň köpüsinden ösen ýurtlara daşary ýurt maýalarynyň repatrisiýasy has artýar.

Diňe käbir ösýän ýurtlara (Uzak Gündogaryň täze industrial ýurtlaryna we territoriýalaryna) maýa goýumlar boýunça tölegleriň ýaramaz netijelerini ýurduň içinde daşary ýurt maýalaryny ýokary netijeli ulanmak we harytlaryň eksportyny forsirlemek bilen aradan aýyrmak başardýar. Aýdylanlardan şu aşakdaky netijeleri çykarmak mümkin:

– maýalaryň importynyň ösýän ýurduň töleg balansyna umumy täsiri onuň artyş depginlerine, maýalar üçin girdejiniň kadasyna we daşary ýurda geçirilýän we ýurtda goýulýan girdejiniň arasyndaky gatnaşyga baglylykda üýtgäp durýar;

– haçan-da, daşary ýurda geçirilýän girdejiniň ösüş depgini täze daşary ýurt maýa goýumlarynyň ösüşinden geçende töleg balansy wagtyň belli bir böleginde ýaramaz täsir duýýar;

– bu täsiriň çalt duýuldygyça, şonça-da ýurt üçin täze maýalaryň akyp gelmeginiň we daşary ýurda geçirilýän girdejiniň arasyndaky has ýaramaz gatnaşyk emele gelýär;

– tersine, maýalaryň has çalt akymy girdejiniň derejesiniň ösüşi we daşary ýurda geçirilýän girdejileriň depgini bilen deňeşdirilende daşary ýurt maýalarynyň akymynyň töleg balansyna ýaramaz täsirini gowşadýar.

Daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyny kabul edýän ýurtlaryň senagat ösüşini we olaryň ykdysadyýetiniň döwrebaplaşdyrylmagyny çaltlandyrýar. Şonuň bilen birlikde daşary ýurt hususy maýalarynyň çekilmegi tutuşlygyna bu döwletleriň meseleleriniň çözülmegine getirmeýär. Üstesine-de, olaryň käbirinde bu meseleler ýitileşýär. Ösüşiň deňsizligi güýçlenýär, sebäbi, maýa goýumlar, ilkinji nobatda, olary peýdaly ýerleşdirmek üçin uly mümkinçiligi bolan ýurtlara ugradylýar. Diňe uly bolmadyk möçberlerde olar has yzagalak we olara has mätäçlik çekýän ýurtlara gönükdirilýär.

Walýuta-maliýe amatsyzlygynyň görkezijileri uly daşary ýurt karzlary bolup durýar, olaryň hatarynda köne bergileri üzmek üçin täze karzlaryň alynmagyny agzamak bolar. Çekilen umumy maliýe serişdelerinde gaýtadan maliýeleşdimäge karzlaryň paýy ýurduň walýuta ýagdaýynyň möhüm görkezijisi bolup durýar.

Ösýän ýurtlaryň birnäçesi geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyryndan hususy maýalaryny eksport edip başlaýar. Onuň her ýylky möçberi 2000-nji ýyllaryň başynda 20-25 mlrd dollar hasap edilýär. Bu topara, ilkinji nobatda, nebit çykaryjy ýurtlar, şeýle hem Günorta Koreýa, Malaýziýa, Braziliýa, Meksika, Hindistan we başgalar girýär.

Maýalaryň hereketiniň seljerilmeginiň baş maksady töleg balansynyň gündelik amallarynyň ýetmezçiligini ýapmagyň çeşmelerini, şeýle hem aktiw galyndynyň pul möçberleriniň ulanyş ugurlaryny kesgitlemekden ybarat. Eger-de gündelik geleşikleriň balansy passiw bilen jemlenýän bolsa, onda maýalaryň hereketiniň hasaby boýunça töleg balansyny deňagramlaşdyrmak üçin aktiw galyndyny, ilkinji nobatda, gysga möhletli maýalaryň akymynyň hasabyna almak gerek.

**Ösýän ýurtlaryň töleg balanslaryny düzmegiň usulyýetiniň aýratynlyklary.** Töleg balansynyň standart çyzgysy mümkin boldugyça köpsanly daşary ykdysady amallaryň şöhlelendirilmegini göz öňünde tutýar, olaryň her biriniň öz tertip belgisi bar. HPG-niň çyzgysy diňe bir töleg däl, eýsem hasaplaşyk balansynyň görkezijilerini hem öz içine alýar. Töleg balansyny gündelik amallary boýunça walýuta hasaplaşyklary walýutasyz amallar, maýalaryň hereketi, şeýle hem hasabat döwründe walýuta serişdeleriniň hereketi bolmadyk üzlüşilmedik özara amallar birleşdirilýär. Töleg balansynyň standart çyzgysy maddalaryň ýeke-täk atlandyryşyny göz öňünde tutýar. Gün-

delik amallaryň hasabynda her bir maddanyň şu ýazgylary bar: debet (tölegler), kredit (girdejiler) we netijelilik (galyndy). Maýalaryň we altynyň hereketiniň hasaby boýunça her bir maddada borçnamalaryň artmagy (maýalaryň akymy +) ýa-da azalmagy (maýalaryň akyp gitmegi) şöhlelendirilen.

HPG-niň çyzgysydan başga käbir ýurtlar walýutalar boýunça amallary bölmek bilen balans düzýärler. Muňa, ilkinji nobatda, walýuta toparlanyşygyna girýän ýa-da öz halkara hasaplaşyklarynda belli bir walýutadan ugur alýan ösýän ýurtlar degişli. Ösýän ýurtlaryň töleg balansyny düzmegiň usulyýetiniň birnäçe aýratynlyklary olaryň statistik hasaba alşynyň derejesiniň ýeterlik ýokary bolmazlygyndan gelip çykýar. Şunuň bilen bagly käbir amallar balanslarda görkezilmän bilner ýa-da goýberilip bilner. Kähalatlarda, amal bölekleýin şöhlelendirilýär, mysal üçin, diňe debet ýa-da kredit ýazgysy görnüşinde. Töleg balansynyň maddalary boýunça geçýän walýuta möçberleri köp halatlarda artdyrylan ýa-da kemeldilen bolýar.

HPG-niň usulyýeti boýunça töleg balanslaryny düzmegiň usulyýeti kredit we debet ýazgylarynyň netijeleriniň deň gelmegini talap edýändigi üçin ösýän ýurtlar bu maksatlar üçin “Ýalňyşlar we säwlikler” maddasyny giňden ulanýarlar. Onuň üsti bilen birnäçe ýurtlaryň hökümetleri walýutany başlangyç hasaba alşyň statistik nätakyklyklarynyň ýa-da ýalňyşlarynyň üstüni ýapýarlar. Şonuň üçin görkezilen madda boýunça ösýän ýurtlaryň halkara hasaplaşyklarynyň hakyky ýagdaýyny şöhlelendirmeýän we olaryň töleg balansynyň ygtybarlylygyny ýoýýan uly walýuta möçberleri geçýär. Şunuň bilen baglylykda HPG eger-de görkezilen madda boýunça geçýän walýutalaryň möçberi şol ýurduň eksportynyň ýa-da importynyň 10%-inden (bu ululyklaryň ýokary derejesi hasaba alynýar) geçmeýän bolsa, töleg balansy kanagatlanarly düzülen hasaplaýar. “Ýalňyşlar we säwlikler” maddasy boýunça uly galyndy töleg balansyny düýpli kemçilikli düzülendigine şaýatlyk edýär. Emma garalýan maddanyň uly bolmadyk galyndysy hem takyklygyň girewi bolmaýar, sebäbi, eger-de, geleşik tutuşlygyna töleg balansyndan aýlanyp geçse (meselem, bikanun), onuň maglumatlary nätakyk bolar, ýöne “Ýalňyşlar we säwlikler” maddasy bilen aradan aýrylmaly deňagramsyzlyk ýüze çykmaýar. Bu maddanyň ululygy ýurtda walýuta gözegçiliginiň we statistikanyň ýagdaýy bilen bagly. Umuman, ösen ýurtlaryň

töleg balanslarynyň maglumatlary köp halatlarda ösýän ýurtlaryňka garanyňda az ygtybarly bolup durýar.

Köp ösýän ýurtlar hasaplaşyk balanslaryny hem düzýärler (halkara talaplarynyň we borçnamalarynyň gatnaşygy). Bu balanslaryň galyndysy, adatça, gabat gelmeýär. Mysal üçin, maýalaryň çykarylyşyny amala aşyrýan OPEK guramasyna agza ýurtlaryň hasaplaşyk balansy aktiw, nebitiň bahasy, mysal üçin, 2015-2016-njy ýyllaryň dowamynda peselende, töleg balansy passiw. Nebiti import ediji ösýän ýurtlar üçin iki balansyň passiw galyndysy häsiýetli.

Bu balanslaryň tapawudy olarda maýalaryň we karzlaryň hereketi bilen bagly amallaryň şöhelelendirilişinde ýüze çykýar. Eger-de ABŞ Braziliýa 100 mln dollar karz beren bolsa, bu walýutanyň möçberi maýalaryň akyp gitmegi hökmünde karz beriji ýurduň töleg balansynyň passiwine we ony geljekde üzmeli bergidar ýurda talap hökmünde töleg balansynyň aktiwine ýazylýar. Braziliýa karz alýandygy üçin bu onuň töleg balansyny aktiwinde we ýurduň bergisi hasaba alynýan töleg balansynyň passiwinde şöhlelendirilýär.

**Ösýän ýurtlaryň töleg balansyna täsir edýän ýagdaýlar.** Töleg balansyna täsir edýän içki we daşky täsirler tapawutlandyrylýar. Bir tarapdan, ol ýurduň ykdysadyýetinde bolup geçýän wakalaryň täsiri astynda emele gelýär we onuň daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň gerimi, düzümi we häsiýeti hakynda düşünje berýär. Beýleki tarapdan, ösýän ýurtlaryň töleg balansy dünýä hojalygynyň ýagdaýy, ösen ýurtlaryň walýuta ulgamy, syýasaty bilen bagly daşky ýagdaýlaryň güýçli täsirini başdan geçirýärler. Töleg balansynyň ýagdaýyna şu aşakdaky esasy faktorlar täsir edýär:

**1. Ösýän ýurtlaryň dünýä hojalygynda garaşly ýagdaýy.** Olaryň paýyna dünýä eksportynyň 35%-i düşýär. Bu ýurtlaryň köpüsiniň eksportynda bahasy güýçli üýtgäp durýan çig mal, energiýa göterijiler, tropiki monoekinler agdyklyk edýär.

**2. Ösen ýurtlaryň ykdysadyýetiniň tapgyrlaýyn üýtgemeleri.** 2008-2014-nji ýyllaryň dünýä ykdysady we maliýe çökgünligi ösýän ýurtlaryň töleg balanslarynyň durnuksyzlygyny, ilkinji nobatda, olaryň önümlerine islegiň we olara bahalaryň gaçmagy netijesinde güýçlendirýär.

**3. Harby harajatlar.** Harby maksatly harytlaryň importynyň artmagy ösýän ýurtlaryň söwda balansynyň ýagdaýyny ýaramazlaşdyrýar.

Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda bu ýurtlar her ýylda daşary ýurtdan, esasan, ABŞ-dan, Fransiýadan we Beýik Britaniýadan ýarag serişdelerini satyn almak üçin 40 mlrd dollardan gowrak serişdeleri harçladylar.

**4. Ösýän ýurtlaryň maliýeleşdirmäniň daşky çeşmelerine garaşlylygy.** Daşary ýurt maýalarynyň akymy olaryň töleg balansyna ikitaraplaýyn täsir edýär: ilkibaşda girdejileri artýar, ýöne tölegleriň möhletiniň gelmegi bilen bergidar ýurtlar berginiň walýutalarynyň möçberini, şeýle hem göterimleri we paý peýdalaryny tölemäge mejbur bolýarlar.

**5. Halkara söwdasynyň şertlerindäki özgerişler.** Ösen ýurtlaryň ösýän ýurtlar bilen deňhukuksyz söwdasy olaryň söwda balansyna ýaramaz täsir edýär. Monopliýalar tarapyndan bahalary peseltmek syýasatynyň netijesinde ösýän ýurtlara eksport edilýän harytlar üçin bahalaryň indeksiniň dünýä bazarynda ösmegi bu ýurtlara getirilýän önümler üçin bahalaryň indeksiniň artmagyndan has ýokary geçýär. Mundan başga-da “baglanyşykly” kömegiň hasabyna getirilýän harytlaryň bahasy, adatça, orta bazar bahasyndan 20--40% ýokary. TMK-nyň işi ösýän ýurtlaryň ykdysadyýetiniň we töleg balanslarynyň disproporsiýasyny we durnuksyzlygyny güýçlendirýär. Halkara monopliýalary ösýän içerki şereket dolanyşygy öz maksatlary üçin ulanýarlar. Bu bahalaryň derejesine, HYG-nyň düzümine, zähmetiň halkara bölünişiginden gelýän girdejileri paýlanyşyna yz goýýar, ösýän ýurtlaryň zyýanyna gümrük proteksionizmine ýardam berýär.

**6. Walýuta-maliýe ýagdaýlary.** Öňdebaryjy walýutalaryň, hususan-da, ABŞ-nyň dollarynyň, ýewronyň durnuksyzlygy ösýän ýurtlaryň töleg balanslarynyň durnuksyzlygyny güýçlendirýär. Olaryň kursunyň yzygiderli ýagdaýda peselmegi olara goşmaça ýitgi çekdirýär we walýuta girdejisini hümmetsizlendirýär. Dollaryň ýa-da ýewronyň kursunyň ýokarlanmagy bilen bagly ösýän ýurtlar import edijiler we bergidarlar hökmünde ýitgileri çekýärler, sebäbi olara halkara borçnamalaryny üzmek üçin bu walýutalary satyn almak has gymmat düşýär. Geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ikinji ýarymynda iýenanyň kursunyň peselmegi GGA döwletleriniň birnäçesiniň, hususan-da, Indoneziýanyň, Tailandyň, Filippinleriň walýuta-maliýe

ýagdaýyny düýpli ýaramazlaşdyrýar. Netijede, olar özleriniň pul birlikleriniň uly dewalwasiýalaryny geçirmäge mejbur bolýarlar. Ösýän ýurtlaryň milli walýutalarynyň dewalwasiýasy harytlaryň eksportyny höweslendirýär we importyny saklaýar. Ýöne bu ýurtlaryň köpüsiniň eksport kuwwaty we harytlarynyň bäsdeşlige ukyplygy uly däl, importdaky zerurlyklary bolsa ägirt uly, bu bolsa dewalwasiýanyň olaryň töleg balansyna oňyn täsirini peseldýär.

**7. Ösýän ýurtlardaky inflýasiýa olaryň töleg balansyna ýaramaz täsir edýär,** sebäbi bahalaryň galmagy milli şereketleriň bäsdeşlige ukyplylygyny peseldýär, eksporty kynlaşdyrýar, harytlaryň importyny höweslendirýär we maýalaryň akyp gitmegine ýardam berýär.

**8. Ösen ýurtlar tarapyndan käbir ösýän ýurtlaryň söwda-syýasy diskriminasiýasy.** Söwda-ykdysady gatnaşyklaryň kadaly ösmegine ABŞ we onuň hyzmatdaşlary tarapyndan geçirilýän käbir garaşsyzlyk alan ýurtlara garşy ykdysady sanksiýalar syýasata päsgelçilik berýär. 1980-1990-njy we 2000-nji, 2014-2016-njy ýyllarda şeýle sanksiýalary Liwiýa, Nikaragua, Kuba, Owganystana, Eýrana, Yraga Russiýa Federasiýasyna we başga ýurtlara garşy amala aşyrdylar.

Ýetmezçiligi ýapmak üçin, adatça, wagtlaýyn çäreler daşary ýurt karzlary we kapitaly getirmek ulanylýar. Ösýän ýurtlar ýewrobazarda karz almaga çalyşýarlar, ýöne serişdeleriň bu çeşmesi elýeterli däl. Adatça, ýewrobanklar HPG-den bolmanda uly bolmadyk karz alan ýurtlara karzlary berýärler we onuň gözegçiligi astynda durnuklaşdyryş maksatnamasyny ýerine ýetirýärler. Emma hususy banklaryň karzlary uly bergisi bolan ýurtlar üçin elýetersiz bolup durýar. Banklar olaryň käbirini "gara" sanawnama girizýärler. Ösýän ýurtlaryň dünýäniň ssuda maýalarynyň bazaryna girmeginiň çäklendirmesiniň ugrunda öňdebaryjy ýurtlaryň gözegçiligi astynda durýan hususy banklaryň we halkara maliýe guramalarynyň işini utgaşdyrmak hem hereket edýär. Daşary ýurt karzlaryny işjeň ulanmak, şol sanda töleg balanslaryny deňleşdirmek üçin ulanmak ösýän ýurtlaryň daşarky bergileriniň has köpelmegine getirýär (2014-nji ýyllaryň başynda 22 trln dollardan gowrak), onuň tölenilmegi bolsa olaryň walýuta ýagdaýynyň durnuksyzlygyny güýçlendirýär.

Töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmagyň gutarnykly usuly resmi altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny ulanmak bolup durýar. Ösýän ýurtlaryň paýyna (HHR-den we Taýwandan başga) dünýäniň (2014-nji ýyl) jemi walýuta ätiýaçlyklarynyň 22,2%-i we altyn ätiýaçlyklarynyň 1,7%-i düşýär. Şunda olaryň uly bölegi OPEK guramasyna agza bolan ýurtlara we käbir täze ösen döwletlere degişli.

Ýiti zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda ösýän ýurtlar (Eýran, Yrak geçen asyryň 80-nji ýyllarynda ýarag satyn almak üçin onlarça tonna altyn satýarlar) altyny halkara hasaplaşyklary we daşarky bergini üzmek üçin adatdan daşary dünýä pullary hökmünde ulanýarlar. Bu döwletleriň köpüsi HPG-den 1980-nji ýylda bu gurama girilende olar tarapyndan gatanç edilen "altyn kwotany" gaýtarmak tertibinde alan altynyny satýarlar. Käbir ýurtlar (Meksika, Urugwaý) ösen ýurtlar ýaly (Italiýa, Portugaliýa) töleg balansynyň gytçylygyny ýapmak üçin daşary ýurt karzlarynyň üpjün edişi hökmünde käwagt altyny ulanýarlar (Geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň ortalarynda we 80-nji ýyllaryň başynda).

Geçen asyryň 70-nji ýyllaryndan töleg balansynyň gytçylygyny ýapmak üçin konwertirlenýän walýutany satyn almak arkaly SDR ulanylýar, emma ösýän ýurtlaryň paýyna SDR jemi emmisiýasynyň diňe 4/1 düşýär.

Töleg balansynyň passiw galyndyny ýapmagyň çeşmesi bolup subsidiýalar, sowgatlar, ýeňillikli karzlar görnüşindäki daşary ýurt kömegi hem hyzmat edýär. Köpsanly ösýän ýurtlaryň halkara karzlaryndan garaşlylygyndan peýdalanyp, ösen ýurtlar öz kömeginiň berilmegini syýasy we ykdysady talaplar bilen baglanyşdyrýarlar.

**Ösýän ýurtlaryň töleg balanslaryny deňleşdirmegiň usullary.** Ösýän ýurtlar töleg balansyny deňleşdirmegiň dürli usullaryny, esasan, ösen ýurtlardan nusga edilip alnan, eksporty höweslendirmäge, harytlaryň importyny saklamaga, daşary ýurt maýalaryny çekmäge, maýalaryň çykarylyşyny çäklendirmäge gönükdirilen usullary ulanýarlar:

1) deflýasion syýasat;

2) milli walýutanyň dewalwasiýasy: onuň netijeliligini üpjün etmek üçin ösýän ýurtlar yzygiderli ýagdaýda eksporta we importa differensirlenen salgytlary we subsidiýalary, walýuta kursunyň köplügini girizýärler;

3) walýuta çäklendirmeleri;

4) maliýe we pul-karz syýasaty (eksport edijilere býujet subsidiýalary, importa salgydyň proteksionistik ýokarlandyrmasy, pul-karz syýasaty ulanylýar);

5) töleg balansynyň esasy maddalarynyň emele getirilişiniň barşynda töleg balansyna döwletiň ýörite täsir ediş çäreleri. Düzgünleşdirmäniň möhüm obýekti eksportyň monoerkinligini we onuň diwersifikasiýasyny ýeňip geçmek ugry boýunça söwda balansy bolup durýar. Düzgünleşdirme ýurduň daşarky söwdasynyň düzüminde hil üýtgeşmelerine, ilkinji zerurlygyň predmeti bolup durmaýan harytlaryň importyny çäklendirmäge gönükdirilýär.

"Göze görünmeýän" amallary düzgünleşdirmek maksady bilen ösýän ýurtlar şu aşakdaky çäreleri görýärler:

- syýahatçylyk infrastrukturasyny döretmek arkaly daşary ýurt syýahatçylaryny çekmek;
- işçi güýjüniň daşary ýurda migrasiýasyny höweslendirmek;
- "Ulag", "Ätiýaçlandyrma" maddalary boýunça harajatlary azaltmak we başgalar. Ösýän ýurtlar öz hususy flotuny döretmäge çalyşýarlar. Olaryň käbiriniň (Panama, Kipr, Gonduras, Hindistan, Liberiýa we başg.) eýýäm uly floty bar, emma olaryň uly bölegini goýlan baýdak astyndaky gämiler tutýar. Hususy guýuş flotuny döretmäge gönükdirilen uly tagallalary nebiti sarp edijä daşamak giňişliginde halkara nebit monopoliýalaryny gysyp, nebiti eksport ediji ýurtlar amala aşyrýarlar.

Deňze çykalgasy bolan ýaş döwletler (Şrilanka, Hindistan, Singapur, Ýemen we baş.) öz portlarynda daşary ýurt gämilerine hyzmat etmekden uly girdeji alýarlar. Mundan başga-da beýleki ulag hyzmatlaryndan, mysal üçin, Siriýanyň, Yragyň, Liwanyň, Eýranyň we beýleki döwletleriň territoriýasyna ýanaşýan nebit geçirijileri ulanmakdan gelýän walýuta girdejilerini artdyrmak üçin çäreler görülýär. Deňze çykalgasy bomadyk ýurtlar (Nepal, Çad, Ekwador, GAR we başg.) has agyr ýagdaýda galýarlar, olar goňşy döwletleriň territoriýasy boýunça daşamalar üçin uly pul möçberlerini harçlamaly bolýarlar.

Ätiýaçlandyryş ulgamynda daşary ýurt kompaniýalaryndan garaşlylygy azaltmak üçin käbir ösýän ýurtlarda (Siriýada,

Alžirde, Şrilankada, Tanzaniýada, Zambiýada we baş.) milli ätiýaçlandyryş kompaniýalary döredildi, daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň işine gözegçilik edilýär. Birnäçe ýurtlarda (Mýanmada, Eýranda, Argentinada) döwlet ätiýaçlandyryşy boýunça uly töwekgelçilikleriň uly bölegini öz üstüne alýar. 1965-nji ýyldan Türkiýäniň, Eýranyň we Pakistanyň arasynda töwekgelçilikleri betbagtçylykly ýagdaýlardan gaýtadan ätiýaçlandyrmagyň walýuta serişdelerini döretmek hakyndaky ylalaşyk; 1960-njy ýyldan deňiz ätiýaçlandyryşy boýunça Aziýa sindikaty we ş.m. hereket edýär. Arap döwletleri Arap ýurtlarynyň Ätiýaçlandyryş federasiýasyny döretdiler, onda esasy üns nebit gözlemek, çykarmak we daşamak bilen bagly amallary ätiýaçlandyrmaga berilýär.

Maýalaryň hereketini düzgünleşdirmek, adatça, daşary ýurt maýalarynyň akymyna, girdejileriň akyp gitmegini we geçirilmegini saklamaga gönükdirilýär.

Ösýän ýurtlaryň töleg balansynyň döwletara düzgünleşdirmesi HPG–niň üsti bilen amala aşyrylýar, ol durnuklaşdyryş maksatnamalaryny işläp düzýär.

Ykdysadyýeti, şol sanda töleg balansyny durnuklaşdyrmagyň berk maksatnamalary ösýän ýurtlaryň maýa goýumlaryny gurban etmäge mejbur edýär, bu bolsa ykdysady ösüşi bökdeýär. Ösýän ýurtlaryň ägirt uly daşarky bergisiniň şertlerinde karz beriji döwletler (Pariž kluby) bergini düzgünleşdirmäge diňe bergidar ýurt tarapyndan Gaznanyň durnuklaşdyryş maksatanamasynyň kabul edilmegi şerti bilen ylalaşýarlar.

Geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyryndan töleg balansyny döwletara düzgünleşdirmegiň onuň ýetmezçiliginiň düzümleýin häsiýete eýedigini ykrar edilmegine esaslanýan konsepsiýalarynda ykdysadyýetiň durnuklaşýan döwri uzaýar we onuň mazmuny üýtgeýär. Bütindünýä bankynyň (BB) maksatnamalaryna meňzeş HPG-nyň durnuklaşdyryş maksatnamalary ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümini döwrebaplaşdyrmak, ykdysady ösüşiň strategiýasy bilen baglylykda umumy teklibiň kemçiliklerini düzetmek, maýa goýum ugry boýunça diňe bir islege däl, eýsem teklibe hem täsir ediş çärelerini öz içine alyp başlaýar. Gazna tarapyndan hödürlenýän töleg balansyny düzgünleşdirmegiň usullarynyň ýygyndysynyň giňelmegi karz alyjy ýurduň ykdysadyýetiniň pudaklaýyn düzüminde deňagramsyzlygy

aradan aýyrmak arkaly durnuklaşdyryş maksatnamalarynyň täze çyzgylaryny işläp düzmekde BB bilen onuň hyzmatdaşlygynyň güýçlenmegine ýardam berýär. Mundan başga-da, Gazna geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň başyndan aýratyn kynçylykly ykdysady ýagdaýa düşen ýurtlara tiz maliýe kömegini bermek boýunça utgaşdyryjynyň ornunda çykyş edip başlaýar. Berilýän serişdeleriň “bukjasyna“ diňe bir HPG-niň serişdeleri däl, eýsem birnäçe ösen döwletleriň (ilkinji nobatda, ABŞ-nyň, Ýaponiýanyň we GFR-iň) hökümetleriniň we iri hususy banklaryň serişdeleri hem girýär. 1995-nji ýylda HPG Meksika maliýe serişdeleriniň (48,0 mlrd dollar), 1997-nji ýylda Tailanda (17,2 mlrd dollar), Indoneziýa (40,0 mlrd dollar) we Koreýa Respublikasyna (58,0 mlrd dollar) berilmegini guraýar. Gaznanyň şeýle tiz kömekleri bu ýurtlaryň ykdysady ýagdaýyny durnuklaşdyrmaga ýardam eden hem bolsa, HPG-niň işiniň ösýän ýurtlaryň ykdysadyýetinde çökgünlik tolgunamalaryny ýüze çykarmak we olaryň öňüni almak babatda uly kemçilikleriniň bardygyny görkezýär.

Şeýlelikde, ösýän ýurtlaryň töleg balansynyň durnuksyzlygynyň olaryň zähmetiň halkara bölünişiginde garaşly ýagdaýda we deň hukuksyz gatnaşmagynyň aýratynlyklaryndan, industrializasiýany we ykdysady ösüşi höweslendirmek maksady bilen walýuta serişdelerine bolan ýiti zerurlyklaryndan gelip çykýan düýpli sepäpleri bar.

## 5.6. Dünýä hojalygy globalizasiýasy şertlerinde ýurduň ykdysady we töleg balansynyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň ýollary

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda ýeterlik netijeli daşary ykdysady syýasat işlenilip taýýarlanyldy we ösdürildi. Häzirki wagtda ýokary depginli ýöredilýän “Açyk gapylar” syýasaty ykdysady, syýasy we medeni ugurlardaky taslamalaryň giň toplumy boýunça dünýä bileleşigi bilen özara peýdaly gatnaşyklary ösdürmäge ýardam berýär. Halkara gatnaşyklarynyň işeňňirleşdirilmegi Türkmenistana dünýä giňişligi möçberinde täze derejä çykmaga we geljekde dünýä bileleşiginiň ösen ýurtlarynyň arasynda mynasyp orny eýelemäge anyk mümkinçilik berýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň ýüzden gowrak ýurdy bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, köpsanly halkara

guramasynyň agzasy bolup durýar, olaryň sany hem barha artýar. Türkmenistanda daşary ýurt döwletleriniň köpsanlysynyň diplomatik wekilhanalary we köpsanly halkara guramalarynyň wekilleri işleýär. Türkmenistanyň resmi wekilleri BMG, GDA, ÝB, ÝHÖG , ÝUNESKO ýaly iri halkara guramalarynda bardyr. Ýurduň halkara gatnaşyklaryny ösdürmek eýýäm gol çekilen ylalaşyklaryň çäklerinde, şeýle hem täze halkara gatnaşyklaryny ýola goýmak ugurlarynda dowam etdirilýär. Iş ýüzünde saglygy goraýyş, daşky gurşawy goramak, bilim, medeniýet we beýleki birnäçe ulgamlar babatynda halkara maksatnamalarynyň 109-a golaýy durmuşa geçirilýär.

Hemişelik Bitarap derejesi we diplomatiýanyň ýokary hil ölçegleri Türkmenistana halkara giňişliginde parahatçylygy dörediji ýurduň derejesinde çykyş etmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň tagallasy bilen 2007-nji ýylyň ahyrynda Aşgabatda BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi açyldy, bu bütindünýä bileleşiginiň Bitarap Türkmenistana Merkezi Aziýa sebitinde we tutuş dünýäde saldamly parahatçylygy dörediji we howpsuzlygyň hem-de durnuklylygynyň kepili hökmünde ýokary ynamyny beýan etdi.

Soňky ýyllardaTürkmenistana BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji we 64-nji sessiýalarynyň wise-başlygy hökmünde hormatly wezipe berildi, bu belli bir derejede biziň döwletimiziň halkara tagallalaryna ýokary bahany häsiýetlendirýär. 2008-nji ýylyň dekabrynda Türkmenistanyň tagallasy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň “Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň hyzmaty” atly ýörite Rezolýusiýasy kabul edildi. 2009--njy ýylyň aprel aýynda şu Rezolýusiýanyň temasy boýunça halkara konferensiýasy geçirildi. 2009-njy ýylyň senýabyrynda BMG-niň Baş assambleýasynyň 64-nji sessiýasynda Türkmenistan tarapyndan energogeçirijileriň tranziti boýunça halkara hukuk resminamasyny işläp taýýarlamak boýunça teklipleri taýýarlamak üçin BMG-niň howandarlygy astynda ekspert toparyny döretmek baradaky teklip öňe sürüldi. Bu tagallalaryň global dünýä möçberinde energetiki howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilendigini bellemek zerurdyr.

Türkmenistan daşary ykdysady iş ulgamynda daşary ýurt döwletleri bilen özara peýdaly söwda üçin amatly şertleri döredip, söwda-ykdysady gatnaşyklar babatynda dünýäniň 24 döwleti bilen Ylalaşyk

baglaşdy. 7 döwlet bilen erkin söwda hakyndaky Ylalaşyk, 21 döwlet bilen maýa goýumlaryny höweslendirmek we özara goramak babatda ylalaşyk, 12 döwlet bilen iki gezekleýin salgyt salmagy aradan aýyrmak barada we 28 döwlet bilen ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparlaryny döretmek hakyndaky ylalaşyklar baglaşyldy.

Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty milli bähbitleri we Ýewraziýa we tutuş bütindünýä giňişligindäki geosyýasy meýiller nazara alnyp, emele getirilýär. Türkmenistan şu ölçegde halkara bileleşiginiň ägirt uly ynamyna, hemişelik Bitarap derejesine, daşary ykdysady syýasatyň ýokary hilli ölçeglerine, serişdeleriň ägirt uly baýlygyna we amatly ulag-geografiki ýerleşişe eýedir. Soňky ýyllarda işjeň daşary syýasat milli ykdysadyýetiň ileri tutulýan ulgamlaryna daşary ýurt maýalaryny gös-göni çekmäge amatly täsir etdi.

Ýurduň ykdysadyýetini döwrebaplaşdyrmaga, ony tehnologiki taýdan enjamlaşdyrmaga we diwersifikasiýalaşdyrmaga, biznesi ýöretmegiň menejmentiniň we guralyşynyň görnüşlerini kämilleşdirmäge ýardam berýän daşary ýurt maýa goýumlarynyň çekilmegi daşary ykdysady işiň iň möhüm jähtleriniň biri bolup, wagt taýdan subut edilen hakykata öwrüldi. Şunda döwlet Türkmenistanyň ägirt uly baýlyklaryny özleşdirmäge gatnaşmaga taýýar bolan dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň çekilmegini höweslendirýär. Milli ykdysadyýetiň ösüşi köptaraplaýyn jähtde özara peýdaly gatnaşyklaryň işjeňleşdirilmegine gönükdirilen bilelikdäki ykdysady taslamalaryň we maksatnamalaryň amala aşyrylmagyna ýardam berýär. Türkmenistan öz tarapyndan daşary ýurt maýa goýumlary üçin amatly ýagdaýy – hukuk, monetar, salgyt, institusional we infrastruktur şertleri döredýär.

Türkmenistanda daşary ykdysady işiň guramaçylyk-institusional esasy emele getirildi, ol esas bu ulgamda hasaba almagyň we hereket etmegiň tertibini düzgünleşdirýär. Daşary ykdysady ulgamyň milli kadalaşdyryşynyň esasyny “Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda”, “Daşary ýurt maýa goýumlary barada”, “Daşary ýurt konsepsiýalary barada”, “Maýa goýum işi barada”, “Daşary ýurt walýutasynyň kadalaşdyrylyşy hakynda”, “Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlandyrmak hakynda”, “Uglewodorod serişdeleri hakynda”, “Daşary söwda işiniň döwlet kadalaşdyrylyşy hakynda” Türkmenistanyň Kanunlary, Türkmenistanyň Salgyt ko-

deksi, Türkmenistanyň Gümrük kodeksi we beýleki kanunçylyk hem kadalaşdyryjy-hukuk resminamalar düzýär. Türkmenistanyň milli kanunçylygynyň üsti bilen halkara şertnamalarynyň kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýändigini bellemek möhümdir.

Işjeň daşary ykdysady syýasat ep-esli derejede ýurduň daşary söwda dolanyşygynyň kämilleşdirilmegine we diwersifikasiýalaşdyrylmagyna ýardam edýär. Döwletde öndürilýän önümleriň ep-esli böleginiň eksporta iberilmegi Türkmenistanyň daşary bazarlarda bäsleşige ukyply serişdeleriniň bardygyny häsiýetlendirýär. Soňky ýyllarda daşary söwdanyň görkezijileriniň depginli artyşy milli ykdysadyýetiň geogiňişlik ulgamyna goşulyşýandygyny aňladýar. Daşary ykdysady işiň netijeliliginiň has uly derejesini daşary söwda dolanyşygy bilen Türkmenistanyň töleg balansynyň tapawudynyň netijeliligi häsiýetlendirýär *(7-nji şekil)*.




*7-nji şekil.* **2009-2014-nji ýyllarda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy, (ABŞ-nyň mln. dollary)***

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen söwda gatnaşygyny ýola goýdy. Daşary söwda ulgamynda Türkmenistanyň esasy hyzmatdaşlary bolup Hytaý Halk Respublikasy, Eýran, Italiýa, Türkiýe, Birleşen Arap Emirlikleri, Russiýa Federasiýasy, Ukraina we beýlekiler durýar.

---

* Türkmenistanyň Statistika baradaky komiteti tarapyndan neşir edilýän Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiriniň 2009-2014-nji ýyllardaky kitapçalarynyň maglumatlaryna esaslanyp düzüldi.

Türkmenistanda eksportyň esasy ugurlary bolup gaz, nebit we nebit önümleri, elektrik energiýasy, pagta süýümi, mata we pagta ýüplükleri, dokma we nebithimiýa senagatynyň önümleri durýarlar. Şunuň bilen birlikde döwletde tehnologiki taýdan kämilleşdirmäge we durnukly daşary söwda bäsleşigine ukyply häsiýete eýe bolan, häzirki zaman taýýar önümleri çykarmaga gönükdirilen gurluş özgertmeleri amala aşyrylýar.

Ýurtda öňdebaryjy tehnologiýalaryň we enjamlaryň import we beýleki maýa goýum harytlary höweslendirilýär. Soňky ýyllarda önümçilik-tehniki häsiýetli önümleriň iberilişiniň paýy Türkmenistanyň importynda 70%-den geçýär. Geljekde importyň gurluşynda ýurduň çig malyna esaslanýan, häzirki zaman önümçilikleri ösdürmegiň hasabyna çig malyň we materiallaryň, azyk we azyk däl harytlaryň paýyny azaltmak boýunça mümkinçilikler göz öňünde tutulýar.

Eýýäm uly ösüşe eýe bolan halkara hyzmatdaşlygynyň meseleleri ähli özära peýdaly ugurlar boýunça gatnaşyklaryň mundan beýläk-de işjeňleşdirilmegini talap edýär. Milli ykdysadyýetiň durnukly we depginli ösüşine ýardam bermek daşary ykdysady syýasaty ösdürmegiň esasy maksatlaýyn ugry bolup durýar. Türkmenistanyň daşary syýasaty mundan beýläk halkara bileleşigi bilen özära peýdaly hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmäge, eksporty diwersifikasiýalaşdyrmagy göz öňünde tutmak bilen eksport mümkinçiligini kämilleşdirmäge, şeýle hem importy çalyşýan netijeli önümçiligi ösdürmegiň ýoly bilen import önümleriniň möçberlerini ep-esli peseltmäge gönükdirilendir.

Eksportyň geografiýasyny giňeltmek, ykdysadyýetiň çig mal däl pudaklarynyň we ulgamlarynyň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak, dünýä söwda bazarlarynda doly bäsleşige ukyplylygyň derejesi boýunça önümleriň eksporta gönükdirilişini gazanmak, önümçilik kuwwatlyklarynyň tehnologiki taýdan enjamlaşdyrylmagyny üpjün etmek maksady bilen daşary söwda dolanyşygynyň hil taýdan kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär. Bu işde köp ugurly önümçiligi we bazar hyzmatlarynyň ähli mümkin bolan mümkinçiliklerini hil taýdan ösdürmäge ýardam berip biljek ýurduň hususy ulgamyna esasy orun degişlidir.

Taryhyň we medeniýetiniň umumylygy, ozaldan gelýän ykdysady gatnaşyklary bilen şertlendirilýän goňşy ýurtlar bilen hyzmatdaşlyk

gatnaşyklaryny ösdürmek ileri tutulýar. Türkmenistanyň daşary syýasaty tehnologiki we innowasion modernizasiýasyny üpjün etmäge, täze iş orunlaryny döretmäge, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmaga, bazar gurluşyny gowulandyrmaga we döwlet ösüşiniň ulgamlaýynlygyny çaltlandyrmaga gönükdirilendir. Daşary ykdysady syýasatda açyk ykdysadyýete geçmäge we dünýä hojalyk gatnaşyklary ulgamyna ýurduň goşulyşmagyna ugur alynmagy, daşary söwda gatnaşyklaryny giňeltmek, daşary ykdysady işe gatnaşýan pudaklaryň sanyny artdyrmak, haryt öndürijileriň sanyny artdyrmak, dünýä maliýe guramalary bilen ykdysady gatnaşyklary işjeňleşdirmek, şeýle hem daşary ykdysady işiň ähli görnüşlerini liberalizasiýalaşdyrmak esasy ileri tutulýan ugurlar bolup durýar.

Dünýä ykdysadyýetiniň mundan beýläk-de globalizasiýalaşýan şertlerinde Türkmenistanyň dünýä bazarlaryna çykmagynyň mümkin bolan mümkinçilikleri birnäçe anyk wezipeleriň we çäreleriň çözülmegi bilen kesgitlenilýär:

– çig malyň we materiallaryň dünýä haryt bazarlarynda Türkmenistanyň bäsleşige ukyply eksporta gönükdirilen ornuny giňeltmek, energogeçirijileriň eksportyny diwersifikasiýalaşdyrmak, taýýar önümleriň we hyzmatlaryň eksportyny mundan beýläk-de artdyrmak;

– ýurduň eksport mümkinçiligini artdyrmak, önümçiligiň zähmeti köp talap edýän, serişdeleri tygşytlaýan, ekologiki görnüşleriniň we häzirki zaman hyzmatlarynyň görnüşleriniň ösüşini çaltlandyrmagyň hasabyna olaryň daşarky bäsleşige ukyplygyny ýokarlandyrmak;

– kommunikasiýa we ulag, halkara syýahatçylygy we beýleki ýokary hilli hyzmatlary goşmak bilen halkara we milli taslamalaryň hem maksatnamalaryň durmuşa geçirilişiniň ulgamynda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryna daşary ýurt maýa goýumlaryny giňden çekmek, şu esasda daşary ykdysady gatnaşygyň täze hyzmatdaşlaryny çekmek üçin şertleri döretmek;

– daşary yurt maýa goýumlaryny we ýurduň düýpli maýa goýumlaryny çekmegiň hasabyna senagat we gurluşyk ulgamlaryny giňeltmek we döwrebaplaşdyrmak;

– içerki ösýän islegi we ýurduň import mümkinçiligini diwersifikasiýalaşdyrmagy üpjün etmäge ukyply, önümleriň we

hyzmatlaryň bäsleşige ukyply görnüşlerini giňeltmäge gönükdirilen ykdysady işiň täze görnüşlerine kiçi we orta telekeçiligi çekmek;

– dünýä haryt bazarlaryna ýurduň önüm öndürijileriniň gatnaşmagyna deňhukukly şertleri üpjün etmek;

– ýurduň bäsleşige ukyply önümçiliginiň we hyzmatlarynyň görnüşlerini ösdürmäge amatly şertleriň döredilmegine gönükdirilen gümrük-tarif syýasatyny geçirmek;

– daşary ýurtly hymatdaşlar bilen ylmy-tehniki hyzmatdaşlygy ösdürmek.

Ýakyn geljekde ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda milli serişdeler mümkinçiligi we sebitiň, kontinentiň we dünýäniň energiýa howpsuzlygyny kepillendirýän Türkmenistan tarapyndan döredilýän energetiki infrastrukturanyň köp görnüşliligi esasy we aýgytly roly oýnar. Mundan beýläk dünýä energiýa howpsuzlygyna gatnaşyjy hökmünde Türkmenistanyň eýeleýän düýpli orny biziň döwletimize ileri tutulýan ugurlar boýunça dunýä ykdysadyýetine goşulyşmak işini kämilleşdirmäge mümkinçilik berer, ol Türkmenistan üçin aýratyn ähmiýete eýedir.

# VI BAP. TÜRKMENISTANDA HALKARA WALÝUTA-MALIÝE WE KARZ GATNAŞYKLARYNDA MAÝALARYŇ HEREKETINE WALÝUTA GÖZEGÇILIGININŇ ÄHMIÝETI WE ONUŇ KADALAŞDYRYLYŞY

## 6.1. Maýalaryň halkara hereketine gözegçilik we onuň halkara tejribesi

HPG-niň walýuta kadalaşdyrmasy boýunça jemleýji seljermesinde agza döwletleri bahalandyrmak üçin ulanýan 21 sany ugrunyň 13-i maýalaryň halkara hereketi bilen bagly amallara degişlidir . Käbir alymlaryň pikiriçe, munuň sebäbi döwletleriň öz walýuta syýasatlarynda maýalaryň hereketine gözegçiligiň ähmiýetiniň uludygy we netijede gündelik walýuta amallara garanyňda maýalar hereketine gözegçilige has uly üns berilmegi bilen baglydyr .Bu ýagdaýy HPG-niň agzalarynyň 2010-njy ýylda 43%-de, 2014-nji ýylda bolsa 48%-de gündelik walýuta amallarynyň doly erkinleşdirilendigi tassyklaýar.

Halkara tejribesinde maýanyň halkara hereketi bilen bagly walýuta amallaryna gözegçilik şu aşakdakylary öz içine alýar:

– maýa bazarynyň gymmatly kagyzlaryna, walýuta bazarynyň gurallaryna, köpçülikleýin maýa goýum gymmatly kagyzlaryna, deriwatiwlere we beýleki gurallara, söwda karzlaryna, maliýe karzlaryna, kepilliklere, güwäliklere we maliýe goldaw serişdelerine, göni maýa goýumlara, göni maýa goýumlarynyň ýatyrylmagyna, gozgalmaýan emläk bilen amallara, şahsy maýa amallaryna, karz edaralaryna degişli üpjünçiliklere we institusional maýadarlara gözegçiligi 1944-nji ýylyň Bretton-Wuds walýuta ulgamynyň maslahatyndan soň, HPG-niň Tertipnamasynyň VI maddasy agza döwletlerine maýalaryň hereketine gözegçilik etmäge erkinlik berdi. Bu Tertipnamanyň altynjy maddasynyň üçünji böleginde şeýle ýazylan: “Gaznanyň agzalary maýalaryň halkara hereketini kadalaşdyrmak üçin zerur bolan gözegçiligi amala aşyryp bilerler, ýöne VII maddanyň 3 (b) böleginde we XIV maddanyň 2 böleginde bellenenlerden daşary, Gaznanyň hiç bir agzasy gündelik amallar (şol sanda, eksport

we import) boýunça tölegleri çäklendirjek derejede ýa-da borçnamalary düzgünleşdirmek üçin niýetlenen serişdeleriň geçirimlerini aşa bökdeýän derejede gözegçiligi amala aşyryp bilmezler" . Bu madda häzirki wagta çenli güýjüni saklaýar we HPG-niň her bir agzasyna degişlidir.

HPG-niň Tertipnamasynyň esasy işläp düzüjileriniň biri bolan J.Keýns maýalaryň hereketine gözegçiligiň açyk tarapdarydy, HPG-niň öz syýasaty hem öz işiniň ilkinji ýyllarynda maliýe aktiwleri bilen halkara amallaryny kadalaşdyrmagyň ýörelgelerine eýerýärdi. Bretton-Wuds walýuta ulgamynyň hereket edýän döwründe (1944-1971) köp döwletler töleg balansyndaky kynçylyklary ýeňip geçmek üçin maliýe gurallary bilen amallary çäklendirdiler. Emma has soňra ösen döwletlerde geçirilen ykdysady seljermeleriň netijesinde, ýene-de maýalaryň hereketine gözegçiligi aradan aýyrmak boýunça meýiller ýokarlandy.

Şunuň bilen baglylykda, senagat taýdan ösen döwletlerde maýalaryň hereketine gözegçilik uzak ýyllar ulanylypdyr. Emma geçen asyryň 70-nji ýyllarynyň ahyrlarynda we 80-nji ýyllaryň başlarynda, hususan-da, 1973-nji ýylyň Ýamaýka konferensiýasyndan soňra, Ýamaýka walýuta ulgamynyň girizilmegi bilen (1976--1978 ý.) has-da 1980-nji ýyldan başlap, maýalaryň hereketi liberallaşmaga (erkinleşmäge) başlady. 1989-njy ýylda yglan edilen Waşington konsensusy netijesinde bolsa Latyn Amerikasy ýurtlarynda we beýleki ösüp barýan ýurtlarda hem maýalaryň halkara hereketini liberallaşdyrmak, gözegçiligi we çäklendirmeleri mümkin bolan iň pes derejä düşürmek meýilleri ýaýbaňlandy, hat-da geçen asyryň 90-njy ýylynyň başlarynda maliýe gurallary bilen eýýäm ösüp barýan döwletlere we geçiş ykdysadyýetli döwletlere halkara amallaryna walýuta çäklendirmeleri aýyrmak boýunça talaplar bildirilip başlandy. Emma 90-njy ýyllaryň ahyrlarynda ýüze çykan maliýe çökgünligi, has hem 2008--2014-njy ýyllaryň global maliýe-ykdysady çökgünligi maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň milli ykdysadyýetleriň durnuklylygyny saklamakda, netijede dünýä ykdysadyýetiniň umumy howpsuzlygyny saklamakda oňyn täsirlerine üns berilýär.

HPG-niň beýanatlaryna we onuň bilermenleriniň soňky ýyllardaky seljermeleriniň netijelerine seredip, Gaznanyň öz Tertipna-

masynda (şertnamasynda) agza döwletleriň maýalaryň halkara hereketine gözegçilik edip bilýändikleri barada anyk ýazylandygyna garamazdan, onuň bu babatdaky ilkibaşky syýasatynyň üýtgändigini, ýagny soňky ýyllarda agza döwletlerinde maýalaryň hereketiniň çäklendirilmegini oňlamaýandyygyny görmek bolýar. Bu babatda HPG öz beýanatlarynda maýalaryň hereketini çäklendirmeklige iň soňky ykdysady çäre hökmünde seredýändigini we onuň ýerine makroykdysady syýasaty ulanmagy ileri tutýandygyny belleýär. Gaznanyň ykdysatçy-bilermenleriniň (Ostrynyň we galamdaşlarynyň) geçiren seljermeleri, maýalaryň hereketine gözegçiligiň maýalaryň içeri akymyny kadalaşdyrmakda ulanylyp bilinjekdigini görkezdi. Gözegçilik, esasan, maýalaryň içeri akymy sebäpli ýiti maliýe durnuklylygynyň döremek howpy dörän döwletlerde walýutanyň hümmetini kadalaşdyrmak, monetar ýa-da fiskal syýasatlaryň netije bermedik ýagdaýynda ulanmak mümkindir .

Alymlaryň we ykdysadyýetçileriň gelen netijelerine görä, maýalaryň uly möçberde içeri akmagyna garşy çäreler şu şertlerde ulanylyp bilner:

– ykdysadyýet doly kuwwatynda (ýa-da şoňa ýakyn derejede) işleýän bolsa;

– döwletiň halkara altyn-walýuta ätiýaçlyklary ýeterlik derejede bolsa;

– milli walýutanyň hümmeti peseldilmedik bolsa;

– akymlar wagtlaýyn bolsa.

Görnüşi ýaly, bu ykdysatçylar maýalaryň hereketine gözegçiligiň zerurlygyny, ösüp barýan döwletlerde däp we zerur bolşy ýaly, maýalaryň daşary akymy däl-de, içeri akymy babatda ulanmagyň zerurlygyny ileri tutýarlar.

Her nähili bolsa-da, bu ykdysatçylar maýalaryň içerki akymyna garşy çäklendirmeleriň we beýleki çäreleriň ulanylmagynyň garşylykly köptaraply täsirini boljakdygyny duýdurýarlar. Olaryň bellemegine görä, bir ýurtda girizilen çäklendirme maýalaryň üçünji bir ýurda akmagyna, ol ýurtda hem gözegçiligiň girizilmegine we netijede zynjyrlaýyn we global täsiriň döremek howpuna ünsi çekýärler.

Maýalaryň hereket erkinliginiň bähbitleri barada ykdysatçylaryň arasynda jedeller uzak wagt bäri dowam edýär. Nazary derejede maslahatlar, esasan, “Harytlaryň we hyzmatlaryň erkin halkara

söwdasyndan gazanylýan peýda teoremasy maliýe aktiwleriniň halkara söwdasyna-da degişli bolup bilermi?» diýen soragyň daşynda jemlenýär. Kaliforniýa uniwersitetinden M.Obstfeld we Prinston uniwersitetinden K.Rogoff öz düýpli ylmy seljermelerinde gymmatly kagyzlaryň halkara söwdasynyň dürli döwletleriň ykdysadyýetlerine peýda getirýän wagtara söwdasyna (intertemporal trade) ýardam berýändigi barada, göýä gutarnykly bolan delilleri getirdiler .

Bu pikire eýerýänlere görä, maýalaryň erkin hereketinden gazanylýan bähbitler wagtara söwdasyndan gazanylýan bähbitlere laýyk gelýär. Wagtara söwdasy geljekde harytlary we hyzmatlary bermek borjuna harytlaryň we hyzmatlaryň çalşylmagyny aňladýar. Haçan-da ösüp barýan döwletler enjamy import etmek üçin ösen döwletlerden karz alanlarynda, olar wagtara söwdasyna gatnaşýarlar. Şunda karz alyjy döwlet öz içerki serişdeleriniň hasabyna amala aşyryp bilmeýän maýa goýumyny amala aşyrmak arkaly bähbit gazanýar. Karz beriji bolsa öz içki bazarynda alyp biljek peýdasyndan köp möçberde peýda almak we enjamy satmak arkaly bu amaldan bähbitli çykýar. Mundan başga-da karz alyjy tarap üçin ösen tehnologiýanyň ornaşdyrylmagy, içerki bazarda önümçiligiň we bäsleşigiň ýokarlanmagy ýaly bähbitler göz öňünde tutulýar.

Muňa garamazdan, özüňi alyp barmak maliýesini (behavioral finance) ileri tutýan ykdysatçylar bu pikire garşy delilleri getirýärler. Mysal üçin, Kolumbiýa uniwersitetinden Ý.Bhadwatiniň we Garward uniwersitetinden R.Kuperiň pikirine görä, maglumatlaryň doly elýeterli bolmadyk dünýäsinde maýalaryň erkin hereketi ykdysadyýetdäki bar bolan ýoýulmalary has hem beterleşdirýär. Bu ýoýulmalaryň esasynda maglumatlaryň ähli tarapa deň elýeterli bolmazlygy durýar. Mysal üçin, karz alyjy öz goýýan maýasyndaky töwekgelçilikleri karz berijä görä has gowy bilýär. Doly bolmadyk maglumat bolsa, geleşik baglaşylmanka we baglaşylandan soň hem meseleleri döredýär. Nädogry saýlama (adverse selection) meselesi maglumatyň iki tarapa-da deň we doly elýeterli bolmazlygyndan döreýär. Netijede, karz ygtybarsyz karz alyja berlip bilinýär. Munuň netijesinde karz berijiler hat-da ygtybarly karz alyjylara-da karz bermekden çekinýärler. Bu ýerde amal geçirilenden soň ahlak töwekgelçiligi (moral hazard) hem döreýär, ýagny karz alnandan soňra karz alyjy ýokary töwekgelçilik sebäpli karz berijiniň islemeýän işi bilen meşgullanyp bilýär. Bu

hem karz berijiniň karz bermek meýlini pese düşürýär. Bu bellenenler netijede maýalaryň erkin hereketiniň netijesiz maýa goýumlara we ulgamyň maliýe çökgünligi bilen tamamlanmagyna täsir edip biler. Hut şeýle dartgynlylyklardan gaça durmak üçin hem hökümetler maýalaryň halkara erkin hereketini çäklendirmek üçin gözegçilige ýüzlenýärler.

Şunuň bilen birlikde, maýalaryň hereketine gözegçiligiň ykdysady täsirleriniň, bähbitleriniň we zyýanlarynyň ösen döwletler, ösüp barýan we geçiş ykdysadyýetli döwletler üçin birmeňzeş däldigi, her bir döwletiň ykdysady aýratynlyklarynyň göz öňünde tutulmalydygy baradaky pikirler bilen hem ylalaşmak, onuň dünýä we milli ykdysadyýetlerdäki umumy ýagdaýlaryň üýtgemesini hem nazara almagyň zerurdygyny üstüne goşmak gerek.

Maýalaryň hereketini erkinleşdirmegiň ykdysasy täsirleri, ýüze çykarýan töwekgelçilikleri, onuň netijeliligi barada Pretoriýa uniwersitetiniň professory T.Sitholeniň işi ähmiýetlidir. Ol Asiedunyň we Sieniň işine salgylanyp, Sub-Sahara Afrikasy we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň mysalynda maýalaryň hereketini liberallaşdyrmak boýunça çäreleriň maýalaryň akymyna hiç hili täsir etmezliginiň sebäpleri barada aşakdakylar beýan edýär:

– göni maýa goýumlaryň, esasan, çig mal agtaryp tapmaklyga gönükdirilen bolmagy (beýle maýa goýumlar walýuta gözegçiligi syýasatyndan az derejede täsirlenýärler);

– daşary ýurt maýadarlarynyň döwletiň maýalaryň akymyny erkinleşdirmek syasatyna ynamdar göz bilen garamazlygy;

– öň hereket eden maýalaryň hereketine gözegçilik çäreleriniň netijesizligi.

Ykdysatçylar Koseniň, Prasadyň we olaryň galamdaşlarynyň (2006) bellemegine görä, goldaw beriji goşmaça syýasatlary alyp barmazdan, maýalaryň halkara hereketiniň erkinleşdirilmegi örän töwekgelçiliklidir. Berkidilen walýuta hümmeti şertinde maýalaryň hereketiniň doly erkinleşdirilmegi käbir ýurtlarda hat-da ykdysady çökgünlige getirdi. Çeýe hümmete geçiş döwründe maýalaryň hereketine gözegçilik eden ýa-da gözegçiligi tapgyrlaýyn aýran döwletler has gowy netije gazandylar .

Maýalaryň hereketine walýuta gözegçiligiň yzygiderli saklanmagy, maýa goýum işjeňligini peseltmek bilen, ykdysady ösüşe

oňaýsyz täsirini ýetirip bilýär. Ykdysady syýasaty alyp baryjylar maýalaryň hereketine gözegçiligiň derejesini kesgitlänlerinde onuň ykdysady ösüşe oňaýsyz täsirini walýuta hümmetiniň durnuklylygynyň ykdysady ösüşe oňyn täsiri bilen deňeşdirmelidirler.

E.S.Prasadyň we E.Rajanyň geçiren seljermeleri (2008) ösüp barýan döwletlerde maýalaryň hereketiniň erkinleşdirmesiniň esasy bähbidi ýurda akyp gelýän maýa goýumlarynyň möçberi däl-de, eýsem onuň beýleki bazar infrastrukturalaryny döretmekdäki ähmiýeti bilen baglydyr .

Ykdysady taýdan garyp (pes girdejili) döwletlerde maýalaryň içeri akymyny üpjün etmek üçin bazar mehanizmleriniň ösdürilmegi zerurdyr. Emma ykdysatçy alymlar Asiedunyň we Sieniň (2004) geçiren seljermeleri beýleki ösüp barýan döwletlere garanyňda, çig mal serişdelerine baý ýurtlara maýalaryň akymynyň ýokarydygy we munuň ýurtdaky bazar infrastrukturasynyň ýagdaýyna köplenç bagly bolmaýandygyny belleýärler. Çig mal toplumyna (esasan, ýangyç we mineral serişdelere) maýa goýumlar ýurduň ykdysady syýasatyna we maliýe bazaryna pes derejede bagly bolýarlar .

Ykdysadyýet boýunça Nobel baýragynyň eýesi, Kolumbiýa (ABŞ) uniwersitetiniň professory J.Ştiglisiň bellemegine görä, globallaşma dürli döwletlerde ykdysadyýetlere dürlüçe täsir edýär. Töwekgelçiligi artdyrýan we ösüp barýan döwletleri töwekgelçilige iterýän halkara maliýe kadalaşdyrmalary oňaýsyz bäsleşik mümkinçiligi bolan döwletleriň (ösüp barýan döwletleriň) hasabyna töwekgelçigi siňdirmekde artykmaçlygy bolan döwletleriň (ösen döwletleriň) girdejilerini artdyrýar. J.Ştiglis birnäçe sebitlerde we ýurtlarda ýüze çykan çökgünliklerde (şol sanda, Günorta Aziýa maliýe çökgünliginde we Argentinadaky ykdysady çökgünlikde) HPG-niň syýasatlaryny sebäp görkezýär .

Görnüşi ýaly, maýalaryň halkara hereketine gözegçilik ilkinji gezek içerki maýalaryň ýurtdan akyp çykmagynyň öňüni almak maksady bilen ulanylan bolsa, geçen ýyllaryň dowamynda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynyň we maliýe bazarlarynyň ösmegi bilen, maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň ugurlary we usullary artdy. Munuň netijesinde maýalaryň halkara hereketine gözegçilik çärelerini ulanmak zerurlygy ýüze çykan ýagdaýynda, maýalaryň akymynyň ugruna (içeri ýa-da daşary), şeýle hem ykdysadyýetiň we

maliýe ulgamynyň ýagdaýyna we bar bolan gurallara baglylykda ol ýa-da beýleki usulyň dogry saýlanyp alynmagy zerur bolup durýar.

Häzirki wagtda maýalaryň hereketine walýuta gözegçiliginiň usullary bilen bilelikde, onuň maksady hem özgerdi. Meşhur ykdysatçylar Barry Johnsonyň we Natalia Tamirisanyň ösüp barýan ýurtlaryň 45-inde maýanyň hereketine gözegçilik boýunça geçiren seljermeleriniň netijesine görä, maýalaryň gözegçilik edilýän akymynyň ugruna we amallaryň görnüşine baglylykda, gözegçiligi düşündirýän faktorlarda uly tapawutlaryň bardygy anyklandy. Maýalaryň hereketliligini çäklendirmegiň esasy faktorlary hökmünde şulary görkezmek bolar:

– töleg balansynda ýüze çykan meseleler;

– makroykdysady kadalaşdyrma;

– maýalaryň bazarynyň we maliýe edaralarynyň ösüş derejesi (pes ösenligi);

– içerki kadalaşdyryşyň ulgamynyň ýagdaýy (gowşaklygy);

– ykdysadyýetiň göwrümi we onuň ösüş tapgyry.

Empirik (tejribeleýin) seljermeleriň netijesi maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň ykdysady nazaryýetde beýan edilenler bilen doly gabat gelýändigini görkezdi. Maýalaryň halkara hereketine gözegçilik boýunça dürli döwletleriň taryhy tejribeleri we geçirilen ylmy-barlaglaryň netijesi dürli ykdysady maksatlar bilen maýalaryň akyp çykmagyna we girmegine gözegçüigiň guralandygyny öňe çykarýar . Döwletleriň taryhy tejribesinden, maýalaryň daşary akyp çykmagyna gözegçiligiň (çäklendirmeleriň, getirýän şu netijelerini bellemek mümkin:

– inflýasiýanyň ýokary derejesinde we walýuta hümmetiniň berkidilen şertinde içerki göterim derejelerini peseltmäge mümkinçilik berýär;

– maliýe ulgamynyň serişdelerini ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlarynyň ösüşini höweslendirmek üçin ulanmaga mümkinçilik berýär;

– çäklendiriji pul-karz syýasatyny ulanmazdan ýa-da dewalwasiýasyz daşary ýurt aktiwlerine bolan islegi peseldýär,

– içerki maýa goýumlarynyň artmagyna getirýär.

Şonuň ýaly-da maýalaryň ýurda gelmegine gözegçiligiň (çäk-

lendirmeleriň) getirýän netijeleriniň hatarynda şulary bellemek mümkin:

– giňeliji pul-karz syýasatyny ulanmazdan ýa-da rewalwasiýasyz dahylsyzlaryň içerki aktiwlere bolan islegini peseldýär;

– hakyky walýuta hümmetiniň durnuklylygy walýuta teklibini artdyrmakdan saklanmaga we inflýasiýadan gaça durmaga mümkinçilik berýär;

– içerki aktiwlere, şol sanda tebigy serişdeler ýaly aktiwlere daşary ýurt eýeçiliginiň çäklendirilmegi bu meselede jemgyýetçilik-syýasy dartgynlylygyň ýüze çykmagynyň öňüni alýar;

– töleg balansynyň artykmaçlygyny kadalaşdyrmaga ýardam berip bilýär;

– daşary ýurt maýa goýumlarynyň durnuksyzlygyny peseldýär.

## 6.2. Halkara tejribesinde gündelik amallara walýuta gözegçiliginiň ugurlary

HPG-niň walýuta kadalaşdyrmasy boýunça jemleýji seljermesinde agza döwletlerini bahalandyrmak üçin ulanýan 21 sany ugrunyň 6-sy gündelik amallara degişlidir . Muňa garamazdan, bu gözegçilik ugurlarynyň her biri halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklaryna we walýuta amallaryna ýokary täsiri bilen tapawutlanýandyklaryny bellemek gerek.

HPG-niň Tertipnamanyň 8-nji maddasy agza döwletlere çäklendirmesiz we diskriminasiýasyz walýutalary çalyşmak we walýuta düzgünini saklamak borjuny ýükleýär, agza döwletler Gazna bilen ylalaşmazdan gündelik halkara amallar boýunça çäklendirmeleri girizmezlige borçlanýarlar. Şunuň bilen birlikde, Tertipnamanyň 14-nji maddasyna laýyklykda, Gaznany habardar etmek bilen, Gazna agza bolan döwründe hereket eden gündelik amallar boýunça geçirimlere we tölegleri çäklendirmeleri saklap we üýtgeýän ýagdaýlara görä uýgunlaşdyryp bilerler. Şunda agza döwletler öz walýuta syýasatlarynda Gaznanyň maksatlaryny yzygiderli ünsünde saklaýarlar we haçan-da şertler mümkinçilik berende halkara tölegleri geçirmegi ýeňilleşdirjek we alyş-çalyş hümmeti ulgamynyň durnuklylygyna ýardam berjek täjirçilik we maliýe mehanizmlerini girizmek boýunça mümkin bolan çäreleri görýärler. Husussan-da, agza döwletler

şeýle çäklendirmeler bolmadyk halatynda öz töleg balanslaryny kadalaşdyrmaga ýagdaýynyň bardygyna göz ýetirenlerinde, gündelik amallara çäklendirmeleri aradan aýyrýarlar.

Görnüşi ýaly, HPG gündelik amallara çäklendirmeler boýunça berk talaplary belleýär. Şol bir wagtyň özünde, birnäçe döwletler häzirki wagta çenli gündeik amallarda walýuta çäklendirmelerini ulanýarlar. Şunda döwletler, köplenç halatda, Gaznanyň Tertipnamasynyň 14-nji maddasyna salgylanýarlar. 2015-nji ýylyň maglumatlaryna laýyklykda, agza döwletleriň 48%-i Tertipnamanyň 8-nji maddasy, galanlary, şol sanda Türkmenistan hem 14-nji maddasy boýunça hereket edýär .

Gündelik amallarda we maýalaryň hereketi bilen bagly amallarda walýuta gözegçiligi bir-biri bilen berk baglanyşyklydyr. Kähalatlarda gündelik amallara girizilen gözegçilik maýalaryň hereketini çäklendirmäge gönükdirilendir. Bu ýagdaýda, eger-de gözegçilik gündelik amallary bökdemeýän bolsa we diňe maýalaryň hereketine gözegçilik etmek üçin ulanylýan bolsa, onda ony gündelik amallara girizilen çäklendirme hökmünde kabul edip bolmaýar.

Mysal üçin, HPG-niň bahalandyrmasynda şahsy maksatly tölegler boýunça çäklendirmeler ýa-da nagt walýutalaryň hereketine girizilen çäklendirmeler gündelik amallaryň sanawynda görkezilýär, emma bu çäklendirmeler ulanylyş derejesine baglylykda maýalaryň akymyny çäklendirmek maksady bilen ulanylýarlar.

Şeýle hem, repatriasiýa (dahyllynyň milli we daşary ýurt walýutasyny ýurda gaýtarmagy) talaby gündelik amallar (eksport we import) babatda girizilýän-de bolsa, köplenç halatda (gündelik amallara päsgel bermeýän derejede), onuň maksady maýalaryň ýurtdan çykmagynyň öňüni almakdan ybaratdyr. Emma örän gysga möhletli ýa-da aşa agyr şertli repatriasiýa talabynyň gündelik amallaryň çäklenmegine-de öz täsirini ýetirýändigi ikuçsuzdyr.

Daşary söwdada (eksportda we importda) walýuta çäklendirmeleri söwda çäklendirmeleri bilen garyşdyrylmaly däldir. Daşary söwdada walýuta gözegçiligi eýýäm amala aşyrylan ýa-da indi amala aşyryljak daşary söwda amallary boýunça töleglere degişlidir. Muňa garamazdan, onuň daşary söwdany çäklendirmekdäki täsiri, görnüşine baglylykda, göni söwda çäklendirmelerinden pes bolman biler.

Gündelik amallara walýuta gözegçiliginiň we çäklendirmeleriniň

oňaýsyz ykdysady täsirleri barada, belgiýaly Professor Norbert Vandecan şulary görkezýär:

– daşary söwdany çäklendirýär;

– bikanun walýuta alyş-çalyş bazarynyň (gara bazaryň) döremegine getirýär;

– hasaplaşyklaryň rugsat edilmeýän (bikanun) ýa-da oňlanylmaýan (nagt, üçünji taraplaryň üsti bilen we ş.m.) görnüşleriniň artmagyna getirýär.

Gündelik amallara gözegçiligiň zerurlygy we onuň haýsy görnüşleriniň ulanylmalydygy her bir ýurduň maliýe-ykdysady ýagdaýyna, daşary ykdysady gatnaşyklarynyň düzümine, töleg balansynyň ýagdaýyna we ýetilmek islenilýän netijä baglydyr. Hususan-da, ösüp barýan döwletlerde, olaryň arasynda hem geçiş ykdysadyýetli döwletlerde milli ykdysadyýeti we milli walýuta birligini ösen ykdysadyýetleriň we ýörgünli, berk walýutalaryň oňaýsyz täsirinden goramak maksady bilen, gündelik walýuta amallara gözegçiliginiň ol ýa-da beýleki görnüşlerini belli derejede ulanmak mümkindir. Hut şoňa görä-de, HPG hem öz Tertipnamasynyň 14-nji maddasynda geçiş ykdysadyýetleri üçin gündelik amallara walýuta gözegçiligini alyp barmaga mümkinçiligini açýar.

## 6.3. Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiligiň milli tejribesi we onuň hukuk esaslarynyň kämilleşmegi

Türkmenistan 1993-nji ýylda milli walýutasyny - türkmen manadyny dolanyşyga girizmek bilen, garaşsyz walýuta, maliýe we karz syýasatyny alyp barmaga mümkinçilik aldy. Bu bolsa ýurduň ykdysady garaşsyzlygyny berkitmegiň iň möhüm şertleriniň biridir.

Milli walýutanyň dolanyşyga girizilmegi bilen, milli ykdysadyýetiň, maliýe we walýuta ulgamynyň öňünde birnäçe çözülmeli meseleler ýüze çykdy. Şolaryň biri hem halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik etmek bilen bagly bolup durýardy. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynyň garaşsyz subýekti hökmünde

Türkmenistan dünýä söwda-ykdysady gatnaşyklaryna goşulyşdy we oňa milli bazary, ykdysadyýeti we pul birligini goramak we ösdürmek üçin netijeli walýuta syýasatyny alyp barmak zerurdy.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistanyň milli walýutanyň ýagdaýyna täsir eden esasy zerurlyklar hökmünde şulary görkezmek bolar:

– ykdysadyýetiň diwersifikasiýalaşmak derejesiniň ýokarlandyrmak;

– eksporty diwersifikasiýalaşdyrmak, eksport üçin täze bazarlary tapmak;

– döwlet býujetiniň deňeçerligini gazanmak;

– daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek;

– daşary ýurt walýutalarynyň serişdelerini netijeli dolandyrmak;

– maýalaryň daşary akymynyň öňüni almak;

– ykdysadyýetiň dollarlaşmagynyň öňüni almak;

– milli walýutanyň içerki we halkara amallardaky ýörgünliligini ýokarlandyrmak.

Netijede, 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan milli walýutanyň dolanyşyga girizilmegi bilen, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny, şol sanda ýurduň çäginde daşary ýurt walýutalarynyň ulanylmagyny, daşary ýurt walýuta bazaryny, maýalaryň halkara akymyny, gündelik halkara walýuta amallaryny düzgünleşdirmek zerurlygy hem ýüze çykdy. Hut şunuň bilen baglylykda, 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda “Daşary ýurt walýutalaryndaky amallaryny düzgünleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi we bu Kanun şol ýylyň 1-nji noýabryndan, ýagny hut manadyň dolanyşyga girizilen gününden güýje girdi. Bu ýagdaý milli walýutasy bolan her bir döwlet üçin halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny, şol sanda daşary ýurt walýutalaryndaky amallary kadalaşdyrmagyň zerurlygynyň görkezijisidir.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýutalara gözegçilik boýunça kanunçylyk binýadynyň we tejribesiniň 1993-nji ýyldan başlap yzygiderli kämilleşdirilendigini görmek bolýar. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýu-

ta amallary, esasan, TMB-niň düzgünnamalary, hatlary, şeýle hem käbir aýry-aýry ugurlar boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň we TMK-nyň kadalaşdyryjy namalary bilen kadalaşdyryldy.

Eýýäm 1993-nji ýylda TMB tarapyndan Türkmenistanyň çäginde daşary walýutalarynda hasaplaşyklary geçirmegiň düzgünleri, daşary walýutalarynda söwda däl amallaryň tertibi, edara görnüşli we şahsy taraplaryň daşary ýurtlardaky hasaplaryny bellige almagyň tertibi, walýuta biržasynyň işiniň tertibi, eksport boýunça walýuta gözegçiligi bilen bagly namalar işlenip düzüldi we tassyklanyldy. 1994-nji ýylda eksport girdejisini hökmany satmagyň tertibi, Türkmenistanyň çäginde daşary walýutalaryna harytlary we hyzmatlary ýerlemegiň tertibi, nagt daşary ýurt walýutalaryny satmagyň tertibi, halkara hasaplaşyklaryny ulanmagyň tertibi bilen bagly namalar kabul edildi. Görnüşi ýaly, milli walýutanyň dolanyşyga girizilen ilkinji ýyllaryndan Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta amallaryna gözegçilik syýasatynyň işjeňleşendigini görmek bolýar.

Bellenen çäreler, esasan, gündelik amallary düzgünleşdirmäge, maýalaryň halkara (esasan, ýurtdan daşary) hereketini bolsa çäklendirmäge gönükdirilendir. Bu ýagdaý, esasan, 2008-nji ýyla çenli, ýagny manadyň daşary ýurt walýutasyna gatnaşykda ýeke-täk hümmetiniň girizilmegine we alyş-çalyş amallarynyň belli derejede erkinleşdirilmegine çenli dowam etdi. Gündelik walýuta amallarynda çäklendirmeler, esasan, milli walýutany daşary ýurt walýutasyna çalyşmak, dürli walýuta alyş-çalyş hümmetleriniň hereket etmegi, resmi hümmet boýunça alyş-çalyş amallarynyň, banklaryň halkara işiniň çäklendirilmegi ýaly ýagdaýlar bilen häsiýetlendi. Bu bolsa öz gezeginde halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda nagt däl walýuta amallarynyň ýerine nagt we beýleki görnüşlerdäki hasaplaşyklara bolan meýilleriň saklanyp galmagyna täsir etdi.

Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak we walýuta gözegçilik boýunça möhüm özgertmelere badalga berlen sene hökmünde 2008-nji ýyly görkezmek bolar. Bu seneden soňra ýurdumyzda milli walýutanyň daşary ýurt walýutalaryna gatnaşykda ýeke-täk hümmeti girizildi, halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallary,

şol sanda walýuta alyş-çalyş amallary ep-esli derejede erkinleşdirildi. Banklaryň alyş-çalyş nokatlary gaýtadan açyldy we resmi hümmet boýunça (aratapawut girdejileri hem göz öňünde tutmak bilen) walýuta alyş-çalyş amallary ýola goýuldy. Bankara walýuta bazary özgerdilip guraldy we TBWB gündelik tertipde işlemäge başlady. Täjirçilik banklarynyň halkara amallary erkinleşdi (birinji derejeli daşary ýurt banklarynda hasaplary açmaga ygtyýar berildi).

2011-nji ýylda bolsa 1993-nji ýylda kabul edilen "Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny ýatyrylyp, onuň ýerine "Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi. Şondan soňra bu täze kabul edilen Kanunyň esasynda, ýurduň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýuta amallaryny kadalaşdyryjy birnäçe hukuk namalarynyň giň toplumy kabul edildi.

## 6.4. Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine walýuta gözegçiliginiň ösüş taryhy we hukuk esaslary

Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine walýuta gözegçiliginiň hukuk esaslary milli kanunçylykda ilkinji gezek 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen "Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny bilen kesgitlenildi (Kanun 2011-nji ýylyň oktýabryna çenli hereket etdi). Kanunda walýuta operasiýalary gündelik (tekuşiý) operasiýalara we maýalaryň (kapitalyň) hereket etmegi bilen baglanyşykly operasiýalara bölünýär.

Şunda maýalaryň hereket etmegi bilen baglanyşykly walýuta amallaryna (walýuta operasiýalaryna) aşakdakylar degişli edilýär:

– maýa goýumlary (inwestisiýalar), şol sanda gymmatly kagyzlary satyn almak we satmak;

– karz bermek we almak;

– hasaplara hem-de goýumlara serişdeleri çekmek hem-de ýerleşdirmek;

– nagt serişdeleriň we gymmatly kagyzlaryň serhetden geçirilmegi.

Görnüşi ýaly, bu Kanunda halkara tejribesi bilen deňeşdirilende,

maýalaryň hereketine degişli amallaryň umumylaşdyrylyp ýazylandygyna garamazdan, ol milli tejribede ulanylýan amallaryň esasy görnüşlerini öz içine alýar .

Bu Kanunyň ýerine 2011-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda we hereket edýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda maýalaryň hereketine gözegçilik bilen bagly bimäçe kadalaryň göz öňünde tutulandygyna garamazdan, “maýalaryň hereketi” düşünjesi we oňa girýän amallaryň anyk sanawy bellenilen däldir.

Belläp geçişimiz ýaly, maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň hukuk esaslary milli kanunçylykda ilkinji gezek 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen “Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Kanuny bilen kesgitlenilendigine garamazdan, bu seneden öň hem TMB tarapyndan maýalaryň hereketini kadalaşdyrmak boýunça talaplar bellenilip başlandy. Eýýäm 1993-nji 7-nji sentýabrynda TMB tarapyndan dahyllylaryň daşary ýurt banklarynyň we beýleki maliýe-karz edaralarynyň maýasyna gatnaşmagy üçin rugsat almagyň düzgünnamasy tassyklanyldy. Şeýle hem şol senede TMB tarapyndan ‘Türkmenistanyň fiziki we edara görnüşli taraplarynyň daşary ýurtlardaky goýumlaryny bellige almagyň tertibi” tassyklanyldy. 1993-nji ýylyň 16-njy noýabrynda bolsa TMB-niň Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugyna ýazan haty bilen, eksport boýunça bank tassyknamasyny almak talaby bellenildi.

Ondan soňraky ýyllarda maýalaryň hereketine gözegçilik bilen bagly esasy çäreleriň hatarynda 1994-nji ýylda TMB tarapyndan daşary ýurt walýutalaryndaky girdejiniň belli bölegini satmak talabynyň bellenilmegini, 1995-nji ýylda daşary ýurt walýutalaryndaky girdejini ýurda gaýtarmagyň tertibiniň bellenilmegini, dahylsyzlaryň goýum hasaplaryny açmaklarynyň tertibiniň bellenilmegini, 1996-njy ýylda ministrliklere we pudak edaralaryna daşary ýurt walýutalaryndaky girdejiniň Türkmenistana getirilmezden ozal ulanylmagynyň gadagan edilmegini, daşary söwda şertnamalaryny Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasynda (TDHÇMB) hökmany bellige almak talabynyň bellenilmegini, daşary ýurt walýutalaryndaky karzlaryň

düzgünleşdirilmegini görkezmek bolar. Bu bellenen döwürlerde we ondan soňra amala aşyrylan çäreler, esasan, ýokarda sanalyp geçilen düzgünleri kämilleşdirmäge, berkitmäge gönükdirildi.

Sanalan namalardan we olaryň mazmunyndan görnüşi ýaly, Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine walýuta gözegçiligi, esasan, maýalaryň daşary akymyny çäklendirmäge we içeri akymy üçin şertleri döretmäge gönükdirilendir.

## 6.5. Türkmenistanyň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda maýalaryň hereketiniň we oňa gözegçiligiň ähmiýeti

Maýalaryň hereketine gözegçiligiň zerurlygyny we onuň derejesini iki ugur boýunça, ýagny maýalaryň içeri akymy we daşary akymy babatda aýratynlykda seljermek ýerliklidir. Çünki aýry-aýry ýagdaýlarda ýa-da şol bir wagtda olaryň her biriniň ykdysady täsirleri tapawutlanyp bilýär.

Maýalaryň içeri akymyna gözegçilik we çäklendirme çäreleri maýalaryň içeri akymynyň derejesini kadalaşdyrmak üçin amala aşyrylýar. Şol sebäpli, belli bir döwürde maýalaryň hereketine gözegçiligiň zerurlygy ýa-da zerur däldigi barada netijä gelmek üçin, ilkinj nobatda, içerki bazarda daşary ýurt maýa goýumlarynyň zerurlygyna ýa-da zerur däldigine baha bermek gerek.

Türkmenistanyň töleg balansyny seljerip görenimizde, ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklarynda maýanyň hereketine degişli amallaryň ornuna göz ýetirmek bolýar .

Hasaplaryň galyndysy boýunça alnanda maýanyň hereketine degişli käbir hasaplaryň aýry-aýry ýyllarda, hat-da gündelik hasapdan-da, ýokary paý tutmagy töleg balansynyň bolup biljek ýetmezçiligini kadalaşdyrmakda maýalaryň hereketiniň ähmiýetini görkezýär.

Şunuň bilen birlikde, maýalaryň hereketiniň gündelik amallara ýetirýän täsiriniň hem uludygyny we uzakmöhletleýin häsiýete eýedigini bellemek gerek. Başgaça aýdylanda, ýurduň çäginde amala aşyrylýan maýa goýumlaryň artmagy ýa-da kemelmegi geljek ýyllarda ýurduň önümçilik kuwwatyna, eksport kuwwatyna täsirini ýe-

tirýär. Eger-de maýa goýumlar daşary ýurt serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýan bolsa, bu belli derejede maýa goýumdan alynýan girdejileriň repatriasiýasy (öz ýurduna çykarylmagy) bilen baglylykda gündelik hasap boýunça maliýe serişdeleriniň daşary akymyna, eksport kuwwatynyň artmagy bilen baglylykda bolsa içeri akymyna täsirini ýetirýär (5-nji diagramma).

Halkara ätiýaçlyklaryň we walýuta hümmetiniň durnuklylygyny saklamak şertinde, gündelik amallar bilen maýalaryň hereketiniň arasyndaky makroykdysady baglanyşyk hem möhümdir. Haçan-da gündelik hasabynyň galyndysy oňyn bolsa, onda döwlet halkara bazarynda ýa-da milli bazarda maýadar hökmünde çykyş etmäge mümkinçilik gazanýar. Eger-de gündelik hasabyň galyndysy oňyn çykmasa, onda döwlet ýetmezçiligi maliýeleşdirmek üçin daşary ýurt maýasyny çekmäge (şol sanda karz almaga) mejbur bolýar .

Türkmenistanyň ykdysady şertlerinde maýalaryň ýurduň içeri akymyny höweslendirilmeginiň esasy iki maksadyny bellemek bolar:

– ýurduň ykdysady ösüşi üçin maliýe serişdelerini çekmek;
– milli ykdysadyýete ösen tehnologiýalary ornaşdyrmak.

Ýurduň ykdysadyýetiniň doly kuwwatyna çykanlygyny, şonuň bilen baglylykda ykdysadyýete goşmaça maýa goýumlaryň zerurlygyny ölçemegiň umumy kabul edilen ýeke-täk usuly ýokdur. Döwletler, esasan, muny özleşdirilmedik resurslaryny, ykdysadyýetiň ösdürilmeli aýry-aýry ugurlaryny seljermek arkaly kesgitleýärler. Şunda Türkmenistan babatda zähmet, ýer, çig mal serişdeleriniň gorlaryna we ykdysadyýetiň tehnologiýalaşmak derejesine üns bermek ýerliklidir.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde dürli çeşmeleriň hasabyna içerki maýa goýumlarynyň artmagynyň dowam etmegi ykdysadyýetiň özleşdirilmedik kuwwatynyň entek uludygynyň görkezijileriniň biridir.

Ýurduň ykdysady ösüşi üçin daşary ýurt maýasyny çekmek zerurlygy ykdysadyýetiň doly kuwwatyna çykmadyk şertlerinde zerurlygyny saklaýar. Emma Türkmenistan üçin ony birinji derejeli çeşme hökmünde kabul edip bolmaýar. Bu ýagdaýy 6-njy diagrammadan hem görmek bolýar, ýagny 2011-2015-nji ýyllarda Türkmenistana daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi durnukly saklandy.

Türkmenistanyň ýokary çig mal, önümçilik we eksport kuwwaty netijesinde söwda balansynyň yzygiderli oňyn bolmagy netijesinde, içerki maýa goýum mümkinçilikleriniň artmagy, şeýle hem maliýe ulgamynyň karz mümkinçilikleriniň artmagy bu ýagdaýa öz täsirini ýetirýär. Söwda balansynyň oňynlygy (7-nji diagramma) diňe bir ýurduň halkara ätiýaçlyklarynyň artmagyna däl, eýsem bu serişdeleri ykdysadyýete maýa goýmaga hem mümkinçilik berýär.

Bu ýagdaý, Türkmenistanyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýasy çekilende, içki gorlaryň ulanylmaýan (erkin) böleginiň möçberine we onuň girdejililigine üns bermek, şeýle hem ony daşary ýurt maýasynyň gymmaty (çykdajylylygy) bilen deňeşdirmegiň ýerliklidigini görkezýär. Muny aşakdaky şertler bilen düşündirmek bolar.

Şunda, diňe girdejililik nukdaýnazaryndan seredilende, ýagny töwekgelçilikleri paýlaşmak, tehnologiýalary özleşdirmek ýaly goşmaça bähbitler hasaba alynmanda, eger-de erkin ätiýaçlyklaryň girdejililigi daşary ýurt maýasynyň çykdajylylygyndan pes bolsa, onda daşary ýurt maýasyny çekmekligiň maksadalaýykdygy baradaky netije çykýar. Eger-de erkin ätiýaçlyklaryň girdejililigi daşary ýurt maýasynyň çykdajylylygyndan ýokary bolsa, onda daşary ýurt maýasynyň ýerine içki serişdeleri ulanmagyň maksadalaýykdygyny bellemek bolar.

HPG-niň usulyýetine laýyklykda, ýurduň 3 aýlyk importynyň möçberinden az bolmadyk ýagdaýynda halkara ätiýaçlyklaryň möçberi ýeterlik derejede hasaplanýar. Türkmenistanyň töleg balansynyň maglumatlaryna seredilende, bu usulyýet boýunça Türkmenistanyň halkara ätiýaçlyklarynyň möçberiniň doly ýeterlikdigini görmek bolýar. Emma HPG-niň ýokarda bellenilen usulyýeti Bretton-Wuds pul ulgamyndan (1944 ý.) galyp, ondan bäri ýüze çykan ykdysady, maliýe-pul çökgünlikleri oňa gaýtadan seretmegiň zerurlygyny görkezdi. Bu ýagdaýy, şeýle hem Türkmenistanyň ykdysady aýratynlyklaryny, şol sanda onuň ykdysadyýetiniň açyklyk derejesini (daşary söwdanyň ykdysadyýetdäki paýyny), eksporty diwersifikasiýalaşdyrmak zerurlygyny, ulanylýan walýuta hümmeti düzgünini göz öňünde tutanyňda, ýurduň halkara ätiýaçlyklaryny görkezilen derejeden ýokary saklamagyň zerurdygy barada netijä gelmek bolar. Şonuň üçin

hem, maýalaryň akymyna walýuta gözegçiligi syýasaty alnyp barlanda, içki serişdeleri ulanmak ýa-da daşary ýurt maýasyny çekmek boýunça çözgütler kabul edilende, bellenen aýratynlyklaryň göz öňünde tutulmagy ýerliklidir.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary söwdanyň uly paý tutýandygyny hem göz öňünde tutmak gerek. Ýurduň daşary söwdasynyň jemi içerki önüme gatnaşygy 2013-nji ýylda 90,2%-e barabar boldy.

Bellenenleriň netijesinde, walýutalaryň alyş-çalyş hümmetiniň ulanylýan düzgünine bagly bolmazdan, maýalaryň aşa içeri akymy netijesinde orta we uzak möhletde ýüze çykyp biljek töwekgelçilikleriň hatarynda aşakdakylary görkezmek bolar:

– daşary ýurt maýa goýumlaryndan gazanylan girdejileriň daşary ýurda gaýtarylmagy netijesinde gündelik hasabyň galyndysyna oňaýsyz täsir ýetirmesi;

– durnuksyz maýa goýumlaryň birden we köpçülikleýin öz ýurduna gaýtarylmak meýilleriniň ýüze çykmagy we onuň netijesinde walýuta bazaryny kadalaşdyrmak üçin ätiýaçlyklaryň ýetmezçilik etmek töwekgelçiliginiň döremegi.

Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçişini we ösüp barýan ykdysadyýete eýedigini göz öňünde tutmak bilen, daşary ýurt maýasynyň ösen tehnologiýalary özleşdirmek babatdaky ähmiýetini bellemek bolar. Ykdysady nazaryýetde bu önümçilik faktorlarynyň hatarynda "telekeçilik ukyby" düşünjesi bilen gabat gelip, ol diňe bir tehnologiki serişdeleri däl, eýsem ylmy, bilimi, tilsimatlary we sözüň dar manysyndaky "telekeçilik ukybyny" hem öz içine alýar. Ösüp barýan ykdysadyýetler üçin ösen tehnologiýalaryň importyny daşarky maýalarny ýurda çekmegiň esasy artykmaçlygy hökmünde görkezmek bolar.

Ösüp barýan döwletler üçin daşary ýurt maýalaryny çekmegiň ýene bir möhüm faktory töwekgelçilikleriň paýlaşylmagydyr. Mysal üçin, Türkmenistan "A" döwlete eksport ediljek tebigy gaz boýunça harytlyk tebigy gazy işläp çykarmak boýunça daşary ýurt maýalaryny, şol sanda "A" döwletiň maýasyny çekýär. Bu bolsa ýurda maýa goýýan döwletiň maýa goýumyň netijesine gyzyklanmasyny

artdyrýar. Eger-de Türkmenistan bu ýagdaýda öz içki serişdelerini ulanmak bilen, iri maýa goýumlary amala aşyrsa we “A“ döwlet bolsa harytlyk gazy satyn almakdan saklansa, bu ýerde özleşdirilen uly möçberli içerki serişdeleriň doly, bölekleýin we (ýa-da) belli bir möhlete girdejisiz saklanmak töwekgelçiligi ýüze çykýar. Şunda Türkmenistanyň ykdysady şertlerinde strategik pudaklara iri möçberli maýa goýumlary çekilende, daşary ýurt maýasynyň goşmaça girdejililiginden we täze tehnologiýa hökmündäki ähmiýetinden daşary, töwekgelçiligi paýlaşýanlygyna-da üns berilmegi zerurdyr.

Ýene-de bir üns berilmeli ýagdaý, çekilýän daşary ýurt maýa goýumynyň çykdajylylygynyň (göterim çykdajylarynyň) halkara maliýe bazarlary bilen deňeşdirmeler esasynda seljerilmeginiň zerurlygydyr.

Her bir ýurduň ykdysadyýetinde içerki maýalaryň daşarky maýadan birnäçe artykmaçlyklary bardyr. Olaryň hatarynda şulary görkezmek bolar:

– adatça, daşky maýalardan arzan bolmagy;
– girdejileriniň ýurtda galýanlygy;
– daşary döwletleriň ykdysady şertlerinden täsirlenmezligi.

Şunuň bilen baglylykda, daşary ýurt maýasynyň ýurda çekilmegi amatly bolan şertlerinde, içerki maýalaryň hem ýurtda saklap galmak boýunça çäreleriň görülmegi ösýän ykdysadyýet üçin bähbitlidir.

Içerki maýalaryň daşary akymyna täsir edýän esasy iki sebäp şulardyr:

– daşarky bazaryň özüneçekijiligi;
– içerki bazarda maýa goýum mümkinçilikleriniň çäkliligi.

Ýokarky görkezilenler maýalaryň daşary akymyna elmydama sebäp bolmaýarlar. Bu ýerde dürli faktorlar, şol sanda, mysal üçin, ýüze çykan täze telekeçilik pikiri we ony durmuşa geçirmek üçin amatly gurşawyň gözlenilmegi, şahsy garaýyşlar, subýektiw sebäpler, işiň ýaýrawyny giňeltmäge bolan zerurlyklar ýaly dürli sebäpler hem täsir edip biler.

Daşarky bazaryň özüneçekijiligi, esasan, maýa goýum girdejiliginiň ýokary bolmagy, telekeçiligiň ýeňilligi indeksiniň ýokarylygy (şol sanda telekeçilige başlamak, bellige alynmak, rugsatna-

malary, ygtyýarnamalary almak, infranstruktura elýeterliligi, önümçilik meýdançasyny almak, karz almak, salgytlar, daşary söwdany amala aşyyrmak, gümrük gözegçiligi, maýadarlaryň goraglygygy, kanunlaryň açyklygy, adalatlylygy we ýöreýşi) bilen-de bagly bolýar. Hususan-da, daşary ýurtlarda hereket edýän ofşor (erkin ykdysady) zolaklar birnäçe ýurtlardan maliýe serişdeleriniň bu zolaklara akmagyna sebäp bolýar.

Şu ýagdaýda, HPG-niň Tertipnamasyna (şertnamasyna) laýyklykda, agza döwletlere maýalaryň hereketine gözegçilik etmäge hukuk berilýändigi sebäpli, içerki maliýe serişdeleriniň daşary akymynyň öňüni almak ýa-da daşary ýurt maýasynyň içerki ykdysadyýete oňaýsyz täsirinden goranmak maksady bilen, köp döwletlerde, şol sanda Türkmenistanda hem maýalaryň hereketine gözegçilik, eger-de ol aşa derejede bolmasa we netijeli guralanda, döwletiň halkara maýa goýum özüne çekijiligine oňaýsyz täsirini ýetirmeýär.

## 6.6. Maýalaryň halkara hereketiniň walýuta alyş-çalyş hümmetine täsiri

Bellenip geçilişi ýaly, maýanyň aşa içeri ýa-da daşary akymynyň walýuta hümmetiniň birden üýtgemegine we makroykdysady durnuksyzlyga getirip bilýändigi öwrenilendir. Emma ähli döwletleriň ykdysadyýetleri, şol sanda Türkmenistan babatda muny gyradeň kabul edip bolmaýar. Türkmenistanyň häzirki tejribesinde ulanylýan berkidilen walýuta alyş-çalyş hümmeti düzgüninde onuň täsiri maýalaryň akymynyň ugruna bagly bolup durýar.

Maýalaryň aşa içeri akymy gysga möhletde berkidilen walýuta hümmetiniň üýtgemegine getirip bilmez we ol diňe Merkezi bankyň daşary ýurt walýutasyndaky ätiýaçlyklarynyň artmagyna getirer. Bu ýagdaýda merkezi bank walýuta bazaryndaky **interwensiýa** (aralaşma) syýasaty bilen artykmaç teklip edilen daşary ýurt walýutasyny satyn almak arkaly islegi-teklibi kadalaşdyrýar we berkidilen walýuta hümmetiniň ýeke-täk hümmet hökmünde saklanylmagyny üpjün edýär. Çeýe hümmetde bolsa maýalaryň aşa içeri ýa-da daşary akymy walýuta hümmetiniň üýtgemegine basyş görkezmäge ukyplydyr.

Aşakdaky formulada çeýe we berk daňylan hümmet düzgünlerinde töleg balansynyň (şol sanda onuň düzümleriniň) walýuta hümmetine täsirini görmek bolýar:

$$BP=Xn+CF-AR=0 \text{ ýa-da } BP=Xn+CF=AR$$

Bu formulada, çeýe walýuta hümmeti düzgüni ulanylanda, *AR* – walýuta alyş-çalyş hümmetiniň üýtgemegi, berk daňylan hümmet düzgüni ulanylanda bolsa, *AR* – ätiýaçlyklaryň möçberiniň üýtgemegidir.

Aralyk walýuta alyş-çalyş hümmeti düzgünleri (kadalaşdyrylýan, süýşýän we ş.m.) ulanylanda bolsa, ol walýuta gatyşmasynyň (interwensiýasynyň) derejesine, walýuta hümmetiniň üýtgemeginiň bellenen çägine we halkara ätiýaçlyklarynyň möçberine baglylykda, iki görkezijä hem täsir etmäge ukyplydyr.

Bellenen ýagdaýlar, berkidilen walýuta alyş-çalyş hümmeti şertlerinde Türkmenistanda maýalaryň aşa içeri akymynyň gysga möhletde walýuta hümmetine täsir etmejekdigini, diňe halkara ätiýaçlyklarynyň artmagyna getirjekdigi, aşa daşary akymynyň (şol sanda daşary ýurt maýasynyň yzyna akymynyň) bolsa halkara ätiýaçlyklarynyň kemelmegine getirip, hatda berkidilen walýuta hümmetini durnukly saklanmagynda töwekgelçilikler döredip biljekdigini görkezýär.

## 6.7. Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň guralyşy

Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine walýuta gözegçiligini “Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna, şeýle hem walýuta kadalaşdyryjy edaralaryň (TMK-nyň we TMB-niň) kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, halkara walýuta maliýe we karz gatnaşyklarda walýutany kadalaşdyrmak we walýuta gözegçilik etmek syýasatynyň çäklerinde alnyp barylýar.

“Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda maýalaryň hereketi düşünjesine göni aýdyňlaşdyrma berilmese-de, onda maýa-

laryň hereketini kadalaşdyrmak bilen bagly birnäçe kadalar kesgitlenilýär.

Kanunyň 8-nji maddasyna laýyklykda walýuta şertnamasynyň möçberi EKW çäginden ýokary geçýän dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky maýalaryň hereketiniň walýuta amallary, şeýle hem dahyllylar tarapyndan daşary ýurt karz edaralarynda hasaplaryň açylmagy Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda bellenilýän tertipde bellige alynmaga degişlidir.

Kanunda “EKW çägi“ düşünjesi bellenilip, TMB tarapyndan ol ABŞ-nyň 20000 dollary möçberde bellenendir . Bu möçberiň çäklerinde dahyllylaryň we dahylsyzlaryň kanunda bellenilen birwagtlaýyn walýuta amallaryny çäklendiriji çäreler ulanylmazdan amala aşyrylýar.

Kanuna laýyklykda, maýalaryň hereketiniň walýuta amalyny bellige almak üçin dahylly özüniň walýuta hasabyna hyzmat edýän ygtyýarly karz edarasyna bellenen resminamalary bermelidir. Görnüşi ýaly, Kanunda anyk bellenilmese-de, dahyllylar maýalaryň hereketiniň walýuta amalyny geçirmek üçin, ygtyýarly karz edarasynda walýuta hasabyny açmaly bolýarlar.

Şeýle hem, maýalaryň hereketiniň walýuta amalyny geçirmek üçin döwlet eýeçiliginiň edara-kärhanalaryna TMK-nyň, hususy edara görnüşli taraplara bolsa, olaryň esaslandyryjylarynyň rugsady gerek bolup durýar.

Belli-belli ýagdaýlarda, şol sanda özi bilen walýuta şertnamasynyň baglaşylmagy göz öňünde tutulýan dahylsyzda dahyllylara walýuta şertnamasynyň möçberi EKW çäginden ýokary geçýän maýalaryň hereketiniň walýuta amallary boýunça bellenilen möhletde üzülmedik bergisi bolan halatynda, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda maýalaryň hereketiniň walýuta amallarynyň geçirilmegine gadaganlyk (çäklendirmeler) ýa-da dahyllylar tarapyndan daşary ýurt karz edaralarynda hasaplaryň açylmagyna gadaganlyk (çäklendirmeler) girizilende bellige almazlyga ýol berilýär.

Görnüşi ýaly, Kanunda maýalaryň hereketiniň walýuta amallaryna (bellige alynmaga degişli görnüşlerine) gadaganlyk (çäklendirmeler) girizilmek mümkinçiligi göz öňünde tutulandyr.

Mundan başga-da, Kanunda walýuta amallary hakynda ýazmaça habarly etmek talaplary göz öňünde tutulýar. Dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasyndaky walýuta şertnamasynyň möçberi EKW çäginden ýokary geçýän maýalaryň hereketiniň walýuta amallary, şeýle hem dahyllylar tarapyndan daşary ýurt karz edaralarynda hasaplaryň açylmagy (ýapylmagy) Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda bellenilen tertipde ýazmaça habarly etmek arkaly amala aşyrylýar.

Şu ýerde Kanunyň 8-nji maddasynyň 1-nji bölüminiň ikinji bendine we 9-njy maddasynyň 1-nji bölüminiň 2-nji bendine ünsi çekmek ýerliklidir. Bu bentlerde bellige almak we ýazmaça habarly etmek düşünjeleriniň mazmuny walýuta *şertnamasynyň bellige alynmagy hem-de soňra geçirilen walýuta amallary we* walýuta şertnamasyna girizilen üýtgetmeler hakynda maglumat berilmegi“ hökmünde birmeňzeş beýan edilýär. Düşünjeleriň aýry-aýry mazmuna we maksada eýedigi sebäpli, olaryň beýanynyň hem tapawutlanmagynyň ýerlikliligini bellemek gerek.

Kanunda bellige alynmaga degişli we ýazmaça habarly edilmäge degişli walýuta amallarynyň anyk sanawy bellenendir .

Kanunyň 9-njy maddasynyň 1-nji bölüminiň ikinji bendi aýdyňlaşdyrylan şertinde, ýazmaça habarly edilmäge degişli amallar boýunça gaýry çäklendirilmeleri girizilmegiň göz öňünde tutulmazlygy sebäpli, olaryň erkin amala aşyrylmagy barada netije çykarmak bolar.

Şeýle hem Kanunyň 16-njy maddasyna laýyklykda, maýalaryň hereketiniň walýuta amallary boýunça bellenen talaplaryň dahyllylar ygtyýarly karz edaralary bilen dahylsyzlaryň arasynda amala aşyrylýan maýanyň hereketiniň walýuta amallaryna degişli däldigi bellenilýär. Şeýle hem, Kanunda dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda gaýry geleşikler boýunça walýuta amallarynyň çäklendirilmesiz amala aşyrylýandygy bellenilendir . Bu ýagdaý ygtyýarly karz edaralarynyň halkara maýalaryň hereketi bilen amallaryna doly erkinlik berýär.

Muňa garamazdan, “Karz edaralary we bank işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, “Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdirýeti Türkmenistanyň bank ul-

gamyna daşary ýurt maýasynyň girmeginiň paýyny we şertlerini kesgitleýär" diýlip bellenilýär. Bu Kanuna laýyklykda, agzalan paý Türkmenistanyň daşary ýurt maýaly karz edaralarynyň esaslyk maýalaryndaky Türkmenistanyň dahylsyzlaryna degişli bolan umumy maýanyň we daşary ýurt banklaryň şahamçalarynyň maýalarynyň Türkmenistanyň çäginde bellige alnan karz edaralarynyň bilelikdäki esaslyk maýasyna bolan gatnaşygy hökmünde hasaplanylýar. Şeýle hem, bu Kanunda Türkmenistanyň karz edaralarynyň maýasyna daşary ýurt maýalaryň gatnaşmagy bilen bagly beýleki kadalar bellenilýär.

"Daşary ykdysady gatnaşyldarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 14-nji maddasyna laýyklykda, dahylsyzlara:

1) ozal Türkmenistanyň çägine getirilen walýuta gymmatlyklaryny alyp gitmäge;

2) dahyllylar bilen hasaplar (goýumlar), depozitler, zaýomlar, bank karzlary, gymmat bahaly kagyzlar hem-de maýalarynyň hereketiniň başga walýuta amallary boýunça alnan diwidendleri, hakheşdekleri we gaýry girdejileri almaga we geçirmäge çäklendirilmesiz hukuk berilýär.

Kanunyň 27-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde bellige alynmak, ýazmaça habarly etmek we (ýa-da) geleşigiň pasportyny resmileşdirmek talaby bellenilen milli puldaky maýalaryň hereketiniň walýuta amallary amala aşyrylan mahalynda hasaplaşyklar we walýutalaryň geçirilmegi dahylsyzlar tarapyndan diňe ygtyýarly karz edaralarynda açylan hasaplaryň (goýumlaryň) üsti bilen, şeýle hem daşary ýurt karz edarasynyň ygtyýarly karz edarasynda milli walýutadaky korrespondent hasaby bolan mahalynda, daşary ýurt karz edaralarynda açylan hasaplaryň (goýumlaryň) üsti bilen amala aşyrylýar. Görnüşi ýaly, Kanunyň bu talaby, bir daşary ýurt karz edarasynda türkmen manadynda korrespondent hasabyny açan beýleki daşary ýurt karz edarasynda açylan hasaplaryň üsti bilen hasaplaşyklaryň geçirilmegini çäklendirýär. Netijede bu ýagdaýyň türkmen manadynyň daşary ýurt karz edaralaryndaky mümkin bolan dolanyşygyny çäklendirýändigi sebäpli, manadyň halkara ýörgünlili-

gini artdyrmak mümkinçiligi we zerurlygy dörände, bu talaba gaýtadan seredilmegi ýerliklidir.

Kanunyň 29-njy maddasyna laýyklykda, dahyllylaryň-edara görnüşli taraplaryň we dahyllylaryň-ýuridik şahsy döretmezden telekeçileriň daşary ýurt karz edaralarynda açylan hasaplarynyň üsti bilen, şu Kanun bilen bellige almak, ýazmaça habarly etmek we (ýa-da) geleşigiň pasportyny resmileşdirmek talaplary kesgitlenen, dahyllylar bilen dahylsyzlaryň arasynda pul şertnamasynyň möçberi EKW çäginden ýokary geçýän maýalaryň hereketiniň walýuta amallarynyň geçirilmegine ýol berilmeýär.

"Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyň jemleýji bölüminde maýalaryň hereketiniň pul amallary boýunça kanunçylygyň bozulandygy üçin jogapkärçilik bellenendir.

Netijede, Türkmenistanyň kanunçylygynda maýalaryň hereketi boýunça talaplar şu aşakdaky gözegçilik çärelerini we çäklendirmeleri belleýär:

– maýalaryň hereketiniň walýuta amallary boýunça maglumatlaryň walýuta gözegçiliginiň agentleri bolan ygtyýarly banklarda jemlenmegi;

– döwlet eýeçiligine degişli edara görnüşli taraplaryň bellige alynmaga degişli maýalaryň hereketiniň walýuta amallarynyň TMK bilen ylalaşylmagy;

– hususy eýeçilige degişli edara görnüşli taraplaryň bellige alynmaga degişli maýalaryň hereketi walýuta amallaryny esaslandyryjylar bilen ylalaşmagy;

– maýalaryň hereketiniň walýuta amallary boýunça bellenilen möhletinde üzülmedik bergileriň bellige alynmaga degişli maýanyň hereketiniň walýuta amallary arkaly kadalaşdyrylmagy;

– maýalaryň hereketiniň walýuta amallarynyň geçirilmegine (diňe bellige alynmaga degişli görnüşleri boýunça) gadaganlyk (çäklendirmeler) girizilmek mümkinçiliginiň bolmagy;

– ýazmaça habarly edilmäge degişli maýalaryň hereketiniň walýuta amallarynyň çäklendirmesiz (rugsatsyz) geçirmäge mümkinçiligiň bolmagy (karz edaralary hasaba alynmanda);

– maýalaryň hereketi boýunça kanunçylygyň bozulmagy üçin maliýe jogapkärçiliginiň bellenilmegi.

## 6.8. Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine walýuta gözegçiliginiň meseleleri we ony kämilleşdirmegiň ýollary

Okuw kitabynda Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda gündelik hasabyň we maýalaryň hereketiniň esasy iki ugrunyň (göni maýa goýumlar we sebetleýin maýa goýumlar) galyndylar boýunça özara paý gatnaşygyna seredildi we käbir daşary ýurtlaryň töleg balansy bilen deňeşdirildi.

Türkmenistanyň töleg balansynda gündelik hasabyň esasy orun tutýandygyny, maýalaryň hereketine degişli amallaryň paýynyň pesdigini, sebetleýin maýa goýumlaryň bolsa 0-a deňdigini görkezmek bolýar. Şunuň bilen birlikde, ýokarda geçiren seljermelerimizden görnüşi ýaly, Türkmenistanyň tejribesinde maýalaryň hereketi bilen bagly uly çäklendirmeleriň ýokdugyna garamazdan, maýalaryň hereketine degişli amallaryň paýynyň pes bolmagyny maliýe bazarlarynyň (şol sanda gymmatbaha kagyzlar bazarynyň) ösüş derejesi, guramaçylykly gymmatly kagyzlar bazarynyň bolmazlygy bilen düşündirmek bolar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy iýulynda çykaran 12429-njy Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasynda” Türkmenistanda maliýe bazaryny, gymmatly kagyzlar bazaryny, şol sanda ösdürmek bilen bagly birnäçe çäreler göz öňünde tutuldy .

Maksatnamada 1993-nji ýylda kabul edilen we häzirki wagta çenli hereket edýän “Türkmenistanda gymmat bahaly kagyzlar we gazna biržalary hakynda” Türkmenistanyň Kanunyny täze redaksiýada kabul etmek hem göz öňünde tutulýar. Ýurtda gymmatly kagyzlar bazarynyň kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmegi, guramaçylykly gazna (gymmatbaha kagyzlar) bazarynyň (biržasynyň) döredilmegi netijesinde:

– ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda maýanyň hereketiniň ähmiýetiniň artmagyna, şol sanda sebetleýin maýa goýumlaryň artmagyna garaşmak;

– bu ugurda walýuta gözegçiligini kämilleşdirmegiň zerurlygyna ünsi çekmek bolar.

Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine gözegçiligi alyp barmak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň çykaran Kararlary esasynda hem käbir kadalar bellenendir. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 30-njy maýynda çykaran 9847-nji Kararynyň esasynda Türkmenistanyň ygtyýarly banklaryna maýalaryň hereketi bilen bagly amallary diňe TMB-de ýa-da Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynda açylan habarlaşyk hasaplarynyň üsti bilen geçirmek bellenendigini mysal görkezmek bolar. Bu talabyň aşakdaky sebäplere görä:

– "Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyň kabul edilmeginden öň çykandygy we Kanunda beýle talabyň bellenilmändigi;

– ýokarda bellenen Kanunda ygtyýarly banklaryň ählisiniň, şol sanda Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş bankynyň walýuta gözegçiliginiň agentleri bolup durýandyklary;

– kanunçylykda maýanyň hereketi düşünjesine girýän amallaryň sanawynyň anyk kesgitlenilmändigi;

– maýalaryň halkara hereketi bilen bagly kadalaşdyryjy çäreleriň Kanunda anyk bellenendigi sebäpli, bu talabyň zerurlygyna gaýtadan seretmek ýerliklidir.

Maýalaryň hereketi boýunça amallar babatda geçirilen soragyň netijesi, şeýle hem, telekeçileriň arasynda "Daşary ýurtda bank hasabyň barmy?" diýen soraga ilki "hawa" jogabynyň berlip, soňraky soraglar berlenden soňra bu jogabyň "ýok" diýlen jogaba üýtgedilmesi, olaryň bu soraga geçilmezden öň hasaby bellige aldyrmak talabyny bilmändigini we berjaý etmändigi bilen bagly ähtimallygy hem ýüze çykarýar.

"Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunynda maýalaryň hereketiniň walýuta amallary boýunça kanunçylygyň bozulandygy üçin jogapkärçilik hem göz öňünde tutulandygyna garamazdan, Ka-

nunda bellenen, TMB bilen bir hatarda walýuta gözegçilik ediji ikinji edaranyň - TMK tarapyndan ygtyýarlyk berlen merkezi ýerine ýetiriji häkimiýet edarasynyň bellenilmezligi we jerimeleri hasaplamak we töletdirmek boýunça tertibiň kesgitlenilmezligi netijesinde, düzgün bozulmalar üçin maliýe çäreleri ulanylmaýar.

Russiýa Federasiýasynda walýuta gözegçiliginiň edarasy Russiýa Federasiýasynyň Merkezi banky we Maliýe-býujet gözegçiligi boýunça federal gullugydyr. Ukrainada Milli bank baş walýuta gözegçiligi edarasy bolup durýar, ygtyýarly banklar, maliýe edaralary we poçta guramasy (öz üstünden geçýän amallar boýunça), döwlet salgyt gullugy (dahyllylaryň we dahylsyzlaryň arasyndaky hasaplaşyklar boýunça), Aragatnaşyk ministrligi (poçta geçirimleri we daşary ýurt walýuta gymmatlyklaryny ibermeleri boýunça), Gümrük gullugy (serhetüsti amallar boýunça) walýuta amallaryna gözegçilik edýärler. Belarus Respublikasynda Ministrler Soweti, Milli bank, Döwlet gözegçilik komiteti, Döwlet gümrük komiteti walýuta gözegçiliginiň edaralarydyr.

Türkmenistanyň walýuta kanunçylygynda walýuta gözegçiliginiň edaralaryndan daşary, walýuta gözegçiliginiň agentleriniň hem bellenilendigini (oňa gümrük we salgyt gulluklarynyň hem girýändigini) nazara alyp, şeýle hem öz düzgünnamasyna laýyklykda döwlet maliýe ulgamyny guraýan we dolandyrýan, eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, kärhanalarda, edaralarda we guramalarda döwletiň maliýe-ykdysady bähbitleriniň üpjün edilişine döwlet maliýe gözegçiligini amala aşyrýan edara bolan Türkmenistanyň Maliýe ministrligini, Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasyny, Türkmenistanyň Merkezi bankyny görkezmek bolar, olar biziň döwletimiziň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hem-de gözegçilik edýän edaralardyr.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan–sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I-VII tomlar. Aşgabat, 2008-2014.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2008.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.*Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. I-VII tomlar. Aşgabat, 2009-2015.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat, 2010.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy okuw gollanmasy. I-II tomlar, Aşgabat, 2010.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bagtyýarlyk saglykdan başlanýar. Aşgabat, 2014.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bilim – bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. Aşgabat, 2014.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Medeniýet halkyň kalbydyr. Aşgabat, 2014.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ynsan kalbynyň öçmejek nury. Aşgabat, 2014.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, 2014.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Suw – ýaşaýşyň we bolçulygyň çeşmesi. Aşgabat, 2015.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. Aşgabat, 2015.
15. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016.
16. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gulugy, 2010.
17. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2012-2016-njy ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň maksatnamasy. “Türkmenistan” gazeti, 24.02.2012.
18. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda çykaran 11498 belgili Karary bilen tassyklanyldy. Aşgabat, 2011.
19. Türkmenistanyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Maksatnamasy. Türkmenistanyň

Prezidentiniň 2012-nji ýylyň 6-njy iýulynda çykaran 12429 belgili Karary bilen tassyklanyldy.
20. Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy. Aşgabat, 2012.
21. Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşindäki milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2015.
22. Türkmenistanda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek boýunça Döwlet maksatnamasy. Aşgabat, 2015.
23. "Salgytlar hakynda" Türkmenistanyň bitewi Kanuny. Aşgabat, 2005.
24. Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Aşgabat, 2014.
25. "Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda" Türkmenistanyñ Kanuny. Aşgabat, 2009.
26. "Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda". Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2011.
27. "Karz edaralary we bank işi hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2011.
28. "Karz birleşmeleri hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2011.
29. "Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. 08.10.2011.
30. "Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2000.
31. "Gymmatly kagyzlar bazary hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. 08.11.2014.
32. "2015-njy ýyl üçin Döwlet býüjeti hakynda" Türkmenistanyň Kanuny. Aşgabat, 2014.
33. "Erkin aýlanýan puluň çägini bellemek barada" Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2015-nji ýylyň 23-nji ýanwaryndaky 25-nji iş belgili buýrugy ("Onuň çäklerinde dahyllylaryň we dahylsyzlaryň birwagtlaýyn pul amallaryny çäklendiriji çäreleri ulanmazdan amala aşyrylýan erkin aýlanýan puluň çägini bellemek barada"). Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2011-nji ýylyň 2-nji dekabrynda çykaran 72-ö belgili buýrugynyň ýerine).
34. "Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň düzgünlerine" (TMB-nyň 27.02.2012 ý. senede çykaran 19-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan) girizilen üýtgetme, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2013-nji ýylyň 7-nji dekabrynda çykaran 395-ö belgili buýrugy bilen girizildi.
35. Türkmenistanyň Bankara walýuta biržasynda walýutanyň birža

söwdasynyň düzgüni. “Türkmenistan” gazeti, 2008-nji ýylyň maý aýynyň 30-y.
36. Türkmenistanda Nagt däl hasaplaşyklar hakynda düzgünnama. Aşgabat, 2009.
37. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Karz edaralarynda pulhana amallaryny ýöretmegiň tertibi barada düzgünnamasy. Aşgabat, 2014.
38. Daşary ýurt pulundaky bank karzlaşdyrmasy hakynda düzgünnama. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky walýuta komitetiniň 13.04.1998 senede çykaran 13-247 belgili buýrugy bilen tassyklanylan.
39. “Awaza” milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde daşary ýurt pulunda nagt we nagt däl amallary geçirmegiň, daşary ýurt puluny harçlamagyň hem-de daşary ýurda geçirmegiň tertibi. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2010-njy ýylyň 24-nji sentýabrynda çykaran 45 belgili buýrugy bilen tassyklanylan.
40. Daşary ýurt pulundaky girdejiniň bölegini TMB hökmany satmak hakynda düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 1994-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda tassyklanan.
41. Daşary ýurt maýadarlary tarapyndan Türkmenistanda gazanan peýdasyny ýurduna gaýtarmagyň tertibi hakynda düzgünnama. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 1995-nji ýylyň 4-nji aprelinde tassyklanan.
42. Döwlet edaralarynyň import şertnamalaryna hyzmat edýän banklar tarapyndan netijenama resmileşdirmegiň we bermegiň tertibi. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2008-nji ýylyň 22-nji iýulynda çykaran 73 belgili buýrugy bilen tassyklanylan.
43. *Muhanow A.T., Hajygurbanow H.G.* Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy. Okuw kitaby. Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2010.
44. *Hajygurbanow H.G., Taýharow B.T.* Halkara walýuta-maliýe gatnaşyklary. Okuw kitaby, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2011.
45. *Hajygurbanow H.G., Taýharow B.T.* Halkara walýuta-karz gatnaşyklary. Okuw kitaby, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2011.
46. *Hajygurbanow H.G., Taýharow B.T.* Türkmenistanyň pul-karz ulgamy Okuw kitaby, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2012.
47. *Eýeberdiýew G.E., H. G. Hajygurbanow*. Bank işi. Okuw kitaby, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, Aşgabat, 2012.
48. *Işangulyýew Ö.I.* we beýl. Dünýä ykdysadyýeti. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 2001.
49. *Işangulyýew Ö.I.* we beýl. Halkara ykdysady gatnaşyklar. Okuw gollanmasy. Aşgabat, 2001.
50. *Hajygurbanow H.* Batly gadamlar, “Türkmenistan” gazeti, 09.10.2007.

51. *Hajygurbanow H.* Manadymyz – milli buýsanjymyz, “Türkmenistan” gazeti, 01.11.2007.
52. *Hajygurbanow H.G.* Obany özgertmegiň düýpli maksatnamalary, “Watan” gazeti 22.11.2007.
53. *Hajygurbanow H.G.* Ykdysadyýetiň ösmegi – halkyň baýamagy, “Garagum” žurnaly, 2007, №11
54. *Hajygurbanow H.G.* Täze Galkynyşyň ykdysady gadamlary, “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnaly, 2007-nji. №19
55. *Hojanyýazow J.* Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak ulgamynyň kämilleşdirilişi, “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnaly, Aşgabat 2013. №1
56. *Hojanyýazow J.* Daşary ykdysady gatnaşyklarda nagt däl hasaplaşyklar ulgamynyň ösüşi, “Altyn asyryň ykdysadyýeti” žurnaly, Aşgabat, 2013. №12
57. *Hojanyýazow J.* Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmagyň we pula gözegçiligiň ähmiýeti, Türkmenitanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, “Durnukly ösüş Türkmenistanyň uzak möhletli maksatlaýyn ugrudyr” atly ylmy-amaly maslahatyň ýygyndylary, Aşgabat, TNDG, 2013.
58. *Hojanyýazow J.* Daşary ýurt puluna gatnaşykda milli puluň hümmetini kesgitlemek we onuň makroykdysady täsirleri, “Türkmenistanda ylym we tehnika” ylmy-nazary žurnaly, Aşgabat, 2014, №4.
59. *Hojanyýazow J.* Maýanyň hereketine pul gözegçiligini guramagyň ähmiýeti we halkara tejribesi, Türkmenitanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, “Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ykdysady özgertmeleri” atly ylmy-amaly maslahatyň ýygyndylary, Aşgabat, TNDG, 2014.
60. *Rahmanowa E., Hojanyýazow J.* Daşary ykdysady gatnaşyklarda puly kadalaşdyrmagyň we pula gözegçiligiň ähmiýeti we halkara tejribesi. Halkara türkmen-türk uniwersiteti, Berkarar döwletiň batly gadamlary (Ylmy makalalar ýygyndysy). Aşgabat, 2013, №4
61. *Hojanyýazow J.* Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklary we onuň ösüş mümkinçilikleri, Halkara türkmen-türk uniwersiteti. Berkarar döwletiň batly gadamlary (Ylmy makalalar ýygyndysy), Aşgabat. 2013, №1
62. *Taýharow B.T.* Özgerişlikleriň şamçyragy. “Türkmenistan” gazeti, 27.06.2007.
63. *Taýharow B.T.* Galkynyşymyzyň bazar ykdysadyýeti (Bazar we onuň wezipeleri, makroykdysadyýet, maýa goýum, daşary söwda, halkara bazary, internet barada). “Mugallymlar gazeti” gazeti. 10.10.2007.

## MAZMUNY

Giriş........................................................................................... 7

**I bap. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda döwlet kadalaşdyrmasynyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň esaslary**

1.1. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda döwlet kadalaşdyrmasy we walýuta amallaryna gözegçilik, onuň ähmiýeti we maksady ..... 11

1.2. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň umumy meseleleri. .... 18

1.3. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň esasy gurallary. .......... 20

1.4. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda maliýe bazarynyň kadalaşdyrylyşy we kadalaşdyrylyşyň usullary ........................................ 27

**II bap. Türkmenistanda walýutanyň kadalaşdyrylmasy we walýuta ulgamynyň ösüşi. Türkmenistanda walýuta düzgünleşdirmesi barada umumy düşünje**

2.1. Türkmenistanyň walýuta ulgamy, onuň umumy häsiýetnamasy we düzümleri ......................................................................................... 36

2.2. Türkmenistanda walýuta amallaryny kadalaşdyrmak barada düşünje 41

2.3. Türkmenistanda milli walýutanyň denominasiýasy ........................... 57

**III bap. Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda döwlet kadalaşdyrmasynyň we walýuta amallaryna gözegçiligiň milli tejribesi we onuň hukuk esaslarynyň kämilleşmegi**

3.1. Türkmenistanda eksport-import amallarynda walýuta gözegçiligini amala aşyrmagyň tertibi ............................................................................ 65

3.2.Daşary-ykdysady geleşikleriň walýuta-maliýe we töleg şertleri ........ 75
3.3.Türkmenistanda halkara hasaplaşyklarynyň görnüşleri we häsiýetnamasy ........ 82

## IV bap. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutalaryň alyş-çalyş hümmetiniň ähmiýeti we ony kadalaşdyrmagyň halkara tejribesi

4.1. Halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutalaryň alyş-çalyş hümmetiniň ähmiýeti we ony kadalaşdyrmagyň halkara tejribesi . 103
4.2. Walýutalaryň alyş-çalyş hümmetini saýlamagyň esasy ölçegleri ..... 114
4.3. Türkmenistanda milli walýutanyň alyş-çalyş hümmetiniň unifikasiýasy we onuň netijeleri ........ 115
4.4. Türkmenistanda walýutanyň hümmet düzgüni we walýuta bazarynyň ösüşi bilen baglylykda ony kämilleşdirmegiň ýollary ........ 117
4.5. Türkmenistanda walýuta hümmetiniň çeýeligini ýokarlandyrmagyň ähmiýeti, ony amala aşyrmagyň ýollary we netijeleri ........ 119
4.6. Türkmenistanda daşary ýurt walýutasynyň bazary we ony kadalaşdyrmagyň meseleleri ........ 123

## V bap. Halkara töleg balansynyň döwlet kadalaşdyrylyşy

5.1.Töleg balansyny düzmekligiň zerurlygy we manysy........ 132
5.2. Töleg balansynyň esasy bölümlerine häsiýetnama ........ 144
5.3.Töleg balansynyň döwlet kadalaşdyrylyşy ........ 154
5.4.Töleg balansyna täsir edýän ykdysady ýagdaýlar........ 164
5.5. Ösýän ýurtlaryň töleg balanslary, olary düzmegiň usulyýet aýratynlyklary ........ 171
5.6. Dünýä hojalygy globalizasiýasy şertlerinde ýurduň ykdysady we töleg balansynyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň ýollary........ 183

## VI bap. Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda maýalaryň hereketine walýuta gözegçiliginiň ähmiýeti we onuň kadalaşdyrylyşy

6.1. Maýalaryň halkara hereketine gözegçilik we onuň halkara tejribesi...190
6.2. Halkara tejribesinde gündelik amallara walýuta gözegçiliginiň ugurlary ........ 197
6.3.Türkmenistanda halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda walýutany kadalaşdyrmagyň we walýuta gözegçiligiň milli tejribesi we onuň hukuk esaslarynyň kämilleşmegi ........ 199
6.4. Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine walýuta gözegçiliginiň ösüş taryhy we hukuk esaslary. ........ 202
6.5. Tiirkmenistanyň halkara walýuta-maliýe we karz gatnaşyklarynda maýalaryň hereketiniň we oňa gözegçiligiň ähmiýeti ........ 204
6.6. Maýalaryň halkara hereketiniň walýuta alyş-çalyş hümmetine täsiri........ 209
6.7. Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine gözegçiligiň guralyşy... ........ 210
6.8. Türkmenistanda maýalaryň halkara hereketine walýuta gözegçiliginiň meseleleri we ony kämilleşdirmegiň ýollary. ........ 215
Peýdalanylan edebiýatlar ........ 218